**HÜSEÝIN HAJYGURBANOW,**
**uly mugallym**
**BAÝRAMDURDY TAÝHAROW,**
**dosent, ykdysady ylymlaryň kandidaty**

# Türkmenistanyň pul- karz ulgamy

**Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy**

**Aşgabat – 2010 ý.**

**H.Hajygurbanow, B.Taýharow.**
**Türkmenistanyň pul- karz ulgamy.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy.

” **Türkmenistanyň pul- karz ulgamy”** okuw gollanmasy 10 bapdan ybarat bolup, onda, türkmen pulunyň taryhyna, Türkmeniatanyň pul ulgamynyň emele gelmeginiň esasy sebäplerine we aýratynlyklaryna, Türmenistanyň banklaryna,bank ulgamyna we olaryň öz müşderlerine edýän bank hyzmatlaryna we ýerine ýetirýän bank amallaryna düşünje berilýär.Okuw gollanmada Türkmenistanda karz amallarynyň guralyşy we göterim derejeleri aýdýň görkezilýär.

Okuw gollanmasy ýokary okuw mekdeplerinde okaýan talypalara we şol ulgamda işleýän hünärmenlere niýetlenendir.

**H.Hajygurbanow, B.Taýharow**

# ” Türkmenistanyň pul- karz ulgamy”

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw gollanmasy

# Giriş

Mertebesi Belent Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow "Halkymyň abadan durmuşda, bolçulykda ýaşamagy meniň iň esasy aladam bolmagyna galýar" diýip belleýär. Onuň ýurdumyza ýolbaşçylyk edip başlanyna uzak bolmadyk wagt geçmedik bolsa hem, halkymyzyň bol – elinlikde ýaşamagy üçin amala aşyrlan çäreleri barmak basyp sanardan köpdir.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallalary bilen Türkmenistanyň 1-nji Ýaşulylarynyň Maslahatynda ilbähbitli, halkymyzyň hal – ýagdaýyny gowulandyrmak üçin birnäçe resminamalar kabul edildi. Bu resminamalara laýyklykda, watanymyzda guramaçylyk, maliýe – ykdysady ugurda oba hojalyk özgertmeleriniň giňden ýaýbaňlandyrmagy daýhanlarymyza bol hasyl almaga mümkünçilik berjekdigi ikiuçsyzdyr.

Çuňňur hormatlanýan Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow özüniň ünsünden hiç bir zady sypdyrmaýar. Onuň hususy telekeçiligi ösdürmek bilen baglanşykly döwlet derejesinde çäreleri durmuşa geçirmegi hem ilatymyzyň başyny göge ýetirdi.

Mertebesi Belent Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ilbähbitli amala aşyrýan çäreleriniň biri hem halkymyzy eşretli durmuşda ak öýlerde ýaşatmaklyk bilen baglanyşykly çärelerdir. Onuň 2010-njy ýylyň Mart aýynyň 14-ne "Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş – ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2030 – nji ýyla döwür üçin Milli maksatnamsyny" kabul etmegi halkymyzyň ýaşaýyş jaý bilen üpjünçiligini gowulandyrmaga uly itergi berjekdigi ikiuçsyzdyr. Bu resminama laýyklykda ýörite karar kabul edilmegi bolsa, Çuňňur hormatlanýan Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň öz halky üçin edýän atalyk aladalarynyň şaýadydyr.

"Türkmenistanyň raýatlaryna gozgalmaýan emläk üçin karz bermekligi özgertmekligiň usullary hakynda" karara laýyklykda Türkmenistanyň Gurluşyk we gurluşyk materiallary senagaty ministrliginiň kärhanalaryna we döwlet eýeçiligindäki beýleki gurluşyk kärhanalaryna kömekçi potratçylary çekmek bilen, etraplaryň we şäherleriniň häkimlikleriniň hem-de hususy ýaşaýyş jaýlary gowulandyrmaga zerurlygy bolan Türkmenistanyň raýatlarynyň ýüztutmalaryna boýunça üçtaraplaýyn şertnama esasynda obalarda, şäherçelerde, etraplardaky şäherlerde, etraplaryň we welaýatlaryň

merkezlerinde Türkmenistan döwletimiziň gurluşyl kadalaryna laýyklykda 2 gatdan ýokary bolmadyk jaýlary öň berlen we täze berilýän ýer böleginde gurmagy gurluşyk edaralarynyň hususy serişdeleriniň ýa-da Türkmenistanyň ygtyýarly edilen banklaryndan göterimsiz alnan karzlaryň hasabyna amala aşyrmaklyk göz öňüne tutulan.

Ýokarda agzalan karara laýyklykda Türkmenistanyň raýatlaryna gozgalmaýan emläk üçin karz serişdeleri bermeklige ygtyýarly edilen banklara ýurdumyzyň "Türkmenbaşy" Döwlet täjirçilik banky, "Daýhanbank" Döwlet täjirçilik banky, "Türkmenistan" Döwlet täjirçilik banky, "Halkbank" Döwlet täjirçilik banky degişlidir.

Öň ilatymyz üçin gozgalmaýan emläk üçin berilýän karzlar 15 ýyl ("Türkmenbaşy" Döwlet täjirçilik banky – 8 ýyla çenli) möhlet bilen berlen bolsa, Mertebesi Belent Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň tagallalary bilen,ýokarda agzalan karara laýyklykda raýatlarymyzyň gozgalmaýan emläk üçin karz serişdeleri 30 (otuz) ýyldan köp bolmadyk möhlete bermeklik göz öňüne tutulýar. Raýatlarymyza gozgalmaýan emläk üçin berilýän karzlar boýunça göterimiň derejesi 1 (bir) göterim möçberinde bellenýär. Gozgalmaýan emläk üçin alnan karz serişdelerine 5 (bäş) ýyla çenli ýeňillikli döwür göz öňüne tutulmagy hem guwandyryjydyr, munuň üçin halkymyzyň öz Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowa bolan söýgüsiniň çeni – çaky ýokdyr.

Jaý satyn almak isleýän karz alyjylar bilen gozgalmaýan emläk üçin karz bermegiň şertleri, bu karzy kepillendirmegiň we resmileşdirmegiň tertibi boýunça banklaryň bildirýän talaplary barada mümkin bolan has doly maglumaty bermek üçin deslapky söhbetdeşlik geçirilýär.

Ygtyýarly edilen banklaryň karz bölümleriniň işgärlerii ilkinji söhbetdeşlik wagtynda, şu aşakdaky kesgitlemeleri hem goşmak bilen, gozgalmaýan emläk üçin karz boýunça käbir deslapky hasaplamalary geçirmelidir. Olara şular degişlidir:

- gozgalmaýan emläk üçin karzyň rugsat edilýän iň ýokary möçberini;
- karz alyjynyň gozgalmaýan emläk üçin karzy we ol boýunça göterimleri tölemegiň hasabyna her aýdaky töleglerini;
- deslapky tölegleri tölemek, şeýle hem jaýy satmak – satyn almak boýunça geleşikleriň, girew şertnamasynyň baglaşylmagy bilen baglanşykly çykdajylary ödemek üçin karz alyjyda bolmaly nagt pul serişdeleriniň takmynan möçberini kesgitlemek.

Gozgalmaýan emläk satyn almaga karz bermäge ygtyýarly banklar bu hasaplamalaryň maglumat – maslahat beriş häsiýetlidigi, bankyň gozgalmaýan

emläk üçin karzyň möçberi we berlişi babatda karz alyjynyň öňünde hiç hili borçlary öz üstüne almaýandygy hakynda karz alyja duýdurmalydyrlar.

Soňra bank alnan maglumatlary toplaýar we tassyklaýar. Deslapky toparlara bölmek düzgünini geçen karz alyjy özüne gozgalmaýan emläk üçin karz bermegiň mümkinligi hakynda karary kabul etmek üçin banka zerur bolan maglumatlary tassyklaýan resminamalaryň sanawuny alýar.

Gozgalmaýan emläk üçin karzy almaklyga arza berijiniň maglumatnamasyny doldurmak üçin karz alyjy bankyň beren sanawnamasy üçin degişli resminamalary doldurýar.

Maglumatlaryň toplanmagy we barlanmagy boýunça jogapkär bankyň karz bölüminiň işgäri zerur bolan ýagdaýynda karz alyjynyň işleýän ýerine we gaýry pudaklara ýüztutma iberip bilýär. Ýüztutma berlen jogap haty onuň iberilen guramasynyň wezipeli işgäri tarapyndan gol çekilip tassyklanan bolmalydyr.

Ygtyýarly edilen banklaryň karz bölüminiň işgärleri karz alyjydan onuň şahyýetini, onuň tölege ukyplylygyny häsiýetlendirýän, karz alyjynyň ýa-da onuň maşgala agzalarynyň girdejisini goşmaça tassyklaýan (edara görnüşli tarap bolup durmaýan telekeçileriň girdejiler we çykdajylar kitaby, goşmaça iş berijileriň iş şertnamalary we ş.m.) gaýry resminamalary talap edip boler we bu maglumatlar karz bölümiň garamagyna hödürleýän netijenamasynda hasaba alynýar.

Ýurdumyzda gozgalmaýan emläk üçin karzy bermäge ygtyýarly edilen bank karz alyjy bolup biljek tarap hakyndaky doly maglumatlary toplaýar we gozgalmaýan emläk üçin karz bermek hakynda arza berijiniň maglumatnamasyny doldurýar.

Gozgalmaýan emläk üçin karzy alyjy bolup biljek tarapyň ony üzip biljek mümkinçiligine baha bermeklik bankyň zerur işleriniň biri bolup durýar. Baha bermek işi karz alyjy hakynda toplanan we resminamalar esasynda tassyklanan maglumatlary seljermegiň aşakdaky esasy ugurlary bilen amala aşyrylýar:

- karz alyjy bolup biljek tarapyň tölege ukyplylygyna – onuň gozgalmaýan emläk üçin karzy özwagtynda üzmek mümkinçiligine baha bermek;
- karz alyjy bolup biljek tarapda bar bolan nagt pul serişdeleriniň jaýy satyn almak üçin ilkibaşdaky tölegi (zerur bolan ýagdaýynda) tölemäge we gozgalmaýan emläk üçin karz şertnamasyny resmileşdirmek bilen baglanşykly zerur bolan ähli gaýry çykdajylary tölemäge ýeterlikdigine baha bermek.

Bu maksatlar üçin karz alyjy bolup biljek tarap Türkmenistanyň banklarynda toplaýyş goýum hasabyny açmalydyr we bu hasaba jaý üçin ilkibaşdaky töleg geçirilýän pursatyna çenli nagt pul serişdeleri, zähmet haky, şahsy emlägi (awtoulag, ýaşaýyş jaý we öý we ş.m.) satmakdan gelip gowuşan serişdeler geçirilýär.

Gozgalmaýan emläk üçin karzyň berilmegi we gozgalmaýan emläk üçin karz şertnamasynyň baglaşylmagy bu amallar boýunça ahyrky etap bolup durýar.

Ygtyýarly edilen bankyň karz topary baha bermek boýunça hasabatyň esasynda karar kabul edýär we onuň esasynda karz alyja bankyň kabul eden karary hakynda habar iberilýär:

- karz bermekden boýun gaçyrylan ýagdaýynda habarda boýun gaçyrylmagynyň sebäpleri görkezilýär.
- oňyn çözgüt kabul edilen ýagdaýynda bank, gozgalmaýan emläk üçin karzy resmileşdirmegiň ähli düzgünlerini goşmak bilen gozgalmaýan emläk üçin karz ylalaşygyny baglaşmagyň tertibi we möhletleri barada karz alyja habar berýär. Karz alyja gozgalmaýan emläk üçin karz hakynda – karzyň möçberi, möhletleri we gaýtarylyş şertleri barada gutarnykly maglumatlar berilýär.

Bankyň hukuk gullugy (bar bolan ýagdaýynda) ähli resminamalaryň hukuk taýdan dogry resmileşdirlendigine, şeýle hem olaryň Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklygyna gözegçilik edýär. Bankyň gozgalmaýan emläk üçin karz bermek hakyndaky çözgüdi her bir karz alyjy boýunça aýratynlykda resmileşdirilýär we soňra karzlar boýunça işe goşulýar.

Gozgalmaýan emläk üçin karz şertnamasynda: karzyň möçberi, karz bermegiň maksady, möhletleri, karz bermegiň we ony üzmegiň tertibi, göterim derejesi, karzyň üpjünçiliginiň görnüşi, üpjünçiligi barlamagyň usuly we görnüşleri, gozgalmaýan emläk üçin karz şertnamany bozmagyň tertibi we beýleki esasy şertler kesgitlenilýär.

Gozgalmaýan emläk üçin karz şertnamasyny resmileşdirmek bilen baglanyşykly ähli çykdajylaryň, ýygymlaryň, tölegleriň we gaýry çykdajylaryň öwezi karz alyjy tarapyndan dolunýar.

Mertebesi Belent Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň halkymyz barada atalyk aladalarynyň biri hem, jaý satyn almak üçin ilatymyza jaýyň bahasynyň 30 göteriini däl-de, eýsem 10 göterimini tölemeklige rugsat berlendir. Jaýyň bahasynyň galan 90 göterimini bolsa, ýokarda belläp geçilişi ýaly ýurdumyzda ygtyýarly edilen banklaryň karzlaşdyrmagy esasynda amala aşyrylar. Şeýle hem, gozgalmaýan emläk üçin karz alan raýat mümkünçiligi

bolsa alan karzyny möhletinden öň hem üzip biler. Munuň özi bolsa karz alyjynyň göterim görnüşinde tölejek çykdajylarynyň azalmagyna getirer.

Çuňňur hormatlanýan Mertebesi Belent Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow “Döwlet adam üçindir” diýip bellemeklik bilen watanymyzyň raýatlaryny bol – elinlikde, eşretli eýýamda ýaşatmak üçin görýän çäreleriniň netijesinde raýatlarymyz üçin jaý satyn almakda päsgelçilikleriň bolmajakdygyna şek- şübhe ýokdyr. Onuň şeýledigine oba ýerlerinde hususy jaýlaryň gurlup başlanmagy hem aýdyň şaýatlyk edýär

Mertebesi Belent Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň galkynyş eýýamynda durmuşa geçirýän il – yurt bähbitli işleri üçin oňa halkymyzyň alkyşy, söýgüsi – minnetdarlygy has-da artar.

Hormatly Prezitentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow”Türmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp,halkyň hatyrasyna”atly ylmy işinde ýurdymyzyň pul birlrigi barada şeýle belläp geçýär**”Soňky ýyllarda ýurdumyzda milli pul birliginiň satyn alyş ukuplylygynyň dürnuklylygy üpjün edildi, bank aktiwleriniň likwidligi saklanylýar, ykdysadyýetiň esasy ulgamlaryny ösdürmäge niýetlenen maliýe goldawy pugtalandyrylýar.2008-nji ýylyň maýynda milli puluň hümmetini pugtalandyrmak,2009-njy ýylyň ýanwarynda bolsa, manadyň hümmetini üýtgetmek(denominasuýa etmek) çäreleri üstünlikli dürmüşa geçirildi.Amala aşyrylan bu möhüm çäreleriň netijesinde, kärhanalaryň maliýe-ykdysady ýagdaýy has-da gowulandy, puluň dolanşygy kämilleşdirildi, karz serişdeleriň elýeterliligi üpjün edildi.Ýurdumyzda ähli ýerde pul çalşylýan nokatlar açyldy, şonüň bilen birlikde, manadyň hümmeti indi iki ýyl bäri üýtgemän, özüniň ýgtybarlylygyny we durnuklylygyny saklap gelýär”**

Şu nukdaý nazardan döwletimiziň pul-karz ulgamunda alyp barýan işlerini amala aşyrmakda ,oňa baha bermekde Türkmenistanyň pul-karz ulgamy okuw gollanmasyny öwrenmeklik wajyp bolup durýar, çünki ykdysady özgertmeleriň özeni bolup pul we karz syýasaty çykyş edýär.

Türkmenistanyñ pul-karz ulgamy” okuw gollanmasy 10 bapdan ybarat bolup onda türkmen pulnuñ taryhy, Türkmenistanyñ pul ulgamynyñ emele gelmeginiñ esasy sebäpleri we aýratynlyklary, Türkmenistanyñ Merkezi bankynyñ, Döwlet Täjirçilik banklarynyñ we Paýdarlar Täjirçilik banklarynyñ wezipeleri, olaryñ ykdysady ösüşdäki orny öwrenilýär.

---------------------------------------------------------------------------

**Türkmenistayn Prezidenti Gubanguly Berdimuhamedow “Türmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp,halkyň hatyrasyna” sahypa 29.**

Türkmenistanyñ pul-karz ulgamy okuw gollanmasynda pul we karz gatnaşyklarynyñ ýerine ýetirýän wezipelerine, görnüşlerine, Türkmenistanda bank işleriniñ guralşyna, döwlet we paýdarlar täjirçilik banklarynyñ aýratynlyklaryna, çuññur öwrenmäge we halk hojalygynda, ykdysadyýetde ulanmak mümkünçiliklerine uly üns berilýär. Türkmenistanyñ pul-karz ulgamy umumy ykdysady düşünjeleriniñ bir bölegidir.

Türkmenistanyñ pul-karz ulgamy okuw gollanmasynyň kömegi bilen nazary taýdan bank ulgamynyñ iş dolandyrylyşyny kämilleşdirmekde dünýä tejribesini öwrenmekligiñ zerurlygy ähmiýeti düşündirilýändir. Ol beýleki ykdysady dersler bilen bilelikde Türkmenistanyñ banklarynda pul,karz, hasaplaşyk,goýum we beýleki amallaryñ guralyşyny, häsiýetlerini, olaryñ ykdysady ösüşdäki ornyny, ugurlaryny öwrenmekligiñ umumy garaýyşlaryny emele getirýär.

**Milli manadymyz ýurtda ygtybarly töleg serisdesi bolmak bilen, içerki bazarlarymyzda nyrhlaryň durnuklylygyny üpjün edýän ygtybarly maliýe guralyna öwrüldi.**

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW**

# Bap: 1. Türkmen pulunyň taryhy

## 1.1. Puluň ýüze çykmagynyň sebäpleri, manysy we ähmiýeti

**Pul** ykdysady kategoriýadyr, onuň ýüze çykmagy bilen we onuň gatnaşmagynda jemgyýetçilik gatnaşyklary guralýar.

Pul gymmatyň özbaşdak çalşyrylan görnüşi bolup, ol dolanyşyk, töleg we toplaýyş serişdesi bolup hyzmat edýär.

Puluň ýüze çykmagy jemgyýetiň ykdysady gatnaşyklaryny we önümçiligiň aýratyn şertlerini ýerine ýetirmeklik bilen ol onuň usullarynyň yzygiderli ösmegine ýardam edýär.

Ykdysady gatnaşyklaryň ösýän we üýtgeýän şertinde puluň hereketinde aýratynlyklar bolup geçýär.

Puluň ýüze çykmagyna aşakdaky ýagdaýlar sebäp bolýar:

- natural hojalygyndan haryt önümçiligine we haryt alyş-çalşygyna geçilmegi;
- haryt öndürijileriň emläk aýrybaşgalanmagy;
- öndürilen önümiň belli-bir eýesiniň bolmagy.

Ilkidurmuş jemgyýetiniň başlangyç döwründe adamlaryň öndüren önümleri hususy isleglerini kanagatlandyrmak üçin sarp edilipdir.

Önümçiligi ösdürmegi höweslendirmegiň, şonuň ýaly-da belli bir derejede tebigy şertleriň täsiri esasynda (mysal üçin, maldarçylygyň, ekerançylygyň ösmegi üçin şertiň döredilmegi) önümiň belli bir görnüşlerini öndürmek esaslandyrylýar we zähmet öndürijiliginiň ýokarlanmagy esasynda önümiň öndürilişi köpelýär.

Haryt öndürijileriň emläk aýrybaşgalanmagy, öndürilen harytlaryň eýeleriniň bolmagy, olara degişli harytlary başga harytlara çalyşmaklyga ýa-da harytlary pula satmaklyga mümkinçilik berýär.

Harydyň gönüden-göni haryda çalşylmagy haryt öndürijileriň bähbidine laýyk gelen ýagdaýynda bolup geçýär. (Haryt çalşylanda haryt-öndürijileriň bähbitleri göz öňünde tutulmaly we çalşylýan harytlaryň gymmat barabarlygy (ekwiwalentligi) üpjün edilmelidir. Bu bolsa öz gezeginde çalşylmaklygy çäklendirýär, şol sanda çalşylýan harytlaryň bölünmeýänligi (mysal üçin, iri şahly mal) belli bir derejede päsgelçilik döredýär.

Alyş-çalyş ekwiiwalentlik talabynyň berjaý edilmegi harytlaryň gymmatynyň ölçegini göz öňünde tutýar, ol öz gezeginde olary taýýarlamak üçin sarp edilen zähmetden gelip çykýar.

Alyş-çalyşyň ösdürilmegine bolan ymtylma harytlaryň öndürilişiniň ýokarlanmagyny höweslendirdi, çalşylýan harytlaryň gymmatyny ölçemeklik üçin, çalşylýan harytlaryň köpdürliligi harytlaryň ähli umumy ekwiwalentiniň bölünip aýrylmagyna getirdi.

Alyş-çalşyň ösmegi, kem-kemden onuň intensiwliginiň ýokarlanmagy ilki bilen aýratyn harytlaryň ulanylmagyna (malyň, gönüň), soňra bolsa gymmat bahaly metallaryň (esasanam altynyň) ähli umumy ekwiwalent bolup çykyş etmegine getirdi.

Altynyň ähli umumy ekwiwalent bolup tapawutlanmagy, ýeke-täkligi, bölünmek-ligi we zaýalanmazlygy ahyrky netijede onuň pul bolup çykyş etmegine getirdi.

Natural hojalykdan haryt alyş-çalşygyna geçmeklik, şonuň ýaly-da ekwiwalent talabyny berjaý etmeklik puluň ýüze çykmak zerurlygyna getirdi, pulsuz harytlaryň köpçülikleýin alyş-çalyşygy, haryt öndürijileriň emläk aýrybaşgalanmagy, önümçiligiň ýöriteleşmegi mümkin däldir.

Puly ulanmaklygyň esasy ähmiýetleriniň biri bolup garşylyklaýyn haryt çalşyl-magynyň bir ýagdaýyny (X-X) dürli wagtda özbaşdak iki ýagdaýa eýe edýär: birinjiden harydyň satylmagyny (H-P); ikinjiden bolsa gerek harydyň başga wagtda we başga ýerde satyn alynmagyny (P-H) üpjün edýär.

Şeýlelikde, puluň ulanylmagy harytlaryň alyş-çalşygynyň barşynda, onuň araçyla öwrülmegi bilen çäklenmän, onuň özbaşdak hereket etmekligine getirýär. Haryt öndürijä öz satan harydyndan alan puluny saklamaklyga we özüne zerur bolan harydyny satyn almaklyga mümkinçilik döredýär.

Şu ýerden puluň maýa toplaýyşy emele gelýär. Ol öz gezeginde harydy satyn almaklyga, şeýle hem puly karz bermeklige we bergini üzmekde onuň ulanylmagyna mümkinçilik berýär.

Bu ýagdaýyň netijesinde puluň hereketi özbaşdak ähimýete eýe bolýar, harydyň hereketinden aýrybaşgalanýar.

Doly bahaly, öz gymmaty bolan pul belgileriniň kagyz pullar bilen çalşylmagy, soňra bolsa altyn üpjünçiliginiň aradan aýrylmagy pul birliginiň özbaşdak hereket etmegine şert döretdi.

Şeýlelikde, dolanyşykda öz hususy gymmaty bolmadyk pullaryň hereket etmegi, pul belgileriniň aýlanyşygyň talabyna laýyklykda dolanyşyga altyn üpjünçiligine bagly bolmadyk ýagdaýda goýbermeklige mümkinçilik berýär.

Puluň özbaşdak hereket etmeginiň giňelmegi nagt däl hasaplaşygyň ýüze çykmagynyň, şol sanda elektron tehnika hasaplanyşygynyň ýüze çykmagynyň netijesinde bolup geçýär.

Pul gadym wagtlardan bäri adamlaryň aň-düşünjesini özüne çekip gelipdir. Awstraliýanyň ykdysadyýetçileriniň hasaplamalaryna görä tä XX asyryň başlaryna çenli dünýä boýunça pul meselesine degişli 5-6 müň ýöriteleşdirilen iş ýazylypdyr. Häzirki wagta çenli bolsa bu san azyndan iki esse köpelendir.

Eger-de şu sanlardan çak tutsaň onda puluň nazaryýetine degişli soraglaryň hemmesi üstünlikli çözüläýmeli ýaly. Ýöne bu beýle däl. Häzirki wagta çenli puluň birnäçe soraglary düşnüksizligine galýar: mysal üçin, näme üçin aýry-aýry adamlarda pul

belgileriniň köpelmegi olaryň baýlygynyň artmagyna getirýär, jemgyýetde pul toplumynyň artmagy bolsa, onuň baýlygynyň ýokarlanmagyna täsir etmeýär?

Puluň köp sanly çylşyrymlyklary onuň häsiýetiniň adaty bolmadyk ýagdaýy bilen düşündirilýär-haryda siňdirilen alyş-çalyş ukyplylygy taryhy ösüşiň dürli döwürlerin-de dürli ýagdaýda ýüze çykýar.

Puluň gelip çykyşyna ykdysady edebiýatda rasionalistik we ewolýusion diýen iki taglymat esasynda seredilýär. Birinji taglymat puluň gelip çykyşyny adamlaryň arasyndaky ylalaşygyň netijesi diýip düşündirýär. Sebäbi adamlar gymmatyň alyş- - çalyş dolanyşygy üçin ýörüte gurallaryň zerurdygyna ynanypdyrlar.

Ikinji taglymata laýyklykda pul ewolýusion ösüşiň netijesinde ýüze çykýar. Bu ösüş adamlaryň isleginden başga-da käbir predmetler, umumy toplumdan saýlanyp aýratyn orny eýeleýär diýip düşündirilýär.

Puluň gelip çykyşynyň rasionalistik nazaryýeti ilkinji gezek Aristoteliň "Никомахова этика" diýen işinde beýan edilýär. Onuň ýazmagyna görä "…. alyş-çalyşa näme gatnaşýan bolsa, ol hökmany ýagdaýda deňeşdirmäge degişli bolmaly… umumy ylalaşykda moneta ýüze çykýar: şondanam onuň ady "nomlisma" ol tebigy ýagdaýda däl-de görkezme esasynda sanalýar [1]".

Onuň tassyklamagyna görä alyş-çalyşy amala aşyrmak üçin "hökmany ýagdaýda haýsam bolsa bir (ölçeg) şert (esasda) gerekdir[2]. Antiki we orta asyr döwründe bu ideýa özüniň kanuny esasyny tapypdyr. Rim kanunynda şeýle diýilýär: "Imperator puluň gymmatyny tassyklaýar".

Tä XVIII asyryň ahyrlaryna çenli, puluň şertnama ideýasy aýrylmasyz höküm sürüp gelipdir.

Şonuň bilen birlikde puluň gelip çykyşynyň subýektiw-psihologik çemeleşmele-rinde häzirki zaman günbatar ykdysatýetçileriniň garaýyşlaryda dowam edýär. Hususan-da, **Pol Samuelson** puly emeli durmuş şert hökmünde kesgitleýär. Beýleki amerikan alymy **Jon Kennet Gelbreýt** puluň wezipeleriniň gymmat bahaly material-lara we beýeki predmetlere berkidilmegini adamlaryň özara ylalaşygy diýip hasapla-ýar.

***Ikinji taglymatyň*** has yzygiderli tarapdary K.Marksdyr. Ol A.Smitiň, D.Rikardonyň ideýalaryna esaslanýar. Şeýlelikde ol taglymatlaryň hiç biri hem puluň nämedigine kanagatlanarly jogap bermeýär. K.Marksyň puluň manysy baradaky nazaryýeti ösüşiň şol döwründe hakyky pullar hereket edýärkä kanagatlanarly jogap berýärdi. Altyn we kümüş hakyky harytdy, sebäbi olary gazyp almak üçin zähmet sarp edilýärdi, şol zähmet bolsa ol harydy özünden galan harytlaryň gymmatyny ölçemek üçin obýektiw esas bolýardy. Häzirki wagtda doly bahaly pullar hereket etmeýär, olaryň ýerini öz hususy gymmaty bolmadyk kagyz we karz pullar eýelediler. Olaryň hereket etmegi puluň gelip çykyşynyň rasionalistik taglymatyny gytaklaýyn tassyklaýar. Ýöne şertnama, pul ýaly esasy kategoriýa üçin has ýönekeý esaslanmadyr.

Şonuň bilen birlikde bütin taryh puluň döreýşiniň ewoliosion nazaryýetini tassyklamaga hyzmat edýär.

---

[1] Aristotel " Никомахова этика " ýygyndylar eseri 4 t. M., 1983ý., sah 156.
[2]Aristotel " Никомахова этика " ýygyndylar eseri 4 t. M., 1983ý., sah 157.

Haryt aýlanyşygynyň taryhy **ewolýusion** ösüşlerde ählumumy ekwiwalent görnüşini ýa-da doly gymmata eýe bolmadyk pullaryň görnüşini harytlaryň dürli-dürli görnüşleri ýerine ýetirdiler.

Her bir haryt hojalygynyň gurluşy öz ekwiwalentini öňe sürdi.

Aýratyn orna eýe bolan harytlar alyş-çalyşygyň esasy gurallary bolup hyzmat edýärdiler. Düzgün bolşy ýaly, olar ilkinji zerur we bezeg predmetleri diýen iki kategoriýa bölünýärler.

Ählumumy ekwiwalentiň pula golaýlaşýan esasy aýratynlygy olaryň deň derejede hem sarp edilýän hem-de gymmat ölçeýän we aýlanyşyk serişdesi bolup hyzmat edýänligidir.

Ilkinji uly zähmet bölünişigi netijesinde maldarçylyk bilen meşgul bolýan taýpanyň bölünip aýrylmagy, öý mallaryny alyş-çalyş serişdesine öwürdi. Halklaryň we döwrüň taryhynda puluň wezipesi bilen maldarçylygyň utgaşyklygy özüniň çuňňur yzyny galdyrdy.

Öküziň gymmat ölçegi hökmündäki ýatlamasy Gomeriň gadymy Troýanyň gahrymanlary hakynda poemasynda bellenilýar. Şeýlelikde täsin zatlaryň biri hökmünde şol wagtlarda demirden taýýarlanylan pullar “öküziň” adyny göteripdirler.

Drakonyň kanunlarynda jerime hasaplanylanda malyň ady ýatlanylýar. Latyn dilinde puluň mal görnüşindedigi has aýdyň duýulýar. Latyn sözündäki “pekuniýa” (pul) “pekus” (mal) sözünden gelip çykypdyr. Sankreit sözi “rupa” (mal) häzirki zaman hindi pul birligi “rupiýa” esasy bolup durýar.

***Ikinji uly*** jemgyýetçilik zähmet bölünişigi – ekerançylykdan hünärmentçiligiň bölünip aýrylmagy-ähliumumy ekwiwalentiň kämilleşmegine getirdi. Ol wezipäni demir we galaýy, gurşyn we mis, kümüş we altyn ýaly materiallar ýerine ýetirip başlady.

Metallaryň arasynda esasy orny altyn we kümüş eýeleýär, sebäbi ählumumy ekwiwalent bolmaklyk üçin olarda hemme häsiýetler jemlenen. Öňi bilen başga metallara garanyňda bu ikisi goşmaça iki häsiýete eýedir: “**portatiwlige**”, ýagny kiçi göwrümde uly gymmata eýedir we **daşky täsire durnuklydyr**. Olar poslamaýarlar, şeýlelikde, hazyna görnüşinde ulanmaklyk üçin oňaýly.

Biz Altyn we kümüş pullar baradaky ilkinji maglumatlara gadymy Müsür kanunlarynda (b.e. öň iki müňinji ýyllarda) gadymy Hindistanyň dini kitaplarynda, Bibliýada duş gelýäris. Kümüş pullar b.e. öňki iki we üç müňünji ýyllaryna çenli Hytaýda, Eýranda we Mesopotamiýada giňden ýaýrandyr. Metallar özlerine çenli bolan pullaryň ähli görnüşlerini bir wagtda gysyp çykarmadylar. Dürli pullaryň bilelikde saklanmagy metal pullarda özleriniň yzyny goýdy. Adatça, metal pullar özleriniň haryt görnüşini saklapdyrlar. Şeýlelikde, demir pullar köp wagtyň dowamynda kätmen, pil, sim, nal, çüý, zynjyr we şuňa meňzeş görnüşlerde bolupdyrlar. Kümüş we altyn pullar hünji, ýüzük, altyn owuntgy, balyk tutulýan kümüş halkalar görnüşinde bolupdyrlar.

Ilkinji altyn monetalar Hindistanyň şasy Gigese degişli hasaplanylýar (b.e. öňki VII asyr). Özüniň şekilini ilkinji manada salan Aleksandr Makedonskidir. Şeýle hem monetalaryň atlarynyň birnäçesi uzak wagtyň dowamynda agramynyň esasynda gelip çykypdyr. Mysal üçin, Angliýanyň funt sterlingi mysal bolup biler.

Monetanyň ýüze çykmagy puluň döremeginiň jemleýji döwri bolup durýar. **Moneta bir tarapdan haryt önümçiliginiň we alyş-çalşygyň ösüşiniň netijesi bolsa, başga bir**

**tarapdan gul eýeçilik döwletiniň ykdysady we syýasy kuwwatynyň** güýçlenýändigini aňladýar.

Pul önümçilik gatnaşyklarynyň esasy bölegi bolup durýar.

Haryt we pul utgaşyklydyr, ýagny olaryň gelip çykyşy umumydyr. Haryt dünýäsinden bölünip we oňa absolýut garşylykly bolan, pul haryt bilen jemgyýetçilik deňsizligini eýeleýär. Eger harytlar aýlanyşyk gurşawynda wagtlaýyn bolsalar, onda pullar ol gurşawyň hemişelik hemrasydyr. Olaryň tebigaty bu babatda harydyň tebigatyndan tapawutlanýar.

Pul harytdan gelip çykyp, harytlygyny dowam edýär, ýöne beýleki haryt dünýäsinden tapawutlylykda özüne mahsus bolan häsiýetli bolýar.

Pul aýratyn haryt bolmak bilen, ol goşmaça isleg ödeýiş gymmatyna eýedir. Puluň haryt dünýäsinden aýrylmagy oňa mahsus bolan jemgyýetçilik wezipesini ýerine ýetirip başlamagyna – bazarda haryt alyş-çalşygynyň aralykçylygyna getirdi.

Puluň jemgyýetçilik ähmiýeti, haryt öndürjier bilen sarp edijileriň arasynda harydyň hereketiniň aralykçysy bolup, hususy maýanyň aýlanmagyna hyzmat edýär. Ýöne pul aýlanyşygyň daşynda hem özüniň öňki isleg ödeýiş gymmatyny saklaýar. Şeýlelikde pul bir wagtda iki isleg ödeýiş gymmatyna eýedir:

1) Puluň haryt hökmünde isleg ödeýiş gymmatyna;
2) Pul hökmündäki isleg ödeýiş gymmatyna, howaýy isleg ödeýiş gymmatyna eýedir.

Iki isleg ödeýiş gymmatyna laýyklykda pul harydy özünde iki gymmaty jemleýär: **abstrakt** we **alyş-çalyş.** Puluň hem, islendik beýleki harytlarda bolşy ýaly içerki gymmaty bolýar. Ol ony ýasamaklyga sarp edilen jemgyýetçilik zähmeti bilen kesgitlenilýär. Ol pullarda harydyň ornuny tutýar. Aýratyn haryt bolmak bilen pul, adaty harytlarda bolşy ýaly gymmaty bahanyň üsti bilen kesgitleýär. Olar harytlaryň gutarnyksyz köptaraplaýyn görnüşinde kesgitlenen alyş-çalyş deňeçerligini aňladýar. Puluň alyş-çalyş gymmaty onuň haryda görä aňladylmagydyr ýa-da satyn almaklyk ukybydyr. Biz bu yerde puluň täze häsiýetine gabat gelýäris.

Puluň **içki** we **alyş – çalyş** gymmaty özara berk baglanyşykly bolmak bilen, otnositel özbaşdakdyr. Olaryň her biri umumy we aýratyn faktorlaryň täsirinde bolýar. Ol gymmatlara bir tarapdan bazar şerti täsir edýän bolsa, başga bir tarapdan, puluň alyş-çalyş gymmatyna monetanyň ýüze çykmagy bilen döwlet öz täsirini ýetirýär. Pul harydynyň aýratynlygy, onuň içki (abstrakt) gymmatynyň isleg ödeýiş gymmatyna garşy durmagydyr. Puluň formal isleg ödeýiş gymmaty onuň alyş-çalyş (otnositel) gymmatyna täsir edýär.

Pulda islendik haryt özüniň gymmatyny aňladýar we oňa islendik wagtda islän jemgyýetçilik zähmetiniň önümini alyp bolýar. Harytlaryň harydy bolmaklyk bilen, pul ählumumy haryt bolup çykyş edýär.

Eger-de harydyň gymmaty önümlerde jemlenen jemgyýetçilik zerur zähmetde aňladylan bolsa, onda pul, harydyň gymmatynyň ösen görnüşidir, ýa-da ol haryt bolup özünden başga harytlaryň gymmatyny aňladýar. Beýleki harytlardan tapawutlylykda ol ählumumy isleg ödeýiş gymmata eýedir. Ol gymmata siňdirilen ählumumy hyzmatdyr. Jemgyýetçilik zähmetiniň jemi bolup çykyş etmeklik bilen, pul jemgyýetçiligiň zerur iş wagtynyň gönüden-göni siňdirilmegini aňladýar.

Bütin dünýä hojalygynda ählumumy haryt özüne degişli görnüşi kabul edip, köptaraply haryt bolýar. Puluň isleg ödeýiş gymmatynyň iş çägi dünýä bazaryna çenli giňelýär.

Pul ählumumy we aýratyn haryt hökmünde ewolýusiýasynyň belli bir döwründe baýlygyň ählumumy zatlaşan wekili bolup hyzmat edýär. Jemgyýetçilik zähmetiniň aýratyn önüminde özbaşdaklaşýar. Hakyky baýlyk dünýäsiniň, ony emele getirýän aýratyn substansiýalaryň tersine pul jemgyýetçilik baýlygynyň ählumumy görnüşi hökmünde çykyş edýär.

Pullarda baýlygyň jemgýetçilik görnüşi zatlaşandyr, bu görnüşi olarda özbaşdak bolup, baýlygyň daşynda haryt görnüşde çykyş edýär.

Puluň jemgýetçilik ähmiýeti we zat manysynyň birligi onuň ählumumy ekwiwalentdigini görkezýär. Puluň ählumumy ekwiwalent hökmünde çykyş etmegi, onuň wezipelerini kesgitleýär. Puluň jemgyýetdäki we ykdysady ulgamdaky orny, puluň haryt öndürijileriň arasynda hakyky jemgyýetçilik gatnaşyklaryndan ybaratdyr.

Olar aýratyn haryt öndürijileri baglaşdyryjy güýç bolup, ony jemgyýetçilik zähmet bölünşiginiň we bazaryň üsti bilen bütewi halk hojalyk gurluşyna birleşdirýär. Hususy zähmeti jemgyýetçilik zähmeti bilen birleşdirýär. Haryt öndürijileriň arasyndaky alyş-çalyşy ekwiwalent (barabar) esasda üpjün edýär. Pul diňe bir haryt öndürijileriň arabaglanşygyny üpjün etmek bilen çäklenmeýär. Onuň ähmiýeti has uludyr. Köp hadysalary we prosessleri özara baglaşdyryp, olara hojalyk mehanizminiň hereket etmeginiň netijeliligini kesgitlemäge mümkinçilik berýär. Jemgyýetçilik harajatlary we gazanylan netijäni kesgitlemeklik we onuň ölçegliligi hojalygy rejeli alyp barmagyň esasy şertidir.

Elbetde, pul jemgyýetçilik aragatnaşyklaryny emele getirmeýär. Jemgyýetçilik gatnaşyklary önümçilikde jemgyýetçilik zähmet bölünşigini we aýratyn haryt öndürjileriň arasynda jemgyýetçilik gatnaşyklaryny ynamly esaslandyrýar. Alyş-çalşygyň şunuň ýaly görnüşi natural hojalykda bolmaýar, ol ýerde zähmetiň tebigy bölünşigi hereket edýär we hojalygyň içki gatnaşygy iň ýakyn garyndaşlyk esasynda bolup geçýär. Ýöne altyn standart ulgamynyň aradan aýrylmagy we olaryň aýlanyşygynyň metala çalyşmaýan gymmat belgileri bilen çalşylmagy puluň nazaryýetiniň täzelenmegini talap etdi.

Altynyň uzak wagtlap pul hökmünde çykyş etmegi, puluň düýp manysynyň, onuň altyn görnüşi bilen utgaşmagyna getirdi. “Altyn we kümuş özleriniň tebigaty boýunça pul bolman, pul özüniň tebigaty boýunça altyn we kümüşdir” – diýip öz wagtynda K.Marks ýazypdyr.

Muňa garamazdan altyn we kümüş hakyky pul bolmaklaryny bes etdiler. Olar öz gezeginde puluň manysy bilen görnüşiniň arasynda düýpli tapawudyň bardygyny subut edýär we bu düşünjäniň esasy manysyna täzeden seretmeklige itergi berýär.

Altyn standart ulgamyndan üpjünçiliksiz pul aýlanyşygyna geçilmegi uly möçberde önümçiligiň sazlaşdyrylmagy, bazar bäsleşiginiň çäklendirilen dürli gurallarynyň ýüze çykmagy, döwletiň ykdysady ornunyň güýçlenmegi, daşary ýurda çykarylýan maýanyň çäginiň giňelmegi, hojalyk durmuşynyň ösüşiniň dünýä derejesine çykarylmagy bilen baglanşyklydyr. Ýöne haryt önümçiliginiň **transformirlenmegi** gymmat kanunynyň görnüşiniň ýüze çykmagy, olaryň ýitip gitmegini aňlatmaýar. Puluň häzirki zaman seljermesine şu ýagdaýlary hasaba almak bilen çemeleşmeli.

Häzirki wagtda puluň ýeke-täk hakyky hereket edýän görnüşi zat we demir däl (kagyz we beýleki) pullarydyr. Olar dolanyşyk serişdesi, hazyna döretmek (toplamak) we töleg serişdesi wezipelerini ýerine ýetirmegiň doly monopollaşdyrdy we üznüksiz önümçiligiň hemme döwürlerinde harytlaryň, maýanyň we hyzmatlaryň hereketini üpjün edýär.

Pul barada alymlaryň arasynda ýeke-täk çemeleşme ýok. Dürli ykdysady edebiýatlarda dürli-dürli kesgitlemelere gabat gelmek mümkin. Mysal üçin, **pul** aýratyn adamlaryň we tutuş jemgyýetiň durmuşyny dolandyrýan guralldyr. **Pul** bu islendik ýaşaýyş üçin naz-nygmatlary we emläkleri almaklyga hukuk berýan resminama. **Pul** ählumumy ekwiwalent bolup, beýleki harytlardan tapawutlanan harytdyr, onuň kömegi bilen önümiň özüne düşýän gymmaty we gymmaty kesgitlenilip haryt öndürijiler bilen sarp edijileriň arasynda alyş-çalyş ýola goýulýar.

Puluň manysy barada ykdysady edebiýatlarda şu çemeleşmeler bar:

1. Pragmatik düşünje.
2. Gymmat wekili taglymaty.
3. Demir däl puluň hususy gymmatynyň ylmy çaklamasy.

**Pragmatik düşünjäniň tarapdarlary** zat däl, gymmat bahaly metallara çalşylmaýan haryt dünýäsine garşy durýan pullar hakykatda pul **antipodynyň** ornuny tutujy bolup çykyş edýär. Bu pullarda baha emele gelmek ýagdaýy amala aşyrylýar. Puluň özi bu pullaryň hakyky gymmat ölçeg serişdesi bolup hyzmat edýändigini subut edýär.

Beýle düşünje çäklendirilen seljermeleriň wezipeleri çözlende ýeterlik düşünje bolup durýar, ýöne hadysanyň (wakanyň) manysyna has çuňňur düşünmeklige mümkinçilik bermeýär.

**Gymmat wekili taglymaty** kagyz pullara harytlaryň gymmat wekili hökmünde seredýär. Ol taglymat iki ugry öz içine alýar.

**Birinji ugra** ýykgyn edýänler häzirki zaman zat däl karz pullary bazarda aýlanýan hemme harytlaryň umumy gymmat wekili hökmünde, ol harytlary öndürmeklige siňdirilen jemgyýetçilik zerur zähmeti diýip belleýärler.

Şu taglymatda her bir pul birliginiň wekiliniň nähili ýagdaýda gymmaty kesgitlenilýändigi düşnüksiz bolup galýar.

Mälim bolşy ýaly puluň ol ýa-da beýleki görnüşi harytda jemlenen gymmatyň ululygyny ölçäp bilýär.

Pul birliginde görkezilýän gymmatyň ululygyny kesgitlemekligiň ýeke-täk düşündirilişi bolup, ol harytlaryň mukdarynyň olara garşy durýan pul toplumyny deňeşdirmek usuly bilen, başgaça aýdylanda **birinjini ikinjä bölmek esasynda kesgitlenilýär.** Ýöne şeýle edilende ilki bilen pul haryt bilen bilelikdäki alyş-çalşygyň täsiri esasynda öz gymmatyna eýe bolýar, soňra gymmaty aňladýar (şol harytlaryň bahasyny kesgitleýär). Emma puluň ählumumy ekwiwalent hökmündäki manysyna garşy gelýär.

**Ikinji ugruň** tarapdarlarynyň çaklamalaryna görä häzirki zaman şertlerinde kagyz pullar bütewi haryt dünýäsinde gymmatyň wekilleri bolman, eýsem aýratyn **tapawutlanan** zat däl ählumumy gymmat ekwiwalenti hökmünde altynyň ornuny eýelän harydyň wekilidir. Bu çaklama laýyklykda, bazaryň bu hili harytlar bilen baglanyşygy

arakaly kagyz pullar gymmat ölçegi wezipesini altynsyz ýerine ýetirmäge ukyply bolup durýar.

Täze “pul harytlarynyň” hataryna işçi güýji, haryt-hyzmat ornunda karz, elektrik energiýa ýaly köp dürli düşünjeler goşulýarlar.

**Metal däl pullaryň hususy gymmaty çaklamasy** häzirki zaman şertlerinde altyna çalşylmaýan pullar, olaryň wekilleri bolman, eýsem özleriniň hususy içki gymmatlyklaryna eýedirler.

Şol **ylmy çaklama** laýyklykda puluň gymmaty hamala iki döwürde döredilýär. Oňa esas bolup, puly öndürmeklige sarp edilýän zähmet hem-de olaryň hereket etmegini üpjün edýän zähmet çykyş edýär. Bu gymmat pul materialynyň bazar bahasynda özüni aňladýar. Ýöne ol alyş-çalyş gymmatyna öwrülýär we şonuň esasynda pul gymmatyň ählumumy ekwiwalenti bolup çykyş edýär.

Pul gymmatyň ählmumy ekwiwalentinden, ýagny harydyň gymmatyny ölçemeklikden, haryt alyş-çalşygynyň aralykçysyna öwrülýär. Olar köptaraply ölçeg birligi bolmak bilen, dürli harytlaryň gymmatyny deňeşdirmeklige özboluşly tehniki gural bolup hyzmat edýärler. Garalýan gural jemgyýet tarapyndan ykrar edilen harytlaryň bahasyny mukdar taýdan aňladýan özboluşly serişdä, başgaça aýdylanda hasaplaşyk puluna öwrülýär.

Pula şeýle çemeleşmeklik onuň hojalyk guralynyň zerur bölegi hökmünde saklanyp galmaklygy diýip çak edilýär. Pul, döwlet tarapyndan kanuny töleg serişdesi hukugyny alýar, haryda we hyzmata gürrüňsiz hukugy gazanýar. Olar harydy birek-birege çalyşmakda bazarda aralykçly bolmagyny dowam edýär. Ýöne bu ýerde “pul” düşünjesine öňkä garanyňda has ýüzleý many berilýär.

Puly syýasy-ykdysady düşünje hökmünde kesgitlemek, onuň häsiýetini we dolanyşykda ýüze çykmagynyň sebäplerini açyp görkezmek, bütin adamzat düşünjesiniň köp asyrlyk taryhynyň içinden eriş-argaç bolup geçýär. Ol baradaky işleriň sanynyň köplügine garamazdan, puluň tebigaty häzirki wagta çenli öz çözgüdine garaşýan mesele bolmagynda galýar.

**1857-nji ýylda** belli iňlis neoklassiki mekdebiniň ykdysadyýetçisi U.D.Jewans şeýle diýýär:

“Ykdysadyýet ylmy üçin pul-geometriýa üçin tegelegiň dörtburçlugy ýalydyr”. Şonuň üçin günbataryň ykdysadyýetçileri uzak wagtyň dowamynda puluň nazaryýetiniň manysyna seljerme bermekden gaça durupdyrlar. Esasan-da ol “Keýnisiň rewolýusiýasy” döwründe ýüze çykypdyr, tölege ukyplylyk meselelerine üns güýçlenipdir, ýokary nazaryýetiň meseleleri çetde galdyrylypdyr.

“Häzirki wagtda puluň esasy soraglaryny öwrenmeklik öz ähmiýetini ýitirdi” diýen düşünje giňden ýaýrady. Ellinji ýyllaryň okuw kitaplarynyň awtorlary belleýärler: “Puluň nämedigini bilmeklik esasy zat bolman, onuň ykdysady işjeňlige, önümçilige we zähmet hem maddy serişdeleriniň üpjünçiligine edýän täsirine düşünmeli”. Puluň nazaryýetine şunuň ýaly çemeleşmek onuň nazaryýet esasynda köp sanly ýetmezçilikleri we kemçilikleri açyp görkezmeýär. Düzgün bolşy ýaly, günbatar ykdysadyýetçileri özleriniň ünslerini pul aýlanyşygynyň mukdaryny häsiýetlendirmeklige ýa-da onuň düzümine ýa-da puluň hojalyk mehanizminde hereket etmeginiň kanuna laýyklygyna gönükdiripdirler. Bu babatda ABŞ-nyň kongresiniň kitaphanasynyň ylmy barlagçylary tarapyndan çap edilen kitaplary şu ýeri ýatlamaga mynasypdyr: “Öň köp bellenilişi ýaly pul – ol nämäni

ýerine ýetirýän bolsa şoldur. Pula berilýän kesgitleme hökmünde seredilende bu kanagatlanarly däldir. Ýöne bu puluň paragmatik ölçeglerini saýlap almaklykda dogry ünsüni çekýär. Puluň käbir ýerine ýetirýän wezipelerine olaryň görnüşi hökmünde seredilip bilner”.

Günbataryň puluň nazaryýeti baradaky işleriniň geň galdyryjy ýagdaýlarynyň biri, olarda berk ylmy düşünjäniň ýoklugy, bazar ykdysadyýetinde puluň saklanyp galmagyny, hojalyk dolanyşygyna onuň ornaşdyrylmagy birtaraplaýyn we garşylyksyz düşündirilmegidir. Soňky on ýyllykda esasy güýç haryt-pul gatnaşyklaryny esaslandyryjy hadysalara düşünmeklige sarp edilip, şonuň esasynda pul nazaryýetiniň mikro esasyny emele getirmek we ony günbatar edebiýatynda höküm sürýän gymmatyň we bahanyň standart nazaryýeti bilen baglanyşdyrmak üçin synanşyk edilýär. Bu nazaryýet çaklendirlen peýdalylyk ýörelgelerine esaslanýar. Günbatar ykdysatçylarynyň bu nazaryýete gaýta-gaýtadan dolanyp gelmekleri tötänleýin däldir. Olar pul hojalygynyň dürli nusgalaryny gurmaklykda puluň adaty bolmadyk gizlin syrlaryny gözleýärler. Şeýlelikde, çylşyrymly usulyýet çemeleşmeleriň kömegi esasynda olar ykdysady ösüşde puluň orny baradaky şertnamalaýyn nazaryýet, täze düşünjeler bilen utgaşdyrylýarlar. Muňa garamazdan, karz kagyz pul nazaryýetiniň doly işlenilmezligi ösen bazar ykdysadyýeti bolan döwletlerde pullaryň öz wezipelerini ýerine ýetirmeklerine päsgel bermeýär.

Pullar pul nyşanlary hökmünde gyzykly hem-de özboluşly taryhy resminama bolup durýar. Geçmişiň şaýady bolmak bilen pullar bir döwletiň bolandygyna ýeke täk şaýat bolup durýar, şonuň üçin-de şaýlyklar bolmadyk bolsa adamzat öz geçmişiniň köp sanly örän möhüm wakalaryndan bihabar bolardy. Türkmen halkynyň köp müňýyllyk taryhy bar. Ol Parfiýa, Seljuklar we beýlekiler ýaly dünýäniň iri siwilizasiýalarynyň aýrylmaz bir bölegi hem-de mirasdary bolup durýar. Medeniýetiň aýrylmaz bölegi bolup durýan haryt pul gatnaşyklarynyň taryhyny bilmezden ony doly öwrenmek mümkin däldir.

## 1.2. Puluň wezipeleri, düzümi we aýratynlyklary

Ykdysady hadysanyň düýp mazmunynyň anyk ýüze çykmagyna **wezipe** diýilýär. **Wezipe** ykdysady gatnaşyklaryň aýratyn sredada hereket edýän ykdysady kanunlarynyň esasyny aňladýar. Şeýlelikde, her bir wezipe pul gatnaşyklarynyň durnukly görnüşini aňlatman, eýsem, bu gatnaşyklaryň ösdürilmegini, kämilleşdirilmegini, baýlaşdyrylmagyny we hil taýdan üýtgedilmegini aňladýar. Ol ýa-da beýleki wezipäniň ösüş derejesi ykdysady hadysalaryň mazmuny üýtgedilen jemgyýetçilik önümçiliginiň özüne mahsus bolan görnüşini we döwrüni suratlandyrýar.

### Puluň gymmat ölçeýiş wezipesi

Puluň birinji wezipesi gymmat ölçemekdir, ýagny onuň harytlaryň gymmaty ölçenende, bahalar kesgitlenende aralykçy bolup hyzmat etmegidir. Diňe pul harydyň gymmatynyň bolmagyny, şol bir wagtyň özünde harytlaryň we pullaryň ekwiwalentleriniň ýüze çykmagyny, puluň dolanyşyk, töleg serişdesi, dünýä puly wezipelerinde gymmat kanuny esasynda olaryň alyş-çalşyny üpjün edýär. Şonuň bilen birlikde harytlary biri-birine deňeşdirýäniň pul däldigini göz öňünde tutmak zerurdyr. Harytlaryň puluň

kömegi bilen ölçenilmeginiň sebäbi, harytlar hem edil pullar ýaly adam zähmetiniň önümidir, olary deňeşdirmegiň esasy birmeňzeşdir, howaýy (abstrakt) zähmetdir.

Harydyň gymmatynyň pul bilen aňladylmagy bahadyr.

Baha ýa-da harytlaryň pul görnüşi diňe göz öňünde getirilýän hyýaly görnüşidir. Egin-eşigiň, aýakgabyň, awtomobiliň, magnitafonyň we şuňa meňzeşleriň gymmaty göze görünmese-de, olaryň bahasy şol zatlarda jemlenýär. Olaryň altyna bolan gatnaşygynda ýüze çykýar.

Harytlaryň gymmatynyň altynda aňladylmagy howaýy häsiýetlidigi üçin altyny göz öňüne getirmek ýeterlikdir. Her bir haryt eýesi, haryt öndüriji harytlaryň gymmaty görnüşinde aňladylmagynyň entäk olaryň pula öwrülen däldigini bilýär, şonuň ýaly-da altynyň üsti bilen uly gymmaty aňlatmak üçin bir gram altynyň gerek däldigini hem bilýär.

Şeýlelikde, pul özüniň gymmat ölçeýiş wezipesini pikirlenme arkaly göz öňüne getirilen hyýaly pullar görnüşinde ýerine ýetirýär, sebäbi bu ýerde harytlary ählumumy gymmatlyklara hyýaly geçirmek öz ornuny tutýar.

Gymmat ölçeýiş wezipesini hyýaly pullar ýerine ýetirýän hem bolsa, baha tutuşlygyna hakyky pula baglydyr.

Diňe gymmat otnositel görnüşinde duran harydyň bahasy bolup biler. Puluň hususy gymmaty ýokdur, onuň gymmaty puluň özi bilen kesgitlenilmeýär.

Bahanyň ýerine puluň satyn alyjylyk ukyby bar, bu bolsa pula satyn alynýan harytlaryň absolýut mukdarynda aňladylýar.

Puluň gymmat ölçeýiş wezipesi ählumumy ekwiwalent görnüşinde harydyň pula bolan gatnaşygyny aňladýar. Ýöne harytlaryň bahasyny kesgitlemek üçin munuň özi ýeterlik däldir. Olary deňeşdirmek üçin masştab zerur, ählumumy ekwiwalentiň zat substansiýasynyň ölçeg birligi gerek. Pul nirede öz-özüne otnositel ýagdaýda bolsa, onda ol **bahalaryň möçberi (masştaby)** bolup çykyş edýär.

Bahalaryň möçberi (masştaby) puluň täze bir wezipesi bolman, altynda zatlaşdyrylan önümçilik gatnaşygydyr. Bu başga hili wezipe, ýagny pul materiallarynyň "tebigy substansiýasynyň" wezipesidir. Agram mazmunynda berk kesgitlenen jemgyýetçilik zähmeti harytlaryň gymmatyny bahalarda aňlatmaklygyň tehniki-ykdysady çäreleri bolup çykyş edýär. Iki wezipe üçin hem esasy bolup şol bir altyn çykyş edýän hem bolsa, pul gymmat ölçegi we bahalaryň möçberi hökmünde dürli wezipäni ýerine ýetirýär.

Gymmatlaryň ölçegi puluň ykdysady wezipesi bolup, ol döwlete garaşly däldir. Pul gymmat ölçegi hökmünde jemgyýetçilik gymmatynyň ekwiwalenti bolup çykyş edýär, jemgyýetçilik zerur howaýy (abstrakt) zähmetiň jemini we harytlaryň gymmatyny aňladýar. Diýmek, bu wezipe gymmat kanuny arkaly kesgitlenilýär.

Bahalaryň möçberi (maşstaby) hukuk häsiýete eýe bolup, döwletiň islegine (erkine) baglydyr, ol harytlaryň gymmatyny aňlatmak üçin däl-de, olaryň bahasyny aňlatmak üçin hyzmat edýär. Bahalaryň möçberiniň (masştabynyň) üsti bilen ideal, göz öňüne getirilen harytlaryň bahalary, gymmatyň umumylygynyň görkezijilerinden kesgitlenen bahalara ýa-da bazar bahalaryna öwrülmek bilen milli pul birliklerinde aňladylýar.

Bütindünýä bazar hojalygynyň, halkara zähmetiň ösmegi, harytlaryň bütindünýä gymmatynyň emele gelmegi bilen puluň gymmat ölçeýiş wezipesi halkara gymmat ölçeýiş wezipesine öwrülýär.

Bu jemgyýetçilik üznüksiz önümçiliginiň halkara derejesine öwrülýän ýagdaýynda ýüze çykýan jemgyýetçilik zähmetiniň aýratyn çylşyrymlyklary bilen baglanşyklydyr: milli-jemgyýetçilik zähmeti halkara jemgyýetçilik zähmetine öwrülýär. Hususy we jemgyýetçilik zähmetiniň arasyndaky garşylyk dünýä bazarynda öz çözgüdini tapýar, bu ýerde harytlar öz gymmatyny hemme taraplaýyn açýarlar.

Degişlilikde milli zähmetiň önümi halkara gymmat ölçegi esasynda jemgyýetçilik tarapyndan kabul edilýär. Halkara gymmat ölçeýiş wezipesiniň kömegi bilen haryt önümçiliginiň esasy talaby ýerine ýetirilýär: pul harytlaryň absolýut alyş-çalyşygyna diňe bir milli bazarlarda däl-de, eýsem dünýä bazarynda hem hökman üpjün etmelidir. Şeýlelikde harytlar dünýä bazarynyň çäginde mukdar taýdan deňeşdirilmegini we absolýut alyş-çalşygyny gazanýarlar.

Bu aýdylanlar hakyky (real) pula degişlidir, ýöne häzirki şertlerde ýagdaý düýpgöter üýtgedi. Doly bahaly pullaryň hakyky gymmatyna derek kagyz pullar geldi, olaryň wekilleri bolup wekseller we zergärleriň güwänamasy çykyş edýär. Häzirki zaman karz pullary doly derejede özüniň nusgawy wezipelerini ýerine ýeirmeýärler. Gymmat bahaly metalyň hakyky gymmaty bolanlygy sebäpli, ol ählumumy ölçeg wezipesini ýerine ýetirip bilýär. Köneçe “pul” diýlip atlandyrylýan pul belgileri hususy gymmata eýe däldirler, olar diňe hakyky (real) gymmatyň wekilleridirler, belgileridirler, ýöne bu olara hakyky pula mahsus bolan gymmat ölçeýiş wezipesini ýerine ýetirmäge mümkinçilik bermeýär.

Häzirki zaman pul belgileri hasaplaşyk pullarydyr, haryt toplumlarynyň gymmat wekilleri bolup bazarda hereket edýärler. Şeýlelikde gymmat ölçeginiň ornuny harytlaryň jemi toplumy ýerine ýetirýär, olaryň we her bir harydyň arasynda hakyky (real) alyş-çalyş gatnaşygy guralýar, bu soňkularyň goşulmagy üçin zerurdyr.

Esasan bu gatnaşyk baha hökmünde karz biletlerine berkidilýär. Şeýlelikde ewolýusiýanyň barşynda puluň gymmat ölçeýiş wezipesi karz pullara mahsus bolan gymmat deňeçirligini kesgitleýän wezipä öwrüldi.

**Pul dolanyşyk serişdesi hökmünde**

Haryt dolanyşygynyň dowamynda puluň dolanyşyk serişdesi hökmünde çykyş etmegine isleg döredýär. Munuň özi entek puluň gymmat ölçegi wezipesiniň üsti bilen harytlaryň satylmaýanlygy bilen şertlendirilýär.

Onuň bahasy diňe hakyky (real) alyş-çalyşa harydyň pula öwürmek ýagdaýynda **H-P-H** görnüşinde ýüze çykýar.

Harytlary elden-ele geçirmeklik, olary hemişe dolanyşyk äleminden gysyp çykarmaklyk, harytlary alyjylara ýetirmeklik ýagdaýynda pul gönüden-göni hereketde bolýar, bir tarapdan beýleki tarapa geçýärler, şeýlelik bilen alyş-çalyş aktlary bir bitewi harytlaryň aýlanyşygy ýagdaýyna baglaşdyrylýar. Dolanyşyk serişdesiniň wezipesini ýerine ýetirmek üçin pul hemişelik nagt bolmaly, ýagny bu wezipäni diňe hakyky bar bolan pullar ýerine ýetirip bilýär. Olar şeýle hem berklik, birmeňzeşlik, bölünmek ýaly häsiýete eýe bolmalydyr.

Jemgyýetçilik zähmeti gymmat görnüşinde hereketiň aýratyn görnüşini ýerine ýetirýär – haryt gymmaty pul gymmatyna, pul gymmaty bolsa haryt gymmatyna öwrülýär. Gymmatyň hereketiniň bu aýratyn görnüşi, gymmatyň görnüşiniň üznüksiz çalyşmagy (harydyň pula we tersine), puluň dolanyşyk serişdesi hökmündäki aýratyn

wezipesini kesgitleýär. Haryt dolanyşygy puluň kömegi bilen ýerine ýetirilýär. Önümleriň alyş-çalşynda **H-P-H** hadysasynda (prosessinde) haryt bu hadysanyň başlangyjy we ahyry bolup çykyş edýär. Bu ýerde haryt aýlanyşygy bolup geçýär. Beýleki tarapdan pul aýlanyşygy aradan aýrylýar. Haryt pul görnüşinde satyjynyň elinde saklansa, ol öz aýlanyşygynyň diňe bir bölegini ýerine ýetirýär. Haçan bu pula haryt satyn alynanda, onda pul özüniň ilkibaşky eýesinden daşlaşýar. Puluň başlangyç ýerinden **(P-H)** yzygiderli daşlaşmagy bolup geçýär. Puluň dolanyşyk serişdesi wezipesini ýerine ýetirmegi üçin pul bilen harydyň hereketiniň şol bir wagtyň özünde bolup geçmegi zerurdyr.

**Puluň dolanyşyk serişdesiniň wezipesi** haryt çalşygynda aralykçy bolmagydyr. Haryt çalşygynyň irki döwürlerinde ählumumy ekwiwalent bolup hyzmat edýän her bir haryt, beýleki harytlar bilen alyş-çalyş edilende bir wagtyň özünde hem gymmat ölçegi hem dolanyşyk serişdesi bolýar. Bu ýerde iki wezipe gabat gelýär. Alyş-çalyşygyň mundan buýana ösmegi, bu wezipeleriň aýrybaşgalanmagyna getirdi, puluň aýratyn görnüşleri ölçeg serişdesi hökmünde hasaplaşyk pullary we dolanyşyk serişdesi hökmünde gymmat belgileri emele geldi. Şeýlelikde ählumumy ekwiwalentlik wezipeleriniň deňeşdirilmegi doly bahaly monetalara-iki sany garşylykly bütewiliklige öwrüldi. Soňra bu garşylyk özüniň hususy gapma-garşylygyna ösüp geçýär, bu bolsa puluň jemgyýetçilik önümçilik gatnaşyklary hökmündäki durnuklylygyny bozýar.

Puluň haryt dolanyşygynda ýetmezçilik etmegi gymmat belgileriniň altyn belgileri hökmünde mukdar taýdan ýüze çykmagyna getirýär. Bu bolsa pul harydynyň **nominal** we **hakyky** gymmatynyň üzňeligi netijesinde, gymmat wekilleriniň döredilmeginiň amatly mümkinçiligini emele getirýär. Bu garşylygyň hil tarapy altynyň onuň belgisine öwrülmegi bozulanda ýüze çykýar. Onuň bozulmagyna dolanyşyk serişdeleriniň hümmetiniň güýç bilen peselmegi hyzmat edýär, bu harytlaryň bahalarynyň ýokarlanmagyna eltýär. Muňa meňzeş ýagdaýlar monetalar **falsifikasiýalananda,** ýagny pul metalyna has arzan metallar garylanda bolup geçýär.

Kagyz pullara degişli bolan gapma-garşylygyň beýleki görnüşi bolup, puluň **hümmetsizlenmegi** çykyş edýär. Gapma-garşylygyň bu tarapy gymmat wekilleriniň aýrabaşgalanmagyna getirýär. Gymmat ölçegi bilen dolanyşyk serişdesiniň wezipeleriniň arasyndaky gapma-garşylyk puluň içki gapma-garşylygynyň ýüze çykmagynyň, olaryň jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň we zat häsiýetiniň arasyndaky garşylygyň hususy ýagdaýydyr.

Dolanyşygyň dowamynda pullar hemişe elden-ele geçýär. Bu ýagdaýda dolanyşyk serişdesi hökmündäki pullar haryt alyş-çalşygynda aralykçy bolup diňe wagtlaýyn çykyş edýärler. Eger şeýle bolsa doly bahaly pullar gymmat belgisi bilen çalşyrylyp bilner diýen netijä gelip bolýar. Ýöne, bu beýle däl. Sebäbi hümmetsizlenme şertlerinde puldan daşlaşmak ýaly hadysalar bolmaýar. Hakyky pullar aýlananda alyş-çalyşykda bir tarapda harydyň ýeke-täk isleg ödeýiş gymmatydygy, zähmetiň jemidigi, beýleki tarapda bolsa pul (moneta görnüşindäki gymmat bahaly metal)-gymmat etalony anyk zähmet ýerleşýär. Şol bir gymmat iki gezek, ýagny bir tarapda-haryt görnüşinde, satyjynyň elinde, beýleki tarapda pul görnüşinde alyjynyň elinde ýüze çykýar.

Şeýlelikde satyjy we alyjy biri-biri bilen “nagt ekwiwalentleriň” haryt eýeleri hökmünde gatnaşykda bolýarlar.

Aýlanyşykda karz pullar hereket edende, bazarda alyjy haryt görnüşinde hakyky gymmata eýe bolýar, satyjy bolsa bank we gazna wekselleri görnüşinde barabar (ekwiwalent) gymmata eýe bolmaga diňe hukuk gazanýar. Bu entek gymmat çalşygy bolman, eýsem ýönekeý karz gatnaşygydyr, bu gatnaşyk esasynda algydara haryt satylanda onuň ozalky alan karz borçnamasyny islendik wagtda anyk gymmata çalyşmaga hukuk berilýär. Başgaça aýdanyňda haryt dolanyşygy amala aşyrylýar, ýöne başga ýörelge esasynda, ýagny hakyky deň ululykly gymmat alyş-çalyşygynyň ornuna karz serişdesi gelýär.

Islendik weksel bolsa, tölenen we tölenmedik bolup biler. Şonuň üçin adamlaryň kagyz pullara bolan ynamsyzlygy däp bolup galypdyr, amatly ýagdaý emele gelende olar bu pullary haýsydyr bir hakyky gymmata çalyşmaga ymtylýarlar.

**Pul töleg serişdesi hökmünde**

Harytlary mydama nagt pula satyp bolmaýar, sebäbi bir haryt eýesi öz harydy bilen bazara çykan mahalynda, köp halatlarda beýleki haryt eýeleriniň entek nagt pullary bolmaýar. Şonuň üçin haryt alyş-çalşygyny karzyň üsti bilen amala aşyrmaklyk zerurlygy ýüze çykýar, ýagny pul töleginiň wagty uzaldylýar. Harytlar tölegiň möhleti uzaldylmak esasynda satylanda, pul gymmat ölçegi wezipesinde bolşy ýaly, hakyky (ideal) görnüşde hereket edýär, ýöne dolanyşyk serişdesi bolup çykyş etmeýär. Alyjylar satyn alan harytlaryna tölegiň möhleti dolanda pul töleýärler. Şeýlelikde, bu ýagdaýda pul, dolanyşygynyň barşynda gönüden-göni haryda garşylyklaýyn hereket etmeýär, belli bir wagtdan soň dolanyşyga girýär.

Puluň töleg serişdesi hökmünde ulanylmagy diňe bir harytlar karzyna satylanda bolup geçmeýär. Harytlar gönüden-göni pula çalşylmadyk ýagdaýlarynda pul töleg serişdesi wezipesini ýerine ýetirýär we pul özbaşdak alyş-çalyşygyň gymmaty görnüşinde çykyş edýär. Puluň töleg serişdesi wezipesiniň häsiýetli alamatlary bolup, olar birtaraplaýyn hereketi we harydyň alyja puluň bolsa satyja berilýän wagtynyň arasynyň üzňeligi bilen tapawutlanýar. Bu üzňelik harydyň alyja, puluň satyja berilmeginden öň bolup geçýänligi sebäpli emele gelýär. Eger-de hakujy tölegleri amala aşyrylýan bolsa, onda satyja harydy satmazdan ozal pul geçirilýär. Görnüşi ýaly ýokardaky ýagdaýlaryň ikisinde hem harydyň we puluň hereketiniň dürli wagtda bolup geçýändigi mesemälimdir. Bu **P-H-P** aýlanyşygynyň arasynyň **üzülýänligi** we pul gymmatynyň hereketiniň haryt gymmatyna bolan gatnaşygynda otnositel özbaşdaklygy alýanlygy sebäpli bolup geçýär. Puluň beýle hereketi tölegi aňladýar. Pul töleg serişdesi görnüşinde çykyş edýär.

Puluň töleg serişde görnüşinde hereket etmegi haryt önümçiliginiň we dolanyşygynyň ösüşiniň has yokary derejesini aňladýar.

Pul töleg serişdesi hökmünde, dolanyşyk serişdesinden tapawutlanýar, sebäbi pul bu ýerde alyş-çalşygyň aralykçysy bolman, eýsem diňe ony tamamlaýar.

Pul töleg serişdesi wezipesini diňe hakyky görnüşinde ýerine ýetirýär. Töleg serişdesi hökmünde çykyş edýän karz pullar harytlaryň satyjydan alyjynyň eline geçmegini üpjün etmeýär. Bu wezipäni doly ýagdaýda wekseller ýerine ýetirýär, sebäbi ol özünde zerur şert hökmünde tölegliligi, kepilligi, ynamy döredýär, ýöne özi gymmata eýe bolmaýar, şeýlelik-de ol gönüden-göni ekwiwalent alyş-çalşygy üpjün etmäge ukypsyzdyr. Puluň töleg serişdesi wezipesiniň düýp manysy harydy alyjynyň satyja

ekwiwalent gymmatyň öwezini altyn ýa-da beýleki gymmat metallar (ýa-da olaryň ornuny tutýanlar) bilen dolmagyndan ybaratdyr.

**Puluň hazyna döretmek we toplamak wezipesi**

Puluň toplaýyş serişdesi wezipesi altyn moneta aýlanyşygynda hazyna döretmek hökmünde ýerine ýetirilýär. Ýöne häzirki wagtda hiç bir ýurduň pul aýlanyşygynyň "altyn sazlaşdyryjysy" ýokdur. Gymmat belgileri (altyna çalşylmaýan) toplanylýar. Bu pul belgileri toplaýyş ýa-da gymmatyň saklanylmak (süýşürintgiler) wezipesini ýerine ýetirýärler.

Gymmatyň saklanylmak serişdesi (toplaýyş serişdesi) – pullaryň häzirki wagtda satylan harydyň gymmatyny geljekde satyn almaklyk üçin ulanyp bolýan ukybydyr. Puluň bu wezipesi onuň absolýut likwidliliginiň netijesidir. Puluň absolýut likwidliligi, onuň kömegi bilen islendik wagtda, islendik borçnamany ýerine ýetirip bolýandygyny, puly çalt we ýitgisiz harytlara we hyzmatlara çalşyp bolýandygyny aňladýar, sebäbi puly hemişe dolanyşyk we töleg serişdesi hökmünde peýdalanmak bolýar we onuň bar bellenilen nominal gymmaty bardyr.

Haçan-da gymmatyň saklanylmak serişdesi (süýşürintgiler serişdesi) hakynda gürrüň edilende, onuň satyn alyş ukybynyň geljekde hem häzirkisinden pes bolmajakdygyny aňladýar.

Puluň toplaýyş serişdesi wezipesini ýerine ýetirmeginiň esasy şerti onuň **satyn alyş ukybynyň** durnukly bolmagydyr. Puluň kesgitlenen mukdarynyň durnukly satyn alyş ukyby onuň eýesiniň harytlaryň we hyzmatlaryň üýtgemeýän toplumyny satyn alyp bilmekligini aňladýar. Eger-de puluň nominal gymmaty berk bellenilen bolsa, onda onuň hakyky gymmaty (satyn alyş ukyby) üýtgäp bilýär. Bu öňi bilen harytlaryň we hyzmatlaryň nyrhyna baglydyr:

$$\mathbf{P = 1 : B}$$

Bu ýerde:

**P** – puluň satyn alyjylyk ukyby
**B** – bahalar

Hümmetsizlenmek şertlerinde puluň hakyky gymmaty (onuň satyn alyjylyk ukyby) üzül-kesil pese gaçýar we baýlygy pul görnüşinde saklamak ykdysady manysyny ýitirýär. Pes likwidli ýa-da düýbünden likwidsiz, ýöne hakyky gymmatlyklara kowalaşma başlanýar, ýerleri, gozgalmaýan emlägi, sungat eserlerini satyn almaklyk başlanýar.

Milli walýutanyň toplaýyş serişdesi wezipesini doly ýerine ýetirmeýän ýagdaýynda, erkin öwrülýän walýutany satyn almaklyk başlanýar, ilat özüniň süýşürintgilerini şu walýutada saklaýar. Bu süýşürintgiler girdejiligi ýokarlandyrmak maksady bilen däl-de, esasan süýşürintgileriň saklanylmagynyň kepili hököminde amala aşyrylýar.

Pullaryň toplaýyş serişdeleri ýerine ýetirmeginiň özboluşly aýratynlyga eýedir we toplaýyşyň haýsy görnüşde amala aşyrylýanlygyna baglydyr: nagt däl we nagt (tezawrasiýa)[1] görnüşde toplamaklyk.

**Puluň nagt däl (bank) görnüşi** pul serişdeleriniň bank we beýleki bank däl karz institutlarynyň hasaplarynda toplanmagydyr. Puluň karz görnüşde toplanmagy diňe bir hasaplarda amala aşyrylman, eýsem serişdeleri gymmatly kagyzlara ýerleşdirmek görnüşinde hem bolup biler. Pullary saklamaklygyň bar usulynda döwlet ilatyň wagtlaýyn pul harçlamaklygyň näçe böleginden ýüz öwürýänligi baradaky maglumata eýe bolýar,

döwletiň tölege ukyply islegi sazlaşdyrmak mümkinçiligi ýüze çykýar, toplanan serişdeleri ykdysadyýeti maliýeleşdirmeklige peýdalanyp bilýär.

**Tezawrasiýa (nagt görnüşde toplamaklyk)** jemgyýetçilik ähmiýete eýe däldir, ondan başga-da onuň ösmegi ykdysadyýetde rejelilige ters gelýän hadysa diýlip atlandyrylýan oňaýsyz netijeleriň ýüze çykmagyna getirýär. Aýdalyň, ilat özüniň girdejilerini süýşürintgiler görnüşinde öýlerinde saklaýar (hususy tezawrasiýa) amala aşyrýar. Bu öz gezeginde harytlar we hyzmatlar bazarynda olara bolan islegiň peselmegine getirýär. Netijede, kärhanalaryň (firmalaryň) ýerlemekden alýan girdejileri azalýar, bu bolsa kärhanalaryň önümçilik faktorlaryna bolan islegini peseldýär. Şeýlelikde, işsizlik ýokarlanýar, ilatyň girdejileri kemelýär. Diýmek, harytlara we hyzmatlara bolan isleg öňküsinden hem pese gaçýar.

Toplaýyşyň bank görnüşinde ilatyň süýşürintgileri pul we maliýe bazaryna gelip gowuşýarlar. Maliýe bazarynyň institutlary süýşürintgileri jemleýärler we olary işewürlik üçin maýa goýumlara öwürýärler. Şeýlelik bilen, haçan-da ilat hemme girdejilerini sarp edişe harçlaman, onuň bir bölegini öýlerinde saklanlarynda serişdeleriň akymynyň ýetmezçilik edýän böleginiň serişdeleriň maýa goýum görnüşinde işewürlige gönükdirilmegi bilen üsti dolunýar.

Şuňa meňzeş ýagdaý ilatyň süýşürintgileriniň nagt görnüşde daşary ýurt walýutasynda saklananda hem bolup geçýär. Eger-de, ilat nagt dollary öz öýlerinde saklamaga artykmaç höwesli bolsalar, onda ilatyň girdejileriniň bir bölegi dolanşykdan çykýar. Bu ýagdaý-da serişdeleriň akymynyň netijeliligi ýitýär, puluň hususy tezawrasiýasynyň rejelilik netijelerine ters gelýän ýaramaz ýagdaýlara getirýär.

Baýlygyň nagt pul görnüşinde saklanylmagy göze görünmeýän diýilip atlandyrylýan harajatlara ýa-da elden giderilen mümkinçilikleriň harajatlaryna getirilmegi mümkin, sebäbi baýlygyň pul görnüşinde saklanylmagy olaryň eýelerine göterim girdejisini getirmeýär (mysal üçin, gozgalmaýan emläk eýesinin öz öýüni kärendesine bermek bilen, kärende tölegi görnüşinde alýan girdejisi bilen deňeşdirilende).

Aýdyň görnüşi ýaly, diňe nagt pullaryň bolmagy adamlara ähli amatlyklary döredýär, haçan-da satyn almaklyga zerur bolan serişdeleriň olaryň jübülerinde bolmagy, her gezek satyn almaklyk üçin banka barmaklyk zerurlygyny aradan aýyrýar. Ýöne pullaryň nagt görnüşinde saklanylmagy adamlaryň goýumlar boýunça göterim almaklyk mümkinçiligini aradan aýyrar. Şeýlelikde, nagt puluň artykmaçlygyny we kemçiligini ölçäp görmeli we çözmeli, näçe bölegini elde, näçesini banka goýmaklyk amatly.

Puluň toplamak serişdesi wezipesinde nagt pullara bolan isleg bank ulgamynyň ýagdaýyna we ilatyň olaryň durnuklylygyna bolan ynamyna baglydyr.

Pullaryň nähili görnüşde saklanýanlygyna bagly bolmazdan bu wezipe tölege ukyply islegiň indiki ugurlaryna täsir edýär:

- islegiň gurluşyny üýtgedýär (ilkibaşda peseldýär, soňra toplamagyň netijesinde ýokarlanýar);
- tölege ukyplylyk isleginiň möçberi üýtgeýär (ösýär);
- tölege ukyplylygyň isleginiň ýerleşişi üýtgeýär (ilatyň toparlary boýunça).

---

[1]**Tezawrasiýa** – puluň nagt görnüşinde toplanmagy

Metal pullar aýlanşykda bolan döwründe hazyna pul aýlanşygynyň tebigy sazlaşdyryjynyň roluny ýerine ýetiripdir. Eger-de önümçiligiň möçberi we haryt aýlanşygy giňelse, hazyna görnüşdäki metal pullar, bazara haryt satyn almak üçin girýärdi, ýagny dolanyşyk serişdesi wezipesini ýerine ýetirýärdi. Şu ýerden indiki netijä gelip bolýar: pul toplamak serişdesi görnüşinde bolmak bilen ykdysadyýeti sazlaşdyrýar we höweslendirýär, islegi giňeltmeklige ukybynyň bolmagy ony dolanyşyk serişdesine öwürýär.

Häzirki wagtda puluň hazyna emele getirmek wezipesi dolanyşykdaky üýtgemeýän pul belgileriniň toplumynyň tebigy sazlaşdyryjysy bolup çykyş etmeýän hem bolsa, altyn awtomatiki ýagdaýda hazynadan dolanyşyga we tersine geçip bilmeýär.

Pul toplaýyş serişdesi wezipesini ýerine ýetirmek bilen, milli girdejini emele getirmekde, paýlamakda we gaýtadan paýlamakda aralykçy bolýar, toplamaklykda, şol sanda kärhanalaryň amortizasion geçirimlerinde, ýerli we döwlet býujetiniň serişdelerini, hususy bölegiň pul serişdelerini toplamaklykda ulanylýar. Pul toplaýyş wezipesinde tölege ukyply islegiň möçberine we düzümine hem-de onuň ykdysady subýektleriniň toparlary boýunça ýerleşdirilişine täsir edýär. Bu wezipäni ýerine ýetirmekligiň ýoýulmasy puluň hümmetsizlenmegi bilen baglydyr, sebäbi pul birliginiň satyn alyjylyk ukyby peselýär.

**Dünýä pulunyň wezipesi**

Zähmetiň halkara bölünişigi bilen baglanyşykly emele gelen harytlaryň we hyzmatlaryň alyş-çalşygynyň aýratynlygy, puluň öňünde täze wezipäni goýýar: diňe bir milli bazarda däl, eýsem halkara bazarynda hem aýrybaşgalaşmak haryt öndürijileri baglaşdyryjy serişde hökmünde çykyş etmeklik bilen alyş-çalyşygyň ähլumumy ekwiwalentligini üpjün etmeli.

Pul täze sypatda dünýä puly wezipesini ýerine ýetirýär. Bu wezipäniň ýüze çykmagy önümçiligiň dünýä derejesine çykmagy we haryt alyş-çalyşygynyň milli serhetleriniň çäginden daşary çykmagy bilen baglanyşyklydyr. Täze wezipäniň emele gelmek mümkinçiligi gymmatyň pul görnüşinden gelip çykýar. Pul gatnaşyklaryny gymmat bahaly metallar ýerine ýetirýän mahalyndan başlap, dünýä puly ýüze çykýar. Ýöne bu mümkinçilik hakykata öwrülýänçä, pul gatnaşyklaryny göteriji görnüş, milli dolanyşykda bolup geçýän ýoly-monetalardan galyplara çenli bolan ýoly başdan geçirmelidir.

Islendik döwletiň özüniň pul dolanyşygy ulgamy bolup, onuň hereketi şol döwletiň serhetleri bilen çäklendirilendir. Hiç bir döwlet ykdysady usullar bilen özüniň milli puluny başga bir döwletiň harytlara we hyzmatlara tölegini üzmek serişdesi hökmünde kabul etmeklige boýun edip bilmez (eger-de şol döwletiň özi islemese).

Metal pul dolanyşygy şertlerinde milli pullaryň alyş-çalyşygynyň mümkinçiligi olaryň birmeňzeş esasynyň – altynyň we kümüşiň bolmagyndan gelip çykýar. Puluň moneta görnüşi gymmat bahaly metallaryň “milli lybasydyr”. Şonuň üçin milli monetalar daşary döwletlere geçirilende, şol döwletiň monetalaryna öwrülýärler. Şeýlelikde, halkara pul alyş-çalyşygynda şol bir metallar, altyn we kümüş çykyş edýär, ýöne olar döwlet tarapyndan berlen moneta görnüşlerini aýyrýarlar. Monetalar ýönekeý galyplara öwrülýärler.

Halkara ykdysady gatnaşyklarynyň möhüm şerti bolup, halkara walýuta bazarynda dürli döwletleriň pul birlikleriniň biri-birine deňeşdirilmegi çykyş edýär. Halkara

hasaplaşygynda monetalar öz atlary bilen däl-de, olarda bar bolan gymmat bahaly metalyň agramy bilen kesgitlenilýär. Milli baha ölçegindäki tapawut halkara ykdysady deňeşdirilmäniň aýratyn guralynyň ýüze çykmagyny obýektiw talap edýär. Şeýle gural bolup moneta pariteti, weksel we walýuta kursy çykyş edýär.

Pul köptaraply haryt bolup, aşakdaky üç häsiýete eýedir: çalyşylýan materialyň ählumumylygy-olaryň hil taýdan tapawutlanmagy; ählumumy alyş-çalyş giňişligini - dünýä bazaryny öz içine almagy; wagt gatnaşygynyň ählumumylygy. Pul öz ösüşinde dünýä bazarynyň emele gelmegini **habar bermek bilen** diňe dünýä bazarynda köpgörnüşli haryt hököminde ösüp başlaýar. Ol dürli ýurtlarda altynyň we kümüşiň öndürilşiniň özbaşdak gymmatlarynyň ortaça dünýä jemgyýetçiliginiň zerurlygy hökmünde emele gelýär. Pul harydynyň ýeke-täk halkara gymmaty beýleki harytlaryň birmeňzeş dünýä bahalarynyň emele gelmek meýlini döredýär. Munuň özi gymmat bahaly metallaryň kem-kemden satyn alyjylyk ukybynyň ýokary bolmagy, harytlaryň bolsa azalmagy bilen düşündirilýär, netijede olaryň ýerleşişi garşylyklaýyn bolýar.

Şeýlelikde, puluň haryt hökmünde köptaraplylygy milli bazarlarda bahalaryň gyradeňligine ýardam edýär. Ýöne munuň özi meýilleriň biridir. Şol bir wagtyň özünde bar bolan ymtylma garşy milli zähmet öndürijiliginiň ösüşiniň deňsizligi gyradeňligi ýok edýär.

Dünýä pulunyň wezipesi ýygnaýjy puluň milli wezipesinden gelip çykýar. Ol halkara harytlaryň we hyzmatlaryň alyş-çalşygynyň hemme görnüşlerini nagt we nagt däl hasaplaşykda amala aşyrýar. Dünýä puly şol bir wagtyň özünde gymmat ölçegi hem bolup hyzmat edýär. Halkara gymmatyň etalony bolmak bilen, dünýä puly dünýä bahalarynyň kesgitleýji faktory bolup çykyş edýär. Dünýä pulunyň wezipelerinde gymmat ölçegi wezipesiniň aýratynlygy, onuň gönüden-göni milli baha ölçeginiň üsti bilen, ýa-da walýuta kursunyň üsti bilen amala aşyrylýanlygydyr. Dünýä pulunyň wezipesiniň esasy şerti milli puluň hiliniň birmeňzeşligi , ýagny hereket etmegidir.

Irki döwürlerde dünýä pulunyň wezipesini gymmat bahaly metallaryň “guýlan” görnüşleri ýerine ýetiripdir. Ýöne, halkara söwdanyň giňelmegi, milli aýrybaşgalaşan haryt öndürijileriň ykdysady aragatnaşygynyň emele gelmegi, monetalaryň gaýtadan ýasalmagynyň paýyny barha artdyrýar, bu bolsa jemgyýetçilik dolanyşygynyň sap harajatlarynyň ösmegine alyp barýar. Şonuň üçin XIX asyryň ortalarynda halkara hasaplaşygynyň bu görnüşini kämilleşdirmegiň iki meýli göz öňünde tutulýar.

Birinji meýil, hasaplaşykda milli altyn monetalary, olaryň moneta paritetlerini uniwersallaşdyrmagyň esasynda ulanyljak bolunanda ýüze çykýar. Netijede gaýtadan ýasamaklygyň çykdajylary kemelýär. Ikinji meýil, banklaryň üsti bilen altyny karz pullar bilen çalşyrmaklygyň halkara hasaplaşyklarynyň galyndy usuly peýdalanylanda ýüze çykýar. Şeýlelikde dünýä pulunyň ewolýusiýasy milli pullaryň ýoluny özboluşly gaýtalaýar – metallardan karz pullara örän haýal ýagdaýda geçýär. Dünýä karz pullarynyň taslamalary öňden işlenip gelinýänligine garamazdan, olar heniz döredilenok. Dünýä karz pullarynyň ilkibaşky tejribesi halkara hasaplaşyk pul birlikleriniň döredilmegi bilen çäklenildi, öz gymmatynyň bolmanlygy sebäpli olar doly bahaly dünýä pulunyň wezipesini ýerine ýetirip bilmedi. Şonuň üçin altyn, altyn bazarlaryndaky amallaryň üsti bilen bu wezipäni ýerine ýetirmegi dowam edýär.

Hümmetsizlenýän walýuta garanyňda altyn, ätiýaçlyk serişdesi hökmünde öz wezipelerini gowy ýerine ýetirýär. Şonuň üçin, durnuksyz ykdysady ýagdaýlarda döwlet

derejesinde altynyň resmi gorlaryny köpeltmäge ymtylýarlar. Şeýlelikde, altyn ätiýaçlygy dünýä pullarynyň gaznasy bolup hyzmat edýärler. Şol zerarly dünýä pulunyň wezipesinde aşakdaky özgerşikler bolup geçdi:

1. Dünýä pulunyň wezipeleýin görnüşi hökmünde konwertirlenýän (daşary ýurt walýutasyna çalyşýan) milli karz pullary giňden, halkara hasaplaşyk pul birlikleri (SDR we esasan hem EKÝu) bölekleýin ulanylýar.

2. Altyn diňe seýrek ýagdaýlarda, töleg balansynyň galyndysyny üzmekde we milli walýutalara öňünden satylanda (olarda halkara borçnamalary görkezilýär) ulanylýar.

Puluň wezipesiniň seljermesi onuň her bir wezipesiniň aýratynlykda däl-de, olaryň jemine bir bitewilik hökmünde seredilmegini talap edýär.

Puluň dolanyşyk serişdesiniň, toplaýyş serişdesiniň, töleg serişdesiniň we dünýä pulunyň serişdesiniň wezipeleri puluň hakyky hereketini ýa-da pul toplumynyň hereket etmegini emele getirýär.

Puluň bu wezipeleri ýerine ýetirilmegi pul toplumynyň üç ýagdaýda hereket edip bilýänligini görkezýär:

- içerki (milli) pul dolanyşygynda;
- hazyna toplamakda;
- halkara pul dolanyşygynda.

Agzalan wezipeleriň jemine ýa-da pul toplumynyň hakyky hereketine puluň gymmat ölçegi wezipesi garşy durýar. Puluň bu wezipesinde hiç hili hereketi ýüze çykmaýar. Ol diňe abstragirlemekde özbaşdak bolýar, hakykatda bolsa puluň hakyky hereketiniň diňe bir düzüm bölegini emele getirýär.

### Puluň görnüşleri

**Kagyz pullar** doly bahaly pul belgileriniň wekilidirler.

Olar öňki kümüş we altyn monetalaryň ornuny tutujy bolup, dolanyşyga girdiler. Dolanyşykda doly bahaly pullaryň ornuna kagyz pullaryň peýda bolmagy, puluň dolanyşyk serişdesi wezipesini ýerine ýetirýändiginden gelip çykýar. Metal pullar hereket edende olaryň gymmaty agramy bilen kesgitlenilipdir. Ýöne dolanyşykda olaryň köp wagtyň dowamynda bolmaklary, elden-ele geçip sürtülmegi netijesinde, onuň agramy bilen gymmatynyň arasynda tapawut emele gelipdir. Bu ýagdaý öz gezeginde metal pullaryň kagyz pullar bilen çalşyrylmagyna getirdi. Dogrusy onuň üçin birnäçe asyrlar gerek boldy.

Metal pullar biziň eýýamymyzdan öňki XII asyrda Hytaýda, Ortaýer deňzi döwletleri bolan Lidiýa we Müsürde biziň eýýamymyzyň VII asyrynda ýüze çykypdyr.

Ilkinji kagyz pullar biziň eýýamymyzyň XII asyrynda Hytaýda, XVII-XVIII asyrlarda Ýewropada we Amerikada, **1769-njy ýylda** Orsýetde peýda bolýar.

**Kagyz pullaryň** manysy, adatça olaryň pul belgileri bolup, metallara çalşylmaýanlygyndadyr. Kagyz pullary kimiň goýbermäge hukugy bar? Kagyz pullary goýbermeklik ýurduň Merkezi bankyna, kähalatlarda bolsa, döwletiň gazna müdirýetligine ynanylar. Gazna müdirýetligi kagyz pullary öz harajatlary üçin ulanýar.

Merkezi bank bu wezipäni gytaklaýyn ýerine ýetirýär, banknotlary döwlete karz berýär, ol öz gezeginde özüniň býujet çykdajylaryna gönükdirýär.

Kagyz pullar dolanyşykdaky durnuksyzlygy we hümmetsizligi bilen tapawutlanýar. Kagyz pul dolanyşygynyň durnuksyzlygy olaryň haryt aýlanyşygynyň islegine

baglylykda goýberilmän, döwletiň ösýän maliýe serişdesine we döwlet býujetiniň gytçylygyny ýapmaklyga gönükdirilýändiginden gelip çykýar. Mundan başga-da, artykmaç kagyz pullary aýlanyşykdan aýyrmaklygyň awtomatiki guraly ýok.

Kagyz pullaryň emissiýasy, möçberi gynansagam haryt we töleg aýlanyşygynyň pula bolan islegine laýyklykda kesgitlenmeýär. Puluň dolanyşyga goýberilmegi, öňem belleýşimiz ýaly döwletiň çykdaýjylaryny maliýeleşdirmeklige, býujet gytçylygyny ýapmaklyga niýetlenilýär.

Şeýlelikde, pul aýlanyşygyna islegiň üýtgemedik ýa-da peselen ýagdaýynda hem döwletiň birnäçe sebäplere görä pula bolan isleginiň ýokarlanmagy mümkin. Şonuň ýaly ýagdaýda kagyz pullaryň dolanyşyga bimöçber köp goýberilmegi olaryň hümmetsizlenmegine getirýär.

Kagyz pullaryň hümmetsizlenmeginiň ýene bir ýagdaýy ýurduň töleg balansynyň ýaramazlaşmagy, ýagny daşary ýurtlara tölegleriň köpelip, daşary ýurtlardan gelýän tölegleriň azalmagy bilen düşündirilýär.

Kagyz pullar şonuň ýaly şertlerde hazyna wezipesini ýerine ýetirmäge ukyply bolmaýar.

Kagyz pullara mahsus bolan kemçilikleri **karz pullary** ulanmaklygyň hasabyna aradan aýyrmak bolar.

**Karz pullar.** Hojalyk işleri giňeldilende bank we täjirçilik karzlary ulanylanda haryt gatnaşyklary ählumumy häsiýete eýe bolmak bilen, karz pullar haryt häsiýete eýe bolýarlar, ýöne olar özleriniň ýerine ýetirýän wezipeleri, çäkleri, kepilligi we beýleki ýagdaýlary boýunça kagyz pullardan tapawutlanýarlar we düýpgöter başga düzgünler bilen dolandyrylýarlar. Karz pullara ykdysady-jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň has ösen görnüşi häsiýetlidir. Olaryň ýüze çykmagy kapitalyň (maýanyň) önümçilige ornaşdyrylmagy we oňa öňinçä düýpgöter üýtgedilen we tapawutlandyrylan görnüşiň berilmegi bilen düşündirilýär. Dolanyşygyň ösmegi we kämilleşmegi esasynda pul maýasy (kapitaly) karz pul görnüşinde çykyş edýär.

Karz pullara – weksel, banknot, çek, elektron pullar, karz kartoçkalary degişlidirler.

Karz pullar iki topara bölünýär:

1. Banka degişli däl karz pullar esasan täjirçilik karzynda ýüze çykýarlar. Bank däl guramalaryň wekselleri (nagt däl pullaryň bir görnüşi);

2. Bankyň karz pullary – banknotalar bank karzy esasynda ýüze çykýar (nagt pullaryň görnüşi), talap edilýänçä depozitlar (depozitdäki nagt däl pullar), çekler (nagt däl pullar), elektron pullar (indi emele gelýän nagt pullaryň görnüşi).

Şeýlelik bilen soňky ýyllarda täjirçilik banklaryň geçirilýän hasaplaşyklarda araçyl bolup çykyş etmekleri bilen ýuwaş-ýuwaşdan nagt däl tölegleriň giňelip başlamagy hasaplaşygyň tizleşmegine, aýlanyşyk harajatlarynyň tygşytlanmagyna, goşmaça pullaryň peýda bolmagyna ýardam etdi.

Türkmenistan döwletinde 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda türkmen manadynyň denominasiýasynyň geçirilmegi bilen pul aýlanyşygynyň kadaly hereket etmegi ýola goýular, nyrh emele getirmek ýönekeýleşdirilýär, buhgalter we statistika hasabatlaryny düzmeklik ýenilleşer, ykdysadyýet bazar şertine çalt uýgunlaşar.

Denominasiýanyň üstünlikli geçirilmegi hasaplaşygy kämilleşdirmäge şert döreder, ilat arasynda nagt däl hasaplaşyklarynyň emele gelmegine we ösmegine esas bolup hyzmat edýär.

## 1.3.Puluň ösüş döwürleriniň zerurlygy, ähmiýeti we ykdysady ösüşe täsiri.

Pul jemgyýetde we adamlaryň durmuşynda maddy taýdan möhüm orna eýedir.Puluň ýüze çykmagy netijesinde adamzat durmuşynda uly özgerşikler bolup geçdi.Pul ýüze çykmazdan öň onuň deregine käbir harytlar alyş-çalyş hökmünde ulanypdyr.Ýagny, pul diýen düşünje entek emele gelmezden ozal adamzat diňe tebigatda bar bolan zatlar bilen, ondan başgada, her bir taýpa öz ellerinden gelýän sadaja gurallary bilen ýaşapdyrlar. Soňra olar, öz arasynda bir-birleri bilen haryt alyş-çalyşygyny edip başlapdyrlar. Emma harydy haryda çalyşmagyň amatsyzlyklarynyň ýüze çykmagy sebäpli, uzak geçmişde adamlaryň arasynda alyş-çalyş edilen wagtynda onuň öwezini tutup biljek haryda-pula isleg döräpdir. Ýer togalagynyň dürli ýerlerinde, dürli eýýamlarda ýelekler, balykgulaklar, haýwanlaryň dişlerinden ýasalan monjuklar we bilezikler, keramiki (toýundan taýýarlanan) önümler, merjenler, kakao-noýbalar, ikbaşlar, kümüş, altyn ýaly örän dürli zatlar, galyberse-de, banknotlar-kagyz pullar şunuň ýaly haryt hökmünde peýdalanylypdyr. Wagtyň geçmegi bilen pullar täze wezipelere eýe bolup başlapdyr. Netijede, olar adamzat jemgyýetindäki ynanyşmagyň derejesini görkezýän ýagdaýa öwrülýär. Pullar diňe bir ýüze çykýan meseleleri çözmegiň serişdesi bolman, eýsem olar öz gezeginde şol meseleleri hem döredýär. Bu bolsa geň ýagdaýdyr. Olaryň peýdalanylmagy deňsizligiň şol sanda ykdysady gatlaklaryň ýüze çykmagyna getirýär. Pullar örän anyk çäklerde, belli bir serhediň içinde ýaýran hem bolsa-da, olar walýuta hümmetiniň kömegi bilen halkara walýuta bazary bilen hem baglanşyklydyr.

Pul häzirki wagtda döwlet dolandyrylyşynyň möhüm meseleleriniň biri bolup durýar, emma her bir adam "pul" düşünjesine girmezden ozal, ilki bilen onuň taryhyny beýan edýän maglumatlara eýe bolsa ýerlikli bolar.Taryhy baý halk hökmünde, biziň pulumyzyň nähili dörändigini, hususanda, Täze Galkynyş we beýik Özgertmeler zamanasynda denominasiýa edilendigini we onda ýerleşdirilen taryhy şahslarymyzyň keşbi geçmişimizi ýatladýandygyny bellemelidiris.

Pullaryň we pul aýlanşygynyň taryhy ol ya-da beýleki prosesler, wakalar, taryhy şahysyýetler, dini düşünjeler, ykdysady, syýasy we jemgyýetçilik durmuşy hakynda bilimleriň iň möhüm çeşmeleriň biridir. Pul umuman alanyňda—munuň özi syýasy

taryhdyr. Ozaly bilen bolsa jemgyýetçilik-ykdysady formasiýalaryň, eýeçilik görnüşleriniň we gatnaşyklarynyň taryhydyr, belli bir anyk taryhy zamanyň jemgyýetlerindäki haryt-pul gatnaşyklarynyň ösüş derejesiniň taryhydyr.

Gadymy asyryň taryhyna ser salsak gadymy halklaryň ilkinji pullary barada maglumatlar, özüniň ummasyz numuzmatiki we maddy gymmatlyklary bilen şu günlerimize çenli gelip ýetipdir.

Kömekçi taryhy dersleriň arasynda numizmatika aýratyn orun tutýar. Bu söz "numizma"diýen sözden gelip çykýar we şaýy (şaýy pul) diýmegi aňladyp, şu ylmyň—şaýylar hakynda ylmyň ady bolup hyzmat edýär. Numizmatika — syýasy ykdysadyýetiň garaýşlaryna hem, arheologiýanyň we etnografiýanyň maglumatlaryna hem esaslanýar. Numizmatika taryh ylmynda diňe pul nyşanlaryny öwrenýän bolsa-da, şaýy we kagyz pullarda iňňän dürli takyk maglumatlar berilýär, bu bolsa maglumatlar ähmiýeti adamzat taryhynyň özleri baradaky maglumatlar beýleki çeşmelerde az bolan, kämahallar bolsa umuman maglumat ýok döwürleri üçin aýratyn gymmatlydyr.

Numizmatika ylmynyň öwrenýän şaýy pullarynyň gymmaty diňe bir olardaky altynyň we kümüşiň mukdaryna bagly däldir. Şaýylar, ozaly bilen, ägirt uly ylmy we öwreniş potensial bolmagy bilen gymmatlydyr, munuň özi bolsa numizmatika materialynyň mazmunydyr. Bireýýäm geçip giden wakalaryň we hyjuwlaryň sessiz şaýatlary, adamzat elleriniň döreden bu zatlary adamlara köp zatlary gürrüň berip biler, geçmişiň öçügsi sahypalaryny aýdyňlaşdyryp biler, diňe taryhçy alymlary däl, eýsem öz watanynyň, öz halkynyň, öz ata-babalarynyň geçmişine perwaýsyz garamaýan bilesigeliji adamlaryň hem dürli sowallaryna jogap berip biler.

Has ähmiýetli haryt pullar hökmünde ýöräp biljek Türkmenistanyň çäklerinde tapylan arheologik zatlardan, has dogrusy Änewde tapylan keramikadan (toýundan) taýarlanylan önümleri hususan-da, dokmaçylyk işinde ulanylan ikleri, ýaýlaryň oklarynyň uçlaryny görkezmek bolar. Bu önümleriň hiliniň örän gowy bolmagy olaryň haryt pullar hökmünde peýdalanylan bolmagynyň mümkindigine şaýatlyk edýär. Olaryň has köp bir ýerde jemlenmegi olaryň iş üçin gereginden  köplügini görkezýär. Galybersede, kauri balykgulaklary bütin dünýä hut haryt hökmünde bellidir.

Bu ýerde sanalyp geçilen zatlar pul hökmünde peýdalanylan harytlaryň doly görnüşi däldir. Olardan başga-da haryt dolanşygyna däne, haýwanlaryň derileri, metallaryň bölekleri, ýaraglar, keramiki yşyklandyryjylar, terrakt şekiljikler, süňkden, gönden, agaçdan taýýarlanylan önümler, zähmet gurallary gatnaşypdyr.

Haryt pullardan soňra şaýlyklaryň emele gelmegi döwletleriň kemala gelmegi bilen baglydyr._Ilkinji şaýlyklar b.e. çenli VII asyra degişlidir. Olar kiçi Aziýada Lidiýa diýen grek döwletinde zikgelenilip başlanylypdyr. Olar altynyň hem-de kümüşiň elektro-tebigy ergininden taýýarlanylypdyr.

Dünýäde ilkinji emele gelen şaýlyklar ilkibaşda mis we bürünç çybyklary ähliumumy deňeçer baha hökmünde, ulanypdyr. Birneme soňurak bu çybyjyklary takyk belli bir agram bölekerine bölüp başlapdyrlar, metalyň agramyny we arassalygyny görkezmek üçin bolsa, olara tagma basyp başlapdyrlar.Şular ýaly çybyklaryň dessejigi "drahma" diýen grek sözünden atlandyrylyp başlapdyr (dessejik). Bu söz dünýäde ilkinji şaýlyklaryň adyna öwrülüpdir.

Merkezi Aziýanyň ep-esli bölegi, hususan-da häzirki Türkmenistanyň çäkleri b.e. çenli VI-IV asyrlarda Aheminidleriň döwletiniň düzümine giripdir, ol ýerde b.e. VI-asyrdan başlap ilki altyn soňra bolsa kümüş şaýlyklar zikgelenilip başlapdyr.

Aheminidleriň kuwwatly döwleti b.e. çenli IV asyryň üçünji çäriýeginiň ahyrynda Aleksandr Makedonskiniň goşunynyň zarbasy astynda synypdyr (b.e. çenli 336-323-nji ýyllar). Beýik serkerde b.e. çenli 327-324-nji ýyllar tutuş üç ýyllap Merkezi Aziýany boýun egdirmek bilen meşgullanypdyr Aleksandyryň goşunlary bilen bir hatarda Aziýa şaýyçylyk – zikgeçilik işiniň hünärmenleri hem gelipdir. Olar pul dolanşygynyň üstüni örän çalt doly bahaly altyn hem-de kümüş şaýlyklar bilen doldurmagy başarypdyrlar.

Aleksandr Makedonskiniň şaýlyklary Makedoniýanyň özünde, şonuň ýaly-da onuň boýun egdiren ýerlerinde belli basyp alyjylykly ýörüşiniň wagtynda eýýam ýeterlik durnukly görnüşlere eýe bolan düzgün boýunça zikgelenilipdir. Onuň esasyny agramy 4.1 gram kümüş drahma düzüpdir. Agramy 8.2 gram bolan şaýlyklar didrahmalar (2 drahma), agramy 16.4 gram bolan tetradrahmalar (4 drahma) çykarylypdyr. Wagtal – wagtal az mukdarda 8.4 gram bolan altyn saterler, şonuň ýaly-da haýsydyr bir aýratyn ähmiýetli waka mynasybetli agramy 40 gramdan hem gowrak bolan dekadrahmalar çykarylypdyr.

Persiýanyň garşysyna ýörişiň başynda şaýlyklaryň ýüzünde Afinanyň hudaý aýalynyň şekli bolupdyr. Emma Issanyň hem-de Gawgamellanyň ýanynda Dariý III üstünden gazanylan uly ýeňişden soň (b.e.çenli 333-331-nji ýylar) şaýlyklaryň ýüzünde Aleksandr Makedonskiniň özüniň şekili birnäçe görnüşde peýda bolýar. Hakyky taryhy şahsyýetleriň şekli şaýlyklarda Beýik Aleksandryň basybalyjylykly döwürlerinde ýörüşleriniň eýýamyny hakykatdan hem Türkmenistanyň çäklerinde pul dolanşygynyň başlangyjy diýip hasaplamak bolar. Şu şaýyklar dürli ýyllarda esasan Margiýananyň çäklerinde Aleksandriýa Margiýanskaýa atly esasy galanyň ýerinden tapylypdyr. Ol soň bolsa Türkmenistanyň taryhynda orun eýeläpdir. Yerli ilat şu şaýylyklary örän gowy bilipdir, ýöne endige öwrülen alyş – çalyşykda ulanyp, olardan dolanşyk serişdesi hökmünde peýdalanmandyrlar. Emma Aleksandr Makedonskiý ölenden birnäçe onýyllyklar geçensoň, Gadymy Gresiýanyň Türkmenistanyň çäklerinde ýaýran şaýçylyk düzgüni giňden ýaýrapdyr.

Türkmenistanyň terretoriýasynda Aleksadr Makedonskiniň şaýlyklaryndan soňra, Selewkidler döwletiniň şaýlyklary peýda bolupdyr. Ol şaýlyklarda şol döwrüň şasy ataly – ogluň ýagny Selewkidiniň we Antiohuň şekilleri ýerleşdirilipdir. Selewikidler döwletinden soňra Türkmenistanyň çäklerinde Parfiýa döwleti kemala gelipdir. Parfiýa döwletiniň şaýyçylyk sungaty hem ýurduň ýaşaýan wagtynyň bütin dowamynda anyk resmi häsiýete eýe bolupdyr. Sebäbi şaýlyklar şanyň adyndan zikgelenipdir. Parfiýanyň şaýlyklary (drahma, tetradrahma) nominaly boýunça elinistik şaýyçylyk işiniň däbini dowam etdiripdir.

Asyrlaryň geçmegi bilen döwletleriň synyp, täze döwletleriň emele gelmegi dünýä siwilizasiýalaryň üýtgemegine getiripdir. Beýik Gresiýa, kuwwatly Rim döwletleri synyp, olaryň ornuny täze döwletler eýeläpdir.

Sasanidleriň zarbasy astynda gadymýetiň uly döwleti bolan-Parfiýa döwleti hem synypdyr.Arap basybaljylaryndan ybarat bolan sasaidleriň eýeçiligi Hindiguşdan Kordowa çenli orta asyryň iň uly döwleti – Halifat döwletini döredipdirler. Sasanidler döwletiniň şaýlyklary şol döwrüň pajygaly taryhy ýagdaýyny doly derejede beýan edýär. Sasanidleriň şaýylyklary altyndan we kümüşden zikgelenipdir. Olaryň esasy bölegi kümüş drahmalar bolupdyr.Şaýylyklaryň ýüz tarapynda şahyşanyň döşüne çenli suraty

(saga tarap), kähalatlarda şahyşanyň we tagtyň mirasdüşeriniň şasy ýa-da şa aýallarynyň şalarynyň şasynyň-şahynşahyň aýalynyň goşmaça şekilleri bilen üç sany şekil şekillendirilipdir. Şaýlyklaryň zikgelemegiň Sasanidler döwletinde örän uly möçberde ýola goýulandygyny belläp geçmek zerurdyr. Döwletiň ýaşamagynyň ahyryna çenli zikgehanalaryň ýüz ýigrimisi işläpdir. Sasanidleriň döwleti doly synandan soň hem köp wagtlap şu şaýylyklar ägrit uly çäklerde pul dolanşygynda bolmagyny dowam etdiripdir.

Murgap derýasynyň orta we aşaky akymynda welaýat Margiana Aheminidler döwletiniň şalaryndan başlap, Sasanidleriň şahyn şalaryna çenli hemme wagtda ähli hökümdarlaryň göz diken ýeri bolupdyr. B.e. I asyrynda Margiana köp mukdarda mis we bürünç şaýylyklary zikgelemäge girişýär, olar esasan, welaýatyň hem-de onuň töwerekleriniň ownuk şaýylara bolan isleglerini kanagatlandyrmaga niýetlenipdir.

Türkmenistanyň çäkleri VII asyryň birinji ýarymynda Arap halyflygynyň göz diken ýerine öwrülýär we 651-nji ýylda basyp almak bilen yslamy, arap dilini, ýazuwyny getirýär. Şaýylyklaryň keşbi we şaýyçylyk düzgünleri doly üýtgeýär.

Arap dinastiýasyndan- Omeýýatlar dinastiýasyndan bolan Halif  Abd ai-Mälik pul reformasyny geçiripdir. Täze şaýy pul girizip, ol birnäçe asyrlap musulman dünýäsinde ýasalan şaýy pullaryň hemmesi üçin nusga bolupdyr. Arap Halifatynyň XII asyrdan öňki şaýy pullaryna arap şäherleriniň biri bolan Kufi şaheriniň ady bilen baglanşyklylykda Kufi pullary diýilipdir, şol şäherde bolsa täze nusgaly şaýy pullar ilkinji gezek çykarylyp başlapdyr. Şol şaýy pullardaky ýazgylaryň stili, belli bir "kufi" şrifti (harpy) diňe bir döwletleriniň däl eýsem, başga birentek musulman döwletleriniň hem musulman şaýy pullarynyň  birgiden tapgyrlaryna şol ady beripdir. Sasanidler Eyranlylardan şaýy pullaryň käbir atlary altyn pullar üçin dinar,kümüş pullar üçin dirhem (drahma) diýen atlar kabul edilip alnypdyr.

Arap halyflygynyň pul ulgamyndan soňra taryhda yz galdyran Beýik Seljuk döwletiniň pul ulgamydyr.

Beýik Seljuklar döwletiniň oňaýly geografiki ýerleşişi bolup, ol Beyik Ýüpek ýolunyň esasy çatrygynda bolupdyr. Şol sebäpli, seljuklaryň şäherleri köp asyrlaryň dowamynda Gündogaryň has iri söwda we maliýe merkezi bolupdyr. Türkmenistanyň çäginde Beýik Ýüpek ýolunyň esasy magistrallary: Nişapur (häzirki zaman Maşad) –

Sarahs – Merw – Amul - (häzirki zaman Türkmenabat), soňra Amyderýanyň Horezmiň çep kenar sebitleri bolupdyr.

Orta Aziýa döwletlerinde başlan we bütin musulman ýurtlaryna ýaýran kümüş kirizisi zamanynda bu ýurtlara daşary yurt pullarynyň gelmegi güýçlenipdir. Bu şertlerde "çalyşyjylar" – bankirler täze bank amallary oýlap tapmak bilen emele gelen ýagdaýlardan çykypdyrlar: gymmat baha metallardan ýasalan şaýlyklaryň deregine misden ýasalan (gara) dirhemleriň dolanşygyny girizipdirler. Bankirler nagt däl hasaplaşyklar ulgamyny döretmek pikirine gelipdirler. Bazaryň dolanşygynda kümüş we mis şaýlyklar kem-kemden azalyp, olar dürli resmi hatlary we karz namalary bilen ornuny çalşypdyrlar. Köp sanly "çalyşyjylaryň" edaralary özleriniň möhürleri we gollary bilen berkidip aýratyn resmi namalary çykarypdyrlar we olara soňra isleg wagtynda şaýlyklara çalşmak hukugyny berkidipdirler. Bu goýberişler "kirtas" diýilip atlandyrylypdyr. Olar ýeterlik derejede tölege ukyply we üýtgemeýän gymmata eýe bolupdyrlar, ýagny göçme taýpalar tarapyndan hem kabul edilipdir. Bu bank işinde uly özgerlişik bolmak bilen, pullary çalyşyjylar – kagyz bankotalaryň ilkinji şekilleri hökmünde emele gelipdir. Tejribede bergini geçirmegiň "hawala" resmi kagyzy arkaly amala aşyrmak usulyny ulanypdyrlar. Syýahatçylar we täjirler başga şäherlere we ýurtlara pullary haltalap götermändirler, eýsem häzirki zaman akkreditiw häsiýetli "suwtadja" atly resmi kagyzlary ulanylypdyr. Ähli musulman döwletleriniň ýurtlarynda şol sanda Beýik Seljuklaryň döwletinde "çalyşyjylaryň"edaralary beýleki "çalyşyjylaryň" edaralaryndan pul serişdelerini almak üçin töleg tabşyrygy görnüşli assignasiýalary goýberipdirler. Bu resmi kagyz "berat" diýlip atlandyrylypdyr we söwda salynýan salgytlary we ýygymlary ýygnamakda döwlet derejesinde hem ulanylypdyr.

Beýik Seljuklaryň, soňra Horezmşalarynyň döwürleri – Türkmenistanda feodal ykdysadyýetiň gülläp ösen zamanasydyr. Emma 1220-1221 ýyllaryň wakalary diňe bir ykdysady ýagdaýy däl–de, eýsem asyrlaryň dowamynda toplanyp gelen ýaşaýyş düzgünini düýpli özgertdi. Özüniň weýrançylykly galdyran yzy bolan mongol çozuşlary başlandy.

Mongollar öz basyp alan halklaryna görä özüniň ýza galak medenýeti bilen Orta Aziýanyň ähli şäherlerini gysga wagtyň içinde ýumurdylar, halklaryň medeniýetine

öwezini dolup bolmajak zyýan ýetirdiler. Şonuň bilen birlikde, bank – maliýe ulgamy kämilleşmekden geçen, asyrlar boýy toplanan ähli zatlar ýok edildi. Merkezi Aziýa özünde mongol çozuşlarynyň esasy urgusyny aldy.

Türkmenistanyň teretoriýasy bütin ýüzýyllygyň dowamynda mongol döwleti bolan Hulaguidleriň (XIII-XIVa.a ortalary) düzmünde bolupdyr. Ýuwaş-ýuwaşdan şaýlyklaryň zikgelenmegi ýola goýlupdyr, täze pul ulgamy döredilýär, täze pul birlikleri – teňňeler, nominallaryň täze agram gatnaşyklary ýüze çykýar. XV asyryň ortalarynda bazarlar, kerwensaraýlar, şonuň bilen birlikde "çalyşyjylaryň" edaralary täzeden dikeldilip başlanýar. Beýik Ýüpek Ýolunyň esasy magistrallary bolan Merw, Saragt, Abiwerd şäherleri mongol çozuşlaryndan öňki wagtlardaky ýaly ösüşe eýe bolup bilmeýärdiler.

Türkmenleriň ýerleri uzak döwürlerden bäri rus patyşalygynyň ünsüni çekip gelýärdi. 1566-njy ýylda Iwan Groznynyň görkezmesi bilen Orta Aziýany öwrenmek üçin uly ekispedisiýa guralýar.

Ähli etraplar üçin bitewi merkezleşdirilen döwletiň bolmanlygy sebäpli türkmenleriň pul nyşanlary bolmandyr. Dogry, käbir sebitlerde türkmen hünärmenleri rupiýa-teňňeleri zikgeläpdirler. Mysal üçin, ýerli ussalaryň, "altyn diýseň giň ýaýrapdyr. Bu rupiýalaryň ýüz tarapynda ýazgy ýazylypdyr, ol ýazgy "Ahal ýurdunda zikgelendi" diýen manyny aňladypdyr.

Ýöne ahal rupiýasy dolanşykda uzak wagtlap saklanyp bilmändir, sebäbi onuň zikgelenmeginde resmi taýdan gözegçilikde saklamaga mümkinçilik bolmandyr, şol sebäpli hem tiz wagtdan onuň gymmaty hümmetsizlenipdir.

Türkmenistanyň Orsýede birikdirilmegi bilen ol düýpli ýagdaýda ulanyşdan galypdyr, sebäbi imperiýanyň çäklerinde dürli hili pullary zikgelemek kanun tarapydan yzarlanylypdyr.

XIX asyryň ahyrynda Türkmenistanyň teretoriýasynda ors walýuta ulgamy agalyk edýärdi. Zakaspi oblastynda ilkinji karz beriş edaralary 1890-njy ýyllarda ähli uýezd uprawleniýalarynda döredildi. Birinji uýez ssuda kassasy –Merw uýez kassasydyr.

1922-njy ýyldan Halk komissarlary soweti Türkmenistanda bank biletlerini (çerwonesleri) dolanşyga çykarmaga Döwlet bankyna hukuk berilýär. Döwlet banky emission hem-de pul dolanşygyny döwlet tarapyndan düzgünleşdirýän edara bolupdyr. Graždanlyk urşunyň netijesinde SSSR-iň pul ulgamy kemala gelýär. SSSR-de pul reformalary 1922-1924-nji ýylarda bolup geçýär.

1961-nji ýylda pul çalyşygnyň öň ýanynda SSSR Ministler Soweti şol ýylyň ýanwaryndan başlap rublyň altyn mazmunynyň daşary yurt döwletleriň walýutalary babatda hümmetiniň artýandygy hakyndaky karary kabul edipdir. 0,987412 gram sap altyn bir rubla deň bolupdyr.Şol wagtlar rublyň ABŞ-nyň 1 dollary babatdaky hümmeti 90 köpüge deň bolupdyr. Köne pullary çalyşmak 1:10 hasabyndan alnyp başlapdyr, ýagny täze bir rubl köne pullaryň 10 rublyna deň bolupdyr. 1961-njy ýylda çykarylan pullar sowet pullarynyň taryhynda iň uzak ýaşly pullar bolupdy.

1985-1987-nji ýyllarda Russiýada pul reformasy geçirilmek bilen altyn şaýylyklaryň nominal gymmaty kagyz pullaryň nominal gymmatyna deňeşdirilipdir. Türkmenistanyň ilaty birbada bu reformany kabul etmändir, olar özleriniň endik eden kümüş şaýylyklaryny halapdyrlar, emma tiz wagtda halk rublyň satyn alyjylyk ukybynyň örän ýokarydygyna, esasy zat bolsa onuň üýtgewsizligine göz ýetiripdirler. Kagyz pullar ýuwaş – ýuwaşdan altyn we kümüş şaýylyklary dolanşykdan gysyp çykaryp başlapdyr.

1991-nji ýylda SSSR-de örän çylşyrymly ýagdaýyň ýüze çykmagy bilen birnäçe döwletler öz garaşsyzlygyny gazandy. Şeýlelikde, 1991-nji ýylyň 27-nji oktýabry Türkmen halkynyň taryhynda altyn harplar bilen ýazyldy, ýagny Türkmenistan Garaşsyz döwlet boldy.Türkmenistanda 1993-nji ýylyň 1-nji noýabryna çenli dolanşykda Russiýanyň pul birlikleri hereket etdi. 1993-nji ýylyň 1-nji noýabrynda öz milli pul birligimiziň dolanşyga girizilmegine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň "Türkmenistanyň pul düzgünini goramak boýunça çäreler hakyndaky"karary esas bolyp hyzmat etdi. Şol karar esasynda milli pul birligimiz manat diýlip atlandyryldy. Türkmenistanyň çäklerinde nagt pullary çykarmak we olary dolanşykdan aýyrmak hukugy diňe Türkmenistanyň Merkezi bankyna degişli edildi.Şeýlelikde dolanşyga

hümmeti 1, 5, 10, 20, 50, 100, 500, 1000, 5000, 10 000 bolan banknotalar dolanşyga goýberildi.

Ýudymyzyň bazar ykdysadyýetiniň ösen tapgyryna geçilmegi bilen ykdysadyýetiň ähli ugurlarynda pul dolanşygyny kämilleşdirmek zerurlygy ýüze çykdy. Şu nukdaý nazardan Hormatly Prezidentimiziň 2008-nji ýylyň 27-nji awgustynda gol çeken "Türkmenistanyň milli pul birliginiň denominasiýasyny geçirmek hakyndaky" Permanyna esaslanyp pul birligimiziň gymmaty üýtgedildi, ýagny köne nusgadaky 5000 manat täze girizilen 1 manada çalşyldy. Denominasiýa tutuş bir ýylyň dowamynda, ýagny 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan 31-nji dekabryna çenli amala aşyrylyp, şol döwürde täze nusgadaky pul birlikleri bilen bir hatarda köne nusgadaky pullar hem hasaplaşyklarda töleg serişdesi hökmünde ulanyldy. Mundan başgada, 2009-njy ýylyň dowamynda köne nusgadaky pullaryny çalyşyp ýetişmedik taraplar üçin 2010-njy ýylyň dowamynda ýurdumyzyň täjirçilik banklarynda çalyşmaklyk doly ýola goýlandyr. Täze banknotalarda taryhy şahsyýetleriň keşpleriniň janlandyrylmagy türkmen halkynyň geçmişine uly sarpa goýýandygyndan nyşandyr. Taryhy geçmişimizden şu günlerimize çenli ýetip gelen milli pullarymyz türkmen halkynyň göz guwanjy milli buýsanjydyr.

## 1.4. Türkmen pulunyň taryhy

Türkmenistanyň çäklerinde örän gadymy şäherleriň harabaçylyklarynyň hemmesinde diýen ýaly şaýlyklaryň hazynalaryna duş gelmek bolýar. Şular ýaly hazynalar häzir hem tapylýar, olar taryhyň täze sahypalaryny açýar, özem näbelli wakalar bilen tanyşdyrýar hem-de käbir ýagdaýlarda jedelli sowallaryň köpüsine jogap berýär.

Şaýylyklaryň hazynasy gadymy söwdany, pul dolanyşygyny, ýagny geçen eýýamlaryň ykdysadyýetini öwrenmegiň çeşmesidir. Bu ugur şaýylyklar hakyndaky ylymda-numizmatikada esasy zat bolup durýar. Emma gadymy şaýylyklaryň daş görnüşiniň keşbiniň özüne çekijiligini hem ünsden düşürmek bolmaz, olaryň köpüsi ýokary çeperçilikli sungat eserleri we hat-da metallary işläp bejermek sungaty bolan törewtikanyň dünýä derejesindäki naýbaşy eserleri bolup durýar. Şaýylyklarda geçen eýýamlaryň äheňleri, medallary taýýarlaýjy nakgaşlaryň ussatlygy, şaýylyklaryň ussahanalarynyň tehniki mümkinçilikleri öz beýanyny tapypdyr. Galyberse-de, şaýylyklar gadymyýetiň halklarynyň ideologik baýlyklaryny, syýasy ýörelgelerini, jemgyýetçilik durmuşyny öwrenmek üçin örän möhüm çeşmedir. Türkmenistan, edil şonuň ýaly-da umuman bütin Merkezi Aziýa ilkinji şaýylyklaryň watany däldir. Gadymyýetde şu ýerlerde ýaşan halklar b.e. dördünji asyryň ahyryna çenli şaýylyklary pul hökmünde bilmändirler. Şaýylyklaryň haýsydyr bir aýry-aýry görnüşleriniň bu ýere hem aralaşan bolmagy mümkin, emma umuman söwda oba hojalyk önümlerini we senetkärçilik

önümlerini alyşmagyň dürli görnüşlerine esaslanypdyr. Şonuň üçin-de şaýylyklar görnüşinde pullar hakyndaky meseläni beýan etmezden ozal birnäçe ýüz ýyllyk taryhyň jümmüşine, alyş-çalyş söwdasy, san alyş-çalyş söwdasy hem-de ilkinji şaýylyklaryň ýüze çykan wagtlaryna “gaýdyp gelmek” zerurdyr.

### 1.4.1. Haryt pullar

Arheologlar gadymy şäherleriň harabaçylyklarynda gazuw-agtaryş işlerini geçirenlerinde şol ýerlerden balykgulaklardan, merjenlerden, haýwanlaryň dişlerinden ýasalan monjuklary we bilezikleri, keramiki (toýun taýýarlanylan) önümleri we ş.m. zatlary tapýarlar. Alymlar şol zatlaryň köpüsiniň örän gowy saklanyp galandygyna üns berdiler, bu bolsa şol zatlaryň eýeleriniň olary örän aýap saklandyklaryna we olary diňe bezegler hökmünde hemişe ulanmandyklaryna şaýatlyk edýär. Bu ýagdaýlar bolsa arheologlara we taryhçylara köp babatda örän ýönekeý bezegleriň başga wezipeleri hem ýerine ýetirendiklerine, olaryň hut pul hökmünde peýdalanylandyklaryny subut etmäge mümkinçilik berdi. Şonuň üçin-de birleriň başga birleriniň üstünden hökmürowanlyk etmegini göz öňünde tutan durmuş gatnaşyklarynyň beýany hökmünde pullar täze wagtyň oýlap tapan zady däldir. Olar has gadymy eýýamlarda, Merkezi Aziýanyň mälim bolan iň gadymy siwilizasiýalaryndan has öň ýüze çykypdyr. Şol uzak geçmişde pullaryň esasy wezipesi entek tüýs ykdysady wezipeler bilen baglanyşykly bolmandyr: Pullar köplenç şol wagtlardaky garyndaşlyk gatnaşyklarynyň, ynamlaryň äheňlerini özünde saklapdyr, önümçiligiň häsiýeti we baýlyklary paýlamagyň tertibi hut şeýle kesgitlenipdir. Pullar durmuşda ulanylýan zat görnüşinde çaganyň dogulmagy, nikalaşmagy bilen baglanyşykly däp-dessurlar berjaý edilende ýa-da ýetirilen beden we ahlak zyýanyň öwezini doldurlanda ulanylypdyr. Galyberse-de, pullar hudaýlara gurban etmek (sadaka) dabaralary wagtynda möhüm orny eýeläpdir. Şol bir wagtda olar häzirki zaman pullaryna mahsus bolan sypatlara hem eýe bolupdyrlar: olar az bolupdyr, isleg bolsa örän köp bolupdyr. Şonuň üçinde olar gutulgysyz ýagdaýda alyş-çalyş söwdasynda zerur araçylar hökmünde çykyş edip başlapdyrlar. Gadymyýetde Türkmenistanyň çäklerinde ýaşan taýpalar dürli-dürli geografik we klimatik (howa) şertlerinde ýaşapdyrlar, şonuň üçinde dürli taýpalarda önümçiligiň dürli önümleri artykmaçlyk edipdir.

Taýpanyň çäklerinde önümçiligiň ýöriteleşdirmegi bolup geçirpdir-olaryň käbirlerinde mal, beýlekilerinde däne artykmaçlyk edipdir, kimdir biri demir we bürünç önümleri, başga birleri bolsa bir haryt tebigy ýagdaýda söwda isleginde araçynyň borçlaryny öz üstüne alýar. Beýleki harytlaryň bahasy-gymmaty şol harytda öz beýanyny tapýar, ýagny olary taýýarlamak üçin sarp edilen jemgyýetçilik üçin peýdaly zähmetiň möçberi onuň bilen ölçenilýär. Ählumumy islege eýe bolan önümler ýa-da zatlar şunuň ýaly haryt bolup biljekdi.

### 1.4.2. Ilkinji şaýylyklar

Pullaryň şaýylyklar görnüşinde peýda bolmagy döwletiň kemala gelmegi bilen baglanyşyklydyr. Olar gullaryň, banka ýa-da erkin daýhanlaryň ulanylmagy bilen döredilýän başlyklarynyň artykmaçlyk edýän bölegine eýelik etmek mümkinçiliginden işeňňir peýdalanyp başlapdyrlar, öz üstlerinden geçen kerwen ýollary boýunça amala aşyrylan söwdadan peýda görmegi öwrenipdirler, ýa-da goňşy halklary talapdyrlar. Şol döwürde salgytlar we ýygymlar peýda bolupdyr, olary almagyň tertibi bellenilipdir,

bazarlarda, ýarmarkalarda, deňiz duralgalarynda edilýän söwdalara salgyt salmagyň usullary tertipleşdirilipdir.

Ilkinji şaýylyklar b.e. çenli ýedinji asyra degişlidir. Olaryň Kiçi Aziýada Lidiýa diýen grek döwletinde zikgeläp başlapdyrlar. Olar altyny hem-de kümşi elektro-tebigy ergininden taýýarlapdyrlar. Eger deňiziň kenar ýakalarynda we adalarynda ýerleşen grek şäherleri, birneme soňrak, b.e. çenli 5-3 asyrda Gara hem-de Azow deňizleriniň kenarlarynyň tabyn edilmegi netijesinde peýda bolan grek şäherleri şaýyçylyk işiniň taryhynda aýratyn orny eýeläpdirler.

Gresiýa tabyn bolan şäherleriň arasynda söwda çalt ösüpdir, ol goňşy halklary skifleri, illiriýatlary, parslary, midiýanlary, müsürlileri we beýlekileri hem özüne çekipdir. Ilkibaşda mis we bürünç çybyjyklary ählumumy deňeçer baha hökmünde ulanylypdyr. Birneme soňrak bu çykdajylary takyk belli bir agram böleklerine bölüp başlapdyrlar. Şular ýaly çybyjyklaryň dessejigi “drahma” diýen grek sözi bilen atlandyrylyp başlanypdyr (“dessejik”). Bu sözden hem dünýäde ilkinji şaýylyklaryň adyna öwrülipdir. Şaýylyklar gysga möhletde bütin gündogar Orta ýer deňizi boýunça ýaýrapdyr. Olaryň Gresiýa bilen goňşy beýleki döwletlerde hem zikgesini kakyp başlapdyrlar. Eýranda barha kuwwatlanyp başlan, Ahemenidler nesliniň döwletinde hem iň irki şaýylyklar peýda bolupdyr. Ahemenidleriň şasy Dariý 1 Gistaps b.e. çenli 6 asyrda sap altyndan ok atyp duran şanyň öz şekili bolupdyr, şonuň üçin-de olary “darikler” diýip atlandyryp başlapdyrlar.

Şaýylyklaryň peýda bolmagy siwilizasiýanyň taryhynda örän möhüm tapgyrdyr, ol jemgyýetiň ykdysady we durmuş taýdan ösüşde ýeterlik ýokary derejä ýetendigine şaýatlyk edýär. Eger şaýylyk zikgelenilýän bolsa, onda jemgyýet eýýäm döwlet derejesinde durýar diýip tassyklamak bolar. Emma, eger şaýylyklar ýok bolsa, onda şu esasda jemgyýetiň ösüşiniň döwlet däl derejedigine şaýatlyk etmek bolmaz. Gadymy döwletleriň Gresiýanyň zamandaşlarynyň köpüsiniň birnäçe sebäplere görä, şaýylyklar hökmünde metal pullary bolmandyr. Mysal üçin, Gadymy Müsürde uzak wagtlap şaýylyklar zikgelenilmändir, söwda bilen meşgullanýan finikiýalylar hem şol döwürde öz şaýylyklaryny çykarmandyrlar.

Merkezi Aziýanyň ep-esli bölegi, hususan-da, häzirki Türkmenistanyň çäkleri b.e. çenli 6-4 asyrlarda Ahemenidleriň döwletiniň düzümine giripdir, ol ýerde b.e. çenli 6 asyrdan başlap ilki altyn, soňra bolsa kümüş şaýylyklar zikgelenilip başlapdyr. Türkmenistanyň çäklerinde Ahemenidler döwletiniň şaýylyklarynyň dolanyşykda bolandygy hakynda ynandyryjy maglumatlar häzire çenli ýok. Eýranyň b.e. 6-4 asyrlaryna degişli şaýylyklarynyň aýry-aýry, tötänden tapylmagy bolsa, şaýylyklaryň gatnaşmagynda ösen haryt-pul gatnaşyklary hakynda netijä gelmäge mümkinçilik bermeýär. Şular ýaly tapyndylar Eýranyň özünde hem örän seýrekdir.

Tabyn şäherlerde demokratiýanyň gazananlary, söwdanyň, umuman jemgyýetiň sazlaşykly ösmegi, ilatyň täze, öňde baryjy zatlary özleşdirmäge bolan meýli gadymy Gresiýada şaýylyk işiniň ösmegine ýardam edipdir. Ahemenidleriň döwletinde köp sanly durmuş we ykdysady özgerişilikler, şol sanda şaýylyklary zikgelemekde öňe ilerleýji täzelikler kuwwatly býurokratik häkimiýet, rehimsiz döwlet diwanynyň haýal-ýagallygy, girekleriň toparynyň hemme ýere aralaşýan we agyr täsiri, dolandyryjy toparlaryň pikirlenişiniň yzagalaklygy sebäpli bökdelipdir.

Gadymy pars şaýylyklarynyň zikgelenilmegi ýeke-täk maksady grek hyzmatdaşlary bilen kenarýaka söwdasynyň üpjün edilmegini göz öňünde tutupdyr. Ägirt uly döwletiň içerki welaýatlarynda köne düzgün boýunça metal böleklerine hem-de haryt pullary sap alyşmak dowam edipdir. Bu ýagdaý bazar gatnaşyklarynyň ösmegine ýaramaz täsir edipdir, tabyn welaýatlaryň ykdysadyýetini bökdäpdir we ahyry soňunda Ahemenidleriň döwletiniň geljegini kesgitläpdir.

Ahemenidleriň imperiýasy administratiw taýdan tabyn welaýatlaryň, satraplaryň ýigrimisine bөlünipdir. Hazar deňziniň gündogar kenar ýakasynda ýaşan çarwa taýpalaryň 11 satrapiýanyň düzümine girendigi we her ýyl 200 wawilon talanty möçberinde kümüş paç töländikleri (1 talan 31 kg) gadymy grek çeşmelerinden mälimdir. 16 satrapiýany düzýän Horezm, Sogt we Parfiýena 300 talant, galybersede 15 satrapiýanyň taýpalary bolan saklar ýylda 250 talant paç töländirler. Ady agzalyp geçilen satraplaryň hemmesi diýen ýaly Türkmenistanyň häzirki çäklerini gurşap alypdyr. Gazna tölenilýän gymmat bahaly metallaryň mukdary şol satraplaryň ägirt uly baýlygynyň bolandygyna şaýatlyk edýär. Gadymy grek çeşmeleri salgytlaryň mukdaryny haýsydyr bir başga pul birliklerine däl-de hut talantlarda görkezilýär, bu bolsa Ahemenidleriň döwletinde şaýylyklar görnüşinde pullaryň bolandygy baradaky çaklamanyň peýdasyna goşmaça delil bolup durýar. Salgytlar şanyň hazynahanasyna gelip gowşupdyr, ýurduň esasy baýlyklary bolsa şolarda jemlenipdir. Persepoldaky, Wawilondaky, Ekbatandaky, Suzalardaky altyn hem-de kümüş tokgalary pul dolanyşygyna gatnaşmaýar diýen ýaly eken. Olaryň bir bölegi esasan harby ýörişleri guramak, hakyna tutulan goşunlary saklamak, şeýle hem köşkdäki syýasy dildüwüşikleri guramak üçin çykarylypdyr (sarp edilipdir).

### 1.4.3. Türkmenistanyň çäklerinde pul dolanyşygynyň başlanmagy

Ahemenidleriň kuwwatly döwleti b.e. çenli 4 asyryň üçinji çärýegiň ahyrynda Aleksandr Makedonskiniň goşunynyň zarbasy astynda synypdyr (b.e. çenli 336-323-nji ýyllar). Beýik serkerde b.e. çenli 330-327-nji ýyllarda tutuş üç ýyllap Merkezi Aziýany boýun egdirmek bilen meşgullanypdyr. Käbir welaýatlaryň ilaty basybalyjylary parslaryň agyr zulmundan azat edijiler diýip hasaplapdyr we hakykatda olara gaýtawul bermändir. Hususan-da, Margiana, Murgap derýasynyň sebitleri Aleksandra meýletin boýun bolupdyr. Emma grekler we makedoniýalar basylyp alynan ýerlerde boýun egdirilen ilata daraşmagyň usullaryny hem girizipdirler, bu bolsa grek gul eýeçilik jemgyýetiniň ösmegine getiripdir. Gödek güýç ulanmak; basylyp alynan ilata çäksiz derejede ýowuz daraşmak; adamlary gula öwürmek; gullary satmak we başga ýerlere ibermek. Şäherlere we ilata örän uly zyýan ýetirilipdir. Merkezi Aziýanyň käbir halklarynyň ykbaly örän agyr-pajygaly bolupdyr. Sogdanyň ilatynyň garaşsyzlyk ugrundaky göreşi ählumumy hem-de tutanýerli häsiýete eýe bolupdyr. Olaryň güýçli gozgalaňyna harby serkerde Spitamen ýolbaşçylyk edipdir. Şu gozgalaňy basyp ýatyrmaga Aleksandra iki ýyla golaý wagt gerek bolupdyr. Bu bolsa ýeňlen-boýun egdirilen halkyň uçdantutma diýen ýaly gyrylmagy bilen tamamlanypdyr. Ahemenidler şalarynyň hazynalary hem rehimsizlik bilen talanypdyr. Tokga altynyň we kümüşiň ýüzlerçe tonnasy basybalyjylaryň eline düşüpdir. Şonuň bilen birlikde hut şu ýagdaý hem örän gysga möhletlerde şaýylyklaryň

çykarylyp başlanmagyny guramak üçin amatly şertler döredipdir. Aleksandryň goşunlary bilen bir wagtda Aziýa şaýyçylyk zikgeçilik işiniň hünärmenleri gelipdir, olar pul dolanyşygynyň üstüni örän çalt doly bahaly altyn hem-de kümüş şaýylyklar bilen doldurmagy başarypdyrlar.

Merkezi Aziýanyň günorta etraplarynyň Aleksandr Makedonskiniň döwletiniň düzümine girizilmeginiň oňyn taraplary hem bolupdyr. Merkezi Aziýanyň, hususan-da, Türkmenistanyň çäkleri elinistik (grek) täsirine sezewar bolýar. Grek medeniýetiniň öňdebaryjy gazananlary Gündogara tarap uzaklara aralaşýar, elinistik dünýäniň ýurtlarynyň arasynda haryt alyş-çalyşygy we medeni gymmatlyklary alyşmak giňelýär.

Antik siwilizasiýanyň täsinligi-Günbatar (grek) we Gündogar medeniýetleriniň biri bilen örän täsin utgaşmagy hem-de özara hereketi (ellinizm) ýüze çykýar. Merkezi Aziýanyň halklary ellinizmiň ösmegine örän uly goşant goşupdyrlar. Gündogaryň täsiri grek filosofiýasynda, edebiýatynda, dininde, sungatynda öz beýanyny tapypdyr. Bu ýagdaýlar bolsa ençeme ýüzyllyklaryň dowamynda torewtikada (şaýyçylyk sungatynda), şaýylyklary zikgelemegiň görnüşlerinde, äheňinde we usulynda hem ol ýa-da derejede öz beýanyny tapypdyr.

Aleksandr Makedonskiniň şaýylyklary Makedoniýanyň özünde, şonuň ýaly-da onuň boýun egdiren ýerlerinde belli basyp alyjylykly ýörişiniň wagtynda eýýäm ýeterlik durnukly görnüşlere eýe bolan attiki (afina) diýlip atlandyrylýan düzgün boýunça zikgelenilipdir. Onuň esasyny agramyny 4.1 gram bolan kümüş drahma düzüpdir. Agramy 8.2 gram bolan şaýylyklar didrahmalar (2 drahma), agramy 16.4 gram bolan tetradrahmalar (4 drahma) çykarylypdyr. Wagtal-wagtal az mukdarda agramy 8.4 gram bolan altyn staerler, şonuň ýaly-da haýsydyr bir aýratyn ähmiýetli waka mynasybetli (b.e. çenli 325-nji ýylda hindi şasy Poruň üstünden gazanylan ýeňiş) agramy 40 gramdan hem gowrak bolan dekadrahmalar çykarylypdyr. Bir we dört drahmalyk şaýylyklar has köp ýaýrapdyr. Persiýanyň garşysyna ýörişiň başynda şaýylyklaryň ýüzünde kellesinde “korinf” şekilindäki tuwulgasy bolan uşujy Afinanyň hudaý aýalyň şekili bolupdyr. Emma Issanyň hem-de Gawgamellanyň ýanynda Dariý 3 üstünden gazanylan uly ýeňişden soň (b.e. çenli 333-331-nji ýyllar) şaýylyklaryň ýüzünde Aleksandr Makedonskiniň özüniň şekili peýda bolýar. Serkerdäniň kellesi ilki klassyky “korinf” tuwulgasynda, soňra bolsa iki tarapynda hem dag goçunyň şahlary bolan görnüşinde şekillendirilipdir. Uzak ýüzýyllyklaryň dowamynda Aleksandr Makedonskiý hakyndaky ýerli rowaýatlarda ony Isgender Zülkarnaýyn diýip atlandyrypdyrlar. Bu durnukly folklar däbininiň örän möhüm hem-de jedelsiz çeşmesi – şunuň ýaly şekilli şaýylyk bolupdyr. Aleksandryň dolandyran soňky ýyllarynda onuň obrazy hudaýlaşdyrylypdyr. Ýeňiş diýen zady bilmedik beýik serkerde hakykatdan hem misli Gerakl ýaly hudaýlaryň nesli hasaplanypdyr. Şonuň üçin-de şaýylyklarda hökümdar “şir” tuwulgasy diýlip atlandyrylýan tuwulgaly şekillendirilipdir. Gadymy rowaýatlara laýyklykda Gerakl başa-baş söweşde şiri ýeňipdir we onuň dersini geýipdir. Özüni hudaý kysmy Gerakl deňeşdiren Aleksandr Makedonskiniň ýeňiji keşbi hem şaýylyklarda şekillendirilipdir. Umuman alanyňda hakyky taryhy şahsyýetiň şekili şaýylyklarda ilkinji gezek hut Beýik Aleksandryň basybalyjylykly ýörişleri döwründe peýda bolupdyr we soňra zikgeçiligiň ýerli däplerinde işeňňirlik bilen peýdalanypdyr. Şaýylyklaryň şunuň ýaly görnüşi, ýagny hudaýlaşdyrylan hökümdaryň hem-de oňa howandarlyk eden hudaý Zewsiň, Afinanyň, Apolonyň, Geraklyň we ş.m.-leriň şaýylygyň ýüz tarapyndaky şekili ellinistin döwletleriň

şaýylyklarynda, hat-da grek täsirine gös-göni sezewar bolmadyk halklaryň köp sanly ýerkümelerinde hem ençeme ýüz ýyllyklaryň dowamynda saklanyp galypdyr.

Aleksandr Makedonskiniň (b.e. çenli 336-323-nji ýyllar) ýörişleriniň eýýamyna degişli bolan şaýylyklar medalçylyk sungatynyň hakyky naýbaşydyr we dünýä möçberindäki sungat eseridir. Aleksandr Makedonskiniň eýýamynyň nusgasynda örän jikme-jiklik bilen ýerine ýetirilen şaýylyk ençeme müňýyllyklara zikgehanalar üçin nusga öwrülipdir. Aleksandr Makedonskiniň goşunlarynyň basybalyjylykly ýörişleriniň eýýamyny hakykatdan hem Türkmenistanyň çäklerinde pul dolanyşygynyň başlangyjy diýip hasaplamak bolar. Şu şaýylyklar dürli ýyllarda esasan Margiananyň çäklerinde Aleksandriýa Margianskaýa atly esasy galanyň ýerinden tapyldy, ol soňra Türkmenistanyň taryhynda ep-esli orun eýeledi. Ýerli ilat şu şaýylyklary örän gowy bilipdir, emma endige öwrülen haryt alyş-çalşynda ulanyp, olardan dolanyşyk serişdesi hökmünde peýdalanmandyrlar. Emma Aleksandr Makedonskiý ölenden birnäçe onýyllyklar geçenden soň, Gadymy Gresiýanyň Türkmenistanyň çäklerine ýaýran şaýyçylyk düzümi giňden ýaýrapdyr.

### 1.4.4. Musulmanlaryň ilkinji şaýylyklary

Muhammet pygamber wagtynda, ýagny 7-nji asyryň başlarynda araplar pul diýen zady bilmändirler.

Ähtimal, pula zerurlyk hem bolan däldir, baýlygynyň bar ölçegi düýeler bolan göçme taýpalar esasan sap alyş-çalyş bilen meşgullanypdyr. Mekge hem-de Medine ýaly söwda merkezlerinde bolsa has uly geleşikler wizantiýalaryň altyn we parslaryň kümüş (sasanidleriň) şaýylyklary bilen amala aşyrylypdyr.

Günbatarda Siriýany, Palestinany we Müsür Wizantiýa imperiýasyny düzüminden çykaran hem-de Gündogarda sasanidleriň imperiýasyny tozduran araplaryň ilkinji basybalyjylykly ýörişleri (635-655-nji ýyllar) gymmat bahaly daşlardan taýýarlanylan önümler görnüşinde örän köp mukdarda olja getiripdir-altyndan hem-de kümüşden taýýarlanylan gap-gaçlaryň we şaýylyklaryň örän köp sanlysy ele salnypdyr. Emma söwda dolanyşygynyň täze serişdesini döretmek şol wagtlar yslamy wagyz eden arap basybalyjylaryň meýillerine girmändir, Mukaddes uruş olaryň esasy işi bolupdyr.

Musulmanlaryň hökümdarlary basyp alan ýurtlarynyň pul düzümini haýran galaýmaly parhsyzlyk bilen kabul edipdirler, olar pul düzgüni iş ýüzünde üýtgetmändirler. Gündogarda sasenidleriň neslinden bolan, eýýäm aradan çykan Hosrow II şekilli çekilen kümüş drahmalar zikgelenilmegini dowam edipdir. Dogry, indi şaýylyklaryň ýüzünde arap dilinde “Beýik taňrynyň hatyrasyna” diýen ýazgy peýda bolupdyr. Ortaýer deňziniň sebitlerindäki ýurtlarda bolsa köne altyn solidler we bürünç folisler üýtgemän galypdyr.

Yslam imperiýasynda hakyky merkezleşdirilen dolandyryş diňe 661-nji ýylda häkimiýet başyna Ömeýýadlaryň gelmegi bilen emele gelipdir. Halyf Abd-al-Mäligiň dolandyran wagtynda Siriýada we Palestinada ýüzünde musulmançylyk nyşany bolan şaýylyklary zikgelemäge ilkinji synanşyklar edilipdir.

Halyf Abd-al-Mäligiň 696-njy ýylda imperiýanyň bütin çäklerinde içerki, şonuň ýaly-da halkara sөwdasynyň talaplaryna laýyk gelýän bir bitewi pul düzgünini girizipdir. Iri sөwda geleşikleri üçin agramy 4.3 gram bolan altyn dinar peýdalanylypdyr. Salgytlary we zähmet hakyna agramy 2.8 gram bolan kümüş dirhemler tөlenilipdir, gündelik satyn

almalar üçin bolsa ownuk mis şaýylyklar felsler tөlenilipdir (grekleriň “follis” “gapjyk” diýen sөzünden). Şu şaýylyklaryň degişli gymmaty bellenilmän, eýsem degişli metallaryň bahasyna laýyklykda üýtgäpdir. Mysal üçin, bir dinar ilkibaşda on dirheme deň bolupdyr, soňra onuň bahasy artypdyr, ol dürli dөwürlerde on dөrt, hatda ýigrimi dirheme çenli bolupdyr. Bir dirhemiň gymmaty hem dürli-dürli bolupdyr on alty felsden ýigrimi felse çenli. Sebäbi dirhemiň өz agramy dürli-dürli welýatlarda birmeňzeş bolmandyr.

Täze şaýylyklar hakykatda kөp babatda ozal dolanyşykda bolan daşary ýurt şaýylyklaryna meňzeş bolupdyr. Dinar өz adyny rimmileriň denary sөzünden alyp, wizantiýalylaryň solidiniň mirasdary hem-de bäsdeşi bolupdyr. Dirhem mөçberi hem-de gymmaty boýunça parslaryň drahmasyna, felsler bolsa Rimiň we Wizatiýanyň follislerine bolupdyr.

Täze nusgadaky ilkinji şaýylyklar arap şäheri Kufada çykarylypdyr, şonuň üçin-de “Kufin” diýen ada eýe bolupdyr. Şaýylyklaryň ýüzünde ýazylýan rowaýatlar ýazgylar hem şunuň ýaly äheňde bolupdyr. Şaýylyklaryň şu gөrnüşi өrän uzak wagtlap ulanylypdyr hem-de ençeme asyrlar musulmanlaryň ähli şaýylyklaryň daş gөrnüşini kesgitläpdir, olaryň iň soňkusy 1960-njy ýyllar tөwereginde ençeme asyrlar өňünden Ýemende çykarylypdyr.

Beýik Türkmen-seljuklaryň Imperiýasy 11-nji asyryň ortalaryna dünýä siwilizasiýasyna ägirt uly hem-de bahasyna ýetip bolmajak goşant goşan өsen Orta asyr eýýamynyň iň kuwwatly we güýçli dөwletleriniň biri bolupdyr. Onuň çäklerinde Türkmen halkynyň dөwleti emele gelipdir, onuň kөpleri Oguz hanyň dөwürlerinden başlanýar. Bu ýagdaý biziň günlerimizde өrän mөhümdir, sebäbi edil ýap-ýaňy türkmen halky üçin ykbal çөzüji taryhy waka boldy. Garaşsyz Türkmenistanyň dөwleti dөredi, ol dünýä bileleşiginiň doly hukukly agzasydyr.

Türkmen-seljuklarynyň dolandyran wagtynda (b.e. 1040-1157-nji ýyllary) sөwda işlerinde ondan өňki hөkümdarlaryň pullary dinarlar, dirhemler we felsler ýөräpdir. Altyn şaýylyklar-dinarlar metalynyň düzümi hem-de nämä niýetlenýändigi (içerki we daşarky hajatlar üçin) boýunça dürli-dürli bolupdyr. Mundan başga-da dinarlaryň agramy өrän tapawutlanypdyr 2.5 gramdan 5.5 grama çenli.

Şaýylyklar ýokary hilli altyndan (sorh) we kөp garyndyly metaldan (rupi) çykarylypdyr. Soňulary esasan içerki dolanyşyk üçin zikgelenilipdir. Olarda altynyň mukdary kümüşiň ergini hasabyna 20 % çenli ýetipdir. Bu dinarlar ak-sary ýa-da tüýs ak reňkde bolupdyr. Häzirki zikgeçilikde olary “elektroly” diýip atlandyrýarlar. Arassa-sap altyndan dinarlar diňe ýokary häkimiň-soltanyň adyndan zikgelenilipdir. Salgytlar we paçlar şolar boýunça hasaplanylypdyr.

Pes hilli we kümüş pullary çykarmak Türkmen-seljuklarynyň imperiýasy 11 asyryň ortalarynda başlanypdyr. Şular ýaly şaýylyklary zikgelemek dөwletiň ýaşan bütin wagtynyň dowamynda alnyp barlypdyr.

Iş ýüzünde ähli musulman dөwletleri gurşap alnan “Kümüş gytçylygy” diýlip atlandyrylýan dөwür Beýik Türkmen-seljuklarynyň imperiýasynda pul dolanşygynda өrän güýçli täsir edipdir. Kümüş gytçylygynyň sebäpleri kümüş şaýylyklaryň Ýewropa ýurtlaryna kөp mukdarda äkidilmegi we Gündogaryň ýurtlarynda kümüş känleriniň azalmagy bilen baglanyşykly bolupdyr. Kümüş gytçylygy Türkmen-seljuklarynyň

imperiýasy døredilmezinden ozal başlanypdyr we 11 asyryň ahyrlaryna 12-nji asyryň başlaryna øzüniň aňry çägine ýetipdir. Türkmen-seljuk høkümdarlary kümüş känlerini täzeden dikeltmek hem-de olaryň ulanylyşyny güýçlendirmek üçin elde baryny edipdirler. Emma känleriň işlenilip bejerilmegine we doly bahaly şaýylyklaryň zikgelenilmegine edilýän çykdajylar ørän køp hem-de düşewüntsiz bolupdyr. Kümüş gytçylygy Türkmen-seljuklarynyň imperiýasy ykdysadyýeti üçin çynlakaý netijelere getiripdir, ol diňe bir dirhemiň hiliniň ýaramazlaşmagyna getirmän ("gara dirhem" diýlip atlandyrylan peýda bolupdyr), eýsem onuň satyn alyjylyk ukybynyň peselmegine hem getiripdir. Pes hilli kümüş şaýylyklaryň mis pullar bilen çalşyrylmagy hem-de altyn monometallyga geçilmegi daşary ýurt pullarynyň gelmegini güýçlendiripdir. 12 asyryň ahyrlarynda halyfyň mülkleriniň çäklerinde, ýagny musulman dünýäsiniň günbatar bøleginde kümüş gytçylygy esasan søwda døwletleri Wenesiýanyň hem-de Genuýanyň hasabyna ýeňlip geçilipdir. Emma gytçylyk Merkezi Aziýada, şol sanda Türkmen-seljuklarynyň imperiýasynda ørän uzaga çekipdir we doly bahaly kümüş saýylyklar diňe mongol agalygy ýola goýlandan soň täzeden zikgelenilip başlanypdyr.

Türkmen-seljuklarynyň imperiýasynda kümüş gytçylygynyň birnäçe sebäpleri bolupdyr: Seljuklaryň basyp alan ýurtlarynda ykdysady ýagdaýlaryň pese düşmegi; ørän uly goşunyň saklanylmagy, Soltanyň køşgünde işgärleriniň çendenaşa køp bolmagy we køşgi bezemek üçin edilýän çykdajylar.

Şu çykdajylaryň hemmesi býujetiň heläkçilikli ýagdaýa düşmegine getiripdir, dürli gørnüşdäki salgytlar bolsa şol çykdajylaryň øwezini dolup bilmändir.

Şeýlelikde, seljukleryň døwletindäki kümüş gytçylygynyň hem-de ykdysady ýagdaýyň ýaramazlaşmagynyň sebäpleri ýurduň dagynyklygyndan, barlylaryň ägirt uly ýeňilliklerden ýüz døndermek islemändiklerinden ybarat bolupdyr. Türkmen-seljuklarynyň şaýylyklarynyň daş keşbinde ýazgylarynyň mazmunynda aýratyn täzelikler ýok. Beýik seljuklaryň døwletiniň şaýylyklary døwletiň şaýyçylyk ussalarynyň we maliýe düzgüniniň gazananlaryny aýdyň gørkezipdir. Bu bolsa biziň taryhymyzyň jedelsiz, dünýä siwilizasiýasynyň täsin hadysasynyň ilkinji türkmen døwletiniň taryhynyň şaýadydyr.

### 1.4.5. SSSR-iň şaýylyklary (1921-1991-nji ýyllar)

Sowet døwletiniň çykaran şaýylyklary baradaky meseläni beýan etmezden, 1920-nji ýylda graždanlyk urşy tamamlanan døwründen 1991-nji ýylda SSSR drgan wagtyna çenli pul dolanyşygynyň taryhyny doly beýan edip bolmaz. Søwda işlerinde bølek pullaryň ornuny tutan bolsa-da, eýýäm olaryň gadymy şaýylyklar ýaly hakyky gymmaty ýokdy, emma pul dolanyşygynda olarsyz oňup hem boljak däldir. Olar, esasan, Leningradyň zikgehanasynda millionlarça mukdarda çykarylýardy.

Ozal bellenilişi ýaly, 1922-1924-nji ýylyň pul reformasy ownuk şaýylyklaryň pul dolanyşygyna girizilmegini gøz øňünde tutýardy. Reforma taýýarlyk gørülýän døwründe bolan şaýylyklaryň ýerine dolanyşyk üçin niýetlenilen şaýylyk gørnüşindäki kagyz pul nyşanlary bølek pullaryň ornuny tutýardy. 1923-nji ýylda bezelişi boýunça køne, şanyň mis køpüklerine meňzeş nyşan çykarylypdyr, emma onda iki kelleli bürgüdiň ýerine RSFSR-iň gerbi bolupdyr. Emma bu çäre ownuk pullaryň gytçylygy babatdaky meseläni

çөzmändir. Maliýe edaraly bөlek şaýylyklary eýýäm 1921-nji ýylda çykaryp başlapdyr. Nominaly on, on bäş, ýigrimi, elli kөpük we bir rubl bolan şaýylyklar zikgelenipdir. Tehniki mümkinçiliklerden ugur alyp, rewolýusiýadan өň zikgelenilen şaýylyklaryň mөçberini, şol sanda olaryň metalyny, agramyny, tegelekligine mөçberini, hilini saklamak karar edilipdir. On kөpükden ýigrimi kөpüge çenli şaýylyklar 500 hilli kümüşden, elli kөpük we bir rubl 900 hilli kümüşden zikgelenilipdir. Şaýylyklaryň hemmesiniň ýüz tarapyna RSFSR-iň gerbi şekillendirilipdir we "Ähli ýurtlaryň proletarlary, birleşiň" diýen ýazgysy bolupdyr. Emma zikgelenilen şaýylyklaryň hemmesi dolanyşyga goýberilmändir, sebäbi olaryň gorlary dolanyşygyň ähli ýollaryny doldurmak üçin ýeterlik bolmandyr. Kümşüň bazarlardan toplamak üçin hususy adamlaryň eline düşmegi mümkindi. SSSR-de pul reformasy 1924-nji ýylyň fewralynda iş ýüzünde tamamlanypdyr, emma zikgelenilen şaýylyklaryň nyşanlary şol wagta çenli kөnelipdir, ýagny eýýäm SSSR-iň nyşanlary girizilipdir. Şonuň üçin-de SSSR-iň şaýylyklaryny zikgelemek çalt depginde alnyp barlypdyr. Täze nusganyň şekilleri tassyklanypdyr. Dolanyşyga RSFSR-iň ozal taýýar şaýylyklaryndan başga-da bir, iki, üç we bäş kөpüklik mis şaýylyklar, şeýle hem täze nusgadaky on, on bäş, ýigrimi, elli kөpüklik hem-de bir rubl çykarylypdyr. Kümüş şaýylyklar rewolýusiýadan өňki şaýylyklaryň agramyny, tegelekligine mөçberini we hilini doly gaýtalapdyr. Birneme soňrak, 1925-nji ýylda ýarym kөpüklik şaýylygy çykarmak karar edilipdir, ol agramy we өlçegi boýunça rewolýusiýadan ozal çykarylan şaýylyklar ýaly bolupdyr.

1924-nji ýylda şaýylyklaryň soň çykarylan şaýylyklaryň gөrnüşini kesgitläpdir. Olaryň ýüz tarapyny bezemek üçin bugdaýyň baldagy, on bir dänesi bolan sünbüli, çykarylan wagty hem-de nominaly ýaly zatlar hөkmany bolupdyr. SSSR-iň gerbi ähli sowet şaýylyklaryň aýrylmaz bөlegi bolupdy. Sowet şaýylyklarynda ilkinji gezek imperatorlaryň däl-de, zähmet adamlarynyň şekilleri peýda bolupdyr. 1924-nji ýylyň kümüş rublisinde daýhanyň ýanynda duran adam ony өzi bilen bilelikde edil ýaňy dogup gelýän güne-täze durmuşa çagyrýar. Şekilleriň sazlaşyklylygy, işçileriň we daýhanlaryň birleşmekleriniň barha pugtalanýandygy baradaky pikiriň açyk gөrkezilmegi, gysgalygy we aýdyňlygy şaýylygy medalçylyk sungatynyň iň gowy eserleriniň birine өwürýär. 1924-1927-nji ýyllaryň kümüş elli kөpükliginde azaly bejerip duran demir ussasy şekillendirilipdir. Bu ýerde hem işçileriň we daýhanlaryň birleşigi baradaky piker takyk hem-de өrän aýdyň obrazlarda beýan edilipdir. Bu şaýylyklar şol eýýamyň ruhuna өrän laýyk gelipdir. Mis şaýylyklaryň birinji tapgyry taýýarlanylanda kөne өlçeglere daýanmagyň ykdysady taýdan peýdaly däldigi we tapgyry taýýarlanylanda kөne өlçeglere laýyk gelmeýändigi ýüze çykypdyr. Şaýylyklary өndürmek üçin gytçylyk edýän metalyň өrän kөp mukdary sarp edilipdir. Diňe 1925-nji ýylyň oktýabrynda SSSR-iň ilatynyň elinde şaýylyklar gөrnüşinde arassa misiň 460 tonnasy bolupdyr. Mis şaýylyklary durmuşda ulanmak üçin oňaýly bolmadyr. Içinde bir rubl mis pul bolan gapjygyň agramy 328 gram bolupdyr. Emele gelen pul düzgüni şaýylygyň satyn alyjylyk ukybynyň eýýäm ondaky metalyň agramy we arassalygy bilen däl-de, diňe onda gөrkezilen nominal hem-de esasy sarp edilýän harytlara durnukly dөwlet nyrhlary bilen kesgitlenilmegi üçin şertler dөredýärdi.

Zikgehanada şaýylyklary өndürmek üçin progressiw metallary girizmäge synanyşykly edilip başlanypdy. Deňeşdirme synaglarynyň netijeleri boýunça misiň (95%) we alýumininiň (5%) ergini teklip edilipdir. 1926-njy ýyldan başlap şaýylyklary şu

erginden zikgeläp başlapdyrlar. Mundan başga-da şaýylyklaryň tegelekligine məçberi azaldylypdyr, täze materiala geçilmegi bilen baglanyşyklykda şaýylyklaryň daş gərnüşini, olaryň suratlaryny üýtgetmek gəz ənünde tutulýardy. Emma geçirilen bäsleşik oňyn netijeleri bermändir, şonuň üçin-de olaryň ýüzündäki şekiller əňküsi ýaly galdyrlypdyr. Bäş kəpüklik şaýylykda düýäniň üstünde oturan türkmeni şekillendirmek gəz əňüne tutulypdyr.

Şaýylygyň gərnüşi edil 1924-nji ýyldakysy ýaly galypdyr. Şaýylyklaryň agramy şunuň ýaly bolupdyr: bir kəpük 1 grama, iki kəpük 2 grama deň bolupdyr we ş.m.

Bütün sowet şaýyçylyk düzgünini täze materiallara geçirmek ýuwaş-ýuwaşdan amala aşyrylypdyr. Kümüş rublleri zikgelemek 1924-nji ýylda, elli kəpükleri zikgelemek 1927-nji ýylda on, on bäş, ýigrimi bäş kəpüklikleri zikgelemek 1931-nji ýylda bes edilipdir.

1931-nji ýylda nikelden şaýylyklaryň täze gərnüşi ənümçilige goýberilipdir. Ol nominaly gərkezýän galkany saklapdyr. Sowet şaýylyklarynda ilkinji gezek dəwletiň doly ady-Sowet Sosialistik Respublikalarynyň Soýuz-diýen ýazgy peýda bolupdyr. Gerb tarapynda “Ähli ýurtlaryň proletarlary, birleşiň” diýen şygar ýerleşdirilipdir.

1935-nji ýylda on, on bäş, ýigrimi kəpüklik şaýylyklaryň iki tarapynyň hem suraty ýənekeýleşdirilipdir. Olaryň ýüz tarapynda çarçuwada gysgaldylan gərnüşde nominalyny gərkezýän “kəp” diýen ýazgy peýda bolupdyr. Gerb tarapyndan bolsa SSSR-iň şondan soňky şaýylyklary üçin däbe əwrülen “Ähli ýurtlaryň proletarlary, birleşiň” diýen şygar aýrylypdyr. Bürünç şaýylyklaryň gerb tarapy hem şonuň ýaly bolupdyr. 1935-nji ýylyň nusgasyndaky şaýylyklar SSSR-de 1961-nji ýylyň pul reformasyna çenli zikgelenipdir. Əzi-de olary zikgelemek bütin ýurt üçin ərän agyr synag dəwri bolan Beýik Watançylyk urşy ýyllarynda-da dowam etdirilipdir. Diňe SSSR-iň gerbine üýtgetmeler girizilipdir, ondaky lentalaryň sany Soýuz respublikalaryň sanyna hem-de çykarylan senesine laýyk bolupdyr.

1961-nji ýylda nikelden taýýarlanylan şaýýlyklaryň daş gərnüşi birneme üýtgedilipdir. Dub agajynyň şahalary bilen gurşalan çarçüwanyň ýerine çemen ýerleşdirilipdir, onuň ortasynda bolsa şaýylyklaryň nominaly we çykarylan senesi gərkezilipdir, “kəpük” diýen səzi “kəp” diýip gysgaltman, doly ýazyp başlapdyrlar.

Nominaly on, on bäş, ýigrimi kəpük bolan şaýylyklardan başga-da ýene misiň we nikeliň ergininden elli kəpüklik hem-de bir rubl şaýylyklar girizilipdir, olaryň gerb tarapynda dəwletiň doly ady ýazylypdyr. 1961-nji ýyl senesi soňky iki şaýylyk ilki başda gapdaly kesindisiz çykarylyp başlanypdyr.1964-nji ýylda diýen seneli çykarylypdyr. Bürünç şaýylyklar ol diýen uly əzgerişliklere sezewar bolmandyr we olar 1935-nji ýylyň nusgasyndaky şaýylyklardan kän bir tapawutlanmandyr, şonuň üçin-de dolanyşykdan diňe nominaly bäş kəpük bolan şaýylygy çykarmak karar edilipdir. Nominal bir, iki, üç kəpük bolan şaýylyklar SSSR-iň dargaýança dolanyşykda galypdyr, əz-de SSSR-iň 1926-njy ýyldan başlap şu nominaldaky şaýylyklaryň hemmesi dolanyşyk serişdesi diýlip ykrar edilipdir. Sowet şaýyçylyk işinde täze däbiň başlangyjy 1965-nji ýyla degişlidir, şonda şanly senelere bagyşlanylan we ýadygärlik-hatyra şaýylyklary çykarylyp başlanypdyr. Faşistik Germaniýada üstün çykylyp gazanylan ýeňişiň 20-ýyllygynyň şanyna täze gərnüşdäki rubl zikgelenilipdir. Onuň ýüz tarapynda TREPTOW – parkda (Berlin) oturdylan “Azat ediji esgeriň heýkeli şekillendirilipdir”. Şanly senelere bagyşlanan şaýylyklara Russiýada baryp Imperiýa dəwründe hem çykarylypdyr.

Türkmenistan onuň düzümine girizilen şol døwürde Russiýa üçin ýadygärlik senelerine hormatyna – 1983-nji ýylda – Imperator Aleksandr II başyna täç geýdirilmeginiň hormatyna, 1996-njy ýylda Nikolaý – II başyna täç geýdirilmeginiň hormatyna, 1912-nji ýylda 1812-nji ýylyň Watançylyk urşuna 100-ýyllygynyň şanyna, 1914-nji ýylda Gangut burnunyň ýanynda deňiz søweşiniň 2000-ýyllygynyň hatyrasyna kümüş rubllary çykarylypdyr. Patşa døwründe şanly senelere bagyşlanylyp has køp mukdarda şaýylyklaryň zikgelenilmegi 1913-nji ýyla degişlidir. Romanowlaryň neberesiniň 300-ýyllygynyň hormatyna. Şonda şayylyklaryň 1500000-si çykarylypdyr. SSSR-de elli ýyla çeken ara kesmeden soň bu däp täzeden dikeldilipdir. SSSR-de 1965-nji we 1991-nji ýyllar aralygynda çykarylan, şanly senelere bagyşlanylan şaýylyklaryň hemmesini sanap oturmagyň zerurlygy ýok. Şaýylyklaryň hemmesi SSSR-iň we Russiýanyň numizmatikasy – şaýylyklar boýunça køp şanly edebiýatlarda ýeterlik derejede jikme-jik beýan edilendir. Diňe nominaly 1 rubl bolan şaýylyklaryň 55 gørnüşiniň, nominaly 3 rubl şaýylyklaryň 3 gørnüşiniň, nominaly 5 rubl bolan şaýylyklaryň 30-synyň çykarylandygyny belläp geçeliň. SSSR-iň şanly senelere bagyşlanylan şaýylyklarynyň tematikasy ørän giňdir: gørnükli medeniýet, edebiýat işgärleriniň ýubileýleri – beýik serkerdeleriň, alymlaryň suratlary, binaçylygyň ýadygärlikleri, bütin dünýä møçberindäki sport wakalary, aýdyň taryhy wakalary-olaryň hemmesi SSSR-iň ýadygärlik-hatyra we şanly senelere bagyşlanan şaýylyklaryň temalaryny düzýär. SSSR-iň şanly senelere bagyşlanan şaýylyklary ýokary tehniki we çeperçilik derejede ýerine ýetirilendir. Olaryň køpüsi ýerine ýetirilişi we bezelişi babatda medalçylyk-zikgeçilik sungatynyň kämil eserleridir. Şaýylyklaryň tematikasy sosializmiň ideologok gymmatlyklaryny we SSSR-iň halklarynyň gazananlaryny, olaryň dünýä medeniýetine goşandyny gørkezýär. Øzi-de SSSR-iň şanly senelere bagyşlanylan şaýylyklaryň tematikasynda Soýuz respublikalar we halklar babatda haýsydyr bir kemsitmeleriň gøze ilmeýändigini adalatlylygynyň hatyrasyna belläp geçmek zerurdyr. Bu şaýylyklarda rus ýazyjysy A. Tolstoýyň, Ukrain şahyry T. Şewçenkonyň, ilkinji belarus kitap çapçysy F.Skorinyň, türkmen halkynyň şøhratly ogly Magtymgulynyň (1991-nji ýylda çykarylan) ajaýyp suratlaryny gørýäris. SSSR-iň şanly senelere bagyşlanylan şaýylyklarynyň 1 million nusgada çykarylypdyr we olar bütin dünýäde toplaýanlar, nepis zatlary gowy gørýänleriň arasynda ýaýrapdyr. Bu şaýylyklar SSSR-iň halklarynyň ylmyň, sungatyň, edebiýatyň, sportyň dürli babatlarynda gazanan üstünlikleri hakynda gürrüň beripdir. Türkmenistanyň hem SSSR-iň bir bølegini düzüpdir şonuň üçin-de bu şaýylyklar onuň hem baýlygy taryhy bolup durýar. SSSR-iň şanly senelere bagyşlanan senelere bagyşlanan şaýylyklary tehniki ýerine ýetirilişi babatda iki nusgada çykarylypdyr-hakyky gymmaty boýunça dolanyşyk üçin toplamak üçin. Şaýylyklary toplaýjylara niýetlenilen şaýylyklaryň şol bir nominaly, şol bir şekili bolupdyr, emma olar ýokary derejede çykarylypdyr, hil taýdan bütin dünýäde ykrar edilen ýokary derejede çykarylypdyr, ýagny “pruf” diýen ýalpyldawuk møhürde çykarylypdyr “pruf” hili møhürleriň ørän ýokary takyklygyna zergäriňki ýaly ussatlygy talap edýär, netijede şaýylyklar tüýs zergärçilik sungaty ýaly bolup gørünýär. Şular şaýylyklarda olary zaýalanmakdan goraýan ýørite goýulyşa eýe bolupdyr, sebäbi sähelçe galtaşylmagy olarda yz galdyrypdyr. SSSR-iň “pruf” hilindäki şaýylyklary bütin dünýäniň şaýylyklary topaýjylarynyň arasynda ørän meşhurdyr.

1991-nji ýylda SSSR-iň dargaýandygyny aýdyň gərkezen ýagdaýlar başlanypdyr. Baltika ýurtlary hakykatdan əzbaşdak dəwletler boldy, emma Sowet Soýuzynyň ýolbaşçylary entek Soýuz dəwletini saklamaga umyt edýärdi we əzüniň doly dargamagynyň ýakynlaşyp gelýändigini bilmeýärdi. Emma SSSR-iň şaýylyklaryndaky gerbi eýýäm täze hakykatlara laýyk gelmeýärdi. Olarda Soýuz respublikalaryň sany boýunça 15-lenta bardy, emma üç respublika hakykatda SSSR-iň düzüminde eýýäm çykypdy. Sowet şaýylyklarynyň soňky goýberilişi bu ýagdaýy gərkezipdir. 1991-nji ýylyň ahyrlarynda täze nusgadaky şaýylyklar – 10 we 50 kəpüklik, şeýle hem 1,5 we on rubl bolan şaýylyklar dolanyşyga goýberilipdir. On kəpüklik şaýylyk üçin bolan material – bürünç peýdalanypdyr, elli kəpük, 1 we 5 rubl şaýylyklar misiň hem-de nikeliň ergininden, nominaly on rubl bolan şayylyk bolsa bimetaldan-altyndan we kümüşden çykarylypdyr.

Munuň əzi şaýylyklar üçin erginleri peýdalanmak nukdaý nazardan ozal ne Russiýada, ne-de SSSR-de ulanylýan şaýylyklaryň gərnüşi bolupdyr. Şaýylyklar misiň we nikeliň ergininden taýýarlanylypdyr, emma şaýylygynyň təleginiň ortasynda iki tarapy bürünçden taýýarlanylypdyr. Şeýlelikde bu şaýylyklar iki sany dürli reňkdäki umumy aýlawy tegelekliklerden ybarat bolupdyr. Käbir ýurtlar şular şaýylyklary eýýäm zikgeleýän erkin, emma munuň əzi SSSR-de ilkinji gezekdi. Ähli şaýylyklaryň ýüz tarapynda sanlar bilen olaryň nominaly we çykarylan wagty “1991” gərkezilipdir, arka tarapynda təwerek boýunça “SSSR-iň Dəwlet banky” diýen ýazgy bolupdyr.

Ortasynda SSSR-iň eýýäm kənelişen gerbiniň ýerine SSSR-iň ýokary sowetiniň jaýy hem-de Moskwa Kremliniň Spasskiý minarasy şekillendirilipdir. Şu şaýylyklar bir wagtlar bütewi dəwletiň iň soňky şaýylyklary bolupdyr. Olar pul dolanyşygyna ol diýen uly täsir etmändir we pul dolanşygynda ərän gysga wagtly bolupdyr. Olar dolanyşyga çykarylandan bir näçe aýdan tutuşlaýyn hümmetsizlenmek netijesinde satyn alyjylyk ukybyny ýetiripdir, olaryň nyşanlary bolsa, emele gelen ýagdaýda, ýüze çykan hakykata laýyk gelmeýärdi-SSSR eýýäm ýokdy. Şeýlede bolsa olar Türkmenistanyň pul dolanyşygyna düşüp ýetişipdir we Sowet Soýuzynyň ýaşamagynyň soňky aýlary hakynda ýadygärlik həkmünde ilatyň elinde galypdyr.

1991-nji ýylyň 27-nji oktýabrynda Türkmenistanyň Garaşsyzlygy jar edilenden soň 1993-nji ýylyň 1-nji noýabrynda milli pulumyzyň girizilýänçä, ozal bellenilişi ýaly, ýurdumyzyň pul dolanyşygynda SSSR-iň we Russiýanyň pul nyşanlaryndan başgada Russiýanyň şaýylyklary hem bolupdyr.

Olar remi taýdan pul dolanyşygyna gelip gowuşmaýardy, emma ilata arasynda durmuşy derejede dolanyşyk we təleg serişdesi həkmünde ýəräpdir. Bu şaýylyklar, esasan, Russiýa Federasiýasy bilen baglanyşygy bolanlaryň arasynda hususy gatnawlaryň çäklerinde islege eýe bolupdyr. Russiýanyň dəwlet banky 1992-nji ýylda nominal 1, 5, 10, 20, 50 we 100 rubl bolan şaýylyklary dolanyşyga çykarypdyr. Şol şaýylyklary taýýarlamakda Russiýa we SSSR üçin däp bolmadyk materiallaryň peýdalanmaagy täzelik bolupdyr. Nominal 1 we 2 rubl bolan şaýylyklar bürünç bilen ərtülen polat təwerejiklerde zikgelenipdir. On we ýigrimi rubl şaýylyklar däbe əwrülen misiň we nikeliň erginlerinden, hümmeti elli we ýüz rubl bolan şaýylyklar bimetalyň (altynyň we kümüşiň) ergininden zikgelenipdir. Elli rublyň gyrasy açyk nikelden, ortasy bürünçden, ýüz rublyň gyrasy bürünçden, ortasy nikelden bolupdyr. Şaýylyklaryň arka tarapynda “Russiýanyň banky” diýen ýazgy we harplar bilen nominaly bolupdyr (50-100 rubl).

Olaryň ortasynda Russiýanyň wagtlaýyn hөkümeti tarapyndan 1917-nji ýylda tassyklanylan gerbiniň nusgasy boýunça iki bürgüt bolupdyr. Hümmetsizlenmek we SSSR-iň, soňra Russiýanyň hem pul düzümiň hakykatda doly dargamy şu şaýylyklara ilat arasynda uly meşhurlyga eýe bolmaga mümkinçilik bermändir. Olar çalt hümmetsizlenilipdir. Bu şaýylyklar Türkmenistanyň pul dolanyşygynda uly bir orny eýelemändir. Emma, şeýle-de bolsa, olary ýatlap geçmek zerurdyr. Sebäbi olar geçiş dөwrüniň pullarydy, Türkmenistanda pul dolanyşygynyň taryhynda düýpden täze eýýäm- өz pul düzgünini dөretmek we puluny girizmek eýýamy ýakynlaşyp gelýärdi. Bu taryhy waka ykbal çөzüji ähmiýete eýedi.

## 1.4.6. SSSR-iň pullaryndan milli pula geçilýän dөwürde pul dolanyşygy (1991-1993-nji noýabyry)

1991-nji ýylyň ikinji ýarymy SSSR-de өrän çynlakaý maliýe kynçylyklary bilen bellenildi. Ýurduň bir bitewi pul dügünininiň dargamy hümmetiň pese gaçmagynyň ýokary depginini dөretdi. Halk hojalygyň ähli pudaklarynda өnünçilik üzül – kesil pese gaçdy, bu bolsa rublyň satyn alyjylyk ukybynyň hemme ýede pese gaçmagyna getirdi. Pullaryň halkyň sarp edýän harytlary bilen üpjünsizligiň artmagy sarp edijiler bazarynda nyrhlaryň ýokarlanmagyna getirdi. Şunuň ýaly şertlerde SSSR Dөwlet banky hakyky gymmaty Sowet pullarynda 20-nji ýyllardan bäri gabat gelmedik Dөwlet bankynyň täze biletlerini çykarmaga girişdi. SSSR-iň 1991-nji ýylyň nugasynda hümmeti iki ýüz, 500we 1000 rubl bolan bank biletleri ýuwaş-ýuwaşdan dolanyşyga gelip başlady. Şu pullaryň gysgaça ýazgysyny bermek gerek, sebäbi 1993-nji ýylyň Noýabrynda milli pul girizilýänçä Türkmenistanyň pul dolanyşygynda boldy. Iki ýüz rublyň ýüz tarapyna W.I. Leniniň suraty SSSR-iň Gerbi, nominaly we senesi bardy. Bezelişi babatda käbir tapawutlylyklary nazara almasaň, elli we ýüz rubllar hem oňa çalymdaşrakdy. Nominaly iki ýüz rubl bolan puluň arka tarapynda Spassiý minarasynyň hem-de Kremliň gurultaýlar kөşgüniň şekili bilen birlikde Moskwa Kremliniň içki bөleginiň gөrnüşiniň suraty ýerleşýärdi. Nominaly bäş ýüz rubl, nominaly müň rubl bolan billeted hem yzky hatarda Uly Kremliň kөşgi we Spasskiý minarasy bilen Kremliň içki howlusynyň suraty şekillendirilendi. Nominaly 1000 rubl bolan pulda bolsa yzky hatarda Wasiliý Blaženniniň buthanasy we Moskwa Kremli bilen bilelikde Gyzyl ploşadyň suraty bardy. Ähli pul nyşanlarynyň arassa düşekliginde aksowult nyşan W.I. Leniniň suraty bardy. Täze nusgadaky kagyz pullaryň hemmesinde “Bank biletleri altyn, gymmat bahaly metallar we dөwlet bankynyň beýleki aktiwleri bilen üpjün edilýär” diýen ýazgy bardy.

Pul kynçylygy SSSR dargandan soň 1992-nji ýylda-da dowam edipdir, өzi-de postsowet giňişliginiň hemme ýerinde pul dolanyşygynyň geň, taryhy taýdan täsin ýagdaý ýüze çykypdyr. SSSR dөwlet banky eýýäm ýokdy. Russiýanyň Merkezi banky onuň mirasdüşerine өwürýär, ol eýýäm ýok bolsa-da SSSR-iň adyndan pul nyşanlaryny çykarmagy dowam etdiripdi. “Rubl zolagy” diýip atlandyrylýan ýagdaý ýüze çykypdyr, onda Sowet nusgasyndaky pullar dolanyşykda bolupdyr. Yzy üzülmeýän hümmetsizlenmek has kөp mukdarda kagyz pullary talap edýärdi. Pul çap edýän stanogyň işi barha kөpelýärdi. Bu bolsa çykarylýan pullaryň hiline hem-de düzümine täsir edýärdi. 1992-nji ýylda çykarylan pul nyşanlarynyň arassa meýdançasynda aksowult

nyşan ýokdy ol ýokary hilli çap etmek usulynda ýerine ýetirilen nagyşjagaz bilen çalşyrylypdyr. Nominaly 10, 25 we 50 rubl bolan pullary gerek bolmaýanlygy üçin bes edilipdir, sebäbi iň ýөnekeý harytlaryň bahasy eýýäm ýüzlerçe manada barabar bolupdyr. Russiýanyň Merkezi banky 1992-nji ýylda täze nusgadaky pullary – Russiýanyň bankynyň 1992-nji ýylyň nusgasynda nominaly 100, 200, 500, 1000 we 5000 rubl bolan pullarda Sowet nyşany bolmandyr, Wladimir Ilýiç Leniniň suraty hem bolmandyr, Russiýanyň dөwlet gerbi hem bolmandyr. Sebäbi ol entek tassyklanylmandy. Pullaryň şu dөwlete degişlidigi Russiýanyň dөwlet baýdagynyň suraty bile gөrkezilipdir. Pul nyşanlarynyň arka tarapynda SSSR-iň şol nominaldaky pul nyşanlaryndaky şekilini gaýtalaýan surat bolupdyr. Pul nyşanlarynyň üpjünçiligi hakynda Russiýanyň bankynyň ýazgysy ýokdy. Şu pullary çykarmak 1993-nji ýylda hem dowam etdirilipdir. Russiýanyň bankynyň we Türkmenistanyň dөredilen Merkezi bankynyň arasynda ylalaşyk boýunça Russiýanyň bankynyň pul nyşanlary SSSR-iň 1991-1992-nji ýyllarda çykaran pullary bilen bir hatarda garaşsyz Türkmenistan hem kanuny tөleg serişdesine өwrülipdir.

Russiýa 1993-nji ýylda hümmeti 10000 müň rubl bolan pul nyşanyny çykarýar. Ol pul hem Türkmenistanyň pul dolanyşygynda bolupdyr. Russiýa Federasiýasynyň hümmeti 1993-nji ýylyň iýulynda SSSR-iň çykaran ähli pullaryny hakyky däl diýip yglan edýär. Diňe Russiýanyň Merkezi bankynyň çykaran pullary kanuny tөleg serişdesi diýilip ykrar edilýär. SSSR-iň “Rubl giňişliginiň” çäklerinde pul dolanyşygynda bolan pul nyşanlary çykarylmagyna degişli däldi. Sowet pullaryny Russiýanyň pullaryna diňe Russiýa Federasiýasynyň raýatlary çalyşyp bilýärdiler. Munuň өzi Russiýanyň өz milli puluna gutarnykly girýändigini hem-de “Rubl giňişliginiň” ýatyrylýandygyny aňladýardy. Şol wagta çenli ozalky Soýuz, häzir garaşsyz dөwletleriň kөpüsinde өz pul düzgünini dөretmek we milli puluny girizmek işleri alnyp barylýardy. Türkmenistanda hem hөkümet milli puluny girizmäge güýçli taýýarlyk gөrýärdi. Emma pul reformasy entäk tamamlanmandy.

Russiýanyň hөkümetiniň 1993-nji ýylyň 26-njy iýulyndaky kararyň netijesinde SSSR-iň pul nyşanlarynyň өrän kөp mukdary ozaly Sowet Respublikalarynda ýөnekeý kagyza өwrülipdir. Şol wagt ýaş, garaşsyz dөwletleriň arasynda berk serhet ýokdy, gümrükhana gulluklary ýaňy kemala geliş ýagdaýyndady. Adamlaryň, harytlaryň we pullaryň ondan oňa geçmegine hiç-hili päsgelçilik ýokdyr. Şol wagtlar ozalky SSSR-iň çäklerindäki beýleki garaşsyz dөwletlerdäki ýaly өz milli puly, pul nyşanlary – kuponlary bolmadyk Türkmenistanyň hөkümeti өzüniň sarp edijili bazaryny hem-de ykdysadyýetini goramak boýunça mejbury çäreleri gөrüpdir. Türkmenistan SSSR-iň bank biletleri tөleg gymmatyna eýe we kanuny esasda dolanyşykda bolan GDA-nyň soňky dөwleti bolmagynda galýardy. Türkmenistana daşyndan hakyky däp pullaryň өrän kөp mukdarynyň gelip gowuşmak howpy bardy, sebäbi olary diňe şu ýerde hakyky haryda өwrülip we ony äkidip bolýardy. Muňa ýol bermeli däldi, şonuň üçin-de Türkmenistanyň hөkümeti SSSR-iň nominaly 1000 rubl bolan kagyz pullaryndan başga pullaryň hemmesini dolanyşykdan aýyrmagy karar etdi. Milli puly girizmek boýunça çäreleri tamamlanylýança Türkmenistanda diňe şolar kanuny tөleg serişdesi diýlip yglan edilýärdi.

1993-nji ýylyň awgust aýyndan noýabr aralygyndaky dөwür pul dolanyşygyň taryhy nukdaý nazaryndan Türkmenistanda täsin dөwür boldy. Pul dolanyşygynda entäk ýok dөwletiň, hatda SSSR dөwlet bankynyň mirasdüşeri SSSR-iň Merkezi bankynyň

təleg we dolanyşyk serişdesi həkmünde ykrar edilmedik pul nyşanlary hem dolanyşykdady. Şunuň ýaly ýagdaý wagt babatda üç aý dowam edipdir, şol dəwrüň dowamynda Türkmenistan pul dolanyşygynda ol diýen uly əzgerşikler bolmandyr.

## Bap 2. Türkmenistanda pul ulgamynyň emele gelmeginiň esasy sebäpleri we aýratynlyklary.

### 2.1. Pul ulgamlary, olaryň görnüşleri we ösüşi

**Pul ulgamy ýurtda döwlet tarapyndan kesgitlenen pul dolanyşygyny guramaklygyň görnüşidir.** Her bir ýurduň pul ulgamy taryhy şertlerde, onuň durmuş we ykdysady ösüşine laýyklykda emele gelýär we döwletiň kanunlary bilen berkidilýär. Syýasy gurluşyň we jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň üýtgemegi bilen pul ulgamy hem üýtgeýär, ol onuň elementlerinde aňladylýar. Her bir ýurduň pul ulgamy häsiýetlendirilende, adatça ol milli diýlip atlandyrylýar, şol bir wagtyň özünde oňa mahsus bolan aýratyn elementler görkezilýär. Milli pul ulgamlarynyň aýratynlyklaryna garamazdan, olara umumy elementler hem mahsusdyr. Olardan esasylary bolup,

- pul birliginiň we onuň bölekleriniň atlary;
- kanuny töleg serişdeleri bolan döwlet pul birliginiň görnüşleri;
- bahalaryň masştaby;
- walýuta kursy;
- nagt we nagt däl (depozit) emissiýasynyň pul belgileriniň dolanyşygynyň tertibi;
- nagt däl pul dolanyşygynyň tertibi;
- milli walýutany daşary ýurda äkitmegiň, getirmegiň we halkara hasaplaşyklary guramagyň tertibi;
- pul-karz we walýutany kadalaşdyrýan döwlet guramalary çykyş edýärler.

Pul birliginiň (milli walýutanyň) adynyň düzgün bolşy ýaly taryhy gelip çykyşy bar, ýöne ol tutuşlygyna döwlete baglydyr, ol özüniň kanuny namalary bilen bu ady berkidýär (ýa-da üýtgedýär). Mysal üçin, Türkmenistanda-manat, Orsýetde-rubl, ABŞ-da dollar we ş.m.

Kanuny töleg serişdesi bolan pul belgileriniň görnüşleri hem döwletiň ýörite kanunlary ýa-da hökümet namalary bilen kesgitlenilýär. Häzirkizaman şertlerinde döwlet tarapyndan goýberilýän pul belgileriniň hemmesiniň şol döwletiň çäginde kabul edilmegi hökmanydyr. Pul belgileriniň aşakdaky görnüşleri hereket edýär:

- Bank biletleri (banknotlar) we bölek pullar (gazna biletleri).

**Bank biletleri** häzirki wagtda pul belgileriniň esasy görnüşi bolup, dolanyşyga ýurduň Merkezi emission banky tarapyndan goýberilýär. Karz emissiýasyny ýerine ýetirmek bilen Merkezi banklar ilkibaşda pul toplumyny täjirçilik banklarynyň hasaplarynda ösdürilen galyndy görnüşini köpeldýärler. Soňra ol serişdeler nagt pullara öwrülýärler. Karzy üzmeklik pul belgileriniň dolanşykdan yzyna gaýdyp gelmekligini aňladýar. Şeýlelikde, bank biletleri karz pullar bolup, eger olaryň yzyna gaýdyp gelmegi üpjün edilse, onda olar doly bahaly pullaryň wezipesini ýerine ýetirmeýärler. Karz

ekspansiýasy we aýratyn bir “karzy” yzyna gaýtaryp bilmezlik bank biletleriniň hümmetsizligine getirýär.

**Bölek pul belgileri** söwdada amatly hyzmat etmek üçin, haçan-da bölek pullar bilen hasaplaşmak ýüze çykanda ulanylýar. Bölek pullar çalt hümmetsizlenen ýagdaýynda, olaryň nominal gymmaty anyk gymmatyndan pes bolanda, olar has uly pul belgileri tarapyndan aýlanyşykdan gysylyp çykarylýarlar. Olary çykarmaklyk bes edilýär, dolanyşykdaky hereket edýänleri bolsa, adatça öz eýelerinde galýarlar. Şeýleräk ýagdaý öňki SSSR-iň respublikalarynyň dolanyşygyndaky bölek pul birlikleri bilen bolup geçdi.

***Bahalaryň masştaby*** **döwlet tarapyndan pul birliginde bellenen (hasaba alnan) pul metalynyň agram mukdaryna esaslanýan pul birlikleriniň gymmatyny aňlatmak derejesidir.** Adatça täze pul ulgamlary döredilende, pul reformasy, dewoliwasiýa we rewoliwasiýa geçirilende döwlet tarapyndan pul birliginiň altyn mukdary hem kanun esasynda bellenilýär. Ol baha emele gelmek ulgamynyň esasy elementi bolup çykyş edýär. Mysal üçin, 1961-nji ýylda rublyň denominasiýasy geçirilende, onuň altyn mukdary 0,997412 gram arassa altyna barabar edildi, ýöne dolanyşyga goýberilen pul belgileri altyna çalşylmady. Häzirki wagtda dünýäniň hiç bir ýurdunda pul birligi altyna çalşylmaýar. Pul birlikleriniň altyn hümmetiniň ýuridiki taýdan saklanan döwletlerinde olar özleriniň ykdysady manysyny ýitirdiler. Bahalaryň masştaby, hakykatda, isleg we teklibiň täsiri esasynda emele gelýär hem-de bahalaryň üsti bilen harytlaryň gymmatyny ölçemäge hyzmat edýär.

***Walýuta kursy*** **dürli ýurtlaryň pul birlikleriniň (walýutalarynyň) arasyndaky gatnaşygy bolup, esasan, olaryň satyn alyjylyk ukyby bilen kesgitlenilýär.** Ol bir ýurduň pul birliginiň “bahasynyň” beýleki ýurtlaryň pul birliklerinde aňladylmagyny häsiýetlendirýär. Pul ulgamynyň görnüşine, bazar gatnaşyklarynyň ösüş derejesine baglylykda, walýuta kurslarynyň hasaba alnan we üýtgeýän ulgamlary ulanylýar. Bazar ykdysadyýetiniň ösen ýurtlarynda walýutany kadalaşdyrmagyň bazar mehanizmine esaslanan erkin ***üýtgeýän walýuta kurslary*** hereket edýär. Köp döwletlerde, şol sanda öňki SSSR-den aýrylan döwletlerde Merkezi bank tarapyndan bellenilýän ***hasaba alynýan walýuta kurslary*** ulanylýar. Bu kurslar ýeke-täk ýa-da geçirilýän amallaryň görnüşine baglylykda tapawutlanýarlar.

Nagt däl we nagt pul dolanyşygynyň we emissiýasynyň tertibini döwlet kesgitleýär. Bu ýagdaýlar döwletiň içerki kanunalaýyklygy, ykdysady we walýuta ýagdaýy esasynda kadalaşdyrylýar. SSSR darganyndan soňky döwür täze döwletleriň dolanyşyga nagt pul goýbermekligi, olaryň üpjünçiligini we gaýdyp gelmek şertlerini özbaşdak çözýändigi bilen häsiýetlendirilýär. Býujet gytçylygyny maliýeleşdirmek düýpli meselä öwrüldi. Pul belgileriniň emissiýasy haryt dolanyşygynyň talabyndan barha daşlaşýar we infilýasiýany ösdürýän ýagdaýa öwrülýär.

Nagt pullar bilen amala aşyrylýan tölegleriň möçberiniň ýokary depginde ösmegine we olaryň galyndylarynyň ondan ýokary derejede ösmegine garamazdan, pul toplumynyň esasy goşundysy bolup nagt däl pul dolanyşygynyň ulgamyndaky pul serişdeleriniň galyndylary çykyş edýärler. Olarda döwlet hasapnamalaryna geçirilen pullaryň tertibini kesgitlemek bilen nagt däl pul dolanyşygyny çäklendirýärler. Hususan-da tölegleri nagt pullar bilen däl-de, eýsem nagt däl hasaplaşyklar bilen ýerine ýetirilýän ulgamlar kesgitleýär. Tölegiň usullary, hasaplaşygyň görnüşi, tölegleriň tertibi we ş.m. işlenip düzülýär.

**Milli walýutalar** düzgün boýunça ýurduň içerki dolanyşygyna hyzmat etmeklige gönükdirilendir. Şonuň üçin milli walýutany daşary ýurda çykarmaklyk, getirmeklik hem kesgitlenen düzgünler bilen kadalaşdyrylýar. Mysal üçin, döwlet walýutanyň daşary ýurda çykarylmagyny we getirilmegini islendik möçberlerde rugsat edip biler. Walýutanyň daşary ýurda çykarylmagy köp möçberde ýa-da kadalaşdyryjylara baglylykda çäklendirilen möçberde kesgitlenilip bilner. Şeýle hem daşary ýurda çykarylan walýutany doly ýa-da bölekleýin sarp etmäge rugsat edilýär ýa-da hökman yzyna getirilýär.

Halkara hasaplaşyklarynda satýan, satyn alýan ýurtlaryň milli walýutalary ýa-da üçünji ýurtlaryň walýutalary ulanylyp bilner. Şonuň ýaly-da kliring hasaplaşyklaryndan peýdalanylýar. Her bir döwlet pul ulgamyny öz bähbitlerine uýgunlaşdyryp, pul-karz we walýutany kadalaşdyryjy guramany döredýär. Şeýle gurama bolup, adatça ýurduň **Merkezi banky** çykyş edýär. Merkezi banklara kagyz pullaryň emissiýasynyň monopol hukugy berilýär. Olar ýurduň tutuş karz ulgamyna ýolbaşçylyk edýärler, pul dolanyşygyny kadalaşdyrýarlar, wagtlaýyn boş pul serişdelerini we täjirçilik banklarynyň hökmany ätiýaçlyk gaznalaryny saklaýarlar, hökümetiň maliýe borçlaryny ýöredýärler, şeýlelik bilen olar döwletiň pul-karz syýasatyny esasy durmuşa geçirijiler bolýarlar. Merkezi banklar öz hyzmatlaryny täjirçilik banklary we beýleki maliýe-karz guramalary bilen özara hyzmatdaşlyk esasynda ýerine ýetirýärler. Olar öz gezeginde nagt we nagt däl pul tölegleri we karzyň hereketi bilen baglanşykly amallary ýerine ýetirýärler.

Ýurduň ykdysady gatnaşyklaryna baglylykda pul ulgamlary bazar ykdysadyýetine geçirilen we bazar ykdysadyýetine geçirilmedik görnüşlerde bolup bilýärler.

**Bazar ykdysadyýetine geçirilen pul ulgamy** pullaryň erkin hereketi bilen häsiýetlendirilýär. Pul-karz sazlaşygy bank ulgamy derejesinde kadalaşdyrmak arkaly saklanýar. Kadalaşdyrmak ykdysady usullaryň kömegi bilen amala aşyrylýar. **Bazar ykdysadyýetine geçirilmedik pul ulgamy** pullary peýdalanmakda birnäçe çäklendirmeler bilen häsiýetlendirilýär, pul dolanyşygyny kadalaşdyrmak adminstratiw usullaryň üsti bilen amala aşyrylýar.

Milli ykdysadyýetiň dünýä ykdysadyýetine geçmek derejesine baglylykda açyk we ýapyk ulgamlar emele gelýär. Dolanyşykda altyn we kümüş pullar hereket eden wagtynda pul ulgamlary öz-özünden kadalaşdyrylýar, dolanyşyga hususy gymmaty bolmadyk kagyz we metal pul belgileriniň girizilmegi pul dolanyşygynyň kadalaşdyrylmagyny talap etdi.

## 2.2. Türkmenistanyň pul ulgamynyň emele gelmeginiň esasy sebäpleri we aýratynlyklay

1991-nji ýylyň oktýabrynda Türkmenistan Garaşsyz döwlet boldy. Garaşsyz döwletiň esasy nyşanlaryna:

a) Hususy pul ulgamy.

b) Öz milli walýutasy degişli.

**Pul ulgamy hakynda düşünje.** Pul ulgamy döwlet tarapyndan pul dolanyşygynyň görnüşiniň gurnalmagyny aňladýar. Her bir ýurduň pul ulgamy onuň durmuş-ykdysady ösüşi bilen bagly bolup, döwletiň kanuny bilen berkidilýär.

Jemgyýetçilik gatnaşyklarynyň we syýasy ýagdaýyň üýtgemegi bilen pul ulgamy üýtgeýär.

Aýratyn döwletiň pul ulgamyna **milli pul ulgamy** diýilýär. Milli pul ulgamlaryna aşakdaky umumy meňzeş elementler hem degişlidir.

1. Pul birliginiň ady.
2. Döwletiň pul bellikleriniň görnüşi.
3. Baha masştaby.
4. Walýuta kursy.
5. Pul bellikleriniň dolanyşygynyň, nagt we nagt däl emissiýasynyň tertibi.
6. Halkara hasaplaşyklaşyklaryny gurnamagyň we milli walýutany ýurda getirmegiň we çykarmagyň düzgünleri.
7. Nagt däl pul dolanyşygynyň reglamentirlenmegi.
8. Karz-pul we walýuta sazlaşdyrylmagyny ýerine ýetirýän döwlet guramasy.

Pul birliginiň ady taryhyň geçmişi bilen bagly bolup, döwlet özüniň kanuny bilen şol ady berkidýär. Mysal üçin, Türkmenistanda-manat, Orsýetde-rubl, Germaniýada-Ýewro, ABŞ-da dollar.

Pul bellikleriniň görnüşi döwletiň ýörite kanunlary bilen kesgitlenilýär. Pul belliklerine bank biletleri, gazna biletleri, bölek şaýlyklar degişlidir. Ýurtlaryň milli Merkezi banklary pul bellikleriniň esasy görnüşi bolan bank biletlerini dolanyşyga goýberýärler. Merkezi banklar karz-pul emissiýasyny berjaý edip, puluň toplumyny artdyrýarlar. Karz pullary üzmek bolsa, pul bellikleriniň dolanyşykdan yzyna gelmegini görkezýär. Bank biletleri eger yzyna gaýtarylyp berilse, onda olara karz pullar diýip aýdyp bolar.

Karz pullaryň has ýaýbaňlanmagy, aýratynam üzülmesizligi, bank biletleriniň tölege bolan ukyplylygyny peseldýär.

**Gazna biletleri**. Maliýe ministrliginiň gazna bölümi býujet emissiýasyny geçirende gazna biletler dolanyşyga goýberilýär. Ownuk söwda hyzmat etmek üçin bölek şaýlary dolanyşyga goýberýärler. Şaýlyklaryň ýüzündäki görkezilen gymmat, olara siňdirilen metallaryň gymmatyndan ep-esli ýokarydyr.

**Baha masştaby** döwlet tarapyndan kesgitlenen, pul birliginde metalyň agramy pul bilen bellenilendir. Täze pul ulgamlary döredilende, pul reformalary geçirilende, dewolwasiýalarda we rewolwasiýalarda döwlet kanun esasynda pul birliginiň altyn bilen üpjünçiligini kesgitleýär. Mysal üçin, Orsýetiň pul birliginiň altyn bilen üpjünçiligi 1961-nji ýylda 0,987412 gram arassa altyna deňdi. Häzirki döwürde hiç ýurt pul birliklerini altyna çalyşmaýar.

**Walýuta kursy.** Ýurtlaryň pul birlikleriniň (walýutalarynyň) arasyndaky gatnaşyk, ýagny bir ýurduň pul birliginiň nyrhy beýleki ýurtlaryň pul birliklerinde kesgitlenilýär. Pul ulgamynyň görnüşine we bazar gatnaşyklarynyň ösmeginiň derejesine görä üýtgeýän we üýtgemeýän walýuta kurslarynyň ulgamyny ulanyp bolýar. Ösen bazar ykdysadyýetli ýurtlarda erkin üýtgeýän walýuta kurslary ulanylýar. Köp döwletler, şol sanda Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan bellenilen üýtgemeýän walýuta kurslaryny ulanýarlar. Nagt we nagt däl emissiýanyň we pul birlikleriniň dolanyşygynyň tertibini döwletiň özi belleýär. Milli walýuta ýurduň içki dolanyşygyna hyzmat edýär. Milli walýutany çykarmak we getirmek bellenilen düzgünnamalar bilen sazlaşdyrylýar. Halkara hasaplaşyklarynda tölegleri alýan ýurduň milli walýutasy, tölegleri töleýän ýurduň milli walýutasy ýa-da üçünji ýurduň milli walýutasy ulanylýar. Her bir ýurtda karz pul we walýuta sazlaşdyrmalaryny ýerine ýetirýän gurama bar. Şol gurama bolup

mydama milli Merkezi bank çykyş edýär. Sebäbi Merkezi banklar kagyz pullaryň emissiýasyny geçirmäge hukuklydyrlar. Olar döwletiň karz ulgamyna gözegçilik edýärler. Pul dolanyşygyny sazlaşdyrýarlar, boş duran serişdeleri we täjirçilik banklarynyň hökmany gorlaryny saklaýarlar, hökümetiň maliýe borçnamalaryny alyp barýarlar. Merkezi bank täjirçilik banklary we beýleki maliýe-karz guramalary bilen aragatnaşyklary gurnap öz wezipelerini ýerine ýetirýär. Ýurtdaky ykdysady aragatnaşyklaryň esasynda pul ulgamlary bazar we bazar däl görnüşlere bölünýärler.

Geliň indi bazar görnüşli pul ulgamynyň şekiline seredeliň.

6.1-nji şekilde görkezilen pul ulgamynyň düzüminiň manysyny ýokarda belläp geçdik.

Pullaryň erkin hereket etmegi bazar görnüşli pul ulgamyna degişlidir. Diňe bank ulgamynyň derejesinde karz-pul sazlaşdyrylmasy saklanýar. Ykdysady usullaryň kömegi bilen sazlaşdyrma ýerine ýetirilýär.

Bazar ykdysadyýetine degişli däl pul ulgamyna häsiýetli bir topar çäklendirmeler (puly ulanmakda, pul dolanyşygyny adminstratiw usullar bilen sazlaşdyrmak), milli ykdysadyýetiň dünýä ykdysadyýetine girişiniň derejesine görä pul ulgamlarynyň açyk we ýapyk görnüşleri bar. Altyn we kümüş teňňeler dolanyşykda wagty pul ulgamlary öz-özlerini sazlaşdyrýarlar. Kagyz we metal pul bellikleri dolanyşyga goýberilenden soň pul dolanyşygyny sazlaşdyrmaly bolýar (sebäbi olaryň özüniň gymmaty ýok).

**2.1-nji şekil**

**Bazar görnüşli pul ulgamynyň düzümi**




**Türkmenistanyň pul ulgamy.** Türkmenistan Garaşsyz, baky Bitarap döwletdir. Türkmenistan döwleti 1991-nji ýylda Garaşsyzlygyny alan döwri onuň çäginde öňki

SSSR-iň döwlet bankynyň pul bellikleri ulanylýardy we nagt, nagt däl hasaplaşyklar hem üýtgemän ulanylýardy. Öňki SSSR-e girýän döwletler öz bazarlaryny (rubldan) goramak maksady bilen talonlary, kartoçkalary ulanyp başladylar. Bu ýagdaý biziň ykdysadyýetimize we durmuşymyza oňaýly täsir etmedi.

1993-nji ýylyň iýulynda Orsýetiň Merkezi banky dolanyşykdaky 1961, 1991-1992-nji ýyllardaky pul belliklerini 1993-nji ýylda çykan pul bellikleri bilen çalyşmak hakynda karar çykardy. Bu karar Türkmenistan döwletiniň öz milli pul ulgamyna geçmegine itergi berdi. Sebäbi, Orsýetiň Merkezi bankyndan dolanyşyga gerek bolan goşmaça pul belliklerini almak şübhelilige getirýärdi.

1993-nji ýylyň 1-nji noýabry Türkmenistanyň taryhyna belli sene bolup girdi. Sebäbi, şol gün Türkmenistan öz Milli walýutasyny dolanyşyga girizdi. Pul dolanyşygyna kagyz pullar (manatlar) we şaýlyklar (teňňeler)- polatdan ýasalan we mis bilen çaýylan-1,5 we 10 teňňe, nikel bilen çaýylan-20 we 50 teňňe girizildi. Teňňeleriň dolanyşyga girizilmeginiň maksady bölek söwdany pul serişdeleri bilen üpjün etmekdir. Garaşsyz Türkmenistanyň ilkinji şaýlyklary Beýik Britaniýanyň şasynyň zikgehanasynda ýasaldy. Türkmenistan öz milli pullaryny girizmeklik bilen döwletiň maliýe, karz-pul syýasatynda düýpli özgerişlikleriň geçirilmegini, dolandyryşyň ykdysady usullaryna tarap aýgytly öwrülşik edilmegine, bazar gatnaşyklarynyň doly kemala gelmegine ýol açdy. 1993-nji ýylda Türkmenistanda pul reformasy geçirildi. 1994-nji ýylda Türkmenistan altyn şaýlyk puluny çykardy, nominaly 1000 manat bu şaýlyk Türkmenistanyň Döwlet tugunyň baýramçylygyna bagyşlanyp çykaryldy. Bu şaýlyk 999 probaly altyndan ýasalyp 15,6 grama deňdir. Bu şaýlyk dolanyşykda hereket etmän diňe bezeg wezipesini ýerine ýetirmek üçin niýetlenendir. 1994-nji ýylda ýene bir altyn şaýlyk dolanyşyga goýberildi (917 probaly, agramy 7,99 gram, nominal gymmaty 1000 manat). Ol Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 3 ýyllygyna bagyşlanandyr. 1996-njy ýylda Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 5 ýyllygyna bagyşlanyp, edil şonuň ýaly şaýlyk çykaryldy, ýöne onuň ýüzünde 5 sany ýyldyz we aý şekillendirilipdi. 1996-njy ýylyň aýagynda Türkmenistanda 6 sany, nominaly 500 manatlyk, kümüşiň 925 probasyndan ýasalan, agramy 28,28 gram bolan 6 sany şaýlyk çykaryldylar.

Türkmenistanyň araçäginde tölegler nagt we nagt däl görnüşlerinde ýerine ýetirilýär. Nagt däl hasaplaşyklaryň görnüşleri Merkezi bank tarapyndan kanun esasynda bellenilýär. Merkezi bank töleg resminamalarynyň şekillerini tassyklaýar. Ol kagyz pullaryň we bölek teňňeleriň ätiýaçlyk gaznalaryny döredýär. Şeýle hem pullaryň oňat saklanylyşyna, äkidilip-getirilişine, nagt pullaryň inkassasyna ýardam edýär, pul belliklериniň tölege ukyplylygyny tassyklaýar we ýyrtyk pullary täze pullara çalyşýar. Pul dolanyşygy öz içine nagt pullaryň jemini, bank hasapnamalardaky we depozitlerdäki pul serişdelerini (nagt däl pullary) alýar. Türkmenistanyň pullarynyň möçberinde nagt pullaryň paýy 2008-nji ýylyň birinji çärýeginde geçen ýylyň degişli döwründäkiden 8,8 % azaldy. Puluň banklaryň pulhanalaryna gaýtarylmagynyň ýollary hemmelere mälim bolup, ol söwdadan gelen pullaryň banklara yzygiderli tabşyrylmagy we raýatlaryň süýşürintgi goýumlarynyň artmagyndan ybaratdyr. Ilatyň ýurdumyzyň banklaryndaky goýumy, şol sanda daşary ýurt walýutasyndaky goýumlary geçen ýylyň (2007ý.) maglumatlaryna görä 31,5 % artdy. Ilatyň süýşürintgileriniň esasy bölegi (80,7 %-i) döwlet täjirçilik banklarynda jemlenildi.

## 2.3. Türkmenistanda milli walýutanyň denominasiýasy.

Täze galkynyşlar zamanasynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan өňde goýlan srategiki meselelериniň iň өňdäkileriniň biri bolan “halkyň durmuş we ýaşaýyş derejesiniň durnukly өsdürilmegini üpjün etmek” üçin Türkmenistanyň dünýä ykdysady ulgamyna intergrassiýasy we netijeli bazar-ykdysady gatnaşyklarynyň dөredilmegi zerur bolup durýar. Şu maksatlar üçin üstünlikli durmuşa geçirilýän maliýe-ykdysady sagdynlaşdyrma programmasy we milli walýutamyz bolan türkmen manadynyň berkidilmegidir. Hormatly Prezidentimiz tarapyndan tassyklanan 2009-njy ýyldan başlap ýurdunyzda milli walýutamyz manadyň denominasiýasy geçiriljek ýagny milli walýutamyzyň täze nusgalary dolanyşyga goýberiler. Bu pul reformasy hem өz gezeginde dөwletimiziň mukaddes nyşanlaryndan biri bolan milli manadymyzyň durnuklylygyna ýardam berer we dөwletimiziň gülläp өsmegini üpjün eder.

Pul reformasyndan sөz açanymyzda biziň өňümizde “Denominasiýa näme ? Denominasiýanyň netijesinde ykdysadyýetimizde nähili ütgeşmeler bolar ? ” diýen sorag ýüze çykýar. Denominasiýa – bu latyn dilindäki “denominate” sөzünden gelip çykmak bilen dolanyşyga goýberilýän täze pul birlikleriniň nominal derejesine (10,000,000 gezek we ş.m.) peselmek diýmekdir. Käwagt denominasiýany bir pul birlikleriniň satyn alyş güýji üýtgedilmezden başga pul birliklerine çalyşylmagy hem diýilýär. Denominasiýa iki hili bolýar: tutuşlygyna we bөlekleýin.

**Doly denominasiýa** – bu ähli pul birlikleriniň çalyşmagydyr.

**Bөlekleýin denominasiýa** – bu käbir pul birlikleriniň çalşylmagydyr. Çalşylyş mөhleti boýunça denominasiýa 4 topara bөlünýär:

1. Çalt mөhletli (birnäçe günüň ýa-da hepdäniň dowamynda);
2. Haýal mөhletli (birnäçe aýyň dowamynda tä bir ýyla çenli);
3. Uzak mөhletli (birnäçe aýylyň dowamynda);
4. Mөhletsiz (belli bir wagt aralygynda goýulmadyk ýa-da wagty barada hiç zat aýdylmadyk).

Dünýä ýurtlarynyň tejribesinde täze pul birliklerini taýýarlamak boýunça çykdaýjylar dөwlet býujetiniň hasabyna we denominasiýa geçirmek boýunça çykdajylar bolsa , Merkezi bankyň içerki gor gaznalarynyň hasabyna amala aşyrylýar.

Türkmen manadynyň hümmetiniň dolanyşyga goýberilen gününden häzire çenli birnäçe gezek dewalwirlenmegi netijesinde halka we telekeçilerde manada bolan ynam gaçmak bilen daşary ýurt walýutasyna bolan isleg artdy. Şol bir wagtyň өzünde birnäçe sanlardan ybarat manatdaky mөçberler meýilleşdiriş-hasabat işlerinde kynçylyk başlady.

Denominasiýa bu tehniki kadalaşdyryjy bolup, hojalyk birliklerinde hasaba we hasaplaşyklary aňsatlaşdyrmak ýa-da kadalaşdyrmak üçin hyzmat edýär. Türkmen manadynyň denominasiýasy uzak mөhletde hümmetsizlenmegiň өňüni almak we ony gөzegçilikde saklamagy üpjün etjek pul-karz kadalaşdyryjylarynyň guraly hөkmünde çykyş eder. Şeýlelikde denominasiýa ykdysady syýasatyň hem bir elementi hөkmünde seretmek bolýar. Beýleki tarapdan halkyň ruhy ýagdaýyna ýagny psihologiýasyna täsir etmek arkaly halkyň milli walýuta bolan ynamyny artdyrar. Şeýle hem manadyň güýçlenmegine kөmek etmek bilen hyzmatlaryň we harytlaryň өndürilşinde maýa goýumlaryň, өnümçilik inwestisiýalarynyň artmagyna өz netijeli täsirini ýetirer.

Denominasiýa geçirmek baradaky çөzgüt Halkara guramalary tarapyndan kanagatlanarly bahalandyrylýar. Täze manadyň hümmetiniň dünýäniň esasy walýutalarynyň hümmetiniň dünýäniň esasy walýutalarynyň hümmetiniň laýyk geler. Täze manat Türkmenistanyň dünýä bazarynda reýitinginiň artmagyna ýardam bermek bilen Türkmen ykdysadyýetinde inwestisiýalaryň artmagyna getirer. Denominasiýa geçirmekligiň esasy maksatlarynyň biri-de hasaplaşyklary ýөnekeýleşdirmek we häzirki wagtda birnäçe uly mөçberli sanlar bilen alnyp barylýan buhgalter hasaby we hasabatlylygy aňsatlaşdyrylmagy bolup durýar. Aslynda denominasiýa geçirmek gөräýmäge nolsuz täze manadyň dolanyşyga goýberilmegi we baha mөçberleriniň üýtgemegi ýaly ýөnekeýje bir amal däl. Denominasiýa geçirmek üçin gurnama we sazlaşdyrma çäreleriniň birnäçesini geçirmek zerur. Bu hem Türkmenistanyň Merkezi bankynyň abraý bilen hөtdesinden geljek wezipesi bolup durýar. Ýөne denominasiýa barada gürrüň edilende “täze dolanyşyga goýberiljek manat hem hümmetsizlenermikä?” diýen sorag ýüze çykýar. Biziň pikirimizçe bu soraga dolanyşyga goýberiljek täze manada beýle bir hop abanmaz diýip arkaýyn aýdyp bileris. Sebäbi garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistan sarp ediji milletlikden çykyp, өndüriji millete өwrüldi. Geçirilen ykdysady reformalar netijesinde ýurtda өsüş gazanyldy, halkyň hal ýagdaýy has hem gowulaşdy we geçirlen pul-karz syýasatynyň netijesinde esasy makrogөrkezijileriň biri bolan hümmetsizlenmek derejesi aşakladyldy. Bu zatlaryň ählisi өz gezeginde manadyň satyn alyjylyk ukybynyň ýokarlanmagyny üpjün eder. Dünýä arenasynda Türkmenistanyň abraýy has hem artýar, ýurdumyzyň bank ulgamy dünýäniň maliýe institutlarynyň ynamdar hyzmatdaşy bolar.

Dolanyşyga giriziljek täze manat Hormatly Prezidentimiziň buýrugy bilen Beýik Britaniýanyň “De La Rue Internasional Limited” Kompaniýasy tarapyndan taýýarlamak bilen ýedi kagyz banknody gөrnüşinde 1,5, 10, 20, 50, 100 we 500 manat hümmetinde bolar. Täze manta bilen birlikde gadymy ýadygärliklerimiziň hem-de Dөwlet Tugrasy, Garaşsyzlyk we Bitaraplyk binalarynyň keşpleri şekillendirilen milli teňňelerimiziň alty gөrnüşi dolanyşyga goýberiler. Täze manadyň dolanyşyga goýberilmegi 2009-njy ýyldan amala aşyryljakdygyna seretmezden halk eýýäm bahalary nolsyz gөrnüşde ulanyp başlady.

Taryhyň sahypalarynda galan bir ýylyň içinde Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzda aşyrylýan reformalaryň, өzgertmeleriň we täze başlangyçlaryň gymmaty, beýikligini ulaldyp beýan etmäge zerurlyk ýok. Muňa eýýäm 2007-nji ýylda gazanylan makroykdysady gөrkezijilere geçirilen seljermäniň netijesine seretmek bilen hem arkaýyn aýdyp bolýar. Esasan hem geçirilýän ykdysady өzgertmeleriň ýerlikliligi, olaryň miwe berip başlamagy ýurdumyzyň ertiriniň has aýdyň boljakdygyna ynam dөredýär. Dünýä arenasynda Türkmenistanyň tutýan orny, milletiň abraýy BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 62-nji sessiýasynda Hormatly Prezidentimiziň beýik münberinden eden çykyşynda hem өz ornuny tapdy. Dünýä ykdysadyýetiniň globallaşan dөwründe halkara bazarlarda emele gelen ýagdaýlara monitoring gurnamaklyga we geljegini өwrenmeklige uly üns berildi. Bu zatlar hem өz gezeginde dünýä ykdysadyýetiniň milli ykdysadyýetimize edip biljek täsirlerini өwrenmek arkaly ýurdumyzyň global ykdysadyýete integrasiýasynyň makroykdysady aspektleriniň hemme taraplaýyn seljermesine mümkinçilik dөredýär. Şeýle hem gaýry ýurtlaryň tejribeleri өwrenilip, olaryň gөçürilmegi däl-de, geçirilýän reformalarda we milli manadymyzyň hümmetini berkidilmegine alnyp barylýan işler өz ýurdumyzyň aýratynlyklarynyň nazara

alynmak arkaly durmuşa ornaşdyrylmagy, dünýäde deňi taýy bolmadyk milli ýөrelgeleri bolan Türkmenistanyň durmuş-ykdysady өşüşi bilen өzara sepleşip gidýär.

*Hormatly Prezidentimiziň buýrugy bilen Beýik Britaniýanyň "De La Rue International Limited" Kompaniýasy tarapyndan taýýarlanylan täze pul banknotlary:*




## 2.4. Galkynyş zamanasynda pul ulgamynyň ykdysady ösüşdäki orny.

Garaşsyzlygymyzyň ilkinji günlerinden başlap Türkmenistan döwletimiz milli ýoluny saýlap almak bilen, bazar ykdysadyýetiniň türkmen nusgasy bilen ösüş ýoluna düşdi. Hormatly Prezidentimiziň başda durmagy bilen Garaşsyz baky Bitarap Türkmen Döwletimiziň halk hojalygynyň ähli pudaklarynda düýpli özgertmeleriň başy başlandy. Bu öz gezeginde köp ugurly ykdysady reformany geçirmekligi we ähli ykdysady gurallaryň, şonuň ýaly-da tutuş ykdysady ulgamyň işjeňlik derejesini ýokarlandyrdy.

Ýurdumyzda geçirilýän ykdysady reforma öz gezeginde ýokary depginli ösüşi, ýurdumyzyň maliýe durnuklylygyny, şonuň ýaly hem ilatyň ýokary ýaşaýyş-durmuş şertlerini üpjün etdi.

Hormatly Prezidentimiziň kesgitlän ýokary sepgitlerine ýetmeklikde beýleki ykdysady gurallar bilen bir hatarda türkmen manadyna aýratyn orun degişlidir. Diňe ýurtda hereket edýän milli pulumyz durnukly, hümmetli, berk bolanda bellenilen maksatnamalary amal etmeklik mümkin bolýar    Puluň ykdysady ösüşe edýän täsiri öňi bilen onuň ýerine ýetirýän wezipeleriniň üsti bilen amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň milli ykdysadyýetini berkitmek, mili puluň daşary yurt pullary baradaky ýeke-täk hümmetini saklamak, manadyň içki ýörgünligini üpjün etmek, bank hyzmatlaryny kämilleşdirmek we kabul edilen maliýe borçnamalarynyň wagtynda ýerine ýetirilmegini üpjün etmek maksady bilen, Hormatly Prezidentimiziň 2008-nji ýylyň maýynda “Daşary ýurt puluň hümmetini kadalaşdyrmak we milli puluň ýeke-täk hümmetini saklamak boýunça esasy çäreler hakynda” Karar kabul etdi. Oňa laýyklykda, Türkmetistanyň Bankara walýuta biržasy hakyndaky Düzgünnamasy we Birža söwdasynyň kadalary tassyklanyldy. Şeýle hem, Türkmenistanyň Merkezi bankyna daşary yurt pulundaky girdejiniň bir bölegini hökmany satylmagy üçin öwezini dolmagyň manatda wagtynda geçirilmegini üpjün etmek we daşary ýurt puluny satyn almak amallaryny amala aşyrmak tertibiniň berjaý edilişine we serişdäniň maksatlaýyn peýdalanylyşyna gözegçilik etmek tabşyryldy.

Häzirki wagtda Türkmenistan boýunça daşary ýurt pullarynyň jemi 176 sany alyş–çalş nokady işleýär. Olar Türkmenistanyň ygtyýarly edilen bankarynda, welaýat, etrap şahamçalarynda, Aşgabat şäheriniň hem welaýatlarynyň howa we demir ýol menzillerinde, şeýle hem ýurduň iri söwda merkezlerinde, bazarlarynda we myhmanhanalarynda bökdençsiz işleýär. Şeýle hem, alyş – çalyş nokatlarynyň 8 sanysy ýurduň dürli künjeklerinde gije – gündiz işleýär.

Milli manadyň daşary ýurt walýutasyna görä durnukly hümmetini saklamaga mümkinçilik berýändigi we alyş – çalyş nokatlarynyň bökdençsiz işlemegi üçin serişdeleriň ýeterlikligi döwletimiziň maliýe syýasatynyň oýlanşykly düzülmegini we dogry alyp barylýandygyny ýene-de bir gezek tassyklaýar.

Türkmenistanyň Hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň beýik Galkynyş eýýamynda öňe süren “Döwlet adam üçindir!“ ýörelgesine eýerip, amala aşyrylýan syýasatyň her bir raýatyň durmuşunda anyk duýulmagy bilen baglanyşykly

syýasy, ykdysady, sosial we medeni çäreleriň biri-de milli manadymyzyň denominasiýasynyň geçirilmegidir.

Bu çäräniň geçirilmegi ýurtda pul aýlanşygynyň durnuklaşdyrylmagynda aýratyn ähmiýete eýedir. Ykdysadyýetde pul aýlanşygyny tertipleşdirmek we onuň durnuklylygyny gazanmak üçin dürli usullar ulanylyp bilner. Olarda has ýörgünlileri şu aşakdaky şekilde görkezilendir.

2.4.1- Şekil



Defilýasiýa – artyk kagyz pullaryň dolanşykdan aýrylmagy arkaly pul massasynyň azaldylmagy;

Nullifikasiýa – köne pul nyşanlarynyň ýok edilmegi we täze kagyz pul nyşanlarynyň (azaldylan mukdarda) goýberilmegi;

Denominasiýa – pul birlikleriniň gymmatynyň üýtgedilmegi, ýagny pul nyşanlarynyň narasitel gymmatynyň belli bir mynasybet boýunça täze pul birliklerine çalşylmagy;

Dewalwasiýa – pul birliginiň metal hümmetiniň azaldylmagy ýa-da kagyz nyşanlarynyň hümmetiniň metala ýa-da bolmasa daşary ýurt gyzyl puluna görä hümmetiniň peseldilmegi;

Restawrasiýa – pul birliginiň metal hümmetiniň artdyrylmagy ýa-da kagyz nyşanlarynyň hümmetiniň metala ýa-da bolmasa daşary ýurt gyzyl puluna görä hümmetiniň ýokarlandyrylmagy;

Bu usullaryň hemmesi pul aýlanşygynyň taryhynda giňden ulanylandyr. Täze pul ulgamynyň berkarar bolmagyna eltýän pul özgertmeleri döwletleriň dagan ýa-da garaşsyzlygyny gazanan döwürlerinde amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanyna laýyklykda, ykdysady reformalaryň çäklerinde, 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan milli manadymyzyň gymmatynyň üýtgedilen görnüşi dolanşyga girizildi, ýagny köne nusgadaky 5000 manat täze nusgadaky 1 manada deň möçberde bellenildi. Şeýlelik bilen Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan 1,5,10,20,50,100 hem-de 500 manatlyk kagyz pullar bilen bir hatarda 1,2,5,10,20,50-lik şaýy pullary (teňňeleri) dolanşyga girizildi.Durmuşa geçirilýän pul reformasynyň möhüm aýratynlyklarynyň biri milli pul nyşanlarynyň goraglylygynyň we nominal düzüminiň halkara standartlaryna laýyk getirilmegidir. Pul banknotynda gorag elementleri ulanylanda ýurduň howa şertleri, pul aýlanyşygynyň tertibi, dürli görnüşlerdäki galplaşdyryş howpunyň bolup bilmegi, dürli hümmetleri bolan banknotalardaky gorag elementlerini tanamagyň kesgitli derejesi, banknotanyň rejeli ölçegi ýaly ýagdaýlar hasaba alyndy. Meselem, banknotanyň her bir indiki nominaly öňküsine görä uzynlygyna 6 millimetr we inine 3 millimetr uludyr. Reňkleriň utgaşygy

islendik bahaly banknotanyň keşbi göze ýakymly we ýeňillik bilen tanap bolar ýaly edilip saýlanandyr. Geliň şu ýerde täze dolanyşyga girizilen banknotlara seljerme bereliň.

## Gorag elementleri

### Ýüz tarapy

4 5 3 2 1




1 Suw belgisi
2 Özara utgaşýan şekiller
3 Elektrotip
4 Göreşleri pes adamlar Üçin alamat (D-PLEKS)
5 Glogramma

### Arka tarapy

4 3 2 1




1 Digir-digir çap ediş
2 Özara utgaşýan şekiller
3 Mikroşriftler
4 Gorag sapagy

Göreşleri pes adamlar
Üçin alamat (D-PLEKS)
Banknotyñ ýüz tarapynda elläniñde gowy
tapawutlandyrýan galyñ digir-digir alamatlar



Digir-digir çap ediş
Elläniñde bildirýän galyñ boýagdan
ýasalan gorag alamaty



Özara utgaşýan şekiller
Ýagtylyga tutup syn edilende banknotyñ
ýüz we arka tarapynda Çap edilen şekilleriñ
aýry bölekleri biri-biri bilen özara utgaşyp
bitewi “100” sany emele getirýär.



Gorag sapagy
Reñki üýtgeýän «100 MANAT»Ýazgyly ini
2mm-lik görnüşli gorag sapagy



Elektrotip
Elektrotipýagtylyga tutup syn edilende dury görünýän ýarymaýyñ we bäи sany ýyldyzyñ şekillerinden,banknotyñ gymmaty bolan «100» sa belgisinden durýar.



Suw belgisi
Suw belgisi gapma –garşylykly açyk we goýy reñkli,ýagtylyga tutup syn edilendeaýdyñ görünýän Oguzhan Türkmeniñ şekilidir.



Mikroşriftler
Çap etmegiñ dürli görnüşlerinde ýetirlen, birnäçe ulaldylanda görünýän gaýtalanýan ýazgylaryñ ýa-da sanlaryñ mikroýazgylary.




Gologramma



Bir söz bilen aýdylanda, täze banknotalarda we teňňelerde çeperçilik mazmunynyň, tehniki ýerine ýetirişiň we ýurdumyzyň gözel keşbini janlandyrmagyň utgaşdyrylmagyny gazanmak başartdy. Täze banknotalar Türkmenistan hakynda gadymy taryhly ýurt hökmünde, döredijilikli zähmet bilen meşgul we geljege tarap okgunly barýan ýurt hökmünde gowy düşünje berýärler.

Halkara maliýe guramalaryň, şol sanda Halkara Pul Gaznasynyň hünärmenleri pul-karz we walýuta syýasaty babatynda milletiň Baştutany Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýolbaşçylygy astynda durmuşa geçirilýän syýasatyň netijelerine örän ýokary baha berdiler.

Türkmenisdanda geçirilýän pul reformasynyň çäklerinde 2010-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap 1 we 2 manatlyk täze şaýy pullar dolanşyga goýberildi. Munuň özi milli pul birliginiň amala aşyrylýan reformasynyň logiki dowamy boldy. Düzümi metallaryň birnäçesiniň, ýagny, latunyň, nikeliň we misiň garyndysyndan durýan bu şaýy pullar Beýik Britaniýanyň Korollyk zikgehanasynda ýasalandyr. Dünýä tejribesiniň görkezişi ýaly, metaldan ýasalan teňňeleriň hyzmat ediş möhleti 25-30 ýyla deňdir, şol bir wagtyň özünde kagyz pullaryňky bir ýyldanam az bolýar. Nagt pul aýlanyşygynda dynuwsyz hereket edýändigi üçin kagyz pullar, aýratynam ownuk kagyz çalt könelişe sezewar bolýar. Şeýlelikde, şaýy pullaryň dolanyşyga girizilmegi bilen esli möçberdäki döwlet serişdeleri tygşytlandy. Hümmeti 1 manada deň bolan kagyz pullaram aýlanyşykda 1 manatlyk şaýy pullar bilen birlikde ulanylar.

Türkmenistanyň pullarynyň gorag we nominal düzüminiň halkara standartlaryna laýyk getirilmegi pul reformasynyň esasy wezipeleriniň biridir. Şunuň bilen baglylykda denominirlenen nusgadaky pullary işläp taýýarlamak Türkmenistanyň öňden gelýän we ygtybarly hyzmatdaşy bolan “De La Rue International Limited” iňlis kompaniýasyna ynanyldy. Türkmen döwletiniň Baştutany tarapyndan tassyklanylan we 2009-njy ýylyň 1-nji ýanwarynda

dolanyşyga goýberilen banknotlarda dürli döwürlerde türkmen halkyna şöhrat getiren beýik taryhy şahsyýetler, Türkmenistanyň Döwlet tugrasy, kartasy, ýurdumyzyň taryhy–binagärlik ýadygärlikleri, şeýle hem türkmen paýtagtynyň häzirki binagärlik genji-hazynalary şekillendirildi. Degişli dünýä standartlaryny nazara almak bilen we iň täze tehnologiýalaryň esasynda ýasalan pullarda goraglylygyň ýokary derejesi bar, olar berk we peýdalanmak üçin amatly, muňa bolsa eýýäm türkmenistanlylar mynasyp baha berdiler.




Türkmenistanyň Merkezi bankynyň täze şaýy manatlaryň ikisi-de tegelek görnüşdedir. Hümmeti 1 manada deň bolan şaýy puluň gyrasy (gurty) zire -zire bolup, “Bir manat” diýlen ýazgy bilen zikgelenendir. Onuň içki bölegi misiň we nikeliň garyndysyndan, daşky halkasy bolsa nikeliň we latunyň garyndysyndan taýýarlanylandyr, diametric 27,0 millimetre, agramy 9,5 grama, galyňlygy bolsa 2,2 millimetre deňdir. Hümmeti 1 manada deň bolan şaýy puluň ýüz tarapynyň merkezinde ýerleşdirilen “1” san belgisiniň aşak ýanynda “manat” diýlen ýazgy bardyr. Daşky tegelek halkanyň ýokary böleginde “Türkmenistanyň Merkezi banky” diýlen ýazgy, aşaky böleginde bolsa, şaýy puluň goýberilen senesini aňladýan “2010” san belgisinden saga we çepe sazlaşykly gidýän türkmen milli nagyşlarynyň bäşisi şekillendirilendir.

Hümmeti 2 manada deň bolan şaýy puluň gyrasyna bolsa, sekizburçlugyň şekilleri oýulyp zikgelenendir. Içki bölegi nikeliň we latunyň garyndysyndan, daşky halkasy misiň we nikeliň garyndysyndan taýýarlanylandyr, diametri 28,0 millimetre, agramy 11,0 grama, galyňlygy bolsa  2,4 millimetre deňdir. Hümmeti 2 manada deň bolan şaýy puluň ýüz tarapynyň merkezinde ýerleşdirilen “2” san belgisiniň aşak ýanynda “manat” diýlen ýazgy bardyr.

| Hümmeti | Görnüşi | Gyrasy (gurty) | Diametri | Agramy | Materialy | Galyňlygy |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 Manat | Tegelek | Zire-Zire BIR MANAT ýazgyly | 27.0 mm. | 9.5 gr. | **Içki tegelek ŇuNi** (mis bilen nikeliň ergini) **Daşky halka NiBr** (Nikel bilen latunyň ergini) | 2.2 mm |
| 2 Manat | Tegelek | Zire-zire Sekiz burçlyk şekillendirilen | 28.0 mm. | 11.0 gr. | **Içki tegelek NiBr** (Nikel bilen latunyň ergini) **Daşky halka ŇuNi** (mis bilen nikeliň ergini) | 2.4 mm |

Daşky tegelek halkanyň ýokary böleginde “Türkmenistanyň Merkezi banky” diýlen ýazgy, aşaky böleginde şaýy puluň goýberilen senesini aňladýan “2010” san belgisinden saga we çepe sazlaşykly gidýän türkmen milli nagyşlarynyň üçüsi şekillendirilendir.

Şaýy manatlaryň ikisiniň hem arka tarapynyň merkezinde Türkmenistanyň kartasy we Garaşsyzlyk binasy şekillendirilendir. Daşky tegelek halkanyň ýokary böleginde “Garaşsyz Bitarap Türkmenistan” diýlen ýazgy, aşaky böleginde bolsa Türkmenistanyň Döwlet baýdagyndaky haly gölleriniň bäşisi ýerleşdirilendir.

2009-njy ýylyň noýabyrynda ýurdumyzyň esasy maliýe resminamasy, ýagny 2010-njy ýyl üçin Döwlet býujeti kabul edildi. Ol ähli pudaklary önjeýli ösdürmegiň we ýurduň ykdysadyýetine goýulýan maýa goýumlaryny artdyrmagyň hasabyna ykdysadyýetiň ösüş depginleriniň ýokary bolmagyny dowam etdirmeklige gönükdirilendir. Döwlet býujetiniň çykdajylarynyň 74 göterimden gowrak bölegini sosial ulgamy ösdürmäge gönükdirmekligiň göz öňünde tutulýandygyny belläp geçmek gerek. Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanyna laýyklykda iş hakynyň, pensiýalaryň, hemaýat pullarynyň we

talyp haklarynyň möçberleri 10göterim ýokarlandyryldy. Bularyň hemmesi Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan pul-karz, monetar syýasatlary meýilnamalaşdyrylanda nazara alynar.

## Bap 3. Türkmenistanyň bank ulgamyna häsiýetnama.

### 3.1. Bank ulgamy

Ýurtda banklaryň sanynyň ýeterlik, şeýle hem käbir bank amallaryny ýerine ýetirýän ykdysady guramalaryň bolmagy, bank ulgamynyň kemala gelendigine şaýatlyk edýär. Bulardan başga-da bank ulgamyna bank amallaryny ýerine ýetirmeýän, ýöne banklaryň we karz guramalarynyň hereket etmegini üpjün edýän ýöriteleşdirilen guramalar, ýagny hasaplaşyk–kassa we klirinig merkezleri, bank auditiniň firmalary, bankyň gymmatly kagyzlary bilen işleşýän dellalçylyk firmalary, bank reýtingini kesgitleýän ýörite enjamlar, maglumatlar we hünärmenler bilen üpjün edýän guramalar we ş.m. girýärler.

Bank ulgamy ýurduň ykdysady ulgamyna onuň düzüm bölegi hökmünde girýär. Bu öz gezeginde bank işiniň we onuň ösüşiniň önümçilik, dolanyşyk we sarp edişi bilen berk baglanyşyklydygyny aňladýar. Banklar öz iş tejribesinde hojalyk işini kadalaşdyrmagyň umumy mehanizimine girmek bilen, býujet, salgyt, nyrh emele gelmek ulgamlary, şeýle hem nyrh we girdejiler syýasaty, daşary ykdysady gatnaşyklaryň şertleri bilen özara baglanyşykly hereket edýärler. Şonuň üçin ýurduň durmuş ykdysady özgertmelerindäki öňe gidişikler köp babatda bank ulgamynyň işine, onuň jemgyýetçilik–hojalyk mehanizminiň beýleki böleklerine aralaşmak ukybyna baglydyr.

Ýurtda hereket edýän banklar ***bir derejeli*** we ***iki derejeli*** guramaçylyk görnüşinde bolup biler.

Banklaryň ***bir derejeli*** guramaçylyk görnüşi ýurtda entek Merkezi bank emele gelmedik ýa-da diňe Merkezi banklar bar bolan ýagdaýynda hereket edip biler. Bu ýagdaýda bank ulgamy hakyndaky düşünje doly bolmaýar. Bank ulgamy bazar ykdysadyýetiniň ösen bölegi hökmünde diňe ***iki derejeli*** bolup biler. Birinji, ýokarky dereje Merkezi bankdyr. Ikinji, aşaky dereje täjirçilik banklary we karz guramalarydyr.

Bank ulgamy aşakdaky häsiýetleri we alamatlary bilen tapawutlanýar:

1. Bank ulgamy **köpdürliligiň, bölekleriň jeminiň tötänligi däldir.** Bank ulgamyna bazarda hereket edýän, ýöne başga maksatlara tabyn edilen subýektleri goşmak bolmaýar.
2. Bank ulgamy özboluşlydyr. Halk hojalygynda hereket edýän beýleki ulgamlardan tapawutlylykda, bank ulgamy diňe özüne häsiýetli bolan alamatlary aňladýar. **Bank ulgamynyň özboluşlylygy onuň düzüm bölekleri we olaryň arasyndaky gatnaşyklar bilen kesgitlenilýär.**

**Bank ulgamynyň düýp manysy diňe onuň düzüm bölekleri däl-de, eýsem olaryň özara täsiri bilen hem aňladýar.**

Tejribede bank ulgamynyň birnäçe görnüşleri bar:

- merkezleşdirilip paýlanylýan bank ulgamy;
- bazar bank ulgamy;
- geçiş döwrüniň bank ulgamy.

Merkezleşdirilen bank ulgamynyň tersine bazar bank ulgamy döwlet tarapyndan banklara bolan ýekemenligiň aradan aýrylandygy bilen häsiýetlendirilýär. Iki ulgamyň biri–birinden aýratynlygy aşakdaky ýalydyr
:

**3.1.1-nji tablisa**

| ***Merkezileşdirilen (paýlanylýan) bank ulgamy*** | ***Bazar bank ulgamy*** |
|---|---|
| *I. Eýeçiligiň görnüşi boýunça* | |
| Döwlet banklaryň ýeke-täk eýesi | Banklaryň köp görnüşli eýeçilikleri |
| *II.Ýekemenligiň derejesi boýunça* | |
| Banklaryň emele gelmeginde döwlet ýekemenligi | Banklara döwlet ýekemenligi ýok, islendik ýuridiki we fiziki taraplar öz banklaryny döredip bilýärler. |
| *III. Ulgamyň derejesiniň sany boýunça* | |
| Bir derejeli bank ulgamy | Iki derejeli bank ulgamy |
| *IV. Ulgamy dolandyrmaklygyň häsiýeti boýunça* | |
| Merkezleşdirilen (dikleýin) dolandyrmaklygyň nusgasy | Merkezleşdirilmedik (keseleýin) dolandyrmaklygyň nusgasy |
| *V. Bank syýasatynyň häsiýeti boýunça* | |
| Ýeke-täk bankyň syýasaty | Dürli banklaryň syýasatlary |
| *VI. Banklaryň döwlet bilen özara gatnaşyklarynyň häsiýeti boýunça* | |
| Banklaryň borçlaryna döwlet jogap berýär. | Banklaryň borçlaryna döwlet jogap bermeýär, şonuň ýaly hem döwlet borçnamalary boýunça banklar jogap bermeýär. |
| *VII. Tabynlyk häsiýeti boýunça* | |
| Banklar hökümete tabyndyrlar, onuň işjeňligine garaşlydyrlar. | Türkmenistanyň MB Prezidente we Mejlise hasabat berýär, täjirçilik banklary hökümete däl-de, öz paýdarlaryna hasabat berýärler. |
| *VIII. Emissiýa we karz ammallarynyň ýerine ýetirilişi boýunça* | |
| Karz we emissiýa amallary bir bankda jemlenendir. | Emissiýa amallary diňe TMB-da, kärhanalary we fiziki taraplary karzlaşdyrmak boýunça geçirilýän amallar diňe täjirçilik banklarynda jemlenendir. |

| *IX. Bank ýolbaşçylaryny bellemekligiň usuly boýunça* | |
|---|---|
| Bankyň ýolbaşçysy Merkezi ýa-da we ýokarda durýan dolandyryş guramalary tarapyndan bellenilýär. | TMB – niň ýolbaşçysy Prezident tarapyndan bellenilýär, täjirçilik banklarynyň başlyklary onuň Mejlisi tarapyndan bellenilýär. |

**Türkmenistanyň häzirki zaman bank ulgamy geçiş döwrüniň bank ulgamydyr.**_Ol bazar nusgasynda çykyş edip, iki derejä bölünen. Birinji dereje Türkmenistanyň Merkezi bankyny öz içine alýar. Türkmenistanyň Merkezi banky puly dolanyşyga goýberýär (emisiiýa edýär). Onuň esasy wezipesi manadyň durnuklylygyny üpjün etmek, täjirçilik banklarynyň işine gözegçilik etmekden ybaratdyr. Ikinji derejä Türkmenistanyň täjirçilik bank ulgamy degişlidir. *Täjirçilik banklarynyň esasy wezipesi* müşderilere hyzmat etmek (kärhanalara, guramalara, ilata), olary karzlaşdyrmak hem-de hasapçylyk, maýa goýum, walýuta amallaryny ýerine ýetirmekdir.

Bank ulgamy geçiş döwrüniň ulgamyna degişlidir. Ol bazar bank ulgamynyň düzüm böleklerini özünde jemleýär, ýöne olaryň özara täsiri ýeterlik derejede ösen däldir. Ol ýa-da beýleki ulgamyň nähili hem bolsa özünden ozalky ulgamdan gelip çykandygy mälimdir. Şonuň üçin ol geçmişiň kemçiliklerini özünde saklaýar. Bank ulgamy merkezleşdirilen ulgamdan gelip çykýar, geçiş döwrüniň şertlerine öwrenişýär, Türkmenistanyň şertlerinde bazar nazaryýeti bilen ”üsti doldurulýar”. Bank ulgamynyň düzüm böleklerinde olaryň özara täsiri bazar ykdysadyýetiniň aýratynlyklaryna we şertlerine laýyk gelmelidir.

3. **Bank ulgamyny bütünleýin bir bütewilige tabyn edilen bölekleriň köpdürlüligi hökmünde göz öňüne getirmek mümkin. Bank ulgamynyň aýry- -aýry bölekleri (ayratyn banklar) biri-biri bilen baglanyşykly bolup, eger zerurlyk ýüze çykan ýagdaýda biri beýlekisiniň ornuny tutup bilýär.** Bir bankyň ýapylan ýagdaýynda, tutuş bank ulgamy iş ukyplylygyny ýitirmeýär. Bank amallaryny we hyzmatlaryny ýerine ýetirýän başga bir bank peýda bolýar.

4. Bank ulgamy **hereketsiz ýagdaýda bolmaýar, onuň tersine mydama ösüşde bolýar.** Bu ýerde iki ýagdaý ýüze çykýar.

Birinjiden, bank ulgamy bütewilik hökmünde hemişe hereketde bolýar, ol **täze düzümler bilen doldurylýar we kämilleşdirilýär.**

Ikinjiden, bank ulgamynyň içinde hemişe täze aragatnaşyklar ýüze çykýar. Özara baglanyşyk Merkezi bank bilen täjirçilik banklarynyň arasynda, şeýle hem täjirçilik banklarynyň öz aralarynda ýüze çykýar.

5. Bank ulgamy **”ýapyk” görnüşli ulgamdyr.** Doly manyda oňa ýapyk diýip bolmaýar, sebäbi ol daşky gurşaw bilen özara baglanşykda bolýar. Ondan başga-da, ulgam täze düzüm bölekleri bilen doldurylýar. Şeýle-de bolsa ol ”ýapyk” ulgamdyr, çünki banklaryň arasyndaky maglumat alyş-çalşygyna we Merkezi banklar tarapyndan ýörite statistiki ýygyndylaryň çap edilmegine garamazdan bankyň **”gizlin syry”** bardyr. Kanun boýunça banklaryň hasaplardaky pul galyndylary we olaryň hereketi baradaky maglumatlary bermäge hukuklary ýokdur.

6. Bank ulgamy **”öz-özüni guraýjydyr”,** sebäbi ykdysady, syýasy ýagdaýlaryň üýtgemegi bank syýasatynyň öz-özünden üýtgemegine getirýär.

7. Bank ulgamy **dolandyrýan ulgam hökmünde çykyş edýär.** Merkezi bank, garaşsyz pul-karz syýasatyny geçirmek bilen, dürli görnüşlerde diňe Mejlisiň öňünde hasabat berýär. Täjirçilik banklar ýuridiki tarap bolmak bilen, bank kanunçylygy esasynda hereket edýärler, bank işi Merkezi bank tarapyndan bellenilýän ykdysady kadalaşdyryjylar esasynda düzgünleşdirilýär, Merkezi bank karz institutlaryna gözegçilik edýär.

Bu alamatlaryň hemmesi Türkmenistanyň bank ulgamyna hem mahsusdyr, ol häzirki wagtda geçiş döwrüniň ulgamy bolmak bilen **ösýän ulgamdyr**.

Bank ulgamynyň düzümleriniň arasyndaky özara gatnaşyk barha köptaraplaýyn häsiýete eýe bolýar. Onuň kadalaşdyryjy binýady kämilleşýär.

***Bank ulgamynyň alamatlary:***

- kesgitlenen bütewilige tabyn edilen, ýeke-täk maksatlara eýerýän düzüm bölekleri öz içine alýar;
- özüne mahsus häsiýetleri bar;
- düzüm bölekleri özara birek-biregi çalyşmaga ukyply;
- ösýän ulgam;
- ýapyk ”ulgam” görnüşinde çykyş edýär;
- öz-özüni kadalaşdyrýan ulgamyň häsiýetine eýe;
- dolandyrylýan ulgam.

Bank ulgamy ykdysady ulgamyň düzüm bölegi bolmak bilen, umumy we aýratyn bank kanunlarynyň çäginde hereket edýär, jemgyýetiň umumy hukuk kadalaryna tabynlaşdyrylýar.

## 3.2. Bank ulgamynyň düzüm bölekleri

Tejribede köpgörnüşli banklar hereket edýärler. Ol ýa-da beýleki ölçege baglylykda banklar aşakdaky ýaly toparlanýarlar.

**Eýeçiligiň görnüşi boýunça** banklar döwlet, paýdarlar, kooperatiw, hususy we garyşyk görnüşlere bölünýärler. Döwlet eýeçilige, köplenç, Merkezi bank degişlidir. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň maýasy (kapitaly) döwlete degişlidir. Biziň ýurdumyzyň bank ulgamynyň düzüm bölekleriniň ýene-de bir aýratynlygy, ikinji derejeli döwlet täjirçilik banklarynyň maýalary döwlet serişdeleriniň hasabyna döredilýär.

Bazar hojalygynda täjirçilik banklar, köplenç, hususydyrlar (halkara terminologiýasy boýunça **”hususy bank”** düşünjesi aýratyn adamlara degişli bolan banklary aňlatman, eýsem paýdarlar we kooperatiw banklary aňladýar).

Kanuna laýyklykda köp ýurtlaryň milli bank bazarlarynda daşary ýurt banklarynyň hereket etmegine ýol berilýär. Käbir ýurtlarda (Fransiýada we beýlekilerde) daşary ýurt banklarynyň hereket etmegi çäklendirilmeýär. Türkmenistanda, Orsýetde, Kanadada daşary ýurt banklary üçin bellenilen giňişlik girizilýär, onuň çäklerinde daşary ýurt banklary öz amallaryny ýerine ýetirip bilýärler. Türkmenistanda daşary ýurt banklarynyň jemi maýasy ***15 göterimden ýokary*** bolmaly däl.

***Hukuk gurluşy boýunça*** banklar jogapkärçiligi çäklendirilen jemgyýetiň açyk we ýapyk görnüşlerine bölünýärler. Daşary ýurt banklarynyň işine hem rugsat berlen, şeýle hem türkmen-türk bilelikdäki bankyň işine ygtyýarnama berlen.

***Ýerine ýetirýän wezipeleri boýunça*** banklary emission, depozit we täjirçilik banklaryna bölmek bolýar.

Merkezi banklar emission banklardyr, olaryň wezipesi dolanşyga nagt pul goýbermekdir. Olar aýrybaşgalaşan müşderilere hyzmat etmeýärler. Depozit banklar ilatyň süýşürintgilerini toplamaklyga ýöriteleşýärler. Bu banklar üçin depozit amallary (goýumlary kabul etmeklik) esasy amallaryň biridir. Täjirçilik banklary bank kanunçylygy tarapyndan ygtyýar berlen amallaryň ählisini ýerine ýetirýärler. Täjirçilik banklar bazar hojalygynyň bank ulgamynyň ikinji derejesiniň esasy özenini emele getirýär.

***Amallaryň häsiýeti boýunça*** banklar **köpugurly we ýöriteleşdirilen** görnüşlere bölünýärler. Köpugurly banklar bank hyzmatlarynyň tutuşlaýyn toparlaryny ýerine ýetirip bilýärler (mysal üçin, iş ugurlaryna garamazdan müşderlere hyzmat etmeklik). Ýöriteleşdirilen banklaryň hataryna Daşary ykdysady amallarynda, agrosenagat toplumyna hyzmat etmekde ýöriteleşýän, ipoteka we beýleki banklar girýär. Köpugurly banklardan tapawutlylykda ýöriteleşdirilen banklar amallaryň aýratyn görnüşleri boýunça ýöriteleşýärler.

Türkmenistanda, köplenç, köpugurly banklaryň ösüşiniň zerurlygy resmi yglan edilýär. Işiň köp ugurlylygy töwekgelçiligi köp ugra paýlamaga we derejesini peseltmäge ýardam berýär, müşderler üçin has amatly. Sebäbi ol bank önüminiň köpdürli görnüşlerine bolan islegi kanagatlandyrmaga ukyply diýlip hasap edilýär. Ýewropa ýurtlarynyň aglabasynda köpugurly banklara köp üns berilýär.

Dünýä tejribesiniň şaýatlyk etmegine görä, banklar köpugurlylyk görnüşinde, şeýle hem ýöriteleşen ugurlar boýunça ösüp bilýärler. Ýagdaýlaryň ikisinde hem banklar gowy peýda gazanýarlar we haýsy ugura artykmaçlyk berilmelidigi baradaky soraga diňe müşderiler jogap berip bilerler.

Hyzmat edýän pudaklaryna baglylykda hem banklar görnüşleri boýunça toparlanýarlar. Bu banklar köp pudaklaýyn bolup, esasan, haýsam bolsa bir pudaga hyzmat edýärler (ulag we aragatnaşyk, senagat, oba-hojalygy we beýlekiler). Türkmenistanda köp pudaklaýyn banklar agdyklyk edýärler. Olar öz gezeginde bank töwekgelçiligini peseltmek nukdaýnazaryndan has amatlydyr. Şunuň bilen birlikde ýurdumyzda pudaklara degişli kärhanalaryň topary tarapyndan döredilen banklar hem hereket edýärler. Olar, esasan, özleriniň döredijilerine hyzmat edýärler. Bu banklaryň karzlary yzyna gaýtarmazlyk töwekgelçilikleri mese-mälim ýokarydyr.

***Şahamçalaryň sany boýunça*** banklar şahamçasyz we köp şahamçaly bolýarlar. Türkmenistanda has köp şahamçasy bolan banklar Türkmenistanyň ”Daýhanbank” döwlet täjirçilik banky we Türkmenistanyň ”Halkbank” döwlet täjirçilik banklarydyr. Tutuş Türkmenistan boýunça 2008-nji ýylda 11 sany täjirçilik banky we olaryň 120 şahamçasy bardy. Ortaça her bir täjirçilik bankyna (esasan, 5 banka) 20-24 şahamçadan düşýärdi.

***Hyzmat edýän sferasy boýunça*** sebitleýin, sebitara, milli we halkara banklaryny tapawutlandyrýarlar. Sebitleýin banklar haýsy hem bolsa ýerli bir sebite (welaýata) hyzmat edýärler.

***Işiň möçberi boýunça*** kiçi, orta, iri bank konsorsiumlary, bankara birleşikler bolýarlar.

Käbir ýurtlatrda ownuk karz guramalary hereket edýärler. Olara karz- - süýşürintgiler banklary, gurluşyk süýşürintgi kassalary, karz kooperasiýalary we ş.m. degişlidir.

***Maýasynyň (kapitalynyň) ululygy boýunça*** banklary aşakdaky ýaly toparlamak bolýar.

Täjirçilik banklarynyň düzüminde uly bolmadyk esaslyk maýaly karz guramalarynyň bolmagy, tutuşlygyna bank ulgamynyň ornuny berkitmeýär. Uly bolmadyk esaslyk maýaly banklaryň likwidlilik we amallarynyň möçberini köpeltmek meseleleriniň has köp ýüze çykýandygyny tejribe görkezýär.

Beýle diýildigi kiçi banklaryň bazarda hereket etmeli däldigini aňlatmaýar. Tersine dünýä tejribesiniň görkezişi ýaly, kiçi banklar kiçi önümçilik kärhanalary bilen üstünlikli işleşip bilýärler (iri banklar bu kärhanalardan gaça durýarlar, olar, köplenç, orta we uly müşderiler bilen işlemegi amatly hasaplaýarlar).

2008-nji ýylyň 1-nji dekabr ýagdaýyna banklaryň jemlenen jebislendirilen aktiwleriniň möçberi 37497.8 mlrd. manada deň boldy we geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 2 esse ýokarlandy, ýylyň başy bilen deňeşdirilende bolsa 59.4 göterim artdy.

Banklaryň hususy serişdeleri geçen ýyl bilen deňeşdirilende 64.1 göterim, ýylyň başy bilen deňeşdirilende bolsa 55.4 göterim artdy we 2293.8 mlrd. manada deň boldy. Banklaryň hakyky esaslyk maýalarynyň möçberi 1169.5 mlrd. manada deň bolup, 70.5 göterim artdy.

Bank ulgamynyň düzüm böleklerine bank infrastrukturasyny hem goşýarlar. Oňa bank işini üpjün edýän dürli görnüşdäki kärhanalar, agentlikler we hyzmat ediş gulluklary degişlidir. Bank infrastrukturasy maglumat, usulyýet, ylmy işgärler bilen üpjünçiligi, şeýle hem aragatnaşyk serişdelerini, kommunikasiýany we ş.m. öz içine alýar.

Bank ulgamynyň aýratyn düzüm böleginiň biri-de - ***bank kanunçylygydyr.*** Ol bank işini kadalaşdyrmaga gönükdirilendir. Häzirki wagtda Türkmenistanda bank işine gönüden-göni degişli bolan iki kanun hereket edýär. Muňa ”Türkmenistanyň Merkezi banky hakyndaky”, ”Täjirçilik banklary we bank işi hakyndaky” (1993ý.) kanunlar degişlidir. Bank kanunçylygynyň ulgamyna bank işiniň aýry-aýry ugurlaryny kadalaşdyrýan kanunlar toplumy hem, ýagny ”Türkmenistanda walýuta kadalaşdyrylyşy hakynda”, ”Bergidarlaryň batyp galmagy hakynda”, ”Haryt-çig mal biržalary hakyndaky”, ”Türkmenistanda gymmatly kagyzlar we gazna biržalary hakyndaky”, ”Erkin telekeçiligiň ykdysady zolaklary hakyndaky”, ”Türkmenistanyň pul birligi hakyndaky” we beýlekiler girýärler.

Bank ulgamy **bank bazary bolmasa** hereket edip bilmeýär. Bank bazarynda bank serişdeleri jemlenýärler, şeýle hem bank önüminiň söwdasy amala aşyrylýar. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda Türkmenistanda uly möçberlerde pul serişdelerini maýa goýum üçin toplamaklyk mümkin däldi, sebäbi köp kärhanalaryň maliýe ýagdaýlary ýaramazdy, olaryň hasaplaryndaky pul serişdeleriniň galyndysy ujypsyzdy. Bularyň ählisi bank ulgamynyň ösüşine päsgel berýärdi. Häzirki wagtda karz kartoçkalary, elektron tölegleri bilen baglanşykly hyzmatlaryň täze görnüşlerini ornaşdyrmak üçin Türkmenistanyň banklarynda işler giňden ýaýbaňlaşdyrylýar.

### 3.3. Bank ulgamynyň ösüşi

Bank ulgamynyň ösüşine birnäçe makroykdysady we syýasy şertler täsir edýärler. Olardan esasylary hökmünde aşakdakylary görkezmek bolar:

- haryt-pul gatnaşyklarynyň ösüş derejesi;
- jemgyýetçilik we ykdysady düzgün, onuň maksatlaýyn ugry we sosial gönükdirilmesi;
- kanunçylyk esaslar we aktlar;
- ykdysadyýetde bankyň orny we düýp manysy baradaky umumy düşunje.

Banklar, esasan, pul häsiýetli amallary ýerine ýetirýärler. Olar pul goýumlaryny kabul edýärler, pul karzlaryny berýärler, nagt we nagt däl görnüşlerde pul hasaplaşyklaryny geçirýärler. Şonuň üçin **haryt-pul gatnaşyklarynyň ösüş derejesi, söwdanyň, pul dolanyşygynyň ösüşi bank işiniň hem gerimini hem mazmunyny kesgitleýär.** Karz beriji öz-özünden bank bolup bilmeýär. Ol pul we söwda dolanyşyklarynyň ýeterlik derejede herekete girmegi bilen, haçan-da pul alyş-çalşygy, bank işi kärhananyň esasy işine öwrülende, bank işi söwdadan bölünip aýrylanda we işiň özbaşdak görnüşine geçende, karz beriji banka öwrülýär. Banklaryň ösüşine milli bazarlaryň halkara söwdasynyň ösüşi täsir edýär. Önümçiligiň ösmegi, haryt öndürijileriň arasyndaky alyş-çalşyň geriminin giňelmegi bilen bank hyzmatlaryna bolan isleg hem artýar.

Bank hojalygynyň umumy ýokary depginli ösüşi şol bir wagtyň özünde ***harby hereketler zerarly saklanmagy mümkin***. Uzaga çekýän ykdysady ýetmezçilikler hem bank ulgamyna oňaýsyz täsir edýärler.

**Jemgyýetçilik we ykdysady düzgün bank ulgamynyň häsiýetine gutulgysyz aralaşýar.** Eger jemgyýetde süýşürintgiler höweslendirilmese, banklar boş pul serişdelerini özüne çekip bilmeýärler. Eger haryt alyş- -çalşygynyň deregine önümleriň hökmany alynmagy girizilse, umumylykda bank işi höweslendirilmese, harytlaryň alyş-çalşygyna däl-de, onuň paýlanylmagyna artykmaçlyk berilse, onda karz guramalarynda ösmeklik üçin isleg döremeýär. Banklaryň ösüşine ýerli häkimlikleriň gadagan etmeleri hem täsir edýär. Ýerli häkimlikler beýleki banklaryň şahamçalarynyň açylmagy baradaky kararlaryň kabul edilişine öz täsirini ýetirip bilýärler.

Bank ulgamynyň ösüşine ol ýa-da beýleki ýurduň kanunçylyk binýady görnetin täsir edýär. Ozal bellenilişi ýaly, käbir ýurtlarda gymmatly kagyzlar bilen geçirilýän amallar, öz maýaňy kärhanyň maýasyna goýmaklyk gadagan edilýär. Ýurtlaryň käbirlerinde ätiýaçlandyryş işleri geçirmeklige ygtyýar berilmeýär. Birnäçe ýurtlaryň bank kanunçylygyna laýyklykda Merkezi banklar hojalyklara giňden hyzmat edip bilýärler, beýleki bir ýurtlarda olaryň esasy bir wezipesi-puly dolanyşyga goýbermekden we olaryň tölege ukyplylygyny berkitmekden ybaratdyr.

Bank kanunçylygy bank ulgamynyň ösüşine diňe gadagan etmeler bilen däl-de, eýsem kanun esasynda ol ýa-da beýleki pudagyň ösüşine ýardam berýän banklaryň açylmagyna hem täsir edýändir.

Ykdysadyýetde **bankyň orny we onuň düýp manysy hakyndaky umumy düşünjeler bank ulgamynyň ösüşine güýçli täsir edýär.** Merkezleşdirilen ulgamda bank döwlet dolandyryşynyň bir bölegi hökmünde, kärhanalaryň işine gözegçilik

edýän gurama hökmünde kabul edilýär. Şunuň bilen baglylykda bank nadstroýka (üstünden gurlan bölek) ornunda çykyş edýär, öz önümini döretmeýär diýlip düşünilýär. Bazar ykdysadyýeti şertlerinde banklar başga mazmuna eýedirler. Bank ulgamy iki derejeli häsiýete eýedirler, beýleki hojalyklarda bolşy ýaly eýeçiligiň dürli görnüşindäki banklar (hususy, kooperatiw, paýdarlar, ipoteka) hereket edýärler, ulgam has-da köp taraply bolýar, köp ugurly amallar we hyzmatlar jemgyýete hödürlenilýär.

**Bank ulgamynyň ösüşine diňe bir taryhy nukdaý nazardan däl-de, eýsem onuň häzirki zaman ýagdaýy boýunça hem baha bermek bolýar.** Bu ýerde hem birnäçe ýagdaýlary, şol sanda ykdysady ösüşi, bankara bäsleşigini we ş.m. göz öňünde tutmaly.

Bank önümine we bank hyzmatlaryna islegiň düýpli ýokarlanan ýagdaýynda bank ulgamy ***öz ösüşiniň aýratyn häsiýetine eýe bolýar.*** Bank amallarynyň geriminiň giňelmegi bilen bankyň girdejisi hem artýar, ol karz guramasyny ösdürmek üçin ulanylýar. Ykdysady ösüşiň döwründe ykdysady töwekgelçilikler peselýär, bank ulgamynyň işi durnukly häsiýete eýe bolýar. **Tersine, ykdysady ýetmezçilik şertlerinde bank ulgamynyň ösüşi durnuksyzlaşýar.** Banklaryň toplaýan serişdeleriniň möçberi üzül-kesil azalýar, bu bolsa banklaryň adaty amallarynyň kemelmegine getirýär. Banklar girdejiniň goşmaça çeşmelerini gözlemeli bolýarlar, töwekgelçilik ýokarlanýar, bank serişdeleriniň öndürijiligi bozulýar.

**Bank ulgamynyň ýagdaýyna we onuň gündelik ösüşine syýasy şertler hem täsir edýärler.** Bu ýerde döwletiň umumy syýasy ugry wajyp ähmiýete eýedir. Eger döwlet tarapyndan hususy eýeçiligiň, bazar gatnaşyklarynyň ösüşi ykrar edilse, onda bu ýagdaý hususy bank maýasynyň çekilmegine we ösmegine, karz guramalarynyň sanynyň artmagyna goldaw berýär. Döwlet syýasatynyň esasy mazmuny we gymmatlyklary aýdyň bolmadyk ýagdaýynda banklaryň ösüşi saklanylýar we maýanyň bir bölegi daşary ýurtlara geçirilýär. Banklaryň gündelik ösüsine ýurtda syýasy ýolbaşçynyň çalyşmagy hem täsir edýär. Täze syýasy we ykdysady maksatnamanyň bank maýasynyň bähbitlerine gabat gelmezligi mümkin, şuňa baglylykda banklar öz amallaryny ösdürmäge ymtylmaýarlar, halk hojalygyna maýa goýmaklygy saklaýarlar. Dünýä tejribesinde **ýörite-syýasy töwekgelçilikler** diýen düşünje bar. Oňa laýyklykda ýurtlar biri-birinden tapawutlandyrylýar. Syýasy töwekgelçiligiň reýtingi ýokary bolan ýurtlara halkara bank institutlary tarapyndan karz goldawyny bermeklik çäklendirilýär ýa-da düýbünden bes edilýär.

**Bank ulgamynyň ösüşine döwletiň gündelik ykdysady syýasaty hem täsir edip bilýär.** Merkezi bank milli institut hökmünde özüniň köpdürli gurallarynyň kömegi bilen aýratyn banklaryň hem-de tutuş bank ulgamynyň işini kadalaşdyrýar. Bank ulgamyny durnuklaşdyrmaklyga gönükdirlen syýasaty alyp barmak bilen, Merkezi bank täjirçilik banklardan özleriniň ätiýaçlyklaryny köpeltmeklerini talap edip bilýär. Olara goldaw görnüşinde gysga möhletli karzlary berýär ýa-da tersine, bank amallaryny geçirmek üçin berlen ygtyýarnamalary yzyna alyp bilýär, şahamçalaryň açylmagyny saklaýar. Merkezi bankyň syýasatyna laýyklykda täjirçilik banklary hem öz işini üýtgedýärler, maýa goýumlaryny artdyrýarlar ýa-da kemeldýärler, iş ugurlaryny kadalaşdyrýar-lar.

**Bank ulgamynyň ösüşini kesgitleýän esasy şertleriň biri, bankara bäsleşigidir.** Ýurtda abraýly özbaşdak banklaryň ýeterlik bolmagy onuň aýratyn

sebitlerinde kesgitli ýagdaýlary döredýärler. Bu ýagdaýda banklar müşderi ugrunda göreşmäge, hyzmatyň hilini gowulandyrmaga, hyzmatlaryň gerimini giňeltmäge, bazara täze önümleri hödürlemäge mejbur bolýarlar.

Bazara tarap ugur alan ýurtlarda bäsleşik bank ulgamynyň ösüşine ýardam berýär. Bu ýurtlaryň kanunçylygynda bank sferasynda ýetmezçiligiň döreýşiniň öňüni alýan ýörite düzgünnamalar bar, sebäbi ýekemenlik bäsleşigiň garşydaşy hökmünde bank bazarynyň ösmegine ýardam bermeýär.

**Bank ulgamynyň ösüşi bankyň peýdasyna çendenaşa salgyt salmaklyk, bank amallaryny işjeňleşdirmek üçin serişdeleriň ýeterliksiz bolmagy**, ýokary hünärli işgärleriň ýetmezçiligi we şuňa meňzeş ýaly şertleriň esasynda saklanyp biler. Geçiş ykdysadyýetli ýurtlarda, köplenç, şu şertler bank işiniň gerimini giňeltmäge mümkinçilik bermeýärler.

**Bank ulgamynyň ösüşine mukdar we hil nukdaýnazaryndan baha bermek bolýar.** Geçiş döwründe Türkmenistanda banklaryň sany düýpli artýar. Türkmenistanda 11 sany täjirçilik banklary we olaryň 120 sany şahamçalary bar.

Bu banklaryň 6-synyň esaslyk maýalary 50 mlrd. manada çenli bolup, esaslyk maýalaryň umumy möçberinden düşýän paýy 13.9 göterime, 5 bankyňky bolsa 101 mlrd. manatdan ýokary ýa-da 86.7 göterime deňdir.

Bank ulgamy hil tarapdan diňe bir esaslyk maýanyň ýeterlikliligi nukdaý nazaryndan häsiýetlendirmän, eýsem önümçilik sferasyna maýa goýumlaryň ösüşi, edilýän hyzmatlaryň sanawynyň köpelmegi, şol sanda täze bank önümleriniň we tilsimatlarynyň artmagy bilen hem häsiýetlendirilýär. Hil taýdan banklaryň orny olaryň hakykatda ykdysady ösüşe, önümçiligiň netijeliliginiň ýokarlanmagyna täsir edişi bilen kesgitlenilýär.

## Bap 4.Banklaryň wezipeleri we orny.Häzirki zaman bank ulgamarynyň aýratynlyklary.Türkmenistanda bank ulgamyny guramaklygyň esaslary

### 4.1. Banklaryň wezipeleri we orny

Banklar haryt–pul dolanyşygynyň iň wajyp alamatydyr. Olar biri-biri bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Gymmatyň pul görnüşiniň aýlanyşygynyň başlangyjy bank işiniň hem başlangyjy hasaplanylýar. Bank işiniň ösüş derejesi bolsa, hemişe ol ýa-da beýleki tarapdan ykdysadyýetde haryt-pul gatnaşyklarynyň ösüşine laýyk gelýär.

Elbetde, banklaryň emele gelmeginiň anyk taryhy senesi ýok. Bank işiniň düzüm bölekleriniň ösüşi belli bir derejede täze eýýamdan has öň Italiýada, Gresiýada, Müsürde we beýleki ýurtlarda ýüze çykyp başlady. Ilkinji bank amallary monetalary satyn almaklyk, satmaklyk, bölmeklik, möhletinden öň borçnamalary hasaba almaklyk, müşderileriň mülklerini doldurmaklyk, goýumlary kabul etmeklik, karz bermeklik, ipoteka we lombard amallaryny geçirmeklik bilen çäklenýärdi. Soňky döwürlerde öz müşderilerine ygtyýar bermekligi boýunça karz berijiler hasaplaşyk we beýleki amallary ýerine ýetirip başladylar.

Önümçiligiň we dolanyşygyň möçberleriniň artmagy bilen ähli ýurtlarda banklaryň orny hem ýokarlanýardy. Emele gelen boş pul serişdeleri toplanylýardy we karz görnüşinde senagat we söwda kapitalistlerine gönükdirilýärdi. Haryt pul aýlanyşygynyň ösmegi bilen ähli pudaklarda bank kapitalynyň hereketi has giňelýärdi.

Sanalyp geçilen banklaryň ilkibaşdaky wezipeleriniň üstüne täzeleri, hususan-da göterim getirýän maýany dolandyrmaklyk wezipesini öňe çykarýardy.

Banklar kapitaly (maýany) ýygnaýjy we toplaýjy hökmünde, önümçilige tutuşlygyna hyzmat edip başladylar we oňa täsir etmäge mümkinçilik gazandylar. Banklar uly bolmadyk pul saklaýan guramalar görnüşinde, ýönekeý araçyllardan senagat kapitalyny artdyrýan işjeň gatnaşyjylara we jemgyýetçilik önümçiligiň ösüşini höweslendirýän güýçli topara öwrüldiler.

Banklaryň aýratyn wezipeleriniň pul dolanyşygyny we karz gatnaşyklaryny guramaklygyň üstüne halk hojalygyny maliýeleşdirmek, ätiýaçlandyryş amallary, gymmatly kagyzlary satyn almaklyk we satmaklyk, käbir ýagdaýlarda bolsa araçyllyk geleşikleri, maýa goýum amallary, tabşyryklar boýunça borçnamalary satyn almaklyk wezipeleri hem goşulýar. Ondan başga-da, banklar maslahat bermek, halk hojalyk maksatnamalaryny ara alyp maslahatlaşmak, statistikany ýöretmek işlerini ýerine ýetirýärler.

Şeýlelik bilen bank karz guramasydyr. Ol şu aşakdaky bank amallaryny ýerine ýetirmäge aýratyn hukuklydyr:

fiziki we ýuridiki taraplaryň pul serişdelerini goýumlara çekmek;

pul serişdelerini öz adyndan we özüniň hasabyna yzyna gaýtarylmak, töleglilik, möhletlilik şertlerinde ýerleşdirmek;

fiziki we ýuridiki taraplara bank hasaplaryny açmak we olary ýöretmek.

Bankyň düýp manysyna düşünmek üçin kesgitlenen usulyýet esaslaryna salgylanmalydyrys:

bankyň düýp manysynyň seljermesini onuň makro derejedäki işi bilen baglanyşdyrmaly;

bankyň düýp manysyny banklaryň köp dürli görnüşlerine garamazdan, diňe ýeke-täk bir banka degişli etmeli;

bankyň düýp manysy onuň özboluşlylygyny ýüze çykarýar;

bankyň düýp manysyny häsiýetlendirýän aýrylmaz düzüm böleginiň biri bolup, onuň esasynyň kesgitlemesi çykyş edýär;

bankyň düýp manysy onuň özboluşly obýekt hökmünde düzüm bölegini görkezmeklikdir;

bankyň düýp manysynyň birnäçe kesgitlemesi bolup biler. Mesele onuň manysynyň häzirki wagtda haýsy tarapdan öwrenilýänligine baglydyr.

Usulyýet nukdaýnazaryndan bankyň düýp manysyna degişli bolan sorag **onuň aýratynlygyny** açyp görkezmekligi talap edýär. Bankyň düýp manysyny seljermeklik onuň köpdürli häsiýetleriniň içinden, diňe özüne mahsus bolan hadysany we beýleki hadysalardan tapawutlandyrýan alamatyny aýyl-saýyl etmek zerurlygy şertlendirilýär. Bankyň düýp manysy öňi bilen onuň özüne mahsus bolan aýratynlygydyr. Bankyň içerki kesgitliligine garamazdan onuň özüne mahsus bolan aýratynlyklaryny açyp görkezmeklik ýönekeý bir iş däldir.

Banklar köpdürlidir, olaryň işleri dürli subýektleriň – ýuridiki we fiziki taraplaryň bir meňzeş bolmadyk isleglerine hyzmat etmek bilen baglydyr. Banklar aragatnaşyk serişdelerine, pul taýýarlaýan fabriklere, bir nusgaly töleg serişdelerine eýe bolmak bilen, gepleşikleri geçirmeklikde araçyl, maslahat beriji bolup çykyş edýärler. Banklar ýüzlerçe

hyzmatlary ýerine ýetirýärler, häzirki zaman hojalygynda olaryň mukdarynyň we görnüşleriniň köpelmegi dowam edýär.

Bankyň düýp manysy açylyp görkezilende onuň ykdysady institut hökmündäki häsiýetnamasy wajypdyr. Bu-bankyň diňe bir özbaşdak ýuridiki statusynyň barlygyny aňlatman, eýsem aşakdakylara hem eýedigini görkezýär:

- bank özbaşdak hojalyk subýekti hökmünde maddy hukukçylyga eýedir;
- bankyň işjeňligi umumy we aýratyn ykdysady kanunlara tabyn edilendir, olary inkär etmeklik uly ýitgilere we zyýanlara getirýär;
- banklaryň diňe öz pullary bilen däl-de, eýsem keseki pullar bilen işleýänligi sebäpli, pul sferasyndaky düzgün bozulmalaryň netijeleri, olaryň müşderileri üçin hem gutulgysyzdyr;
- bank işiniň syýasy tarapy (makro we mikro derejelerde) ykdysady ýagdaýlar bilen şertlenendir. Bank işiniň pul nukdaýnazary önümçiligi we walýutany durnuklaşdyrmak bähbitleri bilen kesgitlenilende, onuň ykdysadyýete täsiri uly we oňaýly bolup biler.

Ýokarda getirilen alamatlar ykdysady instutut hökmünde bankyň umumy ykdysady häsiýetini açyp görkezýär.

Bankyň düýp manysynyň aýratynlygyny açyp görkezmekde dürli çemeleşmeler ulanylýar. Olaryň käbirleri banklary edaralaryň, guramalaryň, dolandyryş guramasynyň bir bölegi hökmünde döwlet ýa-da hususy kärhanalaryň, paýdarlar jemgyýetiniň we beýlekileriň hataryna goşýarlar. Başlangyç düşünjeleriň haýsysynyň ulanylýanlygy ylym we tejribe üçin resmi däl häsiýete eýedir, onuň bank işiniň dürli taraplaryny açyp görkezmeklikde bolsa, wajyp ähmiýeti bardyr. Mysal üçin, bank – gurama hökmünde onuň guramaçylyk tarapyny, düzüm böleklerini (adamalar, zähmet predmetleri we ş.m.) açyp görkezýärler:

banky dolandyryş guramasy hökmünde jemgyýetiň üstünden gurulan bölegiň hataryna goşýarlar. Banky döwlet ýa-da hususy kärhanasy, paýdarlar jemgyýeti hökmünde eýeçilik nukdaýnazaryndan häsiýetlendirýärler.

Ýokarda aýdylanlardan has wajyby bankyň kärhana hökmünde häsiýetlendirilmegidir.

Kärhana dürli sözlüklerde görkezilişi ýaly **başlanan işi, işiň özüni aňladýar.** Bank kärhana hökmünde – howaýy däl-de, eýsem öndürijilikli häsiýeti bolan işiň aýratyn görnüşidir. Bankyň öndürijilikli häsiýeti, öňi bilen onuň özboluşly hususy önüm öndürýänligidir. Olar aşakdakylardan ybaratdyr:

- makro we mikro derejede dolanyşyga girizilýän töleg serişdeleri, zähmetiň önümleri bolmasa alyş-çalyş edilmän, şonuň ýaly-da pulsuz üznüksiz önümçilik işi dowam etmeýär. Nagt pullary goýbermeklik bankyň ýekemenlik hukugydyr. Bu işi diňe bank ýerine ýetirýär we ony bank ulgamynyň özboluşly önümine öwürýär;
- banklar wagtlaýyn ulanylmaýan toplanylýan boş pul serişdeleri “hereketsiz” pul serişdelerini herekete getirmek bilen, hojalyklary goşmaça serişdeleri bilen üpjün edýärler;
- maýa (kapital) serişde görnüşinde bankyň öz müsderilerine berýän karzlary. Olar täzeden öndürilen gymmat görnüşinde köpelmek bilen, özleriniň başlangyç nokadyna dolanýarlar;

- dürli görnüşdäki hyzmatlar, olaryň öndürijilikli häsiýeti, peýdanyň jemi jemgyýetçilik önümine goşulandygy bilen tassyklanylýar.

Bank kärhana hökmünde öndürijilikli institut bolup çykyş edýär. Onuň işi bazara gatnaşyjylaryň isleglerini kanagatlandyrmaga gönükdirilýär. Bank işiniň öndürijilikli başlangyjyny aňlatmak üçin “gurama”, “edara” nukdaý nazarlarynyň az mümkinçiligi bardyr, sebäbi olar eýeçilik nukdaý nazaryna ýakyndyrlar (bankyň paýdarlar jemgyýeti hökmünde häsiýetlendirilmegi). Şeýle-de bolsa bu ugurlar hem öwrenilmäge mynasypdyr. Sebäbi olar banky beýleki wajyp taraplardan häsiýetlendirýärler. Muňa garamazdan “bank kärhanadyr” diýen düşünje, bankyň düýp manysyny açyp görkezmeklige has ýakyndyr.

Ozal bellenilişi ýaly, **islendik hadysanyň düýp manysynyň seljermesi onuň esasy häsiýetini açyp görkezmekligi talap edýär.** Makro derejede şunuň ýaly esasy häsiýet karz işidir. Karz işi aýratyn guramaçylygy talap edýär. Ol bankyň esasy işini häsiýetlendirýär, karz işi bankyň esasy bolmak bilen, öz-özünden herekete gelmeýär. Ol hasaplaşyklary guramak işi bilen bilelikde herekete gelýär.

Bank lombarddan, özara kömek karzlaryndan, karz kooperasiýalaryndan we ownuk karzyň gaýry edaralaryndan tapawutlylykda hojalyk subýektleriniň nagt we nagt däl görnüşlerindäki töleg dolanyşygyny kadalaşdyrýan iri karz institutydyr.

**Bankyň düýp manysy onuň gurluşy bilen berk baglanyşyklydyr.** Umumyusulyýet talaplaryna laýyklykda bankyň düýp manysyny açyp görkezmek üçin onuň gurluşy hakyndaky soraga hem jogap bermeli. Bu babatda hem dürli düşünjeler bar. Köplenç bankyň gurluşy diýlip, onuň dolandyryş guramasyna düşünilýär. Bu ýagdaýda ähli düşünjeler bankyň dolandyrýan guramanyň bölümleriniň wezipeleýin işlerini beýan etmeklige syrykdyrylýar.

Bankyň gurluşyny kesgitlemek üçin başga synanşyklar hem ulanylýar. Bu synanyşyklarda bankyň düzümleýin gurluşyna, bir-biri bilen özara baglanyşykly bolan düzüm böleklerine düşünmek bolýar, bank pul instituty hökmünde hereket etmäge mümkinçilik gazanýar. Şu nukdaý nazardan banky şertleýin dört bölege bölmek bolýar.

**Birinji bölek.** Bank kapitaly senagat we söwda kapitalynyň aýrybaşgalaşan bölegi hökmünde, hususy we esasan karz kapitaly hökmünde, özi üçin däl-de, özgeler üçin çekilýän kapitaldyr. Bank kapitaly hemişe hereketdedir, onuň bölekleriniň arasynda kesgitli deňeçerlik, harajatlar emele gelýärler. Bank kapitaly bankyň maliýe durnuklylygyna, onuň töleg ukyplylygyna gönüden-göni täsir edýär.

**Ikinji bölek** hem edil birinji bölek ýaly özüniň aýratynlyklaryna eýe bolup, bank işiniň özüni gurşap alýar. Ol, esasan, alyş-çalyş sferasynda hereket edýär. Bank işiniň önümi bolup, töleg serişdeleriniň, emissiýasy, dolanyşyga nagt puly goýbermeklik, dürli häsiýetli amallar we hyzmatlar çykyş edýärler.

Hyzmatlardan tapawutlylykda amallar pul görnüşinde ýerine ýetirilýär, önümçiligiň dürli tapgyrlaryndaky pul akymlaryny aňladýar, gönüden-göni bankyň üstünden geçirilýär, önümçiligiň aýratyn subýektleri bilen bankyň arasyndaky özara gatnaşyklary häsiýetlendirýärler.

**Üçünji bölek** bank işi boýunça bilimi we ukyby bolan adamlaryň toparyny, aýratyn şahsyýetleri öz içine alýar.

**Dördünji** önümçilik bölegidir. Ol bank tehnikasyny, binasyny, desgalary, aragatnaşyk serişdelerini, içerki we daşarky maglumatlary öz içine alýar.

Geçirilen seljermäniň netijesinde **banky nagt we nagt däl görnüşlerde töleg dolanyşygyny kadalaşdyryjy, pul-karz instituty hökmünde kesgitläp bolar.**

Bu kesgitleme bankyň düýp manysyna degişli **beýleki kesgitlemeleri aradan aýyrmaýar.** Şonuň üçin bankyň aýratyn taraplaryny häsiýetlendirýän başga kesgitlemeleri hem ulanmak bolýar. Banky pul, karz instituty hökmünde hem kesgitläp bolýar, şeýle hem özüne mahsus bolan aýratynlykly kärhana we paýdarlar jemgyýeti hökmünde hem häsiýetlendirip bolýar. Bu kesgitlemeleriň ählisi, bankyň manysynyň ol ýa-da beýleki tarapyny açyp görkezmek bilen, özbaşdak hereket etmäge hukuklydyr we bank baradaky umumy düşünjäni has-da giňeldýärler.

Bankyň düýp manysyny onuň wezipeleri has doly açyp görkezýärler. Bankyň esasy wezipelerine aşakdakylar degişlidir:

bankyň birinji esasy **wezipesi wagtlaýyn boş pul serişdelerini ýygnamakdan, jemlemekden ybaratdyr.** Şeýlelik-de, bu jemlemekligiň birnäçe aýratynlygyny hasaba almak zerurdyr. Bank, esasan, öz islegini kanagatlandyrmak üçin däl-de, eýsem köp babatda özgeleriň islegini kanagatlandyrmak üçin boş pul serişdelerini toplaýar. Dürli maýa goýum gaznalarynyň, maliýe-senagat kompaniýalarynyň pul serişdelerini toplaýandygyny hem ýatdan çykarmaly däl. Ýöne, bu subýektler banklardan tapawutlylykda pul serişdelerini öz hususy maksatlary üçin toplaýarlar, şol sebäpli bu wezipäni olar bankyňky ýaly tutuşlaýyn däl-de, diňe bölekleýin ýerine ýetirýärler.

Bu wezipäni ýerine ýetirmek üçin häzirki zaman şertlerinde banklara ýörite rugsat – ygtyýarnama zerurdyr.

Bankyň ikinji wezipesi – **pul aýlanyşygyny kadalaşdyrmakdyr.** Banklar üstünden dürli hojalyk subýektleriniň töleg aýlanyşygy geçýän merkezler bolup çykyş edýärler. Hasaplaşyk ulgamyna esaslanyp banklar, öz müşderilerine pul serişdeleriniň we kapitalyň alyş-çalşygyny, aýlanyşygyny amala aşyrmaga mümkinçilik döredýärler. Aýratyn alnan subýektiň, tutuş ykdysadyýetiň hem aýlanyşygy banklaryň üstünden amala aşyrylýar. Olaryň kömegi bilen pul serişdeleri we maýalar bir subýektden beýlekisine, halk hojalygyň bir pudagyndan başgasyna geçýärler.

**Bankyň üçünji wezipesi – araçyllyk wezipesidir.** Bu wezipä laýyklykda bankyň işine töleg geçirmeklikdäki araçyllar hökmünde düşünilýär. Kärhanalaryň, guramalaryň, ilatyň tölegleri bankyň üstünden geçirilýär. Müşderileriň arasynda durmak bilen, bank olaryň tabşyryşy boýunça tölegleri geçirýär we araçyllyk işini ýerine ýetirýär. Emma bu wezipe sada, ýönekeý araçyllyk işi däldir. Bank köpsanly müşderilerden uly bolmadyk möçberlerde wagtlaýyn boş pul serişdelerini ýygnaýar we olary jemläp, pul serişdeleriniň örän uly möçberini diňe bir subýekte gönükdirip bilýär. Bank müşderilerden pullary gysga möhletleýin alyp bilýär, berende bolsa uzak möhletleýin karzlaşdyryp bilýär.

Ykdysady durmuşyň merkezinde ýerleşmek bilen, bank pul serişdeleriniň möhletini, möçberini we ugurlaryny hojalyklaryň isleglerine laýyklykda üýtgedip bilýär. Şeýlelik bilen bankyň araçyllyk wezipesi öňi bilen serişdeleri başga görnüşe öwürmeklik wezipesidir.

Diýmek, bank pullar, gymmatly kagyzlar bilen dürli görnüşli amallary ýerine ýetirýän we hökümete, kärhanalara, raýatlara hem-de gaýry banklara maliýe hyzmatlaryny hödürleýän maliýe edarasydyr.

Banksyz häzirki zaman pul hojalygynyň manysy ýokdur. Geljekde olaryň ornuny tutjak ýok, sebäbi banklar tutuş ykdysady durmuşyň esasy we arabaglaşdyryjy halkasy bolup çykyş edýär.

## 4.2. Bank ulgamyny guramaklygyň aýratynlyklary

Bazar ykdysadyýetine geçiş şertlerinde bank ulgamynyň, şol sanda Türkmenistanyň banklarynyň we beýleki karz institutlarynyň geljekdäki ösüşi aktuallyga eýedir. Geljekki ösüşi işläp taýýarlamaklyk diňe Türkmenistanyň, şeýle hem daşary ýurt banklarynyň işini öwrenmeklik esasynda mümkin.

Bank ulgamynyň ol ýa-da beýleki gurluşynyň anyk jemgyýetçilik – ykdysady şertlere baglydygyny taryhy tejribe görkezýär. Tejribede bank ulgamyny guramaklygyň dürli nusgalary (Merkezi banka esasy orun bermek bilen) ulanylýar. Şeýle-de bolsa bank ulgamynyň aşakdaky aýratynlyklaryny öňe çykarmak bolýar:

**- milli däp-dessurlar, ösüşiň taryhy tejribesi bilen şertlenen bank ulgamlarynyň seýrekligi.** Dürli ýurtlaryň bank ulgamlary, olaryň guramaçylyk düzümi köp şertlere (obýektiw we subýektiw) baglydyr, olaryň hataryna taryhy, milli däpler bilen birlikde ýurtdaky haryt-pul gatnaşyklarynyň ösüş derejesini, ykdysadyýetiň ösüş ýagdaýyny hem-de pul aýlanyşygyny kadalaşdyrmaklygyň usullaryny (göni we gytaklaýyn) goşmak bolar. Mysal üçin, demirgazyk Amerika yklymynda ýerleşýän dünýäniň iki sany güýçli ösen, biri-birine örän ýakyn döwletleriniň–ABŞ-nyň we Kanadanyň bank ulgamlaryny gurmaklyga çemeleşişleri düýbünden birmeňzeş däldir. ABŞ-da 12 müňe ýakyn bank, Kanadada bolsa – bary- -ýogy 6 sany, ýurduň çäklerinde olaryň şahamçalary we bölümleri bar. Diýmek, gürrüň özbaşdak banklaryň sany hakynda däl-de, eýsem kärhanalara, guramalara we ilata hyzmat edýän (şahamçalar, bölümler, agentlikler) bank edaralarynyň mukdary barada barýar;

**- bank ulgamlarynyň esasy düzüm bölegi bolan - bank hakyndaky düşünjäniň tapawutlylygy.** Dünýä bank tejribesindäki banklaryň arasyndaky we bank däl karz edaralarynyň, şeýle hem soňkularyň öz aralaryndaky bäsleşik, bank işiniň köpugurly bolmagyna getirýär. Bu öz gezeginde häzirki zaman bankynyň nämedigi, bankyň nähili aýratyn alamatlarynyň bolmalydygy baradaky jedelleriň ýitileşmegine getirdi. Çekişmeler karz ulgamyndaky uly üýtgeşmeleriň esasynda, şeýle hem banklaryň ylmy-tehniki öwrülişikleriň şertlerinde düýp manysynyň üýtgeýänligi, şonuň bilen birlikde tutuş bank ulgamynyň ähmiýetiniň ýokarlanýanlygy sebäpli has-da ýitileşýärler;

**- gymmatly kagyzlaryň bazarynda banklaryň tutýan orny.** Bank ulgamlarynyň gurluşynyň taryhy we milli aýratynlyklary käbir ýurtlarda täjirçilik we inwestision banklaryň arasynda düýpli aýyl-saýyllygyň ýoklugyndan gelip çykýar. Bu ýagdaý banklaryň gymmatly kagyzlaryň bazaryndaky tutýan orny bilen kesgitlenilýär. Mysal üçin, Germaniýada banklar gysga möhletli depozit – karz we uzak möhletli maýa goýum amallaryny taryhy utgaşdyryp gelýärler. Täjirçilik banklar korporasiýanyň maýasyna eýeçilik edip bilýärler, gymmatly kagyzlaryň emissiýasyny we ýerleşdirilişini amala aşyrýarlar, maýa goýum gaznalaryny döredýärler, kompaniýanyň geňeşlerinde özleriniň wekilleri bolup bilýärler we başgalar.

ABŞ-da karz we maýa goýum bank amallary aýdyň tapawutlandyrylýar. Inwestbanklar döwlet we korporatiw gymmatly kagyzlar bilen amallar geçirýärler. Olar banklaryň ýöriteleşdirilen toparlaryna girýärler, şol bir wagtyň özünde bolsa gymmatly kagyzlar bilen amallary geçirmeklik täjirçilik banklaryna gadagan edilendir.

Ýaponiýada we Beýik Britaniýada hem ýagdaý şunuň ýalydyr.

**- täjirçilik banklarynyň işine gözegçilik ulgamy.** Dünýä bank tejribesinde bank gözegçiligini guramaklygyň dürli çemeleşmeleri ulanylýar. Gözegçilik düzümini guramaklygyň usullary bilen tapawutlanýan ýurtlary üç topara bölmek bolýar:

● gözegçiligiň Merkezi bank tarapyndan amala aşyrylýan ýurtlary – Awstraliýa, Beýik Britaniýa, Islandiýa, Ispaniýa, Irlandiýa, Italiýa, Täze Zelandiýa, Portugaliýa;

● gözegçiligiň Merkezi bank tarapyndan däl-de, beýleki guramalar tarapyndan ýerine ýetirilýän ýurtlary – Kanada, Daniýa, Lýuksemburg, Şwesiýa, Awstriýa, Finlýandiýa, Norwegiýa;

● gözegçiligiň Merkezi bank we beýleki guramalar bilen birlikde amala aşyrylýan ýurtlary – Şweýsariýa (Merkezi bank, Federal bank topary we Şweýsar bank assosiasiýasy bilen birlikde), Fransiýa (Fransiýa banky Bank topary bilen bilelikde), Germaniýa (Bundes Bank karz gözegçiliginiň Federal gullugy bilen birlikde), ABŞ (Federal ätiýaçlyk ulgamy, Maliýe ministrligi bilen birlikde).

Şeýlelik bilen, bank gözegçiligi obýektiw zerurlykdyr. Diýmek, bu wezipeleri ýerine ýetirýän ýörite guramalar hem gerekdir. Guramalar statusy boýunça tapawutly bolup bilerler, ýöne olaryň arasynda döwlet guramalary hemişe bar diýen ýalydyr. Gözegçilik ulgamynyň guramalary ol ýa-da beýleki ýurtda syýasy we durmuş ykdysady aýratynlyklaryny, onuň däp-dessurlaryny aňladýarlar;

**Bank ulgamlarynyň derejeleri.** Ýurtda hereket edýän banklar bir derejeli ýa-da iki derejeli guramaçylyk görnüşli bolýarlar. Bir derejeli bank ulgamy aşakdaky ýagdaýlarda bolup biler:

* ýurtda heniz Merkezi bank emele gelmedik ýagdaýynda;

* diňe Merkezi bankyň hereket edýän ýagdaýynda;

* Merkezi bank beýleki banklar bilen bäsleşip bank amallaryny ýerine ýetiren ýagdaýynda.

Häzirki wagtda bazar ykdysadyýetli ýurtlaryň ählisinde diýen ýaly iki derejeli bank ulgamlary döredildi. Olar işjeň ösýärler we birinji derejede ýurduň Merkezi banky, ikinji derejede täjirçilik banklary hereket edýärler.

Emma ykdysady edebiýatlarda ýygy-ýygydan üç (we ondan hem köp) derejeli bank ulgamlary hakyndaky ýatlamalara duş gelmek bolýar. Bu çemeleşme bank (karz) ulgamlaryna bank däl görnüşli (mysal üçin, ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň maýa goýum gaznalarynyň, maliýe kompaniýalarynyň we beýlekileriň) karz institutlarynyň hem goşulýandygyny göz öňünde tutýar. Bu ýagdaý bank ulgamlarynyň düzüm bölekleriniň aýratynlyklaryny açyp görkezýär. Bank ulgamyna diňe banklar degişlidirler, ýöne bank däl görnüşli karz institutlaryna iri maliýe serişdeleriniň jemlenýändigi sebäpli karz ulgamyna seljerme berlende olary hem hasaba almaly bolýar. Bu ulgama Ýaponiýanyň, Şweýsarýanyň we beýleki ösen günbatar ýurtlaryň bank ulgamy degişlidir.

## 4.3. Daşary ýurtlarda bank ulgamlaryny guramaklygyň tejribesi

Bu soragyň many-mazmunyny doly derejede açyp görkezmek üçin dünýäniň ösen döwletleri bolan, Beýik Britaniýanyň, Germaniýanyň, Ýaponiýanyň we Italiýanyň bank ulgamlarynyň tejribelerini öwrenmeklik maksada laýykdyr.

Beýik Britaniýanyň bank ulgamy iň gadymy ulgamdyr. Ony kapitalyň jemlenmesiniň we ýöriteleşmesiniň ýokary derejesi, ösen bank infrastrukturasy, halkara karz bazary bilen ýakyn aragatnaşygy bar diýip häsiýetlendirýärler. Dünýä maliýe merkezi bolan Londanda iňlis banklary bilen deňeşdirlende daşary ýurt banklarynyň has köp sanlysy işleýär. Bular öňi bilen Amerikan we Ýapon banklarydyr. Daşary ýurt walýutasyndaky depozitleriň paýy beýleki ýurtlara garanyňda, Beýik Britaniýada has ýokarydyr. Iňlis bank ulgamy dünýäde daşary ýurt şahamçalary boýunça has giň gerime eýedir.

“Bank işi hakyndaky” kanuna (1979-njy ýyl) laýyklykda goýumlary (depozitleri) kabul edýän karz institutlary iňlis banky tarapyndan ýa-ha “ykrar edilen banklar”, ýa-da “depozitleri kabul etmek boýunça ygtyýarnama berilýän kompaniýalar” diýen toparlara bölünýärler. Banklara ygtyýarnama almaklyk talap edilmeýär, ýöne olar iňlis Banky tarapyndan “ykrar” edilen bolmaly. Iňlis Banky “bank” hökmünde maliýe toparlarynyň arasynda abraýdan peýdalanýan, hyzmatlaryň giň toplumyny ýerine ýetirýän ýa-da hyzmatlaryň haýsy hem bolsa bir görnüşi boýunça ýöriteleşýän karz edarasyny ykrar edýär.

Bank derejesine eýe bolan has uly karz edaralary depozit banklardyr (Londan we Şotland kliring banklary, Demirgazyk Irlandiýa banky, söwda, süýşürintgiler banky, hasap öýleri).

Beýik Britaniýanyň bank ulgamy iki derejelidir. Ýokary derejede Merkezi bank, aşakyda täjirçilik (depozit) we ýöriteleşdirilen–söwda, daşary ýurt, süýşürintgiler banklary we hasap öýleri ýerleşýärler.

Senagat taýdan ösen ýurtlaryň Merkezi banklarynyň arasynda Beýik Britaniýanyň banky kanun boýunça hökümete has garaşly banklaryň biridir. Tejribede Beýik Britaniýanyň banky gaznaçylyk bilen berk arabaglanşykly işleýär.

Beýik Britaniýanyň Banky resmi taýdan gaznaçylyga garaşly hem bolsa onuň pul-karz we walýuta gurşawlaryny kadalaşdyrmakda, döwlet bergilerini dolandyrmakda bahasyna ýetip bolmajak ähmiýeti bar.

Beýik Britaniýanyň Bankynyň karz ulgamynda esasy tutýan orny, onuň ýurduň emission–kassa merkezi bolup hyzmat edýänligidir. Bank ýekemenlik häsiýetinde banknotlary dolanyşyga goýberýär. Onuň borçnamalary tutuşlygyna karz ulgamynyň pul binýady bolup çykyş edýär. Islendik bank Beýik Britaniýanyň Bankyndaky depozitlerini özüniň kassa ätiýaçlygy diýip hasap edýär. Sebäbi zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda ol Bankyň hasabyndaky serişdelerini yzyna alyp bilýär. Angliýanyň banky öz borçnamalarynyň göwrümini daraldyp ýa-da giňeldip bankyň kassa ätiýaçlyklaryna we dolanyşykdaky puluň toplumynyň jemine täsir edýär.

Beýik Britaniýanyň Banky funt sterlingiň kursuny kadalaşdyrmak üçin walýuta interwensiýalaryny geçirýär, hökümetiň adyndan halkara walýuta – maliýe guramalaryna işjeň gatnaşýar.

Beýik Britaniýanyň Banky beýleki ähli banklaryň bankiri bolup çykyş edýär. Ýurduň ähli banklarynyň diýen ýaly bu bankda hasaplary bar. Olardan has wajyplary

Londanyň kliring banklarynyň hasaplarydyr. Bu banklar özleriniň kassa ätiýaçlyklarynyň ep-esli bölegini depozit görnüşinde Beýik Britaniýanyň Bankynda saklaýarlar. Bu hasaplarda ýazuw üsti bilen banklaryň özara hasaplaşyklary kadalaşdyrylýar. Beýik Britaniýanyň banky banklardan bergi borçnamalaryny satyn almak ýa-da döwlet borçnamalarynyň üpjünçiligi esasynda karz bermek bilen bank ulgamyny karzlaşdyrýar.

Beýik Britaniýanyň Banky hökümet bankydyr. Hökümetiň we hökümet guramalarynyň hasaplary şu bankda açylýar. Hökümetiň ähli girdejileri Angliýanyň bankynyň gaznaçylyk hasabyna gowuşýar, çykdajylary bolsa şol hasapdan ýapylýar. Beýik Britaniýanyň bankynyň esasy wezipesi döwlet bergisini dolandyrmakdyr. Beýik Britaniýanyň banky öz bukjasynda döwlet borçnamalarynyň bir bölegini saklaýan hem bolsa, hökümetiň gaznalara bolan isleglerini bazar üsti bilen kanagatlandyrýar, ýagny Bank gaznaçylygyň adyndan karz maýasynyň bazarynda döwlet borçnamalaryny ýerleşdirýär. Hökümetiň gündelik çykdajylary döwleti gysga möhletleýin karzlaşdyrmak arkaly maliýeleşdirilýär. Esasy gural bolup gazna wekselleri çykyş edýärler.

Gazna weksellerinden başga-da, gysga möhletli karzlaşdyrmagyň guraly bolup, gysga möhletli döwlet obligasiýalary çykyş edýärler.

Beýik Britaniýada gysga möhletli obligasiýalar diýlip, üzmekligiň möhleti bäş ýyla çenli bolan obligasiýalar hasap edilýär.

Döwletiň uzak möhletli maliýe isleglerini kanagatlandyrmak üçin uzak möhletli (15 ýyldan ýokary) obligasiýalar goýberilýär. Täze goýberilen obligasiýalaryň esasy bölegini Beýik Britaniýanyň Banky satyn alýar, soňra olary kem-kemden açyk bazarda satýar.

Beýik Britaniýanyň Banky şonuň bilen bilelikde möhleti ýakynlaşan obligasiýany hem satyn alýar. Bank obligasiýalar boýunça göterimleri töleýär, Merkezi hökümetiň obligasiýalaryny bellige alýar.

Beýik Britaniýada täjirçilik banklary depozit banklary diýlip atlandyrylýar. Olar bank ulgamynyň esasyny emele getirýärler.

Depozit banklarynyň amallarynyň esasy bölegi Londanyň alty sany kliring banklarynda jemlenendir. Olar Londanyň kliring palatasynyň agzalarydyrlar. Dört bank “Neirl Bestminster”, “Barkleýiz”, “Midlend” we “Lloýds” (“uly dörtlik”) öňdebaryjylaryň hataryna girýärler. Bu banklar dünýäniň iň uly banklarynyň sanawyna girýärler. Depozit banklara, köplenç, “bölekleýin” banklar hem girýär. Olaryň 15 müňe ýakyn bölümleri bar. Jemleýji balanslary 200 milliard funt sterlingden geçýär.

Depozit banklaryň aktiw amallarynda täjirçilik banklaryna mahsus bolan hasap – karz amallary we gymmatly kagyzlara maýa goýmaklyk agdyklyk edýär. Karzlaşdyrmagyň has ýaýran görnüşi owerdraftdyr.

Geçen asyryň 80-nji ýyllaryndan başlap ilata jaýlary satyn almak we gurluşyk işleri üçin berilýän karzlaryň (gozgalmaýan emläk zamunlygy esasynda) gerimi giňeldi.

Depozit banklary daşary ýurt banklarynyň hereket edýän sferasyna hem işjeň aralaşýarlar, dürli ýurtlarda özleriniň şahamçalaryny açýarlar.

**Karz edaralarynyň bank däl görnüşlerine** ätiýaçlandyryş kompaniýalary, süýşürintgiler amallaryny ýerine ýetirmek bilen meşgullanýan edaralar, maliýa kompaniýalary, karz, gurluşyk kooperatiwleri, gurluşyk jemgyýetleri, pension gaznalar we beýlekiler degişlidirler.

**Germaniýa Federatiw Respublikasynyň bank ulgamy** GFR-de uruşdan soň iki derejeli bank ulgamy döredildi. Birinji derejede ýurduň Merkezi banky- -nemes Federal banky, ikinjide bolsa täjirçilik ýa-da karz banklary, şeýle hem ýöriteleşdirilen karz edaralary durýar. Germaniýada karz institutlarynyň sany 4 müňden hem geçýär, şol sanda ownuk we orta banklar 1 müňden gowrakdyr. Karz institutlary 45 müňe ýakyn şahamçalara bölünýär, karz guramalarynyň sany 49 müňe barabardyr. Germaniýanyň 80 million adamdan gowrak ilaty bar, bankyň her bir bölümi ortaça 1600 adama hyzmat edýär.

Nemes Federal banky (Doýçe Bundesbank), Germaniýanyň Merkezi bankynyň - Reýhsbankynyň mirasgäridir.

Nemes Federal banky aşakdaky wajyp halk hojalyk wezipelerini ýerine ýetirýär:

1. Ýurduň emission merkezidir, ýagny ol banknotlaryň dolanyşyga goýberilişini amala aşyrýar.
2. Ýurduň walýuta merkezidir, ol töleg balansyny we walýuta kursuny kadalaşdyrýar.
3. "Hökümetiň kassiridir", ýagny Bundesbank hökümetiň gündelik hasaplarynyň üsti bilen Federal býujetiniň ýerine ýetirilişini amala aşyrýar.
4. "Banklaryň bankydyr", ýagny karz guramalaryna olaryň passiwleri we aktiwleri boýunça hyzmat edýär.
5. Ýurduň hasaplaşyk merkezidir, ýagny ýurduň hasaplaşyk amallary Bundesbankyň üstünden geçirilýär.
6. Ykdysadyýetiň pul-karz kadalaşdyrylyşynyň subýektidir.

Şu maksat bilen kadalaşdyrmagyň aşakdaky gurallary ulanylýar:

● maýa goýumlaryny höweslendirmek maksady bilen hasap ýa-da diskont syýasatyny ýöretmek, munuň üçin Bundesbank "arzan pullaryň", ýagny pes derejeli göterim haklarynyň syýasatyny ýöredýär.

● açyk bazardaky syýasat, ýagny Bundesbank döwletiň gymmatly kagyzlary bilen amallary ýerine ýetirýär.

● hökmany ýa-da iň pes möçberdäki ätiýaçlyklar syýasaty.

Bundesbankyň pul, walýuta we karz syýasatyny bankyň Merkezi Geňeşi belleýär. Onuň düzümine müdiriýetiň agzalary we ýerleriň Merkezi banklarynyň prezidentleri girýärler. Bundesbankyň Merkezi Geňeşine onuň prezidenti we wise- -prezidenti ýolbaşçylyk edýärler. Bundesbank Frankfurtda ýerleşýär.

Germaniýanyň täjirçilik (köpugurly) banklary depozitlere serişdeleri kabul etmek amallaryny ýerine ýetirýärler (talap edilýänçä we möhletli goýumlar). Gysga, orta we uzak möhletli karzlary orta we iri koorporasiýalara, federal we ýerli häkimýet guramalaryna berýärler, maliýe we trast (şol sanda gazna) hyzmatlaryny ýerine ýetirýärler, elektron we dellalçylyk, ýol çekleri, hasaplaşyk – kassa amallary bilen baglanşykly hyzmatlary müşderilere hödürleýärler. Mundan başga-da, täjirçilik banklary koorporasiýalaryň maýasynyň eýeleri bolup çykyş edýärler, gymmatly kagyzlary dolanyşyga goýberýärler we ýerleşdirýärler, maýa goýum gaznalaryny döredýärler we eýeçilik edýärler.

Germaniýanyň iri köpugurly banklaryna Doýçe Bank, Drezden Bank, Kommersbank degişlidir. Bu banklar amallaryň ähli görnüşini (banknotlaryň emissiýasyndan we ipoteka karzyndan başga) ýerine ýetirýärler.

Ähli täjirçilik banklary şertleýin üç esasy topara bölmek bolýar:

● 350-ä ýakyn hususy banklar (karz banklary), olaryň hataryna 3 sany iri sebitleýin we gaýry karz banklary, hususy banklar, şeýle hem daşary ýurt banklaryň şahamçalary girýär (banklaryň bu topary ýurtdaky ähli banklaryň ýerine ýetirýän amallarynyň 1/3 bölegini amala aşyrýarlar);

● 70-den gowrak jemagat hukuk süýşürintgiler banklary we ýerli banklary, olar ähli banklaryň umumylykdaky amallarynyň 1/2 bölegini ýerine ýetirýärler;

● takmynan 3 müň sany kooperatiw bank (Folnz Bank we Raýfenzenbank ulgamlary) özleriniň Merkezi banklary bilen ähli amallarynyň 1/5 bölegini ýerine ýetirýärler.

Köpugurly täjirçilik banklary bilen bir hatarda Germaniýada ýöriteleşdirilen banklaryň birnäçesi hereket edýärler. Ipoteka banklary we beýleki karz edaralary gozgalmaýan emlägi girew almak bilen karz berýärler, ýöriteleşdirilen banklar tölegleri gijikdirmek esasynda karz berýärler, karz kooperatiwleri hususy ýaşaýyş jaýlarynyň gurluşygyny karzlaşdyrýarlar. Germaniýada bank institutlary dürli görnüşde hereket edýärler. Karz guramalarynyň 1/4 ýöriteleşdirilen banklardyr we her bir üçünji iri bank 5 milliard DM dolanyşygy bolan ýöriteleşdirilen banklardyr.

**Ýaponiýanyň bank ulgamy** diňe bir Aziýa – Ýuwaş okean sebitinde iň kuwwatly we ösen ulgam bolman, eýsem bütin dünýäde hem şeýle ulgamlaryň biridir. Dünýäniň öňdebaryjy bank edaralarynyň hataryna girýän, Ýapon banklarynyň sany barha artýar. Ýapon banklary Aziýa ýurtlaryna, ABŞ we Günbatar Ýewropa senagat maýa goýumlaryny ýerleşdirýän, maliýe–senagat toparlarynyň Merkezine öwrülýärler. Ýaponiýanyň karz – bank edaralarynyň Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň we ABŞ-nyň gymmatly kagyzlar bazaryndaky hereketiniň gerimi giňelýär. Olar aksiýalary, obligasiýalary we beýleki maliýe bergi borçnamalaryny bazarda ýerleşdirýärler.

Ýaponiýanyň bank ulgamynyň aýratynlygy, onuň ýurduň industrializasiýasynyň esasy hökmünde däl-de (mysal üçin, Angliýadaky ýaly), eýsem oňa goşundy hökmünde ösmegidir.

Birnäçe ösen ýurtlardan, mysal üçin, Fransiýadan tapawutlylykda Ýaponiýada uruşdan soňky döwürde esasy maliýe gurallary hususy banklarda jemlendiler. Şeýle-de bolsa, banklaryň işine döwlet gözegçiliginiň derejesi has ýokarylygyna galdy.

**Ýaponiýanyň Merkezi banky (Ýapon banky)**. Ýaponiýada 6 sany maliýe- - senagat toparlary hereket edýärler. Olaryň özeni bolup iri şäher banklary – “Misui”, “Musubisi”, “Sumitomo”, “Fudzi”, “Doýiti Kante”, “Sanwa” çykyş edýärler. Ýaponiýanyň bank ulgamy umumymilli hususy banklaryny, karz assosiasiýalaryny, hökümetiň maliýe institutlaryny, şeýle hem daşary ýurt banklarynyň şahamçalaryny öz içine alýar. Ulgamyň başynda Merkezi bank – Ýapon banky durýar, onuň paýnamalarynyň 55% - i döwlete degişlidir. Ýapon bankynyň esaslyk maýasy 100 million iýene deňdir. Ýapon bankynyň esasy wezipelerine, pul emissiýasyndan başga--da (bu wezipe onuň ýekemenlik hukugydyr), ykdysadyýetiň pul-karz kadalaşdyrmasy, şol sanda halkara hasaplaşyklary amala aşyrmaklyk, walýuta bazarynda amallary geçirmeklik, şeýle hem gaznaçylyga kanuna laýyk hyzmat etmek degişlidir.

Ýapon bankyna bankyň prezidenti we direksiýasy ýolbaşçylyk edýär.

Ýapon banky bank işine ygtyýarnama berýär. Bankyň esaslyk maýasynyň iň pes möçberini belleýär, bankyň adyny üýtgetmeklige, banklaryň birikmegine, şahamçalaryň açylmagyna we ýapylmagyna rugsatnama berýär.

Ýapon bankynyň pul-karz syýasatynyň gurallary ep-esli özgerişliklere sezewar boldular. Uruşdan soňky birnäçe on ýyllyklaryň dowamynda nusgawy gurallar bolan hasap göterim hakyny, hökmany ätiýaçlyklaryň kadasyny bellemeklik, gymmatly kagyzlaryň açyk bazaryndaky amallary ýaly gurallar, öňdebaryjy orny eýelemediler. Oňa derek göterim derejesini emeli usulda peseltmek şertlerinde karzlaşdyrmagy mukdar taýdan göni çäklendirmek guraly ulanyldy.

Ýapon banky “Banklaryň bankydyr”. Ol hususy – maliýe guramalary, kärhanalar we aýartyn taraplar üçin geleşikler baglanyşylanda hyzmatdaş bolup çykyş edýär. Ýapon banky ätiýaçlyk depozitleriň ulgamy (1957-nji ýylda girizildi) diýlip atlandyrylýan hususy maliýe edaralarynyň goýumlaryny kabul edýär. Bu ulgama birikdirilen ähli maliýe guramalary özleriniň gündelik hasaplaryna ätiýaçlyk depozitleriniň kesgitlenen jemini geçirmäge borçludyrlar. Maliýe edaralarynda nagt pul serişdeleri ýetmezçilik etse, olar Ýapon bankyna ýüz tutýarlar, bank olary karzlaşdyrýar. Karzlar boýunça göterim resmi göterim hakynyň derejesi bilen kesgitlenilýär.

Ýaponiýanyň täjirçilik banklary esasy (şäher, sebitleýin we daşary ýurt) banklarydyr. Olar öz müşderilerine (300-den hem gowrak görnüşde) giň möçberli amallary we hyzmatlary hödürleýärler. Olar depozitlere serişdeleri kabul etmek (talap edilýänçä we möhletli goýumlar) gysga, orta we uzak möhletli karzlary bermek, maliýe we elektron hyzmatlaryny amala aşyrmak, dellalçylyk hyzmatlary, ýol çekleri bilen amallary ýerine ýetirmek we gaýry amallar we hyzmatlardyr. Ýaponiýanyň karz ulgamy poçta – süýşürintgiler kassalaryny hem öz içine alýarlar. Olar ilatyň ownuk süýşürintgilerini ýygnamaga gönükdirilendir. Işiň şu görnüşleri bilen iri şäher we ýerli banklar hem meşgullanýarlar. Ýöne poçta bölümlerindäki süýşürintgiler kassalary özbaşdak müşderlere hususy banklar bilen deňeşdirilende hyzmatlaryň has köp toplumyny hödürleýärler. Orta üpjünçilikli adamlara amatly şertlerde karz berýärler we süýşürintgilerini kabul edýärler. Şonuň üçin bank ulgamynyň bu bölegi özlerinde uly möçberde maliýe serişdelerini jemleýärler.

**Şweýsariýa** banklaryň ýurdudyr. 1,5 müň ýaşaýja bir bankdan düşýär. Ýurtda daşary ýurt iri banklarynyň 140 şahamçasy hereket edýär. Şweýsariýanyň bank ulgamy 500-den gowrak bank guramalaryny özünde jemleýär.

Şweýsar banklary adatça 3 sany esasy topara bölünýärler:

* has iri milli banklar-Ýunion benk of Sbitselend (Union Bank of Şwitzerland), Suiss benk korporeýşn (Suiss Bank Corporation) we Suiss kredit benk (Suiss Credit Bank);

* kantonal, ýerli we süýşürintgiler banklary, esasan öz sebitlerindäki ýerli goýumçylar bilen işleýärler, seýle hem karz berýärler we hasapçylyk – kassa amallaryny ýerine ýetirýärler;

* hususy banklar, olar, esasan, maýa goýum bukjalaryny dolandyrýarlar. Şweýsariýanyň diňe bank ulgamyna seredip geçmeklik, bu ýurda maýa goýmaklygyň özboluşlylygyny we giň mümkinçiliklerini doly açyp görkezmeýär. Ýurduň bank ulgamyna maliýe kompaniýalary hem girýärler. Olar aşakdakylara bölünýärler:

* depozitleri kabul etmek üçin özlerini mahabatlandyrýan kompaniýalar, olar Federal bank kanunçylygynyň ähli taraplaryny berjaý etmäge borçludyrlar;

* depozitleri kabul etmeýän, ýöne gaýry bank amallaryny ýerine ýetirýän kompaniýalar. Olar kanunçylygyň diňe käbir maddalaryny berjaý edýärler.

Şweýsar bank ulgamynyň tapawutly häsiýetleriniň biri bank we kompaniýalaryň maýa goýum işlerine berk gözegçiligiň bolmagydyr. Ikinji Jahan urşundan soň, Şweýsariýada bir gezek hem banklaryň batmaklyk ýagdaýy ýüze çykmandyr. Banklara gözegçilik üç basgançakly düzümden durýar we Federal bank topary, Milli bank we Şweýsar bank assosiasiýasy tarapyndan amala aşyrylýar.

Bank işi, ony kadalaşdyrmaklyk we gözegçilik “Banklar we süýşürintgiler banklar hakyndaky Federal Bank kanunyna” esaslanýar. (8-nji noýabr, 1934ý.). Kanunyň esasy maksady müşderileriň bähbidini goramaklykdyr.

Bank ygtyýarnamasy Federal bank topary tarapyndan berilýär. Kanunyň berjaý edilmedik ýagdaýynda ygtyýarnama yzyna alynýar.

Şweýsar banklarynyň ýokary reýtingini kesgitleýän ýene-de bir alamat bank syrynyň gizlinligidir. Şweýsariýada goýumlaryň gizlinligi raýatlyk, hukuk, şeýle hem jenaýatçylyk hukuk düzgünleri bilen goralýar. Öz müşderileriniň gizlin syryny saklap bilmedik bank ygtyýarnamadan mahrum edilýär. Syry äşgär eden işgärler 6 aý möhlet bilen azatlykdan mahrum edilýär ýa-da 50 müň Şweýsar franky möçberinde jerime salynýar.

Şweýsariýanyň bank ulgamynyň aýratynlygyna bank komitetiniň hereket etmegi hem degişlidir.

Bank komiteti garaşsyz gurama bolmak bilen, hökümete we Milli banka tabyn däldir. Komitet bank işi baradaky Kanunçylygyň berjaý edilişine, bellenilen kadalaryň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär. Ol paýdarlaryň bähbitlerini goraýar. Komitet öz işinde garaşsyz auditorlyk gullugyna daýanýar, olar bankyň daşynda ýerleşýärler. Şweýsariýada bu guramanyň işine uly ähmiýet berýärler. Guramanyň çözgütleri hökmany ýerine ýetirilmelidir.

## 4.4. Türkmenistanda bank ulgamyny guramaklygyň esaslary.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistanyň bank ulgamynyň ösüşini düýpli kämilleşdirmek we düzümleýin özgertmek babatynda uly möçberli işler amala aşyryldy. Ýurtda iki derejeli bank ulgamynyň döredilmegi we banklaryň ýöriteleşdirilmegi bilen, olaryň iş ugurlary anyk kesgitlenildi.

Türkmenistanyň Merkezi banky Milli bank bolmak bilen, Türkmenistanyň adyndan we tabşyrygy esasynda halkara gatnaşyklaryny amala aşyrýar. Ýurduň içinde karz-pul gatnaşyklaryny kadalaşdyrýar. Onuň dolanyşyga pul goýbermäge we ondan puly yzyna almaga doly hukugy bar. Bank işini ýöretmeklige ygtyýarnama berýär. Merkezi bankyň işi “Türkmenistanyň Merkezi banky hakyndaky” Türkmenistanyň Kanunyna we beýleki kadalaşdyryjy hukuknamalara laýyklykda alnyp barylýar.

Banklaryň ygtybarlygyny we durnuklylygyny üpjün etmek maksatlaryndan ugur alyp, ýurtda döwrebap bank ulgamynyň döredilen ähli ýyllarynda, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan banklaryň maliýe ýagdaýlarynyň berkidilmegi, olaryň maýalyk serişdeleriniň we aktiwleriniň kadaly artmagy boýunça işjeň syýasat yzygiderli alnyp barylýar. “Türkmenistanyň banklarynyň esaslyk maýalarynyň iň az möçberlerini ýokarlandyrmak hakyndaky” kabul edilen Karara laýyklykda, täjirçilik banklary üçin esaslyk maýanyň iň pes möçberi ABŞ – nyň 5 million dollary (manat esasynda), döwlet – täjirçilik banklary üçin bolsa – ABŞ-nyň 10 million dollary möçberinde goýuldy.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň üstüne täjirçilik banklarynyň işiniň ähli ugurlary boýunça gözegçiligi alyp barmak wezipesi ýüklenen. Ýurduň Merkezi bankyna täjirçilik banklarynyň we olaryň edaralarynyň bazar özgertmeleri boýunça alyp barýan işlerine seljermeleri geçirmeklik hem ýüklenendir. Bu wezipeleri üstünlikli ýerine ýetirmek üçin, ýurduň Merkezi banky ykdysadyýetiň pudaklaryna gönüden-göni bank hyzmatlaryny alyp barmaklykdan boşadylandyr. Bu wezipäniň ýerine ýetirilmegi täjirçilik banklaryň üstüne ýüklenendir.

Şol bir wagtyň özünde-de, Türkmenistanyň Merkezi banky ýurduň bank syýasatynyň wajyp ugurlary boýunça täjirçilik banklarynyň işini kadalaşdyrýar. Onuň üstüne banklar bilen bilelikde karz we göterim syýasatynyň, pul dolanyşygynyň, döwlet býujetiniň ýerine ýetirilmeginiň we hasaplaşyklaryň kassa dolanyşygynyň resminamalaryny işläp düzmeklik we çykarmaklyk wezipeleri hem ýüklenendir.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň bank ulgamynyň esasyny döwlet täjirçilik banklary düzýärler. Olar karz serişdeleriniň aglaba bölegine eýe bolmak bilen, döwlet hemaýatyny alýarlar. Ol ýeňillikler merkezleşdirilen karzlar ýerleşdirilende berilýän artykmaçlyklardan, şeýle-de kadalaşdyryjylar esasynda sazlaşdyryş tertibinde berilýän artykmaçlyklardan ybarat. Şonuň üçin, döwlet täjirçilik banklarynyň işjeňligi umumy döwlet bähbitleriniň gazanylmagyna gönükdirilýär. Döwlet täjirçilik banklarynyň işiniň özeni şu günki-gün kärhanalaryň maliýe – hojalyk işini çuňňur öwrenmek bilen baglanyşyklydyr. Bu ugurda esasy wezipe – kärhanalaryň döwlet tabşyryklaryny we şertnama borçlaryny ýerine ýetirenlerinde öz ähli içerki mümkinçiliklerinden doly peýdalanyp, maliýe – ykdysady ýagdaýlaryny berkitmek boýunça degişli çäreleri geçirmekden we bank karzlaryny doly we möhletinde gaýtarmakdan ybaratdyr.

Banklar öz işinde belli bir ýörelgelere esaslanýarlar. Şol ýörelgeler olaryň ykdysady tebigatyndan gelip çykýar.

Täjirçilik bankynyň birinji esaslandyryjy ýörelgesi diňe bar bolan serişdeleriň çäklerinde işlemekdir. Bu bolsa, karz bermekligiň, hasaplaşyk – pulhana amallarynyň bankyň bar bolan serişdeleri bilen çäklendirilýändigini aňladýar.

Ikinji ýörelge-täjirçilik banklarynyň öz işleriniň netijeleri boýunça doly jogapkärçilik çekýändikleri bilen baglanşykly. Bank amallary boýunça töwekgelçilik doly möçberde bankyň üstüne ýüklenilýär. Şonuň bilen birlikde serişdeleri çekmekde we olary ýerleşdirmekde bankyň özbaşdak hereket etmäge ygtyýary bardyr.

Üçünji ýörelge müşderiler bilen gatnaşyklary “bazar esaslarynda” gurnamak. Müsderileri saýlap we olara hyzmat edip, bank düşewüntlilik we töwekgelçilik görkezijilerden ugur alýar.

Dördünji ýörelge banklaryň işi Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan diňe gaýry ykdysady usullar arkaly kadalaşdyrylyp bilner. Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan täjirçilik banklarynyň işine ygtyýarnamalar we banklaryň berjaý etmeli kadalary arkaly gözegçilik edilýär.

Täjirçilik banklarynyň işi olaryň paýdarlary, goýumçylary we karzdarlary bolup durýan raýatlaryň, edaralaryň, guramalaryň, firmalaryň emläk we durmuş hukuklaryna degişlidir. Şol sebäpli Türkmenistanyň Merkezi bankynyň üsti bilen, döwlet her bankyň durnuklylygyna gözegçilik edýär. Täjirçilik banklar, özara karzlar berýändigi sebäpli, olaryň durnuklylygy gönüden-göni biri-birine bagly bolýar.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň bank ulgamy Türkmenistanyň Merkezi bankyny goşmak bilen 11 bankdan we 120 şahamçadan ybarat.

## Bap 5. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň wezipeleri we ykdysady ösüşdäki orny

### 5.1. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ýerine ýetirýän wezipeleri.

**Türkmenistanyň Merkezi banky ýurduň bank ulgamynyň ykdysady kadalaşdyryjy bölegi bolup çykyş edýär. Şonuň üçin Merkezi bankyň işi pul aýlanyşygyny berkitmek. Milli pul birliginiň durnuklylygyny we goraglylygyny üpjün etmek, ýurduň bank ulgamyny ösdürmek we berkitmek, hasaplaşyklaryň netijeliligini we üznüksizligini üpjün etmek bilen baglydyr.**

Adatça Merkezi bankyň öňünde, esasy, bäş sany wezipe goýulýar. Olar şu aşakdakylardan ybaratdyr:

- ýurduň emission merkezi bolmak, ýagny banknotlary dolanyşyga goýbermekligiň ýekemenlik hukugyndan peýdalanmak;
- banklaryň banky bolmak, ýagny amallary söwda-senagat müşderileri bilen däl-de, eýsem, esasan, ýurduň banklary bilen amala aşyrmaklyk, möçberleri kanun esasynda bellenilýän kassa ätiýaçlyklaryny saklamak, banklary karzlaşdyrmak (soňky karz beriji), milli karz ulgamynyň zerur bolan ülňüleşdirmek derejesini goldamak bilen gözegçiligi amala aşyrmak;
- hökümetiň bankiri bolmak. Merkezi bank döwletiň ykdysady maksatnamalaryna ýardam bermeli we döwletiň gymmatly kagyzlaryny ýerleşdirmeli, hökümet üçin karz bermeli we hasaplaşyk amallaryny ýerine ýetirmeli, altyn-walýuta ätiýaçlyklaryny saklamaly;
- ýurduň esasy hasaplaşyk merkezi bolmak bilen Merkezi bank bankara nagt däl hasaplaşyklarda (garşylyklaýyn zaçýot talabyna we borçnamalaryna esaslanan) araçyl bolmak;
- ykdysadyýeti kadalaşdyrmaklygyň guramasy hökmünde pul-karz usullaryny öwrenýär.

Türkmenistanyň Merkezi banky ýurduň özygtyýarlylygyny gazanandan soňra, TSSR-iň döwlet bankynyň binýadynda ilki başda TSSR-iň döwlet banky görnüşinde döredildi. 1993-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda kabul edilen "Türkmenistanyň Merkezi banky hakyndaky" Kanuna laýyklykda, onuň ady üýtgedilip, ol Türkmenistanyň Merklezi banky diýlip atlandyryldy.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň hukuk statusy, ýerine ýetirýän wezipeleri, guramaçylyk we iş ýörelgeleri Türkmenistanyň Konstitusiýasynda, "Türkmenistanyň Merkezi bank hakyndaky" Kanunynda (08.10.1993ý.) kesgitlenilýär.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň esaslyk maýasy we beýleki emlägi döwlet eýeçiligine degişlidir. Türkmenistanyň Merkezi banky döwlet banky bolmaklygna garamazdan, ol işinde hökümete garaşly däldir. Türkmenistanyň Merkezi banky ýuridiki tarapdyr. Ol salgyt gullugynda bellige alynmaýar, ol öz çykdajylaryny hususy girdejileriniň hasabyna ýapýar, döwlet borçnamalary boýunça jogap bermeýär, döwlet

bolsa bankyň borçnamalary boýunça jogapkärçilik çekmeýär. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň çap edýän kadalaşdyryjy aktlary, Türkmenistanyň döwlet häkimiýet guramalary we olaryň subýektleri, ýerli hökümet dolandyryş guramalary, ähli ýuridiki we şahsy taraplar üçin ýerine ýetirilmegi hökmanydyr.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ýerine ýetirýän wezipeleriniň arasynda kadalaşdyryjy, gözegçilik we maglumatlaýyn-barlag wezipeleri esasydyr.

Merkezi bankyň **kadalaşdyryjy wezipesine** dolanyşykdaky puluň toplumyny düzgünleşdirmek degişlidir. Kadalaşdyrmaklyk nagt we nagt däl emissiýanyň kemeldilmegi ýa-da artdyrylmagy we diskont syýasatyň, ätiýaçlyklaryň pes derejesiniň syýasatyny, açyk bazar hem-de walýuta syýasatlarynyň geçirilmegi bilen amala aşyrylýar.

Merkezi bankyň kadalaşdyryjy wezipesi bilen onuň **gözegçilik** wezipesi berk baglanyşyklydyr. Merkezi bank ätiýaçlyklaryň iň pes derejesiniň syýasaty geçirilende ol ýa-da beýleki bankyň ýagdaýy barada giňişleýin maglumat alýar. Gözegçilik wezipesi bank ulgamynyň hil taýdan düzümine bildirilen talaplara laýyk gelýändigini kesgitleýär, ýagny karz institutlarynyň milli bank bazarlaryna aralaşmagyna ygtyýarnamalaryň kanunalaýyklygy barlanylýar. Ondan başga-da, karz institutlary üçin zerur bolan ykdysady koeffisiýentler we kadalar işlenilip düzülýär we olara gözegçilik amala aşyrylýar.

Ähli Merkezi banklar üçin **maglumatlaýyn-barlag** wezipesi mahsusdyr, ýagny bu ylmy-barlag, maglumatlaýyn-statistiki merkeziň wezipesidir. Bu wezipe köp ýurtlarda bolşy ýaly, Türkmenistanda hem kanunçylyk tertipde bellenilendir. Merkezi bank pul-karz sferasynyň ýagdaýy baradaky maglumatlary almak, seljermek, çap etmek bilen bagly çuňňur we ýüzleý ykdysady ýagdaýlara çalt täsir edip bilýär. Tutuş pul-karz syýasatynyň ugruny kesgitlemeklik maglumatlara dogry baha bermeklige baglydyr. Ýurduň ykdysady ýagdaýyna degişli seljerme geçirilenden soň, Merkezi bankyň emissiýa müdirligi goşmaça pul serişdelerini dolanyşyga goýbermek barada çözgüt kabul edýär. Zerur bolan halatlarda döwlet guramalarynyň işlerini utgaşdyrmak barada teklipler girizilýär. Merkezi bankyň maglumatlaýyn-barlag wezipesi maslahat beriş işini hem ýerine ýetirýär. Maglumatlar bilen tanyşmak, maslahat bermek maksady bilen Merkezi bank duşuşyklar, maslahatlar, şol sanda halkara derejesinde hem geçirip durýar. Merkezi bankyň wezipeleri, köplenç, biri-birine utgaşyp gidýärler, bir wezipeden beýleki wezipe gelip çykýar. Olaryň hereketi öňde goýlan maksatlara we wezipelere bagly bolýar.

## 5.2. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ykdysadyýetiň pul-karz sazlaşdyrmasyndaky orny

**Merkezi bank ykdysadyýeti pul-karz ulgamynyň üsti bilen kadalaşdyrýar. Karz institutlaryna täsir etmek bilen, Merkezi bank olar üçin belli bir şertleri döredýär.**

Pul-karz kadalaşdyrmasynyň esasy ugurlary, Merkezi bank tarapyndan işlenip düzülýär we onuň Geňeşiniň ýygnagynda tassyklanylýar. Kadalaşdyrmagyň obýekti bolup, ähli pul toplumy, şol sanda nagt we nagt däl pullar çykyş edýär.

Pul toplumyny kadalaşdyrmaklygyň gözegçilik usullary we olary dolandyrmaklyk aşakdakylardan ybaratdyr:

- Merkezi bankyň amallary boýunça göterim haklaryny bellemeklik;

- Türkmenistanyň Merkezi bankynda deponirlenýän hökmany ätiýaçlyklaryň pes derejesiniň kadasy;
- açyk bazardaky amallar;
- banklary gaýtadan maliýeleşdirmek we hökümet karzlary;
- walýuta interwensiýalary;
- döwlet bergilerine hyzmat etmekligiň çäklerinde döwletiň gymmatly kagyzlary bilen geçirilýän amallar;
- pul toplumynyň ösüşiniň maksatlaýyn ugurlaryny bellemeklik;
- karzyň mukdar çäklendirmeleri.

Türkmenistanyň Merkezi banky amallaryň dürli görnüşleri boýunça bir ýa-da birnäçe resmi göterim haklaryny belläp bilýär ýa-da resmi göterim hakyny kesgitlemän göterim syýasatyny geçirip bilýär. Türkmenistanyň Merkezi banky özüniň göterim syýasatyny Milli manady berkitmek, göterim hakynyň bazarda emele gelmegi üçin ulanylýar.

Türkmenistanyň Merkezi bankynda deponirlenýän hökmany ätiýaçlyklaryň möçberi, bankyň çekilen pul serişdeleriniň umumy jemine bolan göterim gatnaşygynda bellenilýär.

Merkezi bankyň pul-karz syýasatynyň esasy gurallary we esasy usullary bolup ***onuň täjirçilik banklar bilen geçirýän aşakdaky ustawlaýyn amallary*** çykyş edýär:

- banklary karzlaşdyrmak;
- habarçy-banklaryň hasaplaryny ýöretmek we olaryň hasaplaşyk-kassa hyzmatlaryny ýerine ýetirmek;
- bankyň üçünji tarap üçin kepil geçmegi;
- gymmatly kagyzlary, gymmat bahaly metallary we beýleki gymmatlyklary-daşary ýurt walýutasyny, töleg resminamalaryny satyn almak, satmak we saklamak;
- Merkezi bankyň wezipelerinden gelip çykýan gaýry amallary ýerine ýetirmek.

**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň *buýjet bilen ustawlaýyn amallary:***

- döwletiň bergilerine hyzmat etmek: onuň hasabyny ýöretmek, gymmatly kagyzlary saklamak, döwlet zaýomlaryny ýerleşdirmek, olary üzmek we göterimlerini tölemek;
- Ykdysadyýet we ösüş ministrligini, Maliýe ministrligini gysga möhletleýin karzlaşdyrmaklyk;
- Döwletiň gymmatly kagyzlaryny satyn almaklyk;
- Býujetleriň kassalaýyn ýerine ýetirilişi;
- Býujet we býujetden daşary gaznalaryň boş serişdelerini çekmek.

***Ustawlaýyn daşary ykdysady işler:***

- Kanun tarapyndan ykrar edilen daşary ýurt walýutasynda amallary ýerine ýetirmek;
- Milli manadyň hümmetini kadalaşdyrmak;
- Altyn-walýuta ätiýaçlyklaryny dolandyrmak;
- Daşary ýurt banklarynyň Türkmenistanda hereket etmekligine ygtyýar bermek;
- Beýleki ýurtlaryň merkezi banklarynda, hyzmatdaşlyk edýän halkara guramalarynda Türkmenistanyň bähbitlerine wekilçilik etmek;

- Merkezi bankyň bankara walýuta bazarynda manadyň hümmetine täsiri güýçlendirmek maksady bilen, walýuta interwensiýalaryny geçirmek üçin iş alyp barmaklyk.

Türkmenistanyň Merkezi bankyna döwlet maýa goýum maksatnamalaryny uzak möhletleýin karzlaşdyrmak üçin depozitleri çekmeklige, oblegasiýalary ýerleşdirmeklige hem hukuk berlendir. Bu amallary Merkezi bank bilen kärhanalaryň arasynda hem geçirmek gadagan edilen däldir.

## 5.3. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň aktiw we passiw amallary

Türknenistanyň Merkezi banky öz wezipelerini passiw we aktiw bank amallarynyň üsti bilen ýerine ýetirýär.

Bank resurslaryny emele getirýän amallara passiw amallar diýilýär. **Aktiw amallaryň** kömegi bilen resurslar ýerleşdirilýär.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň passiw amallarynyň esasylaryna banknotlaryň emissiýasy, täjirçilik banklarynyň we gaznaçylygyň goýumlaryny kabul etmek, hususy maýany döretmek boýunça ýerine ýetirilýän amallar degişlidir.

Merkezi bankyň resurslarynyň esasy çeşmesi bolup **banknotlaryň emissiýasy** çykyş edýär (onuň paýyna, takmynan, 40-85%-e çenli düşýär). Häzirki döwürde banknotlaryň altyn üpjünçiligi ýokdur.

Banknotlaryň häzirki zaman emissiýasynyň guraly täjirçilik banklaryny karzlaşdyrmaklyga, döwletiň gymmatly kagyzlaryny satyn almaklyga we altyn walýuta ätiýaçlyklaryny artdyrmaklyga esaslanýar. Bank karzlaşdyrmasyna esaslanýan banknotlaryň emissiýasy olaryň borçnamalary bilen üpjün edilýär. Döwletiň bergi-borçnamalary, altyn we daşary ýurt walýutasy satyn alnanda bolsa döwlet borçnamalary, altyn we daşary ýurt walýutasy bilen üpjün edilýär. Başgaça aýdylanda, banknot emissiýasynyň üpjünçiligi bolup, Merkezi bankyň aktiwleri hyzmat edýärler, onuň passiw we aktiw amallarynyň özara baglanyşygy ýüze çykýar. Merkezi bankyň ”Banknotlaryň emissiýasy” passiw amalynyň möçberleri onuň aktiw amallaryna, banklara berilýän karzlara, döwletiň gymmatly kagyzlaryny satyn almaklyga, daşary ýurt walýutasyny we altyny satyn almaklyga baglydyr. Şu nukdaý nazardan, Merkezi bankyň aktiw amallary passiw amallara garanyňda ilkinjidirler.

Emma Merkezi bankyň karz ulgamyna ýa-da döwlete karz bermekligi hemişe täze banknotlary dolanyşyga goýbermekligi aňlatmaýar. Merkezi bankyň karzlary täjirçilik banklary we gaznaçylygyň hasaplaryna (Merkezi bankda açylan hasaplara) geçirilip bilner. Bu ýagdaýda banknot emissiýasy däl-de eýsem depozit emissiýasy bolup geçýär.

Merkezi bankyň resurs çeşmeleri bolup **gaznaçylygyň, täjirçilik banklarynyň goýumlary** hyzmat edýärler. Täjirçilik banklar özleriniň kassa, şol sanda hökmany ätiýaçlyklarynyň bir bölegini Merkezi bankdaky göterimsiz hasaplara geçirip bilýärler. Merkezi bank täjirçilik banklar üçin berk bellenilen göterim hakly möhletli hasaplary hem açyp bilýär. Adatça, bankyň **hususy maýasyna** paýynyň passiwiniň 4%-den ýokary bolmadyk bölegi düşýär.

***Merkezi bankyň aktiw amallary***. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň aktiw amallary hasap-karz amallardan, gymmatly kagyzlara goýum goýmaklykdan, altyn we daşary ýurt walýutasyndaky hem-de beýleki amallardan ybaratdyr.

***Hasap-karz amallar*** hasap amallary we döwlete hem-de gysga möhlete berilýän karzlar diýen iki görnüşde bolýarlar.

Hasap amallary Merkezi bankyň döwletden we bankdan wekselleri satyn almagydyr. Täjirçilik banklardan wekselleri satyn almaklyk gaýtadan hasaba almaklyk diýlip atlandyrylýar. Sebäbi bu ýagdaýda ikilenç hasaba almaklyk bolýar, ýagny täjirçilik banklarynyň öz müşderilerinden satyn alan wekselleri Merkezi bankda ikinji gezek satylýar. Gaznaçylyk wekselleri hasaba almaklyk, köplenç, senagat taýdan ösen ýurtlarda döwleti gysga möhletli karzlaşdyrmagyň esasy guraly hökmünde ulanylýar (ýagny, döwlet býujetine gündelik gelýän girdejileriň we çykdajylaryň arasyndaky üzňeligiň üstüni ýapmak üçin).

Kassa üzňelikleriniň üstüni ýapmaklygyň beýleki bir usuly-hökümete berilýän göni bank karzlarydyr. Täjirçilik banklaryna gysga möhletli karzlar ýönekeý we geçirilýän wekselleri, gymmatly kagyzlary we gaýry aktiwleri girewe almak bilen berilýär. Bu amallaryň görnüşleriniň biri lombard karzlarydyr.

**Gymmatly kagyzlara goýum goýmak** Merkezi bank tarapyndan dürli maksatlar üçin amala aşyrylyp bilner. **Birinjiden,** döwlet oblegasiýalaryny satyn almak, býujet ýetmezçiliginiň üstüni ýapmak üçin hökümeti karzlaşdyrmagyň esasy görnüşi bolup hyzmat edýär.

**Ikinjiden,** döwlet obligasiýalaryny Merkezi bankyň satyn almagy bank ulgamynyň likwidliligini kadalaşdyrmak, pul toplumyny düzgünleşdirmek we pul- -karz syýasaty geçirilende döwlet oblegasiýalarynyň kursuny kadalaşdyrmak maksady bilen bolup biler. Täjirçilik banklarynyň resurslaryny artdyrmak üçin Merkezi banklar, hususan-da ***Repo*** görnüşli amallary ulanýarlar, ýagny banklardan döwletiň gymmatly kagyzlaryny satyn almak bilen, şol bir wagtyň özünde Merkezi bank olary belli bir möhletden soň öňünden bellenilen baha boýunça yzyna satmaklyk borçnamasyny öz üstüne alýar.

## 5.4. Merkezi bankyň balansy: esasy bölümleri we maddalary

Türknenistanyň Merkezi bankynyň balansynda onuň esasy wezipeleri bilen bagly bolan amallaryň göwrümi görkezilýär, ýagny manadyň durnuklylygyny üpjün etmek, onuň satyn alyjylyk ukybyny berkitmek we manadyň daşary yurt walýutasyna bolan gatnaşygyny kadalaşdyrmak, hasaplaşyk ulgamynyň netijeli we üznüksiz hereket etmegini üpjün etmek, şeýle hem bank işiniň 2008-nji ýyldaky netijeleri görkezilýär. Merkezi banka esasy wezipelerini ýerine ýetirmek baradaky maglumatlary bermek maksady bilen hasaplar maddalara birleşdirilip toparlanylýar.

**5.4.1-nji tablisa**

**Türkmenistanyň Merkezi bankynyň jemleýji balansy**

| AKTIW | | | PASSIW | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | 01.01.09ý. | 01.01.08ý. | | 01.01.09ý. | 01.01.08ý. |
| Altyn<br>Daşary ýurt walýutasy<br>Kassadaky nagt pullar<br>Ykdysadyýet we ösüş hem-de Maliýe ministr -ligine berilýän karzlar<br>Gymmatly kagyzlar bilen geçirilýän amal-lar.<br>Karzlar<br>Döwletara hasaplaşyk-lar<br>Gaýry aktiwler | | | Esaslyk maýa<br>Ätiýaçlyklar we gaznalar<br>Walýuta hasaplary<br>Dolanyşykdaky nagt pullar<br>Täjirçilik banklary-nyň serişdeleri<br>Müşderileriň we býujetleriň serişdeleri<br>Hasaplardaky serişdeler<br>Gaýry passiwler | | |
| BALANS | | | BALANS | | |

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň aýratyn maddalaryna düşündiriş:

**AKTIW**

(mln. manat)

1. Altyn.
2. Daşary ýurt walýutasy.

Bu madda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň daşary ýurt walýutasynda Türkmenistanda we onuň çäkleriniň daşynda habarçy hasaplardaky galyndylar, gymmatly kagyzlaryň hasabyndaky we depozitdäki galyndylar boýunça ýerine ýetirilýän amallar goşulýar. Olar Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyga we halkara tejribesinde kabul edilen kadalara laýyk gelýärler.

2007-nji ýylyň 1-nji ýanwary bilen deňeşdirilende bu maddalaryň artmagy buhgalter hasabynda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Türkmenistanyň Daşary Ykdysady Döwlet bankynyň ustawlaýyn we paýdarlar kapitalynda paý gatnaşygynyň we walýuta ätiýaçlyklarynyň ösüşiniň görkezilmegi bilen şertlenendir.

3. Kassalardaky nagt pullar.

Dolanyşyga goýberilen bank biletleri we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň edaralarynyň kassalaryndaky ownuk monetalar görkezilendir.

4. Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş hem-de Maliýe ministrligine berlen karzlar.

Bu bölüm Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň hem-de Maliýe ministrliginiň karzlar boýunça bergilerini (Türkmenistanyň býujet ýetmezçiligini maliýeleşdirmek we içerki bergisini ýapmak üçin alnan), şeýle hem beýleki maksatlar üçin alnan karzlary öz içine alýar.

5. Gymmatly kagyzlar bilen geçirilýän amallar.

Onda Türkmenistanyň Merkezi bankynyň döwletiň gymmatly kagyzlaryna goýan goýumlarynyň we paýdarlar jemgyýetleriniň hem-de daşary ýurt banklarynyň paýnamalarynyň satyn alynyşy baradaky amallary görkezilýär.

6. Karzlar.

şol sanda:

täjirçilik banklaryna berlen karzlar;

täjirçilik banklaryna berlen karzlar boýunça möhleti geçen göterimler, karzlar boýunça möhleti geçen bergiler;

döwlet býujetiniň hasabyna, göterimleri goşmak bilen Garaşsyz döwletleriň arkalaşygyna berlen karzlar;

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň hyzmat edýän müşderilerine beren karzlary.

7. Döwletara hasaplaşyklar.

Bu bölüm ozalky Sowet Soýuzynyň Sosialistik Respublikalary bilen amala aşyrylýan döwletara hasaplaşyklary häsiýetlendirýär.

8. Gaýry aktiwler.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň esasy serişdeler boýunça hasabyny, hojalyk işleri boýunça hasaplaşyklary we gaýry amallary öz içine alýar.

**PASSIW**

(mln. manat)

1. Esaslyk maýa.

”Türkmenistanyň Merkezi banky hakyndaky” 1993-nji ýylyň 8-nji oktýabrynda kabul edilen Türkmenistanyň Kanunynyň 25 maddasyna laýyklykda emele getirilen.

2. Ätiýaçlyklar we gaznalar.

Ätiýaçlyk gaznasynyň we walýuta serişdelerini gaýtadan bahalandyrmak gaznasynyň galyndylary görkezilen.

Ätiýaçlyk gaznasynyň serişdeleri Türkmenistanyň Merkezi bankynyň durnukly işini üpjün etmek hem-de döwletiň uzak möhletli maksatnamalaryny durmuşa geçirmek üçin niýetlenendir (yzyna gaýtarylmajak karzlary bilen bagly bolan, şeýle hem göterimleriň tölenilmezligi, girdejileriň ýitirilmegi sebäpli, bank töwekgelçilikleriniň üstüni ýapmak üçin). Ätiýaçlyk gaznasyna geçirimler peýdadan geçirilýär, onuň möçberi bankyň geňeşiniň çözgüdi esasynda we ”Türkmenistanda Merkezi bank hakynda” kabul edilen Kanuna laýyklykda kesgitlenilýär.

Walýuta gymmatlyklary bilen geçirilýän amallar boýunça gaýtadan bahalandyrmak gaznasy gazanylan peýda we ýitgilere bagly bolmadyk ýagdaýda döredilýär.

3.Walýuta hasaplary.

Bölümde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň, Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş hem-de Maliýe ministrliginiň resmi döwlet walýuta ätiýaçlyklaryny ýerleşdirmek boýunça amallaryny goşmak bilen, daşary ýurt walýutasyndaky amallaryny görkezýär.

4. Dolanyşykdaky nagt pullar.

Bu bölümde Türkmenistanyň Merkezi bankynyň dolanyşyga goýberen banknotlary we monetalary görkezilýär.

5. Täjirçilik banklarynyň serişdeleri.

şol sanda:

habarçy hasaplaryndaky hökmany ätiýaçlyklaryň galyndylary, bank ulgamynyň hökmany ätiýaçlyklar gaznasyna geçirilenleri.

6. Býujetleriň we müşderileriň serişdeleri.

Bu madda döwlet, welaýat, etrap, şäher we ýerli býujetleriň, şeýle hem býujetden daşary gaznalaryň, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýry müşderileriniň serişdelerini hasaba almak üçin açylan hasaplardaky galyndylar görkezilýär.

7. Hasaplaşyklardaky serişdeler.

Türkmenistanyň çäklerindäki hasaplaşyklardaky serişdeler, şeýle hem ozalky SSSR-iň respublikalary bilen öňki ýyllar üçin hasaplaşyklar boýunça serişdeler degişlidir.

8. Gaýry passiwler.

Bu maddada geljek döwrüň girdejileri, ýörite maksatly gaznalar boýunça galyndylar görkezilýär.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň 2008-nji ýyldaky girdejileri, çykdajylary we maliýe netijeleri.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň ***peýdalarynyň we zyýanlarynyň hasaby***

Girdejiler we çykdajylar aşakdaky maddalardan ybarat:

1. Alnan göterimler-
2. Tölenilen göterimler-
3. Göterimlerden sap girdeji-
4. Diwidentler –
5. Ýygymlar we gaýry girdejiler-

Girdejileriň jemi:-

-------------------------------------

6. Umumy administratiw çykdajylar-

7. Amallar boýunça çykdajylar-

8. Zyýanlar-

Çykdajylaryň jemi -

----------------------------------------

Peýda -

**Bank ulgamynyň işgärleri dolanyşyga goýberilen her bir teňňäniň banklaryň pulhanalaryna gaýdyp gelmegini üpjün etmelidir.**

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly BERDIMUHAMEDOW**

# Bap 6. Türkmenistanyň täjirçilik bank ulgamyna häsiýetnama.

## 6.1. Türkmenistanyň täjirçilik banklarynyň wezipeleri, olaryň guramaçylyk we dolandyryş düzümi

Türkmenistanyň täjirçilik banklary bank ulgamynyň ikinji derejesine degişlidirler. Olar karz resurslarynyň esasy bölegini özünde jemleýärler, ýuridiki we fiziki taraplar üçin giň göwrümli bank amallaryny we maliýe hyzmatlaryny ýerine ýetirýärler. Bu banklar paý esasynda döredilýärler we eýeçiligiň görnüşi boýunça döwlet, paýdarlar, kooperatiw banklara bölünýärler.

Täjirçilik banklarynyň esasy wezipeleri şulardan ybaratdyr:

- wagtlaýyn boş pul serişdelerini ýygnamak we olary kapitala öwürmek;
- kärhanalary, döwleti we ilaty karzlaşdyrmak;
- karz pullary dolanyşyga goýbermeklik;
- hojalykda hasaplaşyklary we tölegleri amala aşyrmak;
- emissiýa-dörediji wezipesi;
- maslahat bermek, ykdysady we maliýe maglumatlary hödürlemek.

***Wagtlaýyn boş pul serişdelerini ýygnamak we olary kapitala öwürmek*** wezipesinde banklar goýum görnüşinde pul girdejilerini we süýşürintgilerini toplaýarlar. Goýumçy göterim ýa-da bank hyzmaty görnüşinde höweslendirilýär. Goýumlarda jemlenen süýşürintgiler karz kapitalyna öwrülýärler, olar kärhanalary we telekeçileri karzlaşdyrmak üçin ulanylýar. Karz alyjylar serişdeleri önümçiligi giňeltmek, gozgalmaýan emlägi we isleg ödeýiş harytlary satyn almak üçin sarp edýärler. Banklaryň kömegi bilen süýşürintgiler ahyrky netijede kapitala öwrülýärler.

***Täjirçilik banklarynyň kärhanalary, döwleti, ilaty karzlaşdyrmak wezipesi*** wajyp ykdysady ähmiýete eýedir. Tejribede pul eýeleriniň karz alyjylary göni karzlaşdyrmaklygy kynçylyklara sezewar bolýar. Bank maliýe araçyly hökmünde çykyş edýär: pul serişdelerini ahyrky karz berijilerden alýar we iň soňky karz alyjylara berýär. Bank karzynyň hasabyna senagaty, oba hojalygyny, söwdany we giňeldilen üznüksiz önümçiligi, maliýeleşdirmekligi amala aşyrýar. Täjirçilik banklary sarp edijilere uzak möhletli ulanylýan harytlary satyn almak üçin karz berýärler, ilatyň ýaşaýyş derejesiniň ýokarlanmagyna ýardam edýärler. Haçan-da, döwlet çykdajylary onuň girdejileriniň hasabyna ýapylmadyk ýagdaýynda, banklar hökümetiň maliýe işlerini karzlaşdyrýarlar.

***Karz pullary dolanyşyga goýbermeklik*** täjirçilik banklarynyň özlerine mahsus wezipesidir. Bu wezipe banklary beýleki maliýe institutlaryndan tapawutlandyrýar. Täjirçilik banklary depozit-karz emissiýasyny amala aşyrýarlar. Banklar öz müşderilerine karz berenlerinde pul toplumy artýar we karzlar yzyna gaýtarylanda kemelýär. Bu banklar

dolanyşygyň karz gurallarynyň emmitentleri bolup çykyş edýärler. Müşderä berilýän karz onuň bankdaky hasabyna geçirilýär, ýagny bank depozit döredýär (talap edilýänça goýum). Şeýlelikde bankyň bergidarlyk borçnamalary artýar, depozitiň eýesi goýumyň möçberinde bankdan nagt pul alyp bilýär. Onuň netijesinde dolanyşykdaky puluň mukdary artýar. Bank karzlaryna islegiň barlygy pul emissiýasyny giňeltmäge mümkinçilik berýär. Bu ýagdaý senagat taýdan ösen ýurtlarda pul toplumynyň artýanlygy bilen tassyklanýar. Şunuň bilen birlikde ykdysadyýet puluň çendenaşa mukdaryna däl-de, eýsem onuň diňe zerur bölegine mätäçdir. Şonuň üçin täjirçilik banklary Merkezi bank tarapyndan bellenilýän çäklendirmelere esaslanýar we olaryň kömegi bilen karzlaşdyrmak we pul emele getirmek işleri kadalaşdyrylýar.

Täjirçilik banklarynyň ýene-de bir wezipesi ***hasaplaşyk-töleg guralyny*** üpjün etmeklikdir. Banklar töleg işlerinde araçyl hökmünde çykyş etmek bilen öz müşderileri üçin hasaplaşyklary we tölegleri geçirmek bilen bagly bolan amallary ýerine ýetirýärler.

Täjirçilik banklarynyň ***emission-döredĳi wezipesi*** gymmatly kagyzlary (paýnamalary, oblegasiýalary) dolanyşyga goýbermek we ýerleşdirmek arkaly amala aşyrylýar. Bu wezipäni ýerine ýetirmek bilen banklar süýşürintgileri önümçilik maksatlaryna gönükdirýärler. Gymmatly kagyzlaryň bazary bank karzynyň üstüni dolýar we onuň bilen bilelikde hereket edýär. Mysal üçin, täjirçilik banklary gymmatly kagyzlaryň bazarynyň dellallaryna (döredĳi kompaniýalara) gymmatly kagyzlaryň täze goýberilişine ýazylmak üçin karz berýärler. Olar bolsa bölekleýin gaýtadan satmaklyk üçin banklara gymmatly kagyzlary satýarlar.

Täjirçilik banklarynyň ykdysady ýagdaýy hemişe gözegçilikde saklamaga mümkinçilikleri bolýarlar. Bu bolsa olaryň müşderilerine dürli ugurlar boýunça (täze maýa goýumlar hakynda, kärhanalary täzeden dikeltmek barasynda, ýyllyk hasabatlary düzmek boýunça we beýlekiler) maslahat bermäge şert döredýär. Häzirki wagtda müşderilere ykdysady we maliýe maglumatlaryny bermeklikde banklaryň orny has-da ýokarlandy.

Täjirçilik bankyň guramaçylyk we dolandyryş düzümi ustawda kesgitlenilýär. Onda bankyň dolandyryş guramalary, onuň düzümi, döredilmek tertibi we wezipeleri barada düzgünnamasy bolýar.

Paýdarlar täjirçilik bankynyň ýokary guramasy paýdarlaryň umumy ýygnagydyr. Ýygnak ýylda bir gezek ustawlaýyn we esaslyk maýanyň üýtgemegi, bankyň mejlisiniň agzalaryny saýlamak, ýyllyk iş netijelerini tassyklamak, bankyň girdejilerini paýlamak, bankyň şahamçalaryny döretmeklik we ýapmak ýaly soraglary çözmek üçin geçirilýär.

Bankyň Mejlisi bankyň işini ugrukdyrýar we ony sazlaşdyrýar, onuň agzalarynyň sany täk bolup, kada hökmünde üç adamdan az bolmadyk agzadan ybarat düzülýär. Mejlisiň agzalary bankyň paýdarlarynyň (esaslandyryjylarynyň) umumy ýygnagynda azyndan üç ýyl möhlet bilen saýlanylýar.

Mejlisiň agzalary bankyň paýdarlary (esaslandyryjylary) bolup biler. Mejlisiň agzalary gaýtadan saýlanylyp bilner. Mejlisiň agzalarynyň göz haky diňe bankyň sap düşewündinden tölenilýär.

Belli bir iş bilen meşgullanmak ýa-da belli bir wezipäni eýelemek hukugyndan kazyýetiň karary bilen kesilen adam, Mejlisiň agzalygyna saýlanmazdan ozal, gös-göni Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň agzasy bolan ýa-da bolup durýan

adam, bergä batan diýlip yglan edilen adam bankyň Mejlisiniň agzalygyna saýlanylyp bilinmez, eger saýlanan bolsa onda boşadylmalydyr.

Mejlisiň agzalary öz hukuklaryny we borçlaryny üçünji taraplara berip bilmeýärler.

Bankyň müdiriýeti ýerine ýetiriji gurama hasaplanylýar. Ol umumy banky esaslandyryjylaryň ýygnagynyň we bankyň Mejlisiniň kararlaryny ýerine ýetirýär hem-de bankyň Mejlisine hasabat berýär.

Müdiriýetiň agzalarynyň sany täk bolan adamlardan ybaratdyr. Müdiriýetiň agzalary paýdarlaryň (esaslandyryjylaryň) umumy ýygnagynda azyndan üç ýyl möhlet bilen saýlanylýar. Müdiriýetiň agzalary gaýtadan saýlanylyp bilner.

Müdiriýetiň başlygy we agzalary Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan bellenilip, şeýle hem bankyň ustawy bilen tassyklanylyp bilner. Bankyň başlygy hem bankyň müdiriýetiniň agzasydyr.

Müdiriýet umumy ýygnagyň we bank Mejlisiniň ygtyýarynda bolmadyk bank işlerine degişli ähli soraglary çözýär.

Umumy ýygnak öz ygtyýaryndaky hukuklaryň bir bölegini Müdiriýetiň ygtyýaryna bermek baradaky karary çykaryp bilýär. Müdiriýet umumy ýygnagyň we bank mejlisiniň öňünde hasabat berýär we olaryň kararlaryny ýerine ýetirmekligi gurnaýar. Müdiriýet bankyň adyndan bankyň ustawyna we kanunyna laýyklykda hereket edýär.

Müdiriýetiň başlygy ynanç hatsyz bankyň adyndan hereket edip bilýär, ýagny ony hökümet dolandyryş guramalarynyň öňünde görkezip bilýär. Hereket edýän kanunyň çäklerinde bankyň serişdelerine ygtyýarlyk edip, şertnamalary baglaşyp we kazyýetde çykyş edip, esasy işleri boýunça buýruklary we görkezmeleri berip, wezipe ştatyna we çykdajy smetasyna degişlilikde wezipe aýlyklaryny belläp, bellenilen nomenklatura laýyklykda wezipä belläp we aýryp, tapawutlanan işgarleri höweslendirip ýa-da tertibe çagyryp, bankyň düzümleýin bölümleri baradaky düzgüni tassyklap, orunbasarlaryň arasynda borçlaryny paýlap we ş.m. edip bilýär.

Bankyň müdiriýetinyň başlygy maliýeleşdirmek we karzlaşdyrmak işlerinde ýeke-täk syýasaty alyp barmaklygy üpjün etmelidir. Dolandyryşyň esasan ykdysady usullaryny ulanmalydyr. Zähmet köpçüliginiň başlangyçlarynyň we başarjaňlygynyň ýüze çykmagy üçin şertler döretmelidir.

Dolandyryşyň esasy maksady biri-biri bilen bäsleşýän bank edaralarynyň we şolar bilen birlikde ähli hojalyk subýektleriniň netijeli we durnukly işlemekleri üçin şertler döretmekdir. Türkmenistanyň Mejlisiniň bank we bank işleri baradaky kabul eden kanuny aktlary bankyň işini reglamentirleýär, olaryň statusyny kesgitleýär we Türkmenistanyň Merkezi bankyna olaryň işini düzgünleşdirmäge hukuk berýär.

Döwlet guramalary tarapyndan täjirçilik banklaryny dolandyrmaklyk düzgüne salmak, höweslendirmek we gözegçilik görnüşinde alnyp barylýar.

Hereket edýän kanunyň çäklerinde bank ýolbaşçylary girdeýji almak maksady bilen banklaryň işini meýilleşdirýärler we guraýarlar. Bu ýerde dolandyryş obýektleri bolup işiň aýratyn taraplary däl-de, eýsem tutuş ulgam, gurama çykyş edýär. Dolandyryşyň esasy bolup täjirçilik banklarynyň aktiwleri we passiwleri çykyş edýärler.

## 6.2. Täjirçilik banklarynyň passiw we aktiw amallary

Bankyň boş pul serişdelerini toplaýan we olary yzyna gaýtarmak esasynda ýerleşdirýän edara hökmünde kesgitlenilmegi, onuň işinde passiw we aktiw amallary öňe çykarmaga mümkinçilik berýär.

Passiw amallaryň kömegi bilen banklar öz resurslaryny emele getirýärler. Olaryň manysy dürli görnüşli goýumlary çekmekden, başga banklardan karz almakdan, hususy gymmatly kagyzlaryň emissiýasyndan, şeýle hem bank resurslaryny artdyrýan gaýry amallaryň geçirilmeginden ybaratdyr.

Taryhy gelip çykyşy boýunça passiw amallar birinji orunda durýarlar, sebäbi aktiw amallary ýerine ýetirmek üçin, esasy şertleriň biri resurslaryň ýeterlikli bolmagydyr.

Passiw amallara aşakdakylar degişlidirler:

- goýumlary (depozitleri) kabul etmek;
- müşderileriň, şol sanda habarçy banklaryň hasaplaryny açmaklyk we alyp barmaklyk;
- hususy gymmatly kagyzlary dolanyşyga goýbermek (oblegasiýalar, wekseller, depozit we süýşürintgi sertifikatlary);
- bankara karzlaryň, şol sanda merkezleşdirilen karz resurslarynyň alynmagy;
- repo amallary;
- ýewrowalýuta karzlary.

Bank serişdeleriniň aýratyn görnüşini bankyň hususy serişdeleri (kapitaly) emele getirýärler. Bankyň hususy kapitaly, anyk aňladylan hukuk esasyna we kesgitlenen wezipä eýe bolmak bilen, bankyň maliýe binýady bolup çykyş edýär. Ol zyýanlaryň we batyp galmaklygyň ýagdaýlary ýüze çykan halatynda goýumçylara we karz berijilere öwezini dolmak töleglerini amala aşyrmaga bankyň wezipelerine laýyklykda amallaryň göwrümlerine we görnüşlerine goldaw bermäge mümkinçilik döredýär.

Bankyň hususy serişdeleriniň düzüminde: ustawlaýyn, ätiýaçlyk we gaýry ýörite gaznalar, şeýle hem ýylyň dowamynda paýlanylmadyk peýda bolýar.

Bankyň hususy kapitalynyň esasy bölegi ustaw gaznasydyr. Bankyň guramaçylyk görnüşine baglylykda onuň ustaw gaznasy dürli görnüşde emele getirilýär. Eger-de bank paýdarlar jemgyýeti hökmünde döredilýän bolsa, onda onuň ustaw gaznasy paýdarlaryň paýnamalary ýerleşdirmekden alan serişdeleriniň hasabyna emele getirilýär. Bank jogapkärçiligi çäklendirilen jemgyýet hökmünde döredilse, ustaw gaznasy oňa gatnaşyjylaryň paý gatançlary esasynda emele gelýär. Bankyň guramaçylyk-hukuk görnüşine garamazdan onuň ustaw gaznasy tutuşlygyna oňa gatnaşyjylaryň (fiziki we ýuridiki taraplaryň) goýumlarynyň hasabyna emele gelýär we olaryň borçnamalarynyň üpjünçiligi bolup hyzmat edýär.

Ustaw gaznasynyň möçberi, onuň emele gelmeginiň tertibi we üýtgedilmegi bankyň ustawynda kesgitlenilýär. Ustaw kapitalynyň jemi kanun taýdan çäklendirilmeýär, ýöne bankyň durnuklylygyny üpjün etmek üçin Merkezi bank tarapyndan onuň iň pes möçberi bellenilýär. Günbatar ýurtlarynda täjirçilik banklarynyň ustaw kapitalynyň möçberi 10-15 mln. EKÝU çenli ýetýär. Ustaw maýanyň artmagy paýdarlaryň serişdeleriniň, şeýle hem onuň hususy serişdeleriniň (ätiýaçlyk we ýörite maksatly gaznalaryň), diwidentleriň, peýdanyň hasabyna amala aşyrylyp bilinýär.

Ätiýaçlyk gaznasy bankyň geçirýän amallary boýunça ýüze çykaýjak zyýanlaryň üstüni ýapmaklyga gönükdirilýär. Onuň ululygy ustaw gaznasyna bolan göterim gatnaşyklarynda bellenilýär. Ätiýaçlyk gaznasynyň emele gelmek çeşmesi bolup peýdadan geçirilýän serişdeler çykyş edýär.

Banklar başgada: ”Esasy serişdeleriň könelmesi”, ”Arzan bahaly tiz könelýän predmetleriň könelmesi” ýaly amortizasion geçirimleriň hasabyna emele gelýän gaznalary, şeýle hem peýdanyň hasabyna döredilýän ykdysady höweslendiriş gaznalaryny emele getirýärler. Ýörite maksatly gaznalara banklaryň esasy serişdeleri gaýtadan bahalandyrmaklykdan alnan serişdeleri, banklaryň paýnamalary olaryň ilkinji eýelerine nominal gymmatyndan ýokary satmaklyklaryndan alnan serişdeler hem goşulýarlar.

Täjirçilik banklarynyň resurslaýyn binýadynyň häzirki zaman düzümi, düzgün bolşy ýaly, hususy serişdeleriň ujypsyz paýy bilen häsiýetlendirilýär. Ösen bazar gatnaşykly ýurtlarda resurslaryň düzüminde hususy serişdeleriň paýy 15-20 göterime deňdir. Bu banklaryň durnuklylygyny ýeterlik üpjün edýär. Türkmenistanyň banklarynda bu görkeziji 10 göterimden ýokary däldir, şol bir wagtyň özünde bu görkeziji kärhanalarda 40-50 göterime barabardyr.

Banklaryň resurslarynyň esasy bölegini çekilen serişdeler emele getirýärler. Olar bankyň aktiw amallaryny ýerine ýetirmek üçin gerek bolan pul serişdeleriniň 80-90 göterimini düzýärler. Çekilen serişdeleriň iň ýokary möçberi bankyň hususy kapitalyna baglydyr. Dürli ýurtlarda hususy kapital bilen, çekilen serişdeleriň kadalaşdyryjy gatnaşygy tapawutlydyr. Bu kadalaşdyryjylar 1:10-dan tä 1:100 çenli bolan gatnaşyklarda üýtgäp durýarlar. Mysal üçin, Şweýsariýada bu gatnaşyk 1:12, Ýaponiýada bolsa 1:83-e deňdir.

Täjirçilik banky kärhanalaryň, guramalaryň, edaralaryň, ilatyň we beýleki banklaryň serişdelerini özüne çekip bilýär. Bellenen möhlete görä çekilen resurslar ***dolandyrylýan resurslara*** *we* ***gündelik passiwlere*** bölünýärler. Dolandyrylýan resurslar bank tarapyndan çekilen möhletli depozitleri we bankara karzlary öz içine alýarlar. Gündelik passiwler hasaplaşyk, gündelik we habarçy hasaplaryndaky galyndylardan emele gelýärler.

Goýum (depozit) pul serişdeleri bolup (nagt ýa-da nagt däl görnüşde, milli ýa-da daşary ýurt walýutasynda), olaryň eýeleri tarapyndan kesgitlenen şertlerde saklamaklyk üçin banka geçirilýär. Pul serişdelerini goýumlara çekmek bilen baglanyşykly amallara, ***depozit*** amallary diýilýär. Banklar üçin goýumlar olaryň passiw amallarynyň iň esasy görnüşidir, aktiw amallary geçirmeklik üçin bolsa iň esasy resursdyr.

Goýumlary toparlamagyň dürli almatlary bar. Goýumça baglylykda depozitler fiziki we ýuridiki taraplaryň depozitlerine bölünýärler. Möhletine baglylykda ***möhletli we talap edilýänça*** depozitler bolýarlar.

Talap edilýänça goýumlar müşderiler tarapyndan bankda açylýan dürli hasaplarda ýerleşdirilýär. Olar gündelik hasaplaşyklary amala aşyrmak üçin niýetlenendir we islendik wagtda tutuşlygyna ýa-da bölekleýin talap edilip bilner. Goýumlary yzyna almaklyk ***nagt we nagt däl*** hasaplaşyk bilen amala aşyrylýar.

Müşderileriň gündelik hasaplarynda saklanylýan serişdeler yzygiderli ulanylsa hem olaryň belli bir möçberde peýdalanmadyk galyndylary bolýar. Müşderileriň hasaplaryndaky galyndylaryň bolmagy täjirçilik banklarynyň passiw hasaplaryna serişdeleriň geçirilýändigi bilen baglydyr, serişdeleriň näçe wagtlap hasaplarda galjakdygyny kesgitlemek mümkin däl. Hasaplaşyk gündelik we býujet hasaplara degişlidir. Olarda maksatlaýyn serişdeler saklanylýar, şeýle hem gaýry banklar bilen hasaplaşyklar boýunça habarçy hasaplary, hasaplaşykdaky serişdeler hem aýdylanlara

degişlidir. Bank öz müşderilerine hasaplary açmak bilen, hasaplar boýunça galyndylary aktiw karz amallaryny geçirmek üçin peýdalanýar.

Talap edilýänça goýumlar durnuksyzdyrlar, şonuň üçin täjirçilik banklar tarapyndan olaryň ulanylyşy çäklidir. Şu sebäpli hasaplaryň eýelerine göterim pes tölenýär ýa-da ol düýbünden tölenilmeýär. Goýumlary çekmeklikde bäsleşigiň ýokarlanýan şertlerinde täjirçilik banklary müşderileri özlerine çekmäge ymtylýarlar, hasaplaryň eýelerine goşmaça hyzmatlar hödürlenýär, şeýle hem hyzmatlaryň hili ýokarlandyrylýar.

***Möhletli goýumlar*** pul serişdeleridir. Olar depozit hasaplaryna geçirilýärler, möhleti berk bellenilýär we göterim tölenilýär. Olaryň töleg haklary goýumyň möçberine we möhletine bagly bolýar. Möhletli goýumyň eýesi öz serişdelerine bellenilen möhlet geçenden soň ygtyýarlyk edip bilýär, ýöne bu ýagdaý onuň serişdelerini möhletinden öň alyp bilmek mümkinçiligini aradan aýyrmaýar. Şeýle halatda müşderiniň göteriminiň möçberi peselýär. Bank üçin möhletli goýumlary çekmek bähbitli bolýar, çünki olar durnuklydyrlar we goýumçylaryň serişdelerini uzak wagtyň dowamynda ulanmaga mümkinçilik berýär.

Bank resurslaryny emele getirmekde ilatyň ***süýşürintgi goýumlary*** hem belli bir ähmiýete eýedirler. Hususan-da Türkmenistanyň “Halkbank” DTB-y tarapyndan öň ýurduň banklaryna belli bolan “Talap edilýänçä” we “Möhletli” goýumlardan başga-da, 1998-2004-nji ýyllar aralygynda birnäçe täze goýumlar girizildi. Olardan “Süýşürintgiler”, “Girdejisi öňünden berilýän” goýum, “Baýrakly” goýum, “Halk” goýumy, “Hemaýat” goýumy, “Amatly, Abadanlyk” goýumy, “Altyn asyryň nesilleri” atly çagalara niýetlenen goýum, “Eneler” goýumy, “3 aý we 6 aý möhletli depozit” goýumlary görkezmek bolar. Şeýle hem utuşly goýumlar bolan “Awtomobil utuşly” goýumy we “Garaşsyzlygyň 10 ýyllygyna” atly goýumlar ilata hödürlenildi.

Bank resurslarynyň möhüm çeşmeleriniň biri bankara karzlarydyr, ýagny beýleki banklardan alynýan karzlardyr. Häzirki zaman şertlerinde pul serişdelerini çalt çekmek üçin bankara karz bazarynyň mümkinçiliklerinden peýdalanýarlar, bazarda gaýry karz edaralary tarapyndan tölenilmeýän pul serişdeleriniň satuwy amala aşyrylýar. Karz bazarynda gysga möhletli bankara karzlar agdyklyk edýärler. Bankara guraly täjirçilik banklarynyň karz resurslarynyň esasy çeşmesi bolup hyzmat edýär. Ol düzgün bolşy ýaly habarçy hasaplaryň çäklerinde berilýär.

Täjirçilik banklary Merkezi bankdan hem kaz alýarlar (wekselleri gaýtadan hasaba almak, gaýtadan maliýeleşdirmek we lombard karzlary).

Täjirçilik banklarynyň ***aktiw amallary bank resurslaryny ýerleşdirmek bilen baglydyr.*** Banklar toplan we hususy pul serişdelerini öz müşderilerini karzlaşdyrmak hem-de bankyň telekeçilik işini amala aşyrmak üçin ulanýarlar.

Bank kanunçylygyna laýyklykda täjirçilik banklary iň bolmanda üç sany amaly ýerine ýetirenlerinde özüniň düýp manysyna doly gabat gelýärler. Bu amallar ***depozit, karz*** we ***hasaplaşyk*** diýen arassa bank amallarydyr.

Şunuň bilen baglylykda Türkmenistanyň kanunçylygy kärhanalaryň, guramalaryň pul serişdelerini hökmany ýagdaýda bank hasaplarynda saklamaklygy göz öňünde tutýar. Banklar satyjy bilen alyjynyň, salgyt töleýiji bilen býujetiň we gaýry pul gatnaşyklarynyň subýektleriniň arasynda araçyl hökmünde çykyş edýärler. Banklar müşderileriň hasaplarynda buhgalterçilik ýazgylaryny geçirmek bilen hasaplaşyk wezipesini ýerine

ýetirýärler. Bu düzgün öňi bilen kärhanalaryň ýerine ýetirýän hojalyk amallaryna döwlet gözegçiligini üpjün edýär, şeýle hem nagt däl hasaplaşyklaryň çäklerini giňeltmäge mümkinçilik berýär (nagt hasaplaşyklar bilen deňeşdirilende nagt däl hasaplaşyklara artykmaçlyk berilýär).

Bankara bäsleşiginiň güýçlenmeginiň täsiri bilen täjirçilik banklarynyň amallaryny giňeltmek häsiýeti ýüze çykýar. Bu amallara öňi bilen faktoring, lizing we trast amallary degişlidir.

Şeýlelik bilen, täjirçilik banklarynyň ***aktiw amallary*** - passiwleri dürli görnüşlerde ýerleşdirmekdir, ýagny karzlaşdyrmak, bankyň maýa goýumlary, gymmatly kagyzlary satyn almak, wekselleri hasaba almak, müşderileriň tabşyrygy boýunça hasaplaşyk amallaryny geçirmek, maslahat bermek we müşderilere hyzmatlaryň adaty bolmadyk görnüşlerini hödürlemek.

Bu ýagdaýlara jikme-jik seredip geçeliň.

**Karzlaşdyrmak** bank işiniň wajyp ugurlarynyň biridir. Bankyň aktiw amallary karzlaşdyrmaklyga esaslanýar. Karzlaşdyrmak dürli görnüşlerde amala aşyrylýar. Üpjünçiligine baglylykda karz dürli möhletlere berilýär. Ähli karz amallary üçin karzlaşdyrmagyň esasy ýörelgeleri birmeňzeşdir: umumy we aýratyn ýörelgeler ulanylýar. **B*irinji ýörelgeler*** hojalyk subýektlerine daşary şertleriň täsirini hasaba alýarlar. ***Ikinji ýörelgeleri*** bolsa karz alyjynyň karz ukyplylygyny, karz serişdelerini we göterimleri öz wagtynda töläp bilijiligini göz öňünde tutýar.

Karzlaşdyrmak bank işiniň bir pudagy hökmünde örän giňden ýaýrandyr. Mysal üçin, Türkmenistanda beýleki köp ýurtlarda bolşy ýaly bank ulgamy karzlaryň aýratyn görnüşlerinde ýöriteleşýän inistitutlary öz içine alýarlar. Karz alyjylaryň görnüşleri boýunça hem olar tapawutlandyrylýar.

Karz geleşigini resmileşdirmek karz şertnamasyny baglaşmak bilen utgaşdyrylýar. Geleşigiň şertleri her bir anyk ýagdaýda tapawutlandyrylýar, köplenç, karzy yzyna gaýtarmaklygyň üpjünçilik çeşmelerinden ugur alynýar. Şertnamada karzy üzmekligiň tertibi, karzy yzyna gaýtarmaklygyň we göterimleri tölemekligiň möhletleri, möhleti uzaltmaklygyň mümkinçilikleri kesgitlenilýär.

Şertnama baglaşmak boýunça ylalaşylandan soňra müşderä karz hasap açylýar. Ol ýönekeý ýa-da ýörite hasap bolup biler. Eger karz alyjy fiziki tarap bolsa, onda oňa nagt pul serişdeleri berlip bilinýär.

Bank edarasy karzyň berlen wagtyndan başlap, tä ol doly üzülýänçä (göterimleri bilen bilelikde) öz müşderisi bilen hemişe aragatnaşykda bolýar: müşderiniň maliýe we ykdysady şertleri seljerilýär, serişdeleriň maksadalaýyk ulanylşynyň monitoringi (derňewi) geçirilýär, peýdanyň emele gelşi we ulanylşy derňelýär, gaýry algydarlar we bergidarlar bilen özara gatnaşyklaryna baha berilýär. Her çärýekde (kä halatlarda her aýda ) bank karz alyjydan karz geleşiginiň şertlerini ýerine ýetirilişi baradaky hasabaty alýar.

***Bankyň maýa goýumlary*** bankyň uzak möhletli pul goýumlary babatyndaky işiniň bir görnüşidir. Goýumlar täze taslamalara (gurluşyk, ylmy-barlag işleri we ş.m.) ýa-da gymmatly kagyzlara goýulýar. ***Birinji ýagdaýda,*** maýa goýumlary ***hakyky*** diýip atlandyrylýar, sebäbi olaryň netijesinde maýanyň hakykatdan köpelmegi bolup geçýär, ***ikinji bolsa-maliýe*** maýa goýumlary diýip atlandyrylýar, bu ýagdaýda banklar diňe emitentleriň peýdasyna gatnaşýarlar.

Täjirçilik banklarynyň resurslaýyn binýadynyň berkemegi ykdysady ösüşiň depginleriniň ýokarlanmagynyň esasy şertleriniň biridir. Türkmenistanyň jemi içerki önüminiň, takmynan, 1/3 bölegi düýpli gurluşyklary alyp barmaklyga gönükdirilýär. Sebäbi düýpli maýa goýumlar ykdysady öşüşi herekete getirýän esasy gurallaryň biridir. Çünki, bir tarapdan, Türkmenistanda gazanylan ýokary depginli durmuş-ykdysady ösüş onuň pudaklaryny ösdürmeklige uly möçberlerde düýpli maýa goýumlaryny gönükdirmeklige maddy esas bolup çykyş etse, beýleki bir tarapdan, düýpli maýa goýumlarynyň uly möçberlerde özleşdirilmegi we onuň netijesinde esasy serişdeleriň ýokary depginler bilen işe girizilmegi ykdysadyýetiň ösüş depginlerini has-da çaltlandyrýar.

***Gymmatly kagyzlar bilen geçirilýän amallary*** diňe şertleýin bankyň aktiw amallarynyň hataryna goşup bolar. Sebäbi bu amallar aktiwleri gymmatly kagyzlara ýerleşdirmekden başga-da, bankyň resurslaýyn binýadynyň artmagynyň çeşmesi hem bolup bilýärler, ýagny bank gymmatly kagyzlary dolanyşyga goýberilende passiwleriň köpelmeginiň esasy bolup hyzmat edýärler.

Bank gymmatly kagyzlar bilen amallary geçirende, özüniň likwidliligine ýardam bermäge borçludyr. Düzgün bolşy ýaly, emitirlenýän gymmatly kagyzlar has amatlydyrlar. Olar töwekgelçiligiň birinji toparyna degişli bolup, aktiwleriň ýitirilmeginden nula deň bolan koeffisiýente eýedirler. Banklar öz aktiwlerini ýokary girdeýji getirýän paýnamalara hem ýerleşdirip bilýärler, ýöne bu örän töwekgelçilikli amaldyr. Mundan başga-da täjirçilik banklary öz serişdelerini maliýe kompaniýalarynyň paýnamalaryna we dürli banklara hem-de paýdarlar jemgyýetleriniň paýnamalaryna goýup bilýärler.

Täjirçilik banklary gymmatly kagyzlar bilen amallar geçirenlerinde şu şertlerden ugur almalydyrlar. ***Birnjiden***, kagyzlar bazarda örän işjeň aýlanýan bolmaly. ***Ikinjiden***, bahalaryň tapawudy örän ujypsyz bolmaly, şeýle ýagdaýda gymmatly kagyzlar ýitgisiz ýerlenilýär. ***Uçünjiden***, gymmatly kagyzlardan gelýän girdeji hümmetsizlenmegiň derejesinden ýokary bolmaly. ***Dördünjiden,*** emitent tarapyndan gymmatly kagyzlaryň üzülmezlik töwekgelçiligi nula çenli peseldilen bolmaly. Gymmatly kagyzlaryň bukjasy emele getirilende esasy şertleriň biri olaryň diwersifikasiýasydyr (dürli görnüşli gymmatly kagyzlaryň ulanylmagydyr). Ol öz gezeginde dürli şertleriň öwrenilmegini talap edýär:

- emitente degişli bolan kompaniýanyň girdejisi, tölenilýän diwidentleriň tertibi we möçberi, paýnamalaryň gündelik bahalary, kompaniýanyň dolandyrylyşy;
- gymmatly kagyzlaryň geografik taýdan paýlanylyşy;
- üzmekligiň möhletleri;
- göterim haklarynyň ösüşiniň çaklamalary we ş.m.

Türkmenistanyň täjirçilik banklarynda gymmatly kagyzlar bilen geçirilýän amallar yzygiderli kämilleşdirilýär. Muňa mysal edip Türkmenistanyň ”Senagat” paýdarlar täjirçilik banky we Türkmenistanyň ”Garagum” halkara paýdarlar bankynyň geçirýän işlerini görkezmek bolar.

**Täjirçilik banklarynyň wekseller bilen geçirýän amallary** banklaryň ilkinji amallarydyrlar. Olar karzlaşdyrmak bilen kybapdaşdyrlar, ýöne gymmatly kagyzlaryň şu görnüşiniň üsti bilen amala aşyrylýarlar. Bu ýerde müşderiler bilen özara gatnaşygyň iki görnüşi tapawutlandyrylýar. Olaryň **birinjisi,** wekseli satyn almaklyk bilen

karzlaşdyrmaklygy aňladýar, soňra weksel karzyň möhleti dolýança başga bir täjirçilik bankynda hem hasaba alnyp bilinýär. **Ikinjisi** kompaniýanyň wekselini möhletinden öň hasaba almakdyr. Bu ýagdaýda bank pul serişdelerini berende öz peýdasyna diskonty (öňünden alynýan göterim) alyp galýar, ol gysga möhletli karzlaşdyrmaklygyň we dürli ýygymlaryň möçberine, takmynan, gabat gelýär. Satyn alnan weksel töleg almak üçin görkezilip bilinýär, gaýry täjirçilik bankynda ýa-da MB-de gaýtadan hasaba alnyp bilinýär.

Gysga möhletli wekseller has amatly bolýarlar, sebäbi olar bazar ýagdaýynyň üýtgemekligine gaty bir bagly däldirler.

**Müşderileriň tabşyrygy boýunça hasaplaşyk-kassa amallary.** Bu amallar müşderileriň kassa ýüz tutmalary esasynda bankyň kassasyndan nagt pullaryň berilmegi ýa-da olaryň tabşyrygy boýunça hasaplaşyk hasaplaryndan býujetiň, býujetden daşary gaznalaryň, hyzmatdaşlaryň öňündäki borçnamalaryň tölegleri üçin serişdeleriň geçirilmegi bilen baglydyr. Bu amallary bankyň aktiw amallarynyň hataryna şertleýin goşýarlar, sebäbi kassa pul serişdeleriniň geçirilmegi ýa-da olaryň hasaplaşyk hasabyna ýazylmagy bankyň resurslarynyň köpelmegine ýardam berýär.

Hasaplaşyklar TMB-niň tassyklamagy we Türkmenistanyň raýatlyk Kodeksinde berkidilen düzgünler we kadalar esasynda, bellenilen resminamalardaky möhletleri we düzgünleri berjaý etmeklik bilen amala aşyrylýar.

**Maslahat bermek hyzmatlary** bankyň komission amallaryna degişlidir. Ol kompaniýalaryň maliýe ýagdaýynyň seljermelerini, düýpli maýa goýumlary maliýeleşdirmekligiň usullaryny, maýa goýum taslamalaryny işläp düzmekligi, gymmatly kagyzlaryň bukjasyny emele getirmekligiň usullaryny, hyzmatdaşlary saýlamaklygyň ugurlaryny, kompaniýanyň dolandyrylyşyny kämilleşdirmek boýunça çäreleriň toplumyny işläp düzmekligiň esaslaryny, çykdajylary azaltmagyň, peýdany köpeltmegiň çeşmelerini gözläp tapmaklygy we ş.m. öz içine alýar. Bankyň bu işleri maslahat bermek baradaky şertnamany baglaşmak esasynda ýerine ýetirilen hyzmatlara tölegiň jemi kesgitlenip amala aşyrylýar.

**Täjirçilik banklaryň adaty däl işleri** bank düzümleriniň işine däp bolmadyk amallardyr. Bu amallar ýiti bäsleşigiň netijesinde banklaryň işine öwrüldi.

Häzirki wagtda lizing, faktoring we trast amallary has işjeň ulanylýar.

### 6.3. Täjirçilik banklarynyň maýa goýum işleri we syýasaty

Täjirçilik banklary töwekgelçiligi peseltmek we girdejileri köpeltmek maksady bilen aktiw amallary diwersifikasiýalaşdyrýarlar, ýagny aktiwleri dürli görnüşli amallaryň we maýa goýum obýektleriniň arasynda paýlaýarlar.

Banklar häzirki zaman karz ulgamynyň öňdebaryjy institutlary hökmünde maýa goýum işleri bilen işjeň meşgullanýarlar. Bazar ykdysadyýetiniň ösen ýurtlarynda maýa goýum işleriniň maliýe-karz institutlarynyň arasynda bölünişigi häsiýetlidir. Maýa goýum işleri bilen meşgullanýan banklar bilen bir hatarda, şol banklaryň başga görnüşleri hem bar, olar maliýe bazarynda diňe gymmatly kagyzlar bilen amallary ýerine ýetirýärler. ***Ikinji*** görnüşli amallar bolsa bank maýa goýumlary diýlip atlandyrylýar.

Halkara bank tejribesinde maýa goýumlar (inwestisiýalar) uzak wagtyň dowamynda serişdeleriň gelmegini üpjün etmeklik maksady bilen bankyň gymmatly

kagyzlara maýa goýmaklygydyr. Şeýle geleşikleriň başyny başlaýjy bolup müşderiler çykyş edýärler.

Maýa goýum işlerinde bankyň bähbidi serişdeleriň uzak möhletli saklanylmagyndan, olaryň diwersifikasiýasyndan hem-de girdejililigiň we likwidliligiň üpjün edilmeginden gelip çykýar.

Türkmenistanyň banklary üçin ýokarda agzalan bölünişik häsiýetli däldir. Maýa goýum amallaryny ýerine ýetirmeklik mümkinçilikleriniň nukdaý nazaryndan olar köp ugurlydyrlar.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde maýa goýum işleri banklaryň maliýe-karz institutlary hökmündäki işi bilen baglydyr, sebäbi karz özüniň tebigaty boýunça maýa goýum resursy görnüşinde şu sferanyň meselelerine has dogry gabat gelýär.

Häzirki wagtda Türkmenistanyň bank ulgamynda maýa goýum karzyny bermekligiň aşakdaky ýaly umumy ýörelgeleri ulanylýar:

- karz taslamasy geljekde ýokary girdeji, şol sanda daşary yurt walýutasynda almaklygy üpjün etmelidir;
- karz alyjynyň hususy serişdeleri 30%-den ýokary bolmalydyr;
- taslama ekologiýa taýdan howpsuz bolmaly we ýurduň ykdysady ösüşiniň wezipelerine laýyk gelmeli.

Maýa goýum karzynyň mazmuny boýunça pul karzyndan aýratynlygy onuň ýetmezçilik edýän resurs hökmünde ulanylyp bilmeýänligidir. Onuň esasy wezipesi maýa goýum gurşawynda serişdeleriň aýlanyşygyny çaltlandyrmaga täsir etmekdir. Şonuň üçin karz üzmekligiň taslamanyň özüni ödemek möhletinden gyşarmasy diňe maýa goýumlardan gelýän pul akymlary taslamada göz öňünde tutulandan ýokary bolsa ýüze çykyp biler. Tersine bolan halatynda karz maýa goýum häsiýetini ýitirýär, ýagny ykdysady ösüşi höweslendirmekligi bes edýär.

Türkmenistanda hakyky (göni) maýa goýumlarynyň aýdyň mysaly hökmünde täjirçilik banklarynyň gurluşyk toplumyna goýýan serişdeleri çykyş edýärler.

Täjirçilik banklarynyň maýa goýum syýasatynyň ýene-de bir ähmiýetli ugry bukjalaýyn (maliýe) maýa goýumlarydyr, ýagny dürli görnüşli gymmatly kagyzlara maýa goýmaklykdyr. Bu maýa goýumlar kapitalyň hakyky ýokarlanmagyny häsiýetlendirmeýärler, sebäbi diňe eýeçiligiň tituly berkidilýär ýa-da eýeçiligiň titulynyň çalyşmagynyň kömegi bilen resurslar pudaklar boýunça gaýtadan paýlanylýar. Şeýle ýagdaý resurslar ýeri we gozgalmaýan emlägi satyn almaklyga gönükdirilende hem ýüze çykýar.

Gymmatly kagyzlaryň bazarynda serişdeleri maýalaşdyrmagyň barşynda bank üçin ähmiýetli soraglaryň biri haýsysynyň girdejililik, likwidlilik ýa-da ygtybarlylyk ugurlarynyň ähmiýetlidigini ýüze çykarmakdyr.

Gymmatly kagyzlara goýulan ähli serişdeleriň jemi, bankyň maýa goýum bukjasyny emele getirýär.

Bankyň maýa goýum bukjasy bankyň gazna bazaryndaky goýumlarynyň jemidir.

Maýa goýumlaryň bukjasy diwersirlenen, ýagny birnäçe görnüşli gymmatly kagyzlaryň bolmagy, şeýle hem diwersirlenmedik, diňe bir görnüşdäki maliýe aktiwleriniň barlygy bilen häsiýetlendirilýär.

Banklaryň gymmatly kagyzlar bilen iş alyp barmaklygynyň özboluşly aýratynlygy bar. Ol bankyň maliýe instituty hökmündäki işleri bilen baglydyr.

***Birinjiden,*** täjirçilik banklary maliýe hyzmatlaryny has kadalaşdyrýan firmalar bolup çykyş edýärler. Şonuň üçin olar öz işlerinde ähli kanunçylyk çäklendirmeleri we kadalaşdyryjylary göz öňünde tutmaga borçludyrlar.

***Ikinjiden,*** bankyň resurslarynyň esasy bölegi tölegli häsiýete eýedir. Bu bolsa beýleki maýadarlara garanyňda göterim töwekgelçiliginiň bankyň peýdasyna we maliýe ýitgilerine täsiri uludyr.

***Üçünjiden,*** möhletli resurslar bankyň passiwlerinde möhletsizlerden has köpdür. Bu ýagdaý likwidliligiň deňsizlik töwekgelçiligine banklaryň üns bermegini talap edýär.

Bukjany dolandyrmaklyk bankyň maýa goýum syýasatyny we strategiýasyny düzýär. Ol bankyň peýdasyny ýokarlandyrmaklyga, töwekgelçiligiň ýol berilýän derejesini saklamaklyga we aktiwleriň likwidliligini artdyrmaklyga gönükdirilýär.

Bank maýa goýumlaryna karz, bazar we göterim töwekgelçilikleri mahsusdyr.

**Karz töwekgelçiligi** emitentiň maliýe mümkinçilikleriniň peselmek ähtimallygy, onuň netijesinde bolsa maliýe borçnamalaryny ýerine ýetirip bilmezligi bilen baglydyr.

Bazar töwekgelçiligi ykdysadyýetde göz öňünde tutulmadyk üýtgeşmeleriň we gymmatly kagyzlar bazaryndaky bahalaryň üýtgemegi esasynda ýüze çykyp biler.

Aktiwler göterim haklarynyň üýtgemek töwekgelçiligine hem sezewar bolýarlar. Bu ýagdaýda olaryň bazar bahasynyň peselmek töwekgelçiliginiň ýüze çykmagy hem ähtimal.

Maýa goýumlarynyň girdejililik derejesi serişdeleri toplamaklygyň harajatlaryndan ýokary bolmalydyr. Eger kabul edilen maksatnama gaýry maýa goýumlardan gelýän peýdanyň ösmegine ýardam berýän bolsa, onda käbir ýagdaýlarda uly bolmadyk peýda hem ýeterlikli hasaplanylýar.

Täjirçilik banklary maýa goýumlarynyň bukjasynyň gymmatynyň peselmegini iň pes derejä ýetirmek üçin ähli güýçlerini gönükdirýärler. Sebäbi, karzlar boýunça göterim haklarynyň ýokarlanýan döwründe, ol likwidliligiň esasy çeşmesi bolup hyzmat edýär.

Şeýlelik bilen, maýa goýum syýasatynyň aýgytlaýjy maksatlary bolup girdejililik we likwidlilik çykyş edýär.

Düzgün bolşy ýaly bankyň maýa goýum syýasaty ýazuw resminamasy bolup, onda maýa goýum bukjasynyň düzümine degişli bolan görkezmeler, gymmatly kagyzlaryň görnüşleri, olary satyn almak we satmak baradaky bankyň strategiýasy we ş. m. beýan edilýär. Ykdysady ýagdaýyň üýtgemegine baglylykda bankyň maýa goýum syýasaty hem üýtgeýär.

### 6.4. Täjirçilik banklaryň maliýe hyzmatlary

Täjirçilik banklary dürli hyzmatlary hödürleýärler. Olar üçin komission baýraklar, ýygymlar tölenilýär we banka kesgitlenen girdeýjini getirýärler. Soňky ýyllarda bank hyzmatlarynyň göwrümi we köpdürlüligi ösýär. Bu bolsa bank peýdasynyň möhum çeşmesine öwrülýär. Garaşsyzlyk ýyllarynda täjirçilik banklarynyň işinde kärende ýa-da lizing amallar ösüşe eýe boldy. Banklar tehnikalary, enjamlary, ulag serişdelerini, önümçilik maksatly binalary uzak möhletli kärendesine berýärler we oba hojalyk, senagat kärhanalary bilen lizing ylalaşyklaryny baglaşýarlar. Şeýlelik bilen, bank ýokarda agzalan serişdeleri satyn almak üçin kärhanalara karz bermekligiň deregine, bankyn özi olary satyn alýar we eýeçilik hukugyny özünde saklamak bilen kärendesine berýär. Bank bu amallardan karz göterimini däl-de, kärende tölegini (lizing töleglerini) alýar. Kärhanalar

üçin lizing maýa goýumlary maliýeleşdirmekligiň özboluşly aýratyn görnüşi bolup çykyş edýär.

Ykdysady ösüşiň likwidli serişdeleriniň çäkliligi we ylmy-tehniki ösüşiň şertlerinde maýa goýumlary amatlaşdyrmak zerurlygy bilen bagly bolan umumy meýilleri lizing amallaryny ykdysady işiň wajyp guralyna öwürdi. Lizing kärhanalara birwagtlaýyn uly bolmadyk harajatlar bilen zerur bolan enjamlary almaga mükinçilik berýär. Kärendeçi üçin enjamlary almak we ony maliýeleşdirmek soraglary şol bir wagtyň özünde çözülýär. Sarp edijiler üçin öňde baryjy tehnika has elýeterli bolýar. Bu öz gezeginde ylmy tehniki ösüşiň netijesinde ýüze çykýan önumçilik serişdeleriniň moral taýdan könelmesi bilen bagly harajatlary aradan aýyrýar.

Lizing amallaryna üç tarap-kärendä beriji, kärendeçi we üpjün ediji gatnaşýar. **Kärendä beriji** düzgün bolşy ýaly, ýöriteleşdirilen maliýe (lizing) kompaniýasy bolup, arassa maliýe häsiýetli işi ýerine ýetirýär. Lizing öňi bilen maýa goýumlary maliýeleşdirmekligiň guraly bolanlygy sebäpli, ygtybarly maliýe çeşmelerini talap edýär. Şonuň üçin dünýä tejribesinde lizing kompaniyalaryna esasan, banklar gözegçilik edýärler ýa-da olaryň şahamçalaryna öwrülýärler.

**Kärendeçi** bolup adatça önümçilik ýa-da söwda kärhanasy çykyş edýär. Ol önümçilik işinde ulanmaklyk üçin enjamlary kärendesine alýar.

**Üpjün ediji** önümçilik ýa-da söwda kärhanasydyr. Ol lizing obýektiniň öndürijisi ýa-da üpjün edijisi bolup çykyş edýär. Düzgün bolşy ýaly, üpjün ediji we satyn alyjy (kärendeçi) göni gepleşikler esasynda täjirçilik geleşikleriniň esasy şertlerini işläp düzýärler. Şunuň bilen birlikde kärendä beriji (bank) maliýeleşdirmekligiň şertlerini öwrenýär we enjamy satyn alyjy bilen kärende şertnamasyny baglaşýar.

Bank maliýeleşdirmekligiň meselelerini çözmek üçin müşderiniň girdejililik derejesini öwrenýär. Lizing obýektiniň dogry we netijeli ulanylmagynyň mümkinçiliklerine baha berýär. Onuň netijesinde goşmaça kepillikleri almak barasyndaky sorag çözülýär. Şetnamada kärendäniň möhleti, walýuta we onuň jemleri we kärende töleginiň beýleki şertleri kärendeçiniň enjamlara hyzmat etmek we ony saklamak boýunça borçnamalary görkezilýär.

Lizing şertnamasynyň dowam edýän döwründe lizing obýektini ätiýaçlandyrmak hökmany şertleriň biridir. Lizing gymmaty yzygiderli (ýarym ýyllyk, çärýeklik, aýlyk) tölenýän kärende töleglerinden emele gelýär. Onuň esasy goşundylary bolup amortizasiýa we karzyň göterimi çykyş edýär.

***Operatiw lizing*** enjamyň ulanylyş möhletinden has gysgalygy, şertnama möhletiniň enjamyň doly amortizasiýasyny öz içine almaýanlygy we kärende berijä gaýtarylandan soňra ýene-de täzeden kärendesine berilýändigi bilen häsiýetlendirilýär. Käbir ýurtlarda bu lizinge ***önümçilik lizingi*** hem diýilýär.

Täjirçilik banklary we olaryň kompaniýalary tarapyndan, köplenç, **maliýe lizingi** ulanylýar. Bu lizing has giňden ýaýrandyr. Ol şertnamalaryň orta we uzak möhletliligi bilen tapawutlanýar. Şertnamanyň möhleti dolandan soň kärendeçi lizing obýektini galyndy gymmaty boýunça özünde galdyryp bilýär. Kärendeçi haýsy ugry saýlaýandygyny (obýekti yzyna gaytarýandygy ýa-da özünde galdyrýandygy) lizing kompaniýasyna öňünden habar bermelidir.

Türkmenistanyň täjirçilik banklarynyň işinde lizing amallary Garaşsyzlyk ýyllarynda ulanylyp başlandy. Ýöne soňky ýyllarda bu görkezijiniň ösüşi durnuksyz

bolup başlady. Bu ýagdaý tehnikanyň we enjamlaryň deňsizligi we täjirçilik banklaryň uzak möhletli resurslarynyň çäkliligi bilen düşündirilýär.

Täjirçilik banklary tutuş hojalygyň çäklerinde töleg dolanyşygyny amala aşyrýan edaralar bolup çykyş edýärler. **Faktoring** hasaplaşyklary guramaklygyň çäklerindäki hyzmatlaryň täze görnüşidir. Ol söwda-komission amallaryň hataryna girýär we müşderiniň dolanyşyk kapitalyny karzlaşdyrmak bilen utgaşýar. Faktoring amallaryny ýörite faktoring firmalary geçirýärler. Olar düzgün bolşy ýaly banklar bilen berk baglanşyklydyrlar ýa-da olaryň ýöriteleşdirilen şahamçalary we kompaniýalary bolup çykyş edýärler. Türkmenistanyň täjirçilik banklarynda bu amallary hojalyk hasaplaşygynyň ýörelgelerinde işleýän faktoring bölümleri ýerine ýetirýärler.

Faktoring amallarynyň manysy şulardan ybaratdyr: bank öz müşderileriniň debitorlaryna bolan talaplaryny satyn alýar, talaplaryň 70-90%-e çenlisini hakujy görnüşinde töleýär (karza tölenilýän göterimi aýyrmak bilen) we tölegiň galan bölegini berk şertleşilen möhletlerde, debitorlardan tölegleriň gelmegine bagly bolmadyk ýagdaýda tölemäge borçlanýar. Häzirki zaman şertlerinde täjirçilik banklary talaplary satyn alanlarynda maliýe töwekgelçiligini kesgitläp bilýärler, çünki olarda kärhanalaryň köp sanlysynyň maliýe ýagdaýy baradaky maglumatlar bolýar. Senagat taýdan ösen ýurtlarda bu mümkinçilik has-da ýokarydyr, sebäbi iri banklaryň özara hyzmatdaşlygynda maglumatlaýyn kompýuter torlary ulanylýar. Bu ulgamyň çäklerinde banklar öz müşderilerine mümkin bolan buhgalterçilik, statistiki we gaýry maglumatlar berip bilýärler.

Faktoring müşderilere maliýe hyzmatyny etmekligiň köpugurly ulgamydyr. Çünki müşderiler özleriniň talaplarynyň buhgalterçilik hasabyny ýöretmeýärler. Öz alyjylarynyň tölege ukyplylygyny seljermeýärler we özlerine zerur bolan likwidli serişdeleri toplamaga ukyply bolýarlar. Banklar müşderileri satyn alyjylaryň tölege ukyplylygy baradaky maglumatlar bilen yzygiderli üpjün edýärler, şeýle hem degişli töwekgelçilikleri öz üstüne alýarlar. Täjirçilik banklaryna bu amallary geçirmek örän amatlydyr, olaryň girdejililigi ýokarydyr. Faktoring hyzmatlarynyň gymmaty käbir ýurtlarda maliýe ýagdaýyna, önümiň görnüşine, işleriň göwrümine baglylykda ýyllyk aýlanyşygyň 0,75-den 3%-e çenlisini eýeleýär.

Täjirçilik banklarynyň maliýe aktiwleriniň köpelmegi bilen olar **ynam** (trast) amallaryny giňeldýärler. Banklaryň bu hyzmatlary ynanç hatlaryny bermek gatnaşyklary bilen baglydyr. Täjirçilik banklarynyň trast bölümleri müşderileriň tabşyrygy boýunça ynam bildirilen tarapyň hukuklaryna esaslanyp, eýeçiligi dolandyrmak bilen baglanşykly amallary ýerine ýetirýärler. Banklar trast amallaryny hususy taraplar, kärhanalar, haýyr-sahawat kompaniýalary we gaýry guramalar üçin ýerine ýetirýärler. Ynam amallary miras galan emlägi dolandyrmak, ynanç hatlary boýunça amallary ýerine ýetirmeklik, agentlik hyzmatlary diýen üç görnüşe bölünýärler.

***Miras galan emlägi dolandyrmak*** üçin bankyň trast bölümleri birnäçe işleri ýerine ýetirýärler. Olaryň esaslary mirasdüşer haty ýa-da kazyýetiň görkezmesini ulanmak bilen mirasdüşeriň aktiwlerini ýygnamak, goramak, adminstratiw çykdajylary, bergileri, salgytlary tölemek, mirasdüşerleriň arasynda emlägi paýlamak, maşgala agzalaryna şahsy hyzmatlary hödürlemek bolup durýar.

Trast bölümler ynanç hatlary boýunça amallary howandarlyk wezipelerini ýerine ýetirmeklik boýunça amala aşyrýarlar. Has giňden ýaýran amallar kämillik ýaşyna

ýetmedikler we iş başarmaýan adamlar üçin hossarlyk görnüşinde **emlägi dolandyrmak** bilen baglydyrlar. Bu gatnaşyklar ynam bildirilen we ynanýan taraplaryň arasyndaky ylalaşyklar esasynda ýüze çykýar. Emläk ynanylan tarapa geçirilýär, ondan soň ynam bildiren tarapyň bähbitlerini göz öňünde tutmak bilen ynanylan tarap emläge ygtyýarlyk edýär. Bu ýagdaýda bank emlägi saklap bilýär, maýalaşdyrýar, ylalaşygyň şertlerine laýyklykda esasy jemlere we girdejilere ygtyýarlyk edip bilýär.

**Agentlik hyzmatlaryny** täjirçilik banklary öz işlerine agentlik wezipesini almak bilen ýerine ýetirýärler. Eger amallar eýeçilik bilen bagly bolsalar, onda düzgün bolşy ýaly eýeçilik hukugy emläk eýesinde saklanyp galýar. Hyzmatlaryň esasy görnüşleri bolup, aktiwleri saklamak we oňa ygtyýarlyk etmek, eýeçiligi dolandyrmak, ýuridiki hyzmatlar we aýry-aýry agentlik amallary çykyş edýärler.

Trast amallary boýunça täjirçilik banklary komission baýraklar alýarlar. Käbir ýurtlarda emlägi dolandyrmak boýunça amallaryň tölegleri kanun esasynda ýa-da kazyýetiň çözgüdi bilen kesgitlenilýär.

Agentlik hyzmatlarynyň komission tölegleri köp ýagdaýlarda şertnamalaýyn başlangyçlarda kesgitlenilýär. Sebäbi amallaryň görnüşleri boýunça iş möçberleri biri-birinden tapawutlanýarlar. Ynam amallarynyň göwrümi, amallar bilen bagly bolan harajatlaryň öwezini dolmalydyr we bankyň peýda gazanmagyny üpjün etmelidir.

## 6.5. Täjirçilik banklarynyň halkara amallary

Täjirçilik banklarynyň halkara amallary dürli görnüşli hyzmatlary öz içine alýarlar. Olara halkara söwdasyna gatnaşýan, halkara karz bazarynda maýa goýum işleri bilen meşgullanýan, syýahatçylyk işlerine gatnaşýan, daşary ýurt gymmatly kagyzlar satyn alýan we satýan müşderiler tarapyndan isleg bildirilýär.

Banklaryň halkara amallardan alýan girdeýjileriniň esasy bölegi karz bermeklikden gelýär. Halkara söwdasynda bank karzlaşdyrmasy harytlaryň we haryt resminamalarynyň girewe alynmagy bilen berilýär. Weksel, aksept karzlary, bank karzlary hem ulanylýar. Daşary söwdany karzlaşdyrmaklygyň täze özboluşly gornüşleri hökmünde lizing, faktoring, forfeýting çykyş edýärler. Orta we uzak möhletli halkara bank karzlary ýewro karzlar görnüşinde berilýär.

Banklaryň halkara amallary bir walýutany başga walýuta çalyşmak bilen baglydyr. Bu amallara **walýuta amallary** diýilýär. Walýuta amallarynyň zerurlygy halkara karzlaryň daşary söwdanyň hasaplaşyklarynda ulanyp boljak ýeke-täk serişdesiniň ýoklugy bilen şertlenendir.

Walýuta amallarynyň dürli görnüşleriniň umumy jemi walýuta bazaryny emele getirýär. Ol dünýä karz bazarynyň bir bölegidir. Walýuta bazarynda daşary ýurt waýutasyna bolan isleg we teklip jemlenendir. Teklip, waýuta girdejisini alan eksportýorlar tarapyndan gelip çykýar, isleg bolsa-importýorlar tarapyndan döreýär. Olar harytlar we hyzmatlar üçin daşary ýurt walýutasynda töleg geçirýärler. Waýuta amallarynyň esasy bolup, harytlaryň we hyzmatlaryň, kapitalyň we karzyň halkara hereketi hyzmat edýär.

Walýuta bazarynda walýuta amallaryny banklar, aýratyn kompaniýalar we hususy taraplar amala aşyrýarlar. Birža we biržadan daşary walýuta bazarlaryny tapawutlandyrýarlar. Ähli walýuta amallarynyň aglaba bölegini biržadan daşary bazarlarda täjirçilik banklarynyň üstünden ýerine ýetirýärler.

Banklar bankara walýuta bazarynda birek-birek bilen walýuta amallaryny gönüden-göni (ýa-da dellallaryň üsti bilen) geçirýärler, şeýle hem öz müşderilerine biržalarda hyzmat edýärler. Walýuta geleşikleriniň esasy bölegi täjirçilik banklar tarapyndan bankara walýuta bazarynda amala aşyrylýar.

Täjirçilik banklarynyň walýuta bazaryndaky işjeňligi bankyň ululygyna, onuň abraýyna, daşary ýurt şahamçalarynyň sanyna we ösüş derejesine, häzirkizaman aragatnaşyk ulgamy bilen üpjünçiligine baglydyr. Iri täjirçilik banklary walýuta amallarynyň aglaba bölegini öz üstüne alýar. Olar walýutany satyn almak we satmak bilen çäklenmeýärler, eýsem halkara hasaplaşyklaryny ýerine ýetirýärler. Daşary ýurt walýutasyndaky ätiýaçlyklary saklaýarlar, walýutalaryň kurslaryny kesgitleýärler. Başga banklar olara katirowka meseleleri boýunça ýüz tutýarlar, öz müşderileri üçin walýutalary satyn alýarlar.

Köp ýurtlarda (Ýaponiýa, GFR, Fransiýa, Italiýa, Awstraliýa, Orsýet) ýörite walýuta biržalary hereket edýärler. Türkmenistanda walýuta amallary bankara walýuta biržasynyň üsti bilen amala aşyrylýar we bu iş yzygiderli kämilleşdirilýär.

Milli ykdysadyýetimizde daşary ýurt pul dolanyşygyny kadalaşdyrmak, oňa gözegçiligi güýçlendirmek we manadyň daşary ýurt puluna bolan ýeke-täk hümmetine tapgyrlaýyn geçmäge oňaýly şertleri döretmek hem-de daşary ykdysady gatnaşyklarda işjeňligi ýokarlandyrmak we daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek maksady bilen Türkmenistanyň Prezidenti Karara gol çekdi.

Resminama laýyklykda Türkmenistanyň Merkezi bankyna 2008-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan 1 amerikan dollary 14250 manat gatnaşykda bellenildi. Manadyň hümmetiniň bitewileşdirilmegi döwletimiziň halk hojalygynyň ähli pudaklarynyň ykdysady işjeňligini ýokarlandyrmaga, bäsleşikli bazar gatnaşyklarynyň ösmegine uly itergi berdi.

Türkmenistanyň bankara daşary ýurt puly biržasynyň söwdasynda ygtyýarlandyrylan banklara, şeýle hem döwlet gaznalaryna, eýeçiligiň görnüşine garamazdan kärhanalara, edaralara we guramalara aratapawutdaky girdejileri göz öňünde tutup, daşary ýurt puluny nagt däl görnüşde, täjirçilik hümmeti bilen satmaga we satyn almaga ygtyýar berildi.

Bu döwlet derejesinde geçirilýän çäräniň netijesinde, Türkmenistanyň täjirçilik banklarynyň geçirýän halkara amallarynyň giňden ýaýbaňlanjakdygy, eksport-import amallarynyň kadalaşdyryljakdygyny, ýurda gelýän ”gyzyl” puluň köpeljekdigi şübhesizdir.

## 6.6. Täjirçilik banklarynyň likwidliligi

Täjirçilik banklarynyň dellalçylyk işiniň düýp manysy, serişdeleri rejeli çekmek we olary karz görnüşinde ýa-da maýa goýum işlerine has ýokary göterim haklary bilen ýerleşdirmek, umumy girdejililigi, şol sanda peýda gazanmaklygy üpjün etmekdir.

Banklaryň pul serişdelerini çekmek we olary ýerleşdirmek bilen bagly amallary ýerine ýetirmek üçin banklara likwidli serişdeler zerur bolýar. Bu serişdeler ýeňil we çalt nagt pullara uly bolmadyk töwekgelçilik ýa-da düýbünden töwekgelçiliksiz öwrülýän aktiwler bolmaly.

Şeýlelik bilen, täjirçilik bankynyň **likwidliligi** onuň aktiwlerine nagt pul serişdeleri hökmünde ulanmak ýa-da olary nagt pullara çalt öwürip bilmek mümkinçiligidir.

Täjirçilik bankynyň likwidli bolmagy üçin, onuň nagt serişdeleriniň we beýleki likwidli aktiwleriniň, şeýle hem gaýry çeşmelerden çalt ýygnap bolýan serişdeleriniň jemi, onuň bergidarlyk we maliýe borçnamalaryny öz wagtynda üzmekligi üçin ýeterlikli bolmalydyr. Mundan başga-da islendik göz öňünde tutulmadyk maliýe zerurlyklary ýerine ýetirmek üçin hem likwidli ätiýaçlyk (karz ýa-da maýa goýumlar boýunça amatly geleşikleri baglaşmak, karza bolan islegiň möwsümleýin we göz öňünde tutulmadyk üýtgemeleriniň öwezini dolmak, goýumlar duýdansyz yzyna talap edilende serişdeleriň üstüni dolmak we ş.m.) hökmanydyr. Täjirçilik banklarynyň likwidliligine baha bermek üçin, likwidlilik derejesini kesgitleýän dürli ölçegler giňden ulanylýar. Türkmenistanyň bank ulgamynyň durnuklylygyny üpjün etmek maksady bilen, pul-karz gurşawyny kadalaşdyrmaklykda kanun taýdan bellenilen ygtyýarlyklardan ugur alyp, Türkmenistanyň Merkezi banky täjirçilik banklarynyň balansynyň likwidliliginiň aşakdaky kada görkezijilerini (normatiwlerini) belledi:

1. Bankyň kapitalynyň (K) onuň borçnamalaryna (B) bolan gatnaşygy:

$$N_1=\frac{K}{B}$$

Bu kada görkezijisi (normatiw) bankyň likwidliliginiň başlangyç derejesini häsiýetlendirýär. Ol bankyň kapitaly bilen üpjünçilik derejesine baha berýär. $\mathbf{N_1}$ normatiw ähmiýeti näçe uly bolsa, şonça hem bankyň başlangyç likwidliliginiň durnuklylygy ýokary bolýar we tersine.

Türkmenistanyň täjirçilik banklarynyň işinde ulanmak üçin TMB $\mathbf{N_1}$ normatiwiň ygtyýar berilýän derejesiniň pes çäklerini (1/15-1/25) belledi.

2. Karzlar (Ka) boýunça bergileriň jeminiň hasaplaşyk, gündelik hasaplaryň, goýumlaryň we depozitleriň (H) jemine bolan gatnaşygy:

$$N_2=\frac{Ka}{H}$$

$\mathbf{N_2}$ normatiwiň ähmiýetliliginiň 0,7-1,5 derejeden ýokary bolmazlygy teklip edilýär.

$\mathbf{N_2}$ normatiwiň ösüş derejesiniň ýokarlanmagy, ähli goýumlaryň köp böleginiň karzlara bolan islegi kanagatlandyrmaga gönükdirilýändigine şaýatlyk edýär. Bu normatiwiň ähmiýetliligi hem ýokarlanýar. $\mathbf{N_2}$ normatiwiň ähmiýetliliginiň san taýdan ýokarlanmagy esasynda likwidlilik derejesi aşaklaýar. Täjirçilik bankynyň işiniň durnuklylygy peselýär. Şonuň üçin täjirçilik banky serişdeleri karz we maýa goýum amallaryna az möçberlerde gönükdirmeli. Onuň üstesine-de, likwidlilik derejesiniň peselýän şertlerinde göterim haklaryny ýokarlandyrmak bilen bank özüniň karz işinde örän seresaply bolmalydyr.

Bu normatiw täjirçilik bankynyň likwidliligine baha bermeklikde oňaýly we oňaýsyz häsiýetlere eýedir. Onuň ***kemçiligi*** karzlaryň möhletliligini, karz bukjasynyň hilini hasaba almaýanlygydyr. Ol likwidli serişdelere bolan islegi hem häsiýetlendirmeýär. Mysal üçin, normatiwi 70%-e deň bolan bankyň, 50% normatiwli bankdan likwidliliginiň ýokary bolmagy mümkin. Sebäbi birinji bankyň goýumlarynyň üýtgäp durýanlygy ähtimaldyr.

$\mathbf{N_2}$ normatiw karzlaryň bukjasyna goşulmadyk aktiwler barada hem maglumat bermeýär. Bir bank öz depozitleriniň 20%-ini kassanyň nagt puluna we döwletiň gysga möhletli gymmatly kagyzlaryna ýerleşdirip biler. Başga bank bolsa-bankyň

gurluşyklaryna we gozgalmaýan emläge gönükdirip biler. Şeýlelikde iki bankyň hem likwidlilik normatiwiniň ululygy deň bolar. Ýöne banklaryň hakyky likwidlilik derejesiniň tapawutly bolmagy mümkin.

Şeýle-de bolsa **$N_2$** normatiwiň ***oňaýly*** taraplary hem bardyr:

- ol ep-esli girdeji getirýän hem bolsalar, karzlaryň has pes likwidli aktiwlerdigine şaýatlyk edýär;
- bankyň hakyky likwidliliginiň pese gaçýandygynyň duýduryjysy bolmak bilen, bankyň ýolbaşçylaryny özleriniň bank syýasatyny seljermeklige we düzediş girizmeklige, bankyň iş maksatnamasyna täzeden seretmeklige mejbur edýär;
- täjirçilik bankynyň likwidlilik derejesini bahalandyrýan kämil görkezijiden tapawutlylykda mysaly çen tutmaklyga ugrukdyrylýar.

2. Bankyň likwidli aktiwleriniň (la) jeminiň hasaplaşyk, gündelik hasaplarynyň, goýumlaryň we depozitleriň (H) jemine bolan gatnaşygy:

$$N_3=\frac{\mathbf{la}}{\mathbf{H}}$$

**Likwidli aktiwler** bank tarapyndan berlen karzlardyr. Olaryň töleg möhleti 30 gündür. Şol sanda resmi taýdan onuň möhletiniň uzaldylmagy kesgitlenilýär. Şeýle hem şu möhlet bankyň peýdasyna geçiriljek tölegleri hem öz içine alýar.

**$N_3$** normatiwiň ähmiýetliliginiň 0,2-0,5 derejeden ýokary bolmazlygy teklip edilýär.

Ykdysady mazmuny boýunça **$N_3$** normatiw **$N_2$**-ä ýakynrakdyr. Şol bir wagtyň özünde **$N_3$** analitiki ýa-da bahalandyrmak görkezijisi hökmünde **$N_2$**-den has kämildir. Sebäbi likwidli aktiwleriň umumy goýumlara bolan gatnaşygynyň çägini gönüden-göni bahalandyrýar. **$N_2$** bolsa bu gatnaşyklary gytaklaýyn aňladýar.

**$N_3$** koeffisiýentiň hem täjirçilik banklarynyň likwidliligini bahalandyrmakda birnäçe ***kemçilikleri*** bar:

- kassa aktiwleriniň diňe bir bölegini hasaba alýar. Olar hökmany ätiýaçlyklardyr we likwidli serişdeler hökmünde ulanylmaýar, sebäbi karza bolan islegleri kanagatlandyrmaga gönükdirilýärler;
- gaýry likwidli serişdeleri, mysal üçin, bank işiniň dünýä tejribesinde giňden ulanylýan gysga möhletli gymmatly kagyzlary we gazna wekselleri hasaba almaýar;
- täjirçilik banklarynyň başga çeşmelerden serişdeleri almaklygynyň hakyky mümkinçiligini görkezmeýär.

Görkezilen kemçilikleri aradan aýyrmak üçin TMB-niň gözükdirijisi täjirçilik banklarynyň likwidliligini kesgitlemekde birnäçe kadalaşdyryjy görkezijileri bank işine girizýär.

4.Likwidli aktiwleriň (la) bank aktiwleriniň umumy jemine bolan gatnaşygy (Au):

$$N_4=\frac{\mathbf{la}}{\mathbf{Au}}$$

**Aktiwleriň umumy jemi** bankyň beren karzlarydyr. Olaryň üzülmek möhleti 30 günden köpdür. Bu möhlete bankyň peýdasyna goşulýan tölegler we möhleti geçen karzlar we tölegler hem girýärler.

**$N_4$** normatiwiň derejesi 0,2-0,5-e çenlidir.

$N_4$ normatiw $N_3$ normatiwiň üstüni dolmak bilen, bank aktiwleriniň umumy jeminde pul serişdeleriniň has likwidli böleginiň tutýan paýyny bahalandyrmaga mümkinçilik berýär we bank aktiwleriniň likwidlilik derejesini kesgitleýär.

**$N_3$** normatiwiň kemçiliklerini aradan aýyrman, **$N_4$** normatiwi dürli täjirçilik banklarynyň likwidlilik derejesini kesgitlemekde deňeşdiriji ölçeg hökmünde ulanmak bolar. Bankyň likwidli aktiwleriniň paýy näçe köp boldugyça, onuň likwidlilik durnuklylygy hem ýokarydyr we tersine.

5. Likwidli aktiwleriň jemi (la) talap edilýänçä hasaplar boýunça bankyň borçnamalarynyň jemine (Bb) bolan gatnaşygy:

$$N_5 = \frac{la}{Bb}$$

Bankyň talap edilýänçä hasaplar boýunça borçnamalaryna möhleti 1 aýa çenli bolan depozitler, üzülmek möhleti 30 gün bolan başga banklardan alnan karzlar, bank tarapyndan berlen kepillikler we zamunlyklar (ulanmak möhleti 30 gün) degişlidir. **$N_5$** normatiwiň TMB tarapyndan bellenilen derejesi 0,2-0,3, ýagny likwidli aktiwleriň umumy jeminiň 20-30%-ine deňdir.

Bu normatiw aktiwleriň likwidli böleginiň bankyň has üýtgäp durýan borçnamalarynyň üstüni ýapmak mümkinçiligini görkezýär. Sebäbi talap edilýänçä hasaplar boýunça goýumçylaryň islendik wagtda öz serişdelerini talap etmegi mümkin.

6. Bankyň üzülmek möhleti 1 ýyldan ýokary bolan aktiwleriniň jeminiň (Aj) depozit hasaplary boýunça borçnamalaryň (Db) we möhleti 1 ýyldan ýokary bolan karz borçnamalarynyň (Kb) jemine bolan gatnaşygy:

$$N_6 = \frac{Aj}{Db + Kb}$$

**$N_6$** normatiwiň ýokary derejesi täjirçilik banklary üçin 1,0-1,5-e çenlidir. **$N_6$** normatiw **$N_5$** normatiwiň üstüni dolmak bilen, bankyň borçnamalarynyň beýleki bölegini (möhleti boýunça 1 ýyldan ýokary bolanlaryň) üpjünçilik koeffisiýentini görkezýär.

Bank işiniň dünýä tejribesinde häzire çenli täjirçilik banklaryna zerur bolan likwidli serişdeleriň çägini anyk kesgitleýän ählumumy görkeziji ýa-da normatiwleriň toplumy işlenip düzülen däldir.

Her bir täjirçilik banky üçin, talap edilýän likwidli serişdeleriň jemi, düzgün bolşy ýaly goýumlaryň umumy jeminiň we karz resurslaryna bolan islegiň üýtgeýänligine baglydyr. Öz gezeginde bu üýtgemeler ýurduň ykdysady ýagdaýyndan gelip çykýar.

Elbet-de, bank likwidliliginiň derejesine köp sanly ykdysady we beýleki şertler täsir edýärler. Şunuň bilen baglylykda hasaplaşyk, meýilleşdirmek we dolandyrmak işleri bank tejribesiniň möhüm ugurlaryna öwrülýärler.

Ýokarda aýdylanlary jemlemek bilen, şeýle netije çykarmak bolýar: täjirçilik banklarynyň likwidlilik derejesiniň üýtgemegine esasan üç şert täsir edýär:

- goýumlaryň ulalmagy ýa-da kiçelmegi bilen baglylykda serişdeleriň gelmegi ýa-da ýitirilmegi;
- karzlaryň, maýa goýumlarynyň ösmegi ýa-da peselmegi bilen baglylykda ýokardaky ýaly ýagdaý ýüze çykýar;
- goýumlaryň artmagy ýa-da kemelmegi netijesinde hökmany ätiýaçlyklaryň ululygynyň artmagy we kemelmegi.

Täjirçilik banklaryň syýasatynyň, strategiýasynyň we gündelik işini emele getirýän şu şertleriň esasynda bank likwidliligini dolandyrmaklygyň nazaryýeti we tejribesi döredi, ösdi hem-de kämilleşdi.

***Bank likwidliligini dolandyrmaklygyň nazaryýeti.*** Likwidliligi dolandyrmaklygyň nazaryýeti täjirçilik banklarynyň emele gelşi we ösüşi bilen bir wagtda ýüze çykdy we ösdi. Ilkibaşda bank likwidliligi meselesiniň iki sany nazary çemeleşmesi bardy. **Birinji** çemeleşme, bankyň aktiwleriniň düzümi, möhletleri boýunça onuň passiwleriniň düzümine anyk gabat gelmeginden ugur alýar. Bu bolsa iş ýüzünde täjirçilik banklarynyň özüniň likwidliligini dolandyrmaklygyň işjeň syýasatyny geçirmek mümkinçiliklerini aradan aýyrýar. Bu nazaryýet esasynda ***bankyň altyn düzgüni*** işlenip düzüldi. Bu düzgün bankyň maliýe talaplarynyň ululygynyň we möhletleriniň, onuň borçnamalarynyň möçberlerine we möhletlerine deň bolmalydygyndan ybaratdyr.

**Ikinji** çemeleşme bankyň balansynyň aktiwleriniň we passiwleriniň düzüminiň hakykatda biri-birine deň gelmeýändigine esaslanýardy. Sebäbi iň kuwwatly täjirçilik banky hem durmuş ykdysady ulgamlarda bolup geçýän maliýe-karz hadysalaryndan (ykdysady ýetmezçilik, batyp galmaklyk, karzlar boýunça tölegleriň geçirilmezligi, karz kapitalynyň bazarlarynda pul serişdelerine bolan islegiň we teklibiň üýtgemegi, gymmatly kagyzlaryň bazarynyň üýtgäp durýan ýagdaýy we bazar gatnaşyklarynyň gaýry deňsizlikleriniň ýüze çykmaklygy) ätiýaçlandyrylan däldir. Bu ýagdaýlar bazar ykdysadyýetine geçýän döwlet üçin has-da häsiýetlidir.

Ýokarda görkezilen we beýleki kynçylyklar, bankyň ýolbaşçylaryndan likwidliligiň belli bir derejesini saklamaklyk baradaky aladany talap edýärler. Täjirçilik banklarynyň durnukly işiniň başlangyç şertlerini üpjün etmeklik, bankyň likwidlilik meselesini balansyň düzümini dolandyrmaklyk mümkinçiliginiň üsti bilen çözmekligiň obýektiw zerurlygyny, ýagny täjirçilik banklarynyň aktiwlerini we passiwlerini dolandyrmak mümkinçiligini ýüze çykardy.

Durmuş ykdysady ulgamlarynyň ewolýusion öwrülşikleriniň barşynda, bank işiniň dünýä tejribesiniň çylşyrymlaşmagy we kämilleşdirilmegi täjirçilik banklarynyň likwidlilik meselesiniň ilkinji çeşmesiniň, esasan, iki ugur ýagny, aktiwleri we täjirçilik banklarynyň passiwlerini dolandyrmak nazaryýeti boýunça ösmegine getirdi.

**Aktiwleri dolandyrmak nazaryýeti.** Häzirki wagtda üç usulyýet tassyklamasyna esaslanýar:

**Birinji,** eger, täjirçilik banklarynyň aktiwleri gysga möhletli karzlara ýerleşdirilen hem-de öz wagtynda üzülýän bolsa, onda bank öz likwidliligini saklap biler. Bu tassyklama Günbataryň käbir ýurtlarynyň bank kanunçylygynda ulanylýan hem bolsa, ol diňe ykdysady ösüşiň kadaly ýagdaýynda likwidliligi üpjün edip bilýär. Emma ykdysadyýetiň kynçylykly şertlerinde, likwidli serişdeleriň has-da zerur bolýan ýagdaýynda bu usul öz güýjüni ýitirýär. Ondan başga-da bu tassyklama bank goýumlarynyň durnuklylygyny ýa-da durnuksyzdygyny hasaba almaýar.

**Ikinji,** eger, täjirçilik banklarynyň aktiwlerini başga banka geçirilse ýa-da beýleki karz berijilere nagt pula satylsa, onda bank likwidli bolup biler. Tejribede likwidli serişdeleriň çeşmeleri bolup, nagt pula çalt we ýeňil öwrülýän gymmatly kagyzlar çykyş edýärler. Bu gymmatly kagyzlar bank işiniň dünýä tejribesinde ”ikinji nobatdaky ätiýaçlyklar” diýip atlandyrylýar.

**Üçünji,** eger, karzlary üzmekligiň tölegleriniň esasy hökmünde karz alyjynyň geljekki girdejileri göz öňünde tutulsa, onda täjirçilik bankynyň likwidliligini meýilleşdirip bolar. Şeýlelikde, karzlaryň we maýa goýumlarynyň üzülmek möhletleriniň düzümini üýtgetmek bilen, bankyň likwidliligine täsir edip bolýar. Täjirçilik banklar tarapyndan girdejileriň we çykdajylaryň basgançaklaýyn netijeliligini ulanmak bilen geçirýän maýa goýum syýasaty, ***diwersifikasiýa*** usuly diýlip atlandyrylýar.

**Passiwleri dolandyrmaklygyň nazaryýeti** bank likwidliligini dolandyrmak syýasatynyň üstüni dolýar we iki tassyklama esaslanýar.

***Birinji,*** täjirçilik banky goşmaça pul serişdelerini kapitalyň bazaryndan satyn almak bilen likwidlilik meselesini çözüp biler. Bu tassyklama Günbatar ýurtlarynyň tejribesinde hakyky ornuny tapýar.

***Ikinji***, täjirçilik banky döwletiň ätiýaçlyk ulgamyna ýüzlenmek ýa-da habarçy banklarda giň möçberli pul serişdelerini karz almak bilen, şeýle hem ýewrowalýuta karzyny alyp, özüniň likwidliligini üpjün edip biler.

Ýokardaky nazary ugurlary tejribede ulanmak bilen banklar öz aktiwlerini we passiwlerini dolandyrmakda mydama peýdalylygyň, likwidliligiň we tölege ukyplylygyň arasyndaky deňligi sazlaşdyrmaga mejbur bolýarlar.

Käbir göz öňünde tutulmadyk ýagdaýlar ýüze çykanda, özüniň likwidliligini üpjün edip bilmeýän banklar, tölege ukypsyz bolup galýarlar. Ahyrky netijede olaryň batyp galmagy hem mümkin. Ine, şonuň üçin täjirçilik banklarynyň likwidliligini dolandyrmaklyk meselesi wajyp ähmiýete eýe bolup, bank işiniň dünýä tejribesinde birinji orny eýeleýär.

Likwidlilige bolan isleg bank karzlarynyň, depozitleriniň (goýumlaryň) häsiýeti bilen kesgitlenilýär. Edil şonuň ýaly karzlary saýlamak hem pul serişdeleriniň ululygyna bagly bolýar. Öz gezeginde, depozitleri çekmek bankyň maýa goýu mümkinçiliklerine esaslanýar. Bu şertleriň ählisi biri-biri bilen özara baglanşyklydyr we täjirçilik banklarynyň likwidliligini dolandyrmaklygyň ýeke-täk strategiýasyna birleşdirilýär hem-de ***täjirçilik bankynyň bukjasyny dolandyrmak***[1] adyna eýe bolýar.

## 6.7. Bank işleriniň dolandyrylyşy, marketingi, auditi.
## Bank işleriniň dolandyrylyşy

Häzirki wagtda dolandyryjy işler, köplenç, **”Menejment”** düşünjesi bilen çalşyrylýar.

**Menejment** özge adamlaryň zähmetini, intellektini, özüni alyp barmak matiwini (sebäbini) peýdalanmak bilen, öňde goýlan maksatlara ýetmeklikdir.

Bank işini düzgünleşdirmekligiň, dolandyrmaklygyň subýektleri bolup, öňi bilen döwlet guramalary: Türkmenistanyň Mejlisi, Türkmenistanyň Merkezi banky, şeýle hem banklaryň geňeşi, döredijileriň ýygnaklary çykyş edýärler. Täjirçilik banklarynyň Ýokary dolandyryş guramasy bolup, paýdarlaryň umumy ýygnagy çykyş edýär. Eger bankyň Ustawynda başgaça ýagdaý göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda ol ýylda bir gezekden az geçirilmeli däldir, eger bank çäklendirilen jogapkärçilikli gurama bolsa, onda paýdarlaryň umumy ýygnagy ýylda iki gezekden az geçirilmeýär.

Paýdarlaryň nobatdan daşary ýygnaklary dörediji resminamalarda görkezilen ýagdaýlar ýüze çykanda ýa-da bankyň bähbitlerini goraýan islendik beýleki ýagdaýlar ýüze çykanda geçirilýär. Bank işlerini dolandyryjynyň bankynda bank Geňeşiniň we

müdiriýetinyň hukuklarynyň çäginden daşary çykýan gyssagly soraglar ýüze çykanda paýdarlaryň geňeşi boýunça bank geňeşi tarapyndan paýdarlaryň nobatdan daşary ýygnagy geçirilýär.

Umumy ýygnagyň aýratyn ygtyýarlygyna aşakdakylar degişlidir:

- bank işiniň esasy ugurlaryny kesgitlemek, onuň meýillerini we olaryň ýerine ýetiriliş hasabatlaryny tassyklamak;
- Ustawy tassyklamak we üýtgetmek derňew topary baradaky düzgünnamany tassyklamak;
- bankyň geňeşiniň agzalaryny, bankyň başlygyny saýlamak we yzyna çagyrmak;
- müdiriýetiň we derňew toparynyň agzalaryny saýlamak we yzyna çagyrmak;
- täjirçilik bankynyň işleriniň ýyllyk hasabatlaryny, derňew toparynyň hasabatlaryny we netijelerini, peýdany paýlamaklygyň we ýitgileriň üstüni örtmekligiň tertibini tassyklamak;

**1. Bukjany dolandyrmaklyk- peýdalylyk, tölege ukyplylyk we likwidlilik maksatlaryna eýermek bilen bankyň aktiwlerini we passiwlerini dolandyrmaklykdyr.**

- şahamçalary we wekilçilikleri döretmek, täzeden guramak we ýapmak;
- bank işlerini bes etmek, ýapmak baradaky iş toparyny bellemek, ýapmak balansyny tassyklamak baradaky kararlary kabul etmek;
- bankyň wezipeli adamlaryny emläk jogapkärçiligine çekmek baradaky kararlary girizmek;
- ýygnaklary geçirmekligiň düzgünlerini we jemgyýetiň içerki resminamalaryny tassyklamak, bankyň guramaçylyk bölümlerini kesgitlemek;
- jemgyýetden çykýan paýdarlaryň paýyny bank tarapyndan satyn almak soragyny çözmek;
- paýdarlaryň goşmaça tölegleriniň möçberini, görnüşini, düzgünini bellemek;
- paýdary agzalygyndan aýyrmak.

Bankyň Ustawyna laýyklykda umumy ýygnagyň ygtyýarlygyna beýleki soraglar hem girizilip bilner.

Bank Geňeşiniň agzalary we başlygy paýdarlaryň wekillerinden umumy ýygnakda saýlanylýar. Bank geňeşiniň düzümine zähmet köpçüliginiň kärdeşler arkalaşygynyň wekilleri girip bilýärler. Bank geňeşiniň işi adatça 5 ýyl möhlet bilen çäklendirilýär.

Bank geňeşi müdiriýetiň işine gözegçilik edýär. Bankyň Ustawy ýa-da umumy ýygnagyň karary esasynda bank geňeşine umumy ýygnagyň ygtyýaryndaky aýratyn wezipeler ýüklenilip bilner. *Mysal üçin,* karz hasaplaşyk we walýuta amallaryny guramak boýunça bankyň umumy syýasatyny, karz bermekligiň esasy şertlerini, şahamçalary, bölümleri, wekilçilikleri we habarçy hasaplary açmaklygy we ýapmaklygy kesgitlemek.

Müdiriýetiň başlygyny, onuň orunbasarlaryny, baş hasapçyny düzgün bolşy ýaly bankyň geňeşi saýlaýar.

Müdiriýet umumy ýygnagyň we bank geňeşiniň ygtyýarynda bolmadyk bank işlerine degişli ähli soraglary çözýär.

Umumy ýygnak öz ygtyýaryndaky hukuklarynyň bir bölegini müdiriýetiň ygtyýaryna bermek baradaky karary çykaryp bilýär. Müdiriýet umumy ýygnagyň we bank geňeşiniň öňünde hasabat berýär we olaryň kararlaryny ýerine ýetirmekligi guraýar. Müdiriýet bankyň adyndan, bankyň Ustawyna we kanunalaýyklykda hereket edýär.

Müdiriýetiň başlygy ynanç hatsyz bankyň adyndan hereket edip bilýär, ýagny ony hökümet dolandyryjy guramalarynyň öňünde, şeýle hem ýurduň we daşary ýurtlaryň, ýuridiki taraplaryň öňünde görkezip bilýär. Hereket edýän kanunyň çäklerinde bankyň serişdelerine ygtyýarlyk edip, şertnamalary baglaşyp we sudda çykyş edip bilýär. Esasy işler boýunça buýruklary we görkezmeler berip, wezipe ştatyna we çykdajy smetasyna degişlilikde wezipe aýlyklaryny belläp bilýär. Bellenilen nomenklatura laýyklykda wezipä belläp we aýryp, tapawutlanan işgärleri höweslendirip ýa-da tertibe çagyryp bilýär. Bankyň düzümleýin bölümleri baradaky düzgüni tassyklap, orunbasarlaryň arasynda borçlaryny paýlap we ş.m. edip bilýär.

Bankyň Müdiriýetinyň başlygy maliýeleşdirmek we karzlaşdyrmak işlerinde ýeke-täk syýasaty alyp barmaklygy üpjün etmelidir, dolandyryşyň, esasan, ykdysady usullaryny ulanmalydyr. Zähmet köpçüliginiň başlangyçlarynyň we başarjaňlygynyň ýüze çykmagy üçin şertler döretmelidir.

***Dolandyryşyň esasy maksady*** biri-biri bilen bäsleşýän bank edaralarynyň we şolar bilen birlikde ähli hojalyk subýektleriniň netijeli we durnukly işlemekleri üçin şertleri döretmekdir. Türkmenistanyň Mejlisiniň bank we bank işleri baradaky kabul eden kanuny aktlary bankyň işini reglamentirleýär, olaryň statusyny kesgitleýär we Türkmenistanyň Merkezi bankyna olaryň işini düzgünleşdirmäge hukuk berilýär.

Döwlet guramalary tarapyndan täjirçilik banklaryny dolandyrmak, düzgüne salmak, höweslendirmek we gözegçilik görnüşlerinde alnyp barylýar.

Hereket edýän kanunyň çäklerinde bank ýolbaşçylary girdeji almak maksady bilen banklaryň işini meýilleşdirýärler we guraýarlar. Bu ýerde dolandyryş obýektleri bolup işiň aýratyn taraplary däl-de, eýsem, tutuş ulgam, gurama çykyş edýär. Dolandyryşyň esasy obýektleri bolup, täjirçilik banklarynyň aktiwleri we passiwleri çykyş edýärler.

## Bank marketingi

Marketing täjirçilik işleriniň bir görnüşi bolup, harytlary öndürmekligiň we ýerleşdirmekligiň üsti bilen harytlara bolan isleg çaklanylýar, ösdürilýär we kanagatlandyrylýar. ”Marketing” düşünjesi iňlis ”market” (bazar) sözünden gelip çykýar we bazar swerasyndaky işleri aňladýar.

Bank ulgamynda marketingiň ýörelgelerini ýaýratmak we bank işleriniň strategiki meýilleşdirilişinde ulanmak 1980-nji ýyldan başlandy. Uzak wagtlap banklarda strategiki meýilleşdirilşe marketinge ýeterlik üns berilmedi, bank işlerinde däp bolan usulyýetler, tärler we usullar ulanyldy.

1960-njy ýylyň ortalaryna çenli banklar öz işlerini düýbünden mahabatlandyrmaýardylar. Diňe 1970-nji ýylda dürli banklar öz edaralaryny we olaryň işlerini çynlakaý mahabatlandyryp başladylar. Hut şu döwürden başlap, bank marketingi barada gürrüň etmek mümkinçiligi başlady. XX asyryň 80-nji ýyllarynda bank

marketinginiň ösüş depgini ýokarlandy. Banklar senagat marketinginiň esasy usullaryny özleşdirdiler we bank işlerini strategiki meýilleşdirip başladylar.

Häzirki döwürde bank marketingi ilkinji nobatda bankyň öz önümine däl-de, eýsem müşderiniň hakyky talaplaryny göz öňünde tutýar. Şonuň üçin marketing bazary ykjam öwrenmekligi, üýtgeýän islegleri seljermekligi, bank hyzmatlaryny sarp edijileriň meýillerini öwrenmekligi göz öňünde tutýar. Bank gullukçysy maliýe önümleriniň satyjysyna öwrülýär we 20-30 ýyl mundan öňki ýagdaýdan düýpli öňe gidişlik şundan ybaratdyr. Müşderi bilen iş salşylanda oňa zerur bolan maliýe hyzmatlarynyň anyk görnüşlerini kesgitlemek zerurdyr we oňa olaryň amatlylygyny düşündirmelidir.

Marketingiň pelsepesi bankyň we müşderiniň gatnaşygyny hil taýdan özgerdýär. Eger öň bank goýumçylara we karz alyjylara bank önümleriniň standart toplumyny hödürlän bolsa, onda häzirki wagtda ol müşderileriň anyk toparyna-iri koporatiw firmalara, ownuk kärhanalara, şahsy taraplaryň aýratyn kategoriýalaryna (talyplara, ýaş maşgalalara, pensionerlere) niýetlenen hyzmatlaryň täze görnüşlerini işläp düzmelidir.

Bank marketinginiň maksatlarynyň biri-de häzirki wagta çenli bank hyzmatlaryndan peýdalanmadyk täze müşderileri çekmekden ybaratdyr.

Şeýlelikde, bank marketingini bank önümleriniň has amatly bazarlaryny gözlemeklik hökmünde kesgitläp bolar. Bu ýagdaý bankyň maksatlaryny anyk kesgitlemegi, olara ýetmekligiň amatly ýollaryny we usullaryny emele getirmegi we meýilnamalary amala aşyrmaklygyň takyk çärelerini işläp düzmekligi göz öňünde tutýar.

Marketing maksatnamasynyň esasy bölegi-mahabatlandyrma we bank önümlerini öňe sürmekdir. Bu işe bankyň baş edarasy şeýle hem onuň bölümleri gatnaşýarlar. Düzgün bolşy ýaly mahabatlandyrma işleri telewideniýe, gazet we beýleki köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň üsti bilen guralýar. Adatça mahabatlandyrmanyň esasy mazmuny müşderileriň ynam bildiren bankyndan geljek amatlyklary görkezmekden ybaratdyr.

Mahabatlandyrma döwri meýilleşdirilende geçirilýän çäreleriň gymmatyny, beýleki bergi borçnamalaryny möhleti boýunça satyn almaklyk ýoly bilen hasabat göterimi bank tarapyndan awansirlenýän puluň tölegi görnüşinde çykyş edip bilýär. Hasabat göterimi karz göteriminiň dürli görnüşidir.

**Bank auditi**

Audit ykdysady hadysalar baradaky anyk maglumatlary almaklygyň ulgamynyň prossesi bolup, onuň anyklanmagynyň subutnamasyna baha bermek, maglumatlaryň bellenilen ölçeglere gabat gelmek derejesini kesgitlemek we netijelerini gyzyklanýan taraplara habar bermekdir.

Audit ykdysady maglumatlara ýokary professional derejede baha bermek, anyk hojalyk we maliýe kararlaryny kabul etmekligi ýeňilleşdirmek, ýaramaz ykdysady netijeleriň öňüni almak, şeýle hem audit geçirilmeli guramanyň abraýyny pugtalandyrmak üçin zerurdyr.

Audit öňi bilen bar bolan ýa-da potensial maýadaryň (bankyň paýdarlarynyň) isleglerini kanagatlandyrýar. Paýdaryň banklaryň maliýe hasabatlaryny ýeterlik derejede tejribeli seljerme geçirmeklige mümkinçiligi bolan ýagdaýynda hem, onuň hasabatlarynyň anyklygyna doly ynamy bolmaýar. Sebäbi onuň hasabat resminamalaryna doly ygtyýary bolmaýar. Häzirki wagtda banklaryň paýnamalarynyň eýeleriniň sany köpelýär we olaryň ep-esli böleginiň bankyň ýolbaşçylarynyň işleri barada düşünjeleri

gowşak. Olar paýnamanyň parhsyz eýeleri diýlip atlandyrylýar. Olar üçin haýsydyr bir tarap ýa-da gurama auditor işini ýerine ýetirmeli bolýar.

Auditorlyga bolan isleg hyzmat etmek ýa-da wekilçilik maksady bilen düşündirilýär. Munuň özi dolandyryjynyň (bankyň müdiriýetinyň başlygynyň) hem edil onuň eýeleri ýaly bankyň abraýynyň tarapyndadygyny aňladýar. Dolandyryjy (başlyk) paýdarlaryň ynanylan adamsy bolup hyzmat edýär. Bankyň auditor barlagy dolandyryjynyň (başlygynyň) şahsy ýagdaýyny berkidýär. Eýeleriň wekili hökmünde onuň işine bolan ynamsyzlygyny peseldýär.

Audit esaslandyrylan ýagdaýlaryň netijesinde hasabat maglumatlarynyň dogrulygyny üpjün etmekden başga-da, onda bar bolan habarlaryň ähmiýetini ýokarlandyrýar. Şonuň üçin bankyň hasabatyny düzýän taraplar, bu işi has oňat ýerine ýetirmäge çalyşýarlar. Sebäbi olar öz hasabat maglumatlarynyň auditor barlagyndan geçjekdigini bilýärler. Auditiň geçirilýänliginiň bilinmeginiň özi maglumatlaryň yhlassyz, nädogry düzülmeginiň öňüni alýar. Şeýlelikde, maglumatlaryň mazmuny olardan peýdalanjylaryň talabyna laýyk getirilýär.

Auditor hyzmatlarynyň sargydynyň (tabşyrygynyň) mazmunyna we auditoryň maliýe, hojalyk ýa-da hukuk işleriniň ugurlaryna baglylykda audit **daşarky we içerki** bolup bilýär.

***Daşarky auditor gözegçiligi*** auditorlaryň we olaryň barlaýan banklarynyň arasynda şertnamalaýyn tölegli esasda alnyp barylýan hyzmatdaşlyk, garaşsyz gözegçilikdir. Bu gözegçiligiň esasy şerti tabşyryk berijiniň (paýdarlar, kärhana eýeleri we ş.m.), döwletiň (salgyt gullugy tarapyndan) we auditoryň hasaplamasynyň we hasabatynyň dogrulygyny üpjün etmekligiň özara bähbidinden gelip çykýar.

Auditor şertnamalaýyn töleg esasynda bankyň maliýe işlerini barlaýan garaşsyz derňewçidir. Barlag auditor hökmünde ýeterlik tehniki taýýarlygy we hünäri bolan adamlar tarapyndan geçirilmelidir. Ýerine ýetirilýän işe degişli bolan soraglaryň hemmesi babatynda auditorlaryň nukdaý nazarlary mydama garaşsyz, şeýle hem bankyň paýdarlaryna, müşderilere, karz berijilere, ähli gatnaşyjylara deň derejede mylakatly bolmalydyrlar. Auditor netije çykarmak hasabatynda köpçülige ynandyrmak bilen jemgyýetiň öňünde öz hakyna tutulma şertlerinden daşary çykýan jogapkärçiligi boýun alýar. Auditor öz wezipesini ýerine ýetirende kanundan we hususy hojalyk (täjirçilik) hasaplaşyk bähbitlerinden ugur alýar. Bu auditor gazanç etmekligiň bäsleşikli şertlerinde derňewiň we barlaglaryň ýokary hilli geçirilmegine ýardam edýär.

Daşarky we içerki audit obýektler we dolandyryşyň düzümi bilen tapawutlanýar.

Bankyň täjirçilik bähbitleri, bank işiniň durnuklylygyny saklamak, döredijileriň, peýdalanyjylaryň, müşderileriň we işgärleriň talabyny ödemek goýum--karz syýasatyny utgaşdyrmak, puluň, gymmatlyklaryň we emlägiň bütewiligini üpjün etmek üçin bankyň dürli görnüşdäki işleriniň ýagdaýy babatynda dogry maglumatlaryň zerurlygy bilen kesgitlenýär.

Içerki audit her bir täjirçilik bankynda öz aýratynlyklaryna eýedir. Ýöne umumy esasy auditorlaryň her bölüminiň içinde işläp bilmeginden ýa-da bankyň aýrybaşgalaşan düzümleýin emele gelmeginden gelip çykýar. Içerki auditor bankyň işgäri bolýar. Bölümleri we şahamçalary bar bolan iri täjirçilik banklar öz düzüminde auditor gullugyny döredip bilýärler, ýagny içerki auditor gullugy, olar bankyň guramaçylyk düzüminiň bir bölegi bolup çykyş edýär.

**Içerki auditiň esasy wezipeleri:**

- bank kanunçylygyna we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň kada resminamalary esasynda düzülen bank düzgünnamasyna, banklaryň ustawyna, paýdarlaryň umumy ýygnagynyň, bank geňeşliginiň we Müdiriýetinyň kararlaryna esaslanyp, bank işleriniň alnyp barylşyna gözegçilik etmek;
- maýanyň, bankyň karz resurslarynyň döredilmeginiň we ýerleşdirilmeginiň maddy we zähmet resurslarynyň rejeli ulanylmagynyň hiline we maksadalaýyklygyna ykdysady baha bermek, bank işiniň sferasynyň gelejegini kesgitlemek;
- bankyň maliýe durnuklylygyny we bäsleşige ukyplylygyny, onuň balansynyň likwidlilik derejesini, geçirilýän amallaryň düşewüntliligini kesgitlemek maksady bilen hasabat ulgamyna gözegçilik etmek, derňewleri, barlaglary geçirmek;
- bankyň paýdarlar eýeçiliginiň bütewiliginiň üpjünçiligine gözegçilik etmek;
- amallary we hasaplardaky galyndylaryň jikme-jik derňewini öz içine almak bilen, dolandyrmak maksatlary üçin maliýe we beýleki gündelik maglumatlary öwrenmek;
- geleşikleriň we täjirçilik amallarynyň ahyrky netijelerini barlamak;
- bankyň ýolbaşçylarynyň tabşyrygy boýunça ýörite barlaglary geçirmek.

Içerki auditor gullugyna ýokary derejede erkinlik we zerur bolan bank maglumatlaryna ygtyýar berilmelidir.

Içerki bank auditi hyzmat edýän müşderileriň düzüminiň hil taýdan kesgitlenilmegi üçin ulanylyp bilner. Munuň üçin kärhanalarda, guramalarda bankyň ygtyýaryna girýän soraglar boýunça garşylykly barlaglary geçirmek maksada laýykdyr. Müşderileriň işlerinde maliýe we işewürlik durnuksyzlygy ýüze çykarylan ýagdaýynda, müşderiler bilen işjeňlik gatnaşyklaryna gaýtadan seredilip bilner.

Içerki auditiň maksatnamasynyň hili, netijesi we onuň ýerine ýetirilişiniň dolulygy, täjirçilik bankynyň hasabatlarynyň sertifikasiýasy, maglumatlaryň awtomatlaşdyrylan ulgamynyň işi we beýleki görkezijiler daşky auditoryň gözegçiligine degişlidir.

Bank paýdarlara ýa-da kreditorlara ýetirmek üçin öz hasabatyny taýýarlanda, öňi bilen ony daşky auditora bermeli. Barlanylan hasabatyň maglumatlaryna güwä geçmeklikden auditoryň ýüz dönderen ýa-da çynlakaý bellik eden ýagdaýynda, düzgün bolşy ýaly hasabatyň maglumatlaryny peýdalanýanlara duýduryş bolup hyzmat edýär.

Öz mazmuny boýunça audit adatça ***maliýe hasabatlarynyň auditi, talaplara laýyklyk auditi*** we ***hojalyk işleriniň auditi*** diýen 3 görnüşe bölünýär.

Auditor barlaglary aşakdaky ýollar bilen amala aşyrylýar:

- maddy gymmatlyklary, resminamalary, ýazuwlary inspektirlemek arkaly barlamak, barlag täjirçilik bankynyň we onuň şahamçalarynyň buhgalter maglumatlary esasynda ýerine ýetirilýär. Şunuň bilen baglylykda amallaryň seljermesi analitik buhgalter hasabynyň barlagy esasynda geçirilýär (sintetiki audirleme, sebäbi auditor özüniň seljerme maglumatlarynyň esasynda buhgalter kitapçasynyň görnüşini düzýär) ýa-da umumy

buhgalteriň kitapçasynyň seljermesi esasynda anyk amallara we töwekgelçiliklere (seljerme, audirleme) çykylýar;

- beýleki taraplaryň bank amallaryny, kadalaryny ýerine ýetirmeklerine gözegçilik etmek, özi hem diňe gönüden-göni gözegçilik pursatynda alnan maglumatlar takyk diýlip hasap edilýär;
- bankyň işlerinden habarly adamlardan ýazuw üsti bilen ýa-da dilden soramak. Alnan maglumatlaryň dogrulygy soralýanlaryň işe beletligine, terbiýesine, garaşsyzlygyna, halallygyna bagly bolýar;
- auditor tarapyndan özbaşdak buhgalter ýazuwlarynyň takyklygyny arifmetiki barlamak;
- seljerme barlaglary geçirmek: wajyp koefisiýentleri, statistiki maglumatlary öwrenmek, standartdan gyşarmalary barlamak.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň aýratyn statusyndan we ýerine ýetirýän wezipelerinden gelip çykyşy ýaly, banky barlamaklygyň özboluşly aýratynlygy bar. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň, onuň edaralarynyň işi ýylda 1 gezek Ministrler Kabinetiniň degişli bölümi tarapyndan ýa-da Türkmenistanyň Mejlisiniň iş topary tarapyndan barlanylýar.

# Bap 7. Türkmenistanyň banklarynda buhgalter hasaby.

## *7.1. Hasabyň ähmiýeti. . Hojalyk hasaby barada düşunje.*

Beýik Galkynyş we täze özgertmeler zamanasynda ägirt mөçberli işleriniň netijesinde Türkmenistanyň ykdysadyýeti ýokary depginler bilen okgunly өňe barýar. Ol өňegidişligiň ahyrky maksady-ýurtda durmuş taýdan nazarlandyrylan, ýokary derejede өsen bazar ykdysadyýetini dөretmekden ybataratdyr.

Bu ägirt mөçberli wezipäniň hөtdesinden gelmekde uly wezipelere amala aşyrmaklyk dürli hojalyk birlikleriniň ykdysady gulluklaryna, şol sanda-da, onuň wajyp bөlümi bolan, buhgalter hasabyna degişlidir.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde Türkmenistanyň өzboluşly buhgalter hasabynyň nazaryýet binýadynyň düýbi tutuldy. Ol binýadyň esasyny Beýik Galkynyş zamanasynyň

ykdysady өzgertmeleri mizemez ugurlary tutýar. Ýurtda dөredilmeli hojalyk hasabynyň ulgamy, bir tarapdan, dünýä derejelerine laýyk gelmeli we talaby өdemeli, beýleki tarapdan bolsa - өňden däp bolup gelýän esasy ýөrelgeleri өzünde jemlemeli.

Ykdysadyýetiň bazar hojalyk şertlerine geçmegi bilen өnümçiligi dolandyrmagyň aglaba usullaryna täzeden çemeleşme zerurlygy ýüze çykýar. Sebäbi bazar şertlerinde kärhananynyň (edaranyň) hojalyk serişdeleri has өnjeýli we netijeli ulanylmalydyr. Dňe şeýle edilende өnümçiligiň netijesiniň umzügi өňe bolýar, onuň maliýe ýagdaýy oňatlaşýar.

Bazar gatnaşyklarynda өnümçilik bäsleşigi üznüksiz artýar. Bu bolsa dolandyryjy çөzgüt kabul etmezden өň kärhana ýolbaşçylarynyň өnümçilik serişdeleriniň satyn alnyşyna, өnümleriň çykarylşyna, işleriň we hyzmatlaryň ýerine ýetirilşine bolan ünsüni has çuňlaşdyrmagyny talap edýär. Ýolbaşçylaryň üns merkezinde çykarylan harajatlar bilen alnan girdejileri gatnaşdyryp, peýdany artdyrmaklygyň mümkinçiliklerini seljerip durmak zerurlygy durmalydyr.

Bu gөrnüşli maglumatlaryň düýp çeşmesi bolup ***hasap*** çykyş edýär. Hasap dolandyryş ulgamynda aýgytly orun eýeleýän gural bolup hyzmat edýär.

Hojalyk birlikleriniň hasaby ***gөzegçilik, өlçemek*** we ***dinuwsyz hasaba alamak*** arkaly alnyp barylýar. Hasapda hojalyk işlerini jemlenen gөrnüşlerde alyp barmak üçin ykdysady toparlamalar ulanylýar.

Hasap pbýektleri hasap resminamalarda ***natural, zähmet*** we ***pul*** өlçeglerinde alnyp barylýar. Bu bolsa dürli hojalyk amallary we olaryň netijeleriniň giňişleýin we anyk gөrkezilmegine mümkinçilik berýär.

Maglumatlaryň häsiýetlerine, alnyş we toparlanyş usullaryna laýyklykda hasap ***çalt (operatiw), statistiki*** we ***buhgalter hasaplary*** gөrnüşlerine bөlünýär.

***Çalt hasap*** hojalyk işiniň gündelik maglumatlaryny ýygnamaklyga syrygýar we aýry-aýry amallaryň amala aşyrylýan wagtynda geçirilýän gөzegçiligi өzünde jemleýär. Çalt hasabyň maglumatlary adatça resmileşdirilmeýär, dilden ýa-da ýazgy gөrnüşinde dolandyryjy çөzgüt kabul edýänlere ýetirilýär. Diýmek, çalt hasapda esasy üns taýýarlanýan maglumatlaryň tizligine we mazmunyna gөnükdirilýär.

***Statistiki hasap*** kөpçülikleýin jemgyýetçilik hadysalaryň we prosesleriň dowamynda we өsüşinde bolup geçýän kanunylyklary we arabaglanyşyklary өwrenmeklikde ulanylýar. Statistika – kärhanalarda, edaralarda, guramalarda bolup geçýän hadysalara gөzegçilik edýär. Onuň kөmegi bilen zähmet өndürijiligi, onümiň mөçberi, zähmet hakynyň өsüşi we ş.m. mukdar we hil gөrkezijiler hasaplanylýar. Statistiki hasapda çalt we buhgalter hasaplarynyň maglumatlary ulanylýar.

***Buhgalter hasaby*** hojalyk birlikleriniň serişdeleriniň kөp taraplaýyn gөrkezilmegini we gөzegçiligini өz içine alýar, olaryň dөreýyiş çeşmelerini açyp gөrkezýär. Hasap dөwrüniň bütin dowamlylygynda buhgalter hasabynyň registirlerinde kärhananynyň (edaranyň) ähli өnümçilik we maliýe işi, serişdeleriniň tükelligi we hereketi, olaryň çeşmeleri we gündelik hojalyk amallary yzygiderli ýa-da ulgamlaşdyrylan tertiplerde hasaba alynýar. Buhgalter hasabyna üç өlçegi ulanyp bolýandygyna garamazdan, hasabat düzülende diňe pul өlçegi ulanylýar, bu bpolsa hojalyk birlikleriniň ähli gymmatlyklaryny we amallaryny bir bütewi we umumylaşdyrylan, hem-de deňeşdirip bolunýan өlçegde getirmeklige ýardam edýär.

Buhgalter hasabynyň ähli hasap maglumatlary kesgitlenen gөrnüşlerde doldurylanilkinji hasap resminamalarynyň esasynda ***üznüksiz, bütewi*** we ***yzygiderli*** tertipde alnyp barylýar. Şonuň üçin buhgalter hasaby hөkmany suratda resminamalaşdyrylan we subbutnamalaşdyrylan bolýar. Bu bolsa buhgalter maglumatlaryna hukuk güýjini berýär. Mundan başga-da, buhgalter hasabynyň takyklygyna we hakykylygyna (obýektiwligine) serişdeleriň, hasaplaşmalaryň we balansyň beýleki maddalarynyň wagtal-wagtal tükelleşdirmek işiniň alnyp barylmagy hem güwä geçýär.

Gөrnüşi ýaly, buhgalter hasaby өzüniň mazmuny we ygtybarlylygy taýdan çalt we statistiki hasaplardan tapawutlanýar. Şeýle-de bolsa, hojalyk hasabynyň ähli üç gөrnüşiniň maglumatlary doly we dogry ulanylanda kärhananyň (edaranyň) hojalyk işini dolandyrmak has netijeli bolýar.

Hojalyk hasabynyň esasy maksady bolup kärhananyň (edaranyň) maliýe we hojalyk işi baradaky maglumatlary ýokary hilli (doly we dogry) we өz wagtynda ýөretmeklik çykyş edýär.

Buhgalter hasaby – ykdysady ylymdyr. Ilkinji gezek buhgalter hasaby ylym gөrnüşinde Bendetto Kotrulýiniň (1458 ý.) we Luki Paçoliniň (1994 ý.) işlerinde bellenip geçilýär. Emma, şeýle-de bolsa, buhgalter hasabyny ylmy esaslandyrmak, onuň nazaryýet we usul esaslaryny işläp düzmek boýunça uly işler diňe soňky dөwürde amala aşyryldy.

Türkmenistanyň buhgalter hasabynyň düýbi eýýäm X – XI asyrlarda tutulypdyr diýip hasaplanylýar. "Serraplar täjirçilik işlerinde ähli amallaryny өz hasap kitaplaryna ýazypdyrlar. Ol kitaplarda ähli teňňeler (ýa-da altyn we kümüşiň bөlejikleri), girdejiler we çykdajylar, şol günde çekilen zyýanlar өrän takyk hasaba alynypdyr. ***Hut şeýle kitaplaryň ýөredilmegi hem häzirki zaman buhgalteriýasynyň düýbini tutupdyr" – diýip makalanyň awtorlary belleýärler.*** (Altyn asyryň ykdysadyýeti, 2002-nji ýylyň noýabr aýy, Beýik Seljuk Türkmen imperiýasynda bank işiniň düýbiniň tutulmagy, 34 sah).

### *7.2. Buhgalter hasabynyň esasy düşünjeleri.*

Buhgalter hasabynyň predmeti bolup kähananyň (edaranyň) maliýe-hojalyk işi çykyş edýär. Onuň өwrenýän obýektleri bolup bolsa – serişdeler, olaryň өnümçilik, paýlamak, dolanyşyk prosesslerinde geçýän hereketleri, hem-de serişdeleriň dөreýyiş we ulanyş çeşmeleri çykyş edýärler. Ol serişdeler kärhana gөs-gөni degişli hem bolup bilýärler, şeýle-de, onuň eýeçiliginde wagtlaýynça ýa-da hemişelik durman hem bilýärler (bank karzlary, kärendesine alnan serişdeler we ş.m).

Kärhananyň (edaranyň) serişdeleri onuň aktiwlerini düzýärler. Olar düzümi we wezipeleýin ähmiýeti boýunça ***esasy, dolanyşyk*** we ***çekilen*** gөrnüşlere bөlünýärler.

Maddy däl aktiwlere dürli tebigy serişdeleri ulanmak hukugy, aň-düşünje (intellektual) we senagat eýeçiliginiň obýektlerini ulanmak we beýleki şoňa meňzeş hukuklar, kompýuter programmalary degişlidirler.

Kärhananyň ***esasy serişdeleriniň*** düzümini maddy өnümçilikde, şeýle hem өnümçilige degişli bolmadyk pudaklarda uzak dөwrüň dowamynda we jisim gөrnüşde zähmet serişdesi hөkmünde ulanylýan dürli maddy gymmatlyklar tutýarlar.

***Dolanyşyk serişdeler*** has çalt tizlikde hereket edýärler. Olar ***dolanyşyk*** we ***aýlanşyk*** gaznalary gөrnüşlere bөlünýärler. ***Dolanyşyk gaznalary*** өz gymmatyny täze

dөredilýän өnüme harajat gөrnüşinde bir өnümçilik prosessiniň dowamynda geçirýärler. Dolanşyk gaznalaryň düzümine çig mallar we materiallar, tamamlanmadyk өnümçilik, ýarym fabrikatlar girýär.

***Aýlanyşyk gaznalaryna*** aýlanyşyk jisimleri (predmetleri), pul serişdeleri we hasaplaşykdaky serişdeler degişlidir. Aýlanyşyk jisimlerine ambarda saklanylýan taýýar өnümler, ýüklenip alyjylara ugradylan, ýөne eýeçilik hukugy oňa geçmedik taýýar өnümler degişlidir.

***Pul serişdeleri*** kassadaky we banklardaky hasaplaşyk, walýuta, ýөrite hasaplardaky serişdelerden ybaratdyr.

***Hasaplaşykdaky serişdeler*** bolsa dürli, algylardan, ýagny şu kärhana edara gөrnüşli we şahsy taraplaryň bergi borçlaryndan durýarlar.

***Çekilen serişdeler*** bolup hojalyk dolanşygyndan wagtlaýyn ýa-da gaýdyp bermezlik şerti bilen alnan serişdeler çykyş edýärler (býujet tөlegleri, bank karzynyň ulanylandygy üçin tөlegler we .ş.m.).

Hojalyk serişdelerinden başga-da, buhgalter hasabynyň өwrenýän obýektleri bolup, ol ***serişdeleriň dөreýiş çeşmeleri*** çykyş edýärler. Olar kärhananyň passiwi bolup durýarlar we ***hususy*** hem ***karz*** gөrnüşlere bөlünýärler.

***Hususy serişdeler*** gaznalar, ätiýaçlyklar we peýda ýaly çeşmeleriň hasabyna dөredilýär. Hususy serişdeleriň hataryna, ilkinji nobatda, kärhananyň (edaranyň) esaslyk gaznasy degişlidir.Ol kärhana (edara) dөredilende ony esaslandyryjylaryň (eýeleriň) goýumlary gөrnüşinde kärhananyň (edaranyň) işlemegini üpjün etmek üçin berilýär. Mundan başga-da, kärhananyň (edaranyň) hususy çeşmesi bolup peýda we onuň hasabyna salgytlar tөlenenden soň dөredilýän gaznalar çykyş edýärler. Ol gaznalaryň dөredilmegi hөkmany suratda esaslandyryjy resminamalarda gөz өňünde tutulan bolmaly (maýa toplamak, sarp ediş gaznalary, ätiýaçlyk gaznalary).

***Karz çeşmelerine*** banklaryň we beýleki kärhanalaryň uzak (1 ýyldan kөp) we gysga (1 ýyla çenli) mөhletli karzlary degişlidirler.

Kärhananyň (edaranyň) serişdeleriniň ***goşmaça çeşmesi*** bolup zähmet haky boýunça, býujete, durmuş ätiýaçlandyrmasy we üpjünçiligi guramalaryna bergisiniň jemleri, ýük ugradyjylara we beýleki karzdarlara bergi borçlary çykyş edýärler.

### *7.3. Buhgalter hasabyny gurnamak.*

Buhgalter hasaby gurnalanda şu ugurlardan iş geçirilýär:

- ilkinji hasap we mallary resminamalaşdyrmak (ilkinji hasap resminamalaşdyrmasy we resminama dolanyşygy);
- buhgalter hasabynyň hasaplar meýilnamasyny düzmek;
- buhgalter hasabynyň gөrnüşini kesgitlemek;
- hasaplaýyş işleri gurnamagyň gөrnüşini kesgitlemek;
- hasabatyň mөçberini we mazmunyny kesgitlemek.

Buhgalter hasaby – dolandyryşyň esasy usullarynyň biri bolup çykyş edýär. Onuň gurnalmagyna şu häsiýetler esas bolup durýarlar:

1. Buhgalter hasabynyň dөwlet düzgünleşdirmesi. Dөwlet өzüniň degişli kanunlarynda buhgalter hasabynygurnamaklygyň we ýөretmekligiň tertibini

düzýär. Türkmenistanyň bank ulgamynda buhgalter hasabyny døwlet düzgünleşdirijisi bolup Türkmenistanyň Merkezi banky çykyş edýär. Beýleki pudaklar boýunça bu wezipe Türkmenistanyň maliýe ministrliginiň üstüne ýüklenendir.

2. Buhgalter hasabyny gurnamaklyga we ýøretmeklige umumy çemeleşmeleri ýerlerde hasap işini kämilleşdirmek bilen utgaşykly alyp barmak. Hasap ulgamy bankyň øzi tarapyndan, häsiýetli aýratynlyklaryny we kabul edilen hasap syýasatyny gøz øňünde tutup, gurnalýar.
3. Dogry çøzgüt kabul etmek maksadyndan ugur alyp, buhgalter maglumatlary ulanyjylary üpjün etmekde buhgalter hasabynyň ähmiýetini gitdigiçe ýokarlandyrmak.
4. Buhgalter hasabynyň depginlerini güçlendirmek, hasap işini hemişelik kämilleşdirmek.
5. Buhgalter hasabynda dolandyryşyň umumy talaplaryny, ýagny ulgamlaýyn çemeleşme, ykdysady-matematiki usullary we nusgalary we beýleki usullary ulanmak.

Buhgalter hasabynda şu gurluş düzgünler høkmany gøz øňünde tutulmalydyr:

1. Bankda amala aşyrylan ähli hojalyk amallaryny bütewi, üznüksiz, resmi esaslandyrylan we arabaglanyşykly hasaba almak. Buhgalter hasabynyň ýazgysy üçin esas bolup subutlaşdyrylan ilkinji hasap resminamalary çykyş edýärler. Olarda hojalyk amallaryny geçirmeklige buýruklar we amalyň bolup geçendigine şaýatlyk edýän subutnamalar bolmalydyrlar;
2. Pul serişdeleriniň we beýleki emläkleriň pulhana harjynyň hasaby. Hasap, serişdeleriň toplanýan døwrüne däl-de, amallaryň hakyky amala aşyrylýan pursadyna esaslanyp alnyp barylýar;
3. Emläkleri we borçlary bahalamak. Bu düzgün esasy serişdeleri, ønümçilik ätiýaçlyklary, tamamlanmadyk ønümçiligi, maliýe goýumlary,bergileri we borçlary amalyň geçirilen døwründäki harajatlara (başlangyç ýa-da øzüne düşýän gymmaty boýunça) esaslanyp bahalanmagyny gøz øňünde tutýar. Şol bir wagtyň øzünde-de, bahalamagyň beýleki usullary: bazaar, dikeldilen, meýilnama (norma) gymmatlary hem ulanylyp bilner;
4. Buhgalter hasabyny ýøretmeklige we buhgalter hasabatyny düzmeklige borçly hojalyk subýektini kesgitlemek.

### *7.4. Buhgalter hasabynyň døwürleri we gørnüşleri.*

Hasap işi birnäçe basgançaklary we døwürleri geçýär:

***Birinji basgançakda*** hojalyk amallaryna gündelik gøzegçlik geçirilýär, şeýle hem olary ølçemek we hasaba almak amala aşyrylýar. Hasap işleriniň bu bølekleri birek-birek bilen arabaglanyşykly we bilelikde amallary resminamalaşdyrmagy aňladýar.

***Ikinji basgançakda*** ilkinji hasap resminamalaryndaky hasap maglumatlaryny tertipleşdiriş we toparlamak işleri alynyp barylýar.

***Üçünji basgançakda*** buhgalter hasabynyň maglumatlarynyň esasynda buhgalter (maliýe) hasabatynyň bellenen gөrnüşleri düzülýär.

***Dөrdünji basgançakda*** hasap we hasabat maglumatlary bankyň maliýe-hojalyk işiniň seljermesinde ulanylýar.

Häzirki dөwürde buhgalter hasabynyň birnäçe gөrnüşleri giňden ýaýrandyr: ***elde (memorial-order, žurnal-order) we maşyna gөnükdirilen (tablissa-perfokarta, tablissa-awtomatlaşdyrylan) gөrnüşler.***

Buhgalter hasabynyň elde amala aşyrylýan gөrnüşleri ulanylanda analitiki we sintetiki hasabyň mizemez bütewiligini gazanyp bolmaýar, registrleriň arabaglanyşygy we өzara gөzegçiligi üpjün edilmeýär.

Buhgalter hasabynyň elektron hasap maşynlaryna gөnükdirilen gөrnüşleriniň häsiýeti aýratynlygy bolup, hasap registrlerini awtomatiki düzgünde düzmeklige mümkinçilik dөreýär. Şol easda-da, buhgalter maglumatlaryny dolandyrmak, gөzegçlik etmek we seljerme geçirmek amaly gөrnüşlerde amala aşyrylýar.

Häzirki dөwürde ýurduň banklaryny kөp taraplaýyn hasaplary geçirmeklige mümkinçiligi bolan kompýuterler bilen üpjün etmek işi giňden ýaýbaňlandyrlýar. Olar maglumatlary hasap registrlerinde-de, maşynlaryň maglumat gөterijilerinde-de toplamaklyga mümkinçilik berýär.

### *7.5. Buhgalteriýanyň wezipeleri we usullary*

Baş hasapçy tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän buhgalteriýanyň üstüne şu wezipeler ýüklenendir:

1. Buhgalter hasabyny talaba laýyk gurnamak;
2. Maddy, zähmet we maliýe serişdelerini amatly we tygşytly ulanmak;
3. Tygşytlylyk düzgünini alyp barmak.

Buhgalteriýanyň esasy wezipesi ***gөzegçilik*** bolup durýar. Gөzegçilik deslapky, gündelik we jemleýji gөrnüşlerde alnyp barylýar.

***Deslapky gөzegçilik*** buhgalteriýa tarapyndan amal geçirilmänkä alnyp barylýar. Şonuň üçin ähli hasap resminamalaryna diňe bir bank ýolbaşçysy däl-de, baş hasapçy ýa-da ony çalyşýan şahs gol goýýar.

***Gündelik gөzegçilik*** buhgalteriýa tarapyndan hjalyk amallary geçirilen wagty, ýa-da onuň yz ýanyndan amala aşyrylýar. Resminamalar kabul edilende buhgalteriýa ilkinji nobatda hojalyk amalyň kanunylygyny barlaýar. Soň onuň düzülişiniň barlagyna geçilýär.

***Jemleýji gөzegçilik*** belli bir hasabat dөwri geçenden soň amala aşyrylýar. Adatça, bu gөzegçilik bankyň maliýe-hojalyk işiniň jemi jemlenen dөwri geçirilýär.

Buhgalteriýanyň işiniň netijeliliginiň wajyp şerti bolup onuň dogry gurluşy we hasap işgärleriniň ýerli-ýerinde dogry goýlyşy çykyş edýär. Muňa buhgalteriýanyň düzümi diýilýär.

Buhgalter hasabyny ýөretmekde şu ***usullar*** ulanylýar: resminamalaşdyrmak we tükellemek; bahalamak we üleleşdirmek (kalkulirlemek); buhgalter hasabynyň hasaplary we iki taraplaýyn ýazgy; buhgalter balansy we hasabaty.

Bu usullaryň her haýsysynyň üstünde giňişleýin degişli bөlümlerde durlyp geçiler. Bu bөlümde bolsa biz usullaryň many-mazmuny bilen gysgaça tanyşdyrmak maksadyndan ugur alýarys.

***Resminamalaşdyrmak*** – kärhananyň serişdeleriniň dolanyşygyny we dөreýiş çeşmelerini, olar boýunça geçirilen amallaryň bir bütewi hem-de üznüksiz buhgalter hasabyny guramak üçin ulanylýar. Mundan başga-da, resminamalaryň üsti arkaly hojalyk amallarynyň ilkinji gөzegçiligi we hasapda gөrkezilmegi gazanylýar, işgärleriň alan gymmatlyklary boýunça maddy jogapkärçilik berkidilýär. Resminamalaşdyrmak – hojalyk amallaryny ilkinji derejede hasaba almagyň we buhgalter hasap ýazgylaryň dogrylygyny subutnamalaşdyrmagyň wajyp usuly bolup durýar.

Resminamalary düzmek resminamalar we resminama dolanyşygy hakyndaky Düzgünnama esasynda geçirilýär. Soňra, hojalyk amallaryň häsiýeti, ykdysady we beýleki gөrkezijiler boýunça birmeňzeş ilkinji resminamalar jemleýji resminamalara birleşdirilýärler. Olara buhgalter hasabynyň registrleri diýilýär.

Ençeme sebälere gөrä hojalyk işiniň we amallarynyň ählisi amala aşyrylýan wagty hasaba alynyp bilinmeýär. Käbir serişdeler bolsa, belli bir wagtyň dowamynda tebigy ýagdaýda kemelmek ýa-da zaýalanmak häsiýete eýe bolýarlar. Mysal üçin – tebigy betbagtçylyklar (ýer titremegi, sil almak ýangyn we.ş.m.). Bu ýagdaýda hojalyk serişdelerini we olar boýunça geçirilen amallary ***tükellemek*** zerurlygy ýüze çykýar, ýagny buhgalter hasabynda hasapda duran serişdeler täzeden hasaba alnyp, olaryň hakyky ýagdaýy takyklanýar.

Dürli serişdelere, olaryň çeşmeleri, serişdeleriň arasyndaky geçirlen amallar boýunça jemleýji gөrkezijileri almak üçin takyk we umumylaşdyrlan ***bahalanma*** gerek bolýar. Şeýle bahalama puluň kөmegi arkaly geçirilýär. Bahalanmanyň esasy şertleri Hөkümet tarapyndan kesgitlenýär. Diýmek, bahalanma buhgalter hasabynyň obýektlerini pul gөrnüşinde aňlatmagyň usuly bolup durýar.Onuň ulanylmagy kärhananyň hojalyk işiniň gөrkezijileriniň hakykylygyny we deňeşdirip bolunmagyny üpjün edýär.

Gөzegçiligi alyp barmak üçin өnüm өndürmeklige çykarylan harajatlaryň mukdaryny we her өnümiň өzüne düşýän gymmatyny kesgitlemek zerurlygy ýüze çykýar. Bu iş ***üleleşdirmegiň (kalkulirlemegiň)*** üsti arkaly alnyp barylýar. Өnüm birliginiň өzüne düşýän gymmatyny hasaplamak üçin ähli çykarylan harajatlary (өnümiň her gөrnüşi boýunça) çykarylan өnümiň umumy mukdaryna bөlünýär.

Kärhana her günde ençeme amallary geçirýär. Olaryň gөzegçiligi we barlagy üçin hasap obýektlerini ykdysady taýdan birmeňzeş häsiýetler boýunça toparlamak zerurlygy ýüze çykýar. Şeýleki sazlaşdyrma işi ***buhgalter hasabynyň hasaplarynyň*** üsti arkaly amala aşyrylýar.

Hojalyk amallary hasaplarda ***iki taraplaýyn ýazgydyň*** kөmegi arkaly gөrkezilýär.Bu bolsa hasap obýektleriniň өzara arabaglanyşygyny üpjün edýär. Iki taraplaýyn ýazgy arkaly her bir amal, birmeňzeş mukdarda azyndan iki hasapda gөrkezilýär. Mysal üçin, bankdaky hasaplaşyk hasapdan kassa pul alynmagy, bir tarapdan, hasaplaşyk hasapda pul serişdeleriň kemelmegine, beýleki tarapdan bolsa, kassadaky puluň artmagyna getirýär. Iki taraplaýyn ýazgy hadysalaryň içerki arabaglanyşyklaryny, ykdysady pikirini we her amalyň mazmunyny düşünmeklige mümkinçilik berýär.

Hojalyk serişdeleri oňümçilige üznüksiz gatnaşýarlar. Belli bir kesgitli døwre serişdeleriň mukdaryny kesgitlemek we olary ykdysady taýdan bahalamak üçin ***buhgalter deňleşdirmesi (balansy)*** düzülýär. Diýmek, deňleşdirme bolup kärhananyň maliýe-hojalyk işini häsiýetlendirýän, onuň serişdeleriniň ýagdaýyny we olaryň çeşmelerini belli bir møhlete pul gørnüşde øzünde jemleýän gørkezijileriň ulgamy çykyş edýär.

Buhgalter deňleşdirmesi hojalygyň esasy hasabat gørnüşi bolup durýar, şeýle hem kärhananyň emläk we maliýe ýagdaýynyň møçberlerini häsiýetlendirýär. Ýøne, kärhananyň işiniň beýleki taraplary baradaky maglumatlaryň zerurlygyndan ugur alyp, hojalykda başga hasabat gørnüşleri hem düzülýärler. Şonuň üçin, ***hasabat*** kärhananyň belli bir døwürdäki işiniň tehniki-ykdysady gørkezijileriniň jemleşdirilen ulgamy bolup durýar.

Bellenip geçilen usullar birek-birek bilen utgaşykly arabaglanyşykda ulanylýarlar. Resminamalaryň esasynda, şeýle hem iki taraplaýyn ýazgylary ulanmak arkaly hasaplarda amallaryň gatnaşygy gørkezilýär. Resminamalardaky bar bolan maglymatlary bir ølçeg birlikde jemlemek üçin pul bahalanmasy ulanylýar, olary tükellemek işi geçirilýär. Hasaplarda takyklanan maglumatlar ønümiň øzüne düşýän gymmatyny kesgitlemekde, buhgalter deňleşdirmesini we hasabatyň beýleki gørnüşlerini doldurmakda ulanylýarlar.

### *7.6. Buhgalter deňleşdirmesi (balansy): mazmuny we gurluşy.*

Buhgalter ***deňleşdirmesi*** hojalygyň serişdeleriniň ýagdaýy, ýerleşişi, ulanylyşy baradaky maglumatlary, olaryň døreýiş çeşmelerini belli bir døwürde gymmatlyk ølçeginde jemlemek üçin ulanylýar. ***Diýmek, buhgalter deňleşdirmesi diýip hojalygyň seriň serişdeleriniň, bir tarapdan, gørnüşleri we ýerleşişi boýunça beýleki tarapdan-døreýiş çeşmeleri we maksady boýunça belli bir møhlete pul ølçeg birliginde jemlenip gørkezilmegine ykdysady nukdaýnazardan toparlanmagyna aýdylýar.***

Deňleşdirmäniň bir tarapynda hojalyk serişdeleri düzümi we ýerleşişi boýunça toparlanýarlar, oňa kärhananyň “aktiwi” diýilýär. Beýleki tarapda kärhananyň serişdeleri døreýiş çeşmeleri we maksatlaýyn matlaby boýunça toparlanyp, oňa “passiw” diýilýär.

Deňleşdirmäniň aktiwi we passiwi birnäçe bølümlerden durýar, olar bolsa øz gezeginde birmeňzeş toparlara jemlenýärler. Olara deňleşdirmäniň “maddalary” diýilýär we hersi deňleşdirmäniň belli bir kesgitli setirinde getirilýär. Deňleşdirmäniň umumy pyl jemi “walýuta” diýlip atlandyrylýar. Deňleşdirmäniň esasy häsiýetli aýratynlygy bolup onuň aktiwiniň we passiwiniň pul jeminiň høkmany deň çykmaklygy çykyş edýär. Munuň sebäbi, deňleşdirmäniň aktiwinde serişdeler düzümi boýunça belli bir kesgitli pul jeminde, passiwinde bolsa serişdeler şol bahalarda, ýøne døreýiş çeşmeleri boýunça getirilýänligidir.

Kärhananyň deňleşdirmesiniň doly mazmuny aşakdaky gønüşde bolýar.

Gərnüş

***Kärhananyň deňleşdirmesi***

200___ýylyň ______________________aýynyň _____ güni

| Aktiw | Belgi | Ýylyň başyna | Ýylyň ahyryna |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| ***I.Esasy serişdeler we dolanyşykdan daşarky uzak məhletleýin beýleki aktiwler*** | | | |
| Maddy däl aktiwler: | | | |
| -başlangyç bahasy * (4) | 010 | | |
| -kənelişmegi * (5) | 011 | | |
| -galyndy bahasy | 012 | | |
| Esasy serişdeler: | | | |
| -başlangyç bahasy * (01) | 020 | | |
| -kənelişmegi * (02) | 021 | | |
| -galyndy bahasy | 022 | | |
| Oturdylmaly enjamlar (07) | 030 | | |
| Tamamlanmadyk maýa goýumlary (08) | 040 | | |
| Uzak məhletli maliýe goýumlary (06) | 050 | | |
| Dəredijiler bilen hasaplaşmalar (75) | 060 | | |
| Dolanyşykdan daşary beýleki aktiwler | 070 | | |
| I bəlümiň jemi (012, 022, 030, 040, 050, 060, 070 setirleriň jemi) | 080 | | |
| ***II. Ätiýaçlyklar we harajatlar*** | | | |
| Ənümçilik ätiýaçlyklary (10, 15) | 100 | | |
| Əsdürimdäki mallar (11) | 110 | | |
| Arzan bahaly tiz kənelişýän zatlar: | | | |
| -başlangyç bahasy * (12) | 120 | | |
| -kənelişmegi * (13) | 121 | | |
| -galyndy bahasy | 122 | | |
| Tamamlanmadyk ənümçilik (20, 21, 23, 29, 30) | 130 | | |
| Geljek dəwrüň harajatlary (31) | 140 | | |
| Taýýar ənüm (40) | 150 | | |
| Harytlar: | | | |
| -satuw bahasy* (41) | 160 | | |
| -səwda goýumy* (42) | 161 | | |
| -satyn alyş bahasy | 162 | | |
| Haryt galyndylaryna dolanyşyk çykdajylary (44) | 170 | | |
| II bəlümiň jemi (100, 110, 122, 130, 140, 150, 162, 170 setirleriň jemi) | 180 | | |

| | | | |
|---|---|---|---|
| ***III. Pul serişdeleri, hasaplaşyklar we beýleki aktiwler.*** | | | |
| Bergidarlar bilen hasaplaşyklar: | | | |
| -haryda, işe we hyzmata (45,62,76) | 200 | | |
| -alnan wekseller boýunça (62) | 210 | | |
| -garamagyndaky kärhanalar bilen (78) | 220 | | |
| -býujet bilen (68) | 230 | | |
| -beýleki amallar boýunça işgärler bilen (73) | 240 | | |
| -beýleki bergidarlar bilen | 250 | | |
| Ýük ugradyjylara we potratçylara berlen awanslar (61) | 260 | | |
| Gysga məhletli maliýe goýumlary (58) | 270 | | |
| Pul serişdeleri: | | | |
| -kassa | 280 | | |
| -hasaplaşyk hasaby (51) | 290 | | |
| -walýuta hasaby (52) | 300 | | |
| -beýleki pul serişdeleri (55,56,57) | 310 | | |
| Beýleki dolanyşyk aktiwleri | 320 | | |
| III bөlümiň jemi (200, 210, 220, 230, 240, 250, 270, 280, 290, 300, 310, 320 setirleriniň jemi) | 330 | | |
| ***Zyýanlar:*** | | | |
| -geçen ýyllaryňky (87) | 340 | | |
| -Hasabat ýylynyňky | 350 | | |
| **JEM** (080, 180, 330, 340 we 350 setirleriň jemi) | 360 | | |

| Passiw | Belgi | Ýylyň başyna | Ýylyň ahyryna |
|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 |
| ***I.Hususy serişdeleriň çeşmeleri*** | | | |
| Esaslyk gaznasy (85) | 400 | | |
| Ätiýaçlyk gaznasy (86) | 410 | | |
| Ýөrite maksatly gaznalar (88) | 420 | | |
| Maksatly maliýe geçirimleri (96) | 430 | | |
| Kärende borçlary (97) | 440 | | |
| Dөredijiler bilen hasaplaşyklar (75) | 450 | | |
| Geçen ýyllaryň paýlanmadyk peýdasy (87) | 460 | | |
| Peýda: | | | |
| -hasabat ýylynyňky* (80) | 470 | | |
| -ulanylany* (81) | 471 | | |
| -hasabt ýylynyň paýlanmadyk peýdasy | 472 | | |
| I bөlümiň jemi (400, 410, 420, 430, 440, 450, 460, 472 setirleriň jemi) | 480 | | |
| ***II. Uzak məhletli passiwler.*** | | | |

| | | | |
|---|---|---|---|
| Uzak məhletli bank kreditleri (92) | 500 | | |
| Uzak məhletli karzlar (95) | 510 | | |
| II bəlümiň jemi (500 we 510 setirleriň jemi) | 520 | | |
| ***III. Hasaplaşyklar we beýleki passiwler.*** | | | |
| Banklaryň gysga məhletli kreditleri (90) | 600 | | |
| Banklaryň işgärlere beren kreditleri (93) | 610 | | |
| Gysga məhletli karzlar (94) | 620 | | |
| Algydarlar bilen hasaplaşmalar: | | | |
| -harytlar, işler we hyzmatlar boýunça (60) | 630 | | |
| -berlen wekseller boýunça (60) | 640 | | |
| -zähmet təlegi boýunça (70) | 650 | | |
| -sosial ätiýaçlandyrma we üpjünçilik boýunça (69) | 660 | | |
| -emläk we şahsy ätiýaçlandyrma boýunça (65) | 670 | | |
| -garamatyndaky kärhanalar bilen (78) | 680 | | |
| -býujetden daşasry təlegler boýunça (67) | 690 | | |
| -býujet bilen (68) | 700 | | |
| -beýleki algydarlar bilen | 710 | | |
| Alyjylardan we müşderilerden alnan awanslar (64) | 720 | | |
| Geljek dəwrüň girdejileri (89) | 730 | | |
| Geljek harajatlaryň we təlegleriň ätiýaçlyklary (89) | 740 | | |
| Gümürtik bergiler boýunça ätiýaçlyklar (82) | 750 | | |
| Beýleki gysga məhletli passiwler | 760 | | |
| III bəlümiň jemi (600, 610, 620, 630, 640, 650, 660, 670, 680, 690, 700, 710, 720, 730, 740, 750, 760 setirleriň jemi) | 770 | | |
| **JEM** (480, 520, 770 setirleriň jemi) | 780 | | |

***Bankyň deňleşdirmesi,*** kärhananyň deňleşdirmesinden tapawutlylykda, hasaplaryň birtaraplaýyn toparlanma ýərelgesi boýunça gurlandyr. Onda bankyň çekilen we hususy serişdeleriniň ýagdaýy, şeýle hem olary karz we beýleki amallara ýerlenmegi gərkezilýär.

Iş gününde geçirilen ähli amallar bankyň (şahamçasynyň) gündelik deňleşdirmesinde gərkezilýär. Deňleşdirme şu talaplara jogap berýär:

- ikinji derejeli hasaplar boýunça düzülýär;
- birinji derejeli hasaplaryň hersi, ol hasaplaryň toparlary, bəlümler boýunça, ähli hasaplar boýunça jem çykarylýar;
- birnäçe hasaplar boýunça balansda kontrhasaplar boýunça jem gərkezilýär we kontrhasaplar boýunça jemi aýyrmak arkaly jem çykarylýar;
- deňleşdirme ýeňil okalýan bolmaly. Onuň ýüzünde:
    - edaranyň ady;
    - 2009-nji ýylyň ____________senesinde deňleşdirme
    - əlçeg birligi;

- bөlümleriň tertip belgisi, birinji derejeli hasaplaryň toparlary, birinji we ikinji derejedäki hasaplar, haýsy hasaplar boýunça aralyk jemler çykarylandygy barasynda ýazgy bolmaly.

Bir setirde debet we kredit boýunça galyndylar gөrkezilýär. Bankyň deňleşdirmesi 28 bөlümden durýar.

Banklarda deňleşdirme her gün we hasabat aýynyň indiki gününe doldyrylýar. Deňleşdirme we hasabatyň beýleki gөrnüşleri Türkmenistanyň Merkezi bankyna tabşyrylýar. Bankyň deňleşdirmesi bankyň işine, serişdeleriniň düzümine we olaryň çeşmelerine seljerme geçirmek we gөzegçilik etmek, bankyň maliýe ýagdaýyny, onuň tөlege ukyplylygyny we serişdeleriniň ýerleşdirilişini kesgitlemek üçin ulanylýar. Deňleşdirme hasaplarynyň belgisi üç belgiden durýar.
Ilkinji iki hasap – birinji tertipdäki hasabyň üstüne üçünji belgi goşulyp, ikinji derejeli hasap dөreýär.

Mysal üçin:

Birinji derejedäki hasap – 01 “Bank kassalarynda pul serişdeleri”

Ikinji derejedäki hasap –

010 “Dolanyşyk kassalary”;

011 “Täjirçilik banklaryň amallar kassasy” we ş. m.

Ikinji derejeli hasaplary şeýle-de ***bөlek hasaplar*** diýip hem atlandyrylýar.

Deňleşdirmeden daşary hasaplaryň belgileri 4 sandan durýar. Günüň dowamynda geçirilen amallar gündelik hasabatda jemlenýär. Jemleme deňleşdirmesi deňleşdirme we deňleşdirmeden daşary hasaplar baradaky hasabaty өz içine alýar.

Deňleşdirme hasaplary boýunça hasap iki taraplaýyn ýazgy usulynda ýөredilýär. Bu bolsa bankyň deňleşdirmesini tiz almaklygy üpjün edýär.

Deňleşdirmeden daşary hasaplar boýunça hasap girdeji we çykdajy boýunça, iki taraplaýyn ýazgy ulanmazdan, alynyp barylýar (deňleşdirmeden daşary hasaplaryň X bөlümine bu kada degişli däldir).

Amalyň mazmunyna laýyklykda, onuň jemi bir hasabyň debetine, beýleki hasabyň bolsa kreditine deň ululyklarda iki gezek ýazylýar. Hasaplarda hөkmany deňlik bolmagy talap edýär. Her hasabat dөwrüniň ahyrynda baş hasapçy ähli hasaplaryň debeti we krediti boýunça dolanşyklaryň jemini jemleýär. Sanlaryň deň bolmazlygy hasaplar gatnaşdyrylanda ýalňyşlygyň bolandygyny aňladýar. Hasabyň debeti we krediti boýunça ýazgylaryň jemine ***dolanyşyk*** diýilýär.

Hasabyň bir tarapynda gөrkezilen pul jemi bilen beýleki tarapyň pul jeminiň aratapawudyna “***galyndy***” ýa-da “***saldo***” diýilýär. Galyndylar debet tarapda-da, kredit tarapda-da bolup bilýärler.

Täze galyndyny hasaplamak üçin serişdeleriň artmagyny gөrkezýän dolanyşyk bilen başky galyndy goşulýar, ondan soň serişdeleriň kemelmegini gөkezýän dolanyşyk aýrylýar. Eger-de galyndy bolmadyk ýagdaýynda, onda hasap ýapylan hasaplanýar.

Hasabyň debetinde we kreditinde galan ahyrky galyndy şu gөrnüşde hasaplanylýar:

$$Ag^d = Bg^d + Dd - Dk ;$$

$$Ag^k = Bg^k + Dk - Dd ;$$

bu ýerde :

$Ag^d$ – hasabyň debetindäki ahyrky galyndy;

***$Ag^k$*** – hasabyň kreditindäki ahyrky galyndy;
***$Bg^d$*** – hasabyň debetindäki başlangyç galyndy;
***$Bg^k$*** – hasabyň kreditindäki başlangyç galyndy;
***Dd*** – debet dolanyşygy;
***Dk*** – kredit dolanyşgy.

Buhgalter hasaplary, deňleşdirmä bolan gatnaşyklary boýunça aktiw, passiw we aktiw-passiw gөrnüşlere bөlünýärler.

***Aktiw hasaplar*** hojalyk serişdelerini düzümi, ýerleşişi we ulanylyşy boýunça hasaba almaklykda ulanylýarlar.

***Passiw hasaplar*** hojalyk serişdelerini dөreýiş çeşmeleri we maksatlaýyn ulanylyşy boýunça hasaba almaklykda ulanylýarlar.

***Aktiw-passiw hasaplar*** kärhananyň başga hukuk we fiziki taraplar bilen hasaplaşma gatnaşyklaryny, maliýe netijeleriniň hasabyny ýөretmekde ulanmaga niýetnendirler.

## 7*.7. Sintetiki we analitiki hasaplar.*

Serişdeleriň we olaryň çeşmeleriniň düzümi, şeýle hem hojalyk işleri deňleşdirmekde maddalar boýunça getirilýärler. Şonuň üçin, esasy maddalar boýunça açylan hasaplar, ilkinji nobatda ulaldylan toparlaryň jemlenmesini we gündelik hasabyny alyp barmaklyk üçin ulanylýar. Beýle hasap, ýagny serişdeleriniň we olaryň çeşmeleriniň diňe jemlenen we pul gөrnüşde alynyp, barylmagy, wezipäniň hөtdesinden gelmeklige doly mümkinçilik bermeýär. Hojalygy dolandyrmaklyk üçin diňe esasy serişdeleriň umumy mөçberini bilmeklik ýeterlik bolman, eýsem olaryň her gөrnüşiniň mukdaryny bilmek zerurlygy hem ýüze çykýar.

***Sintetiki hasaplar*** hojalyk serişdeleri we amallar barada jemlenen gөrkezijileri berýärler. Olar diňe pul өlçeginde alnyp barylýar. ***Analitiki hasaplar*** bolsa buhgalter hasabynyň obýektlerini jikme-jik häsiýetlendirmek üçin ulanylýar. Analitik hasaplaryň üsti arkaly sintetiki hasaplardaky maglumatlar detallaşdyrylýar we takyklanýar.

Maddy gymmatlyklary we zähmet haky boýunça hasaplaşmalary өzünde jemleýän analitiki hasaplarda pul өlçegi bilen bir hatarda natural we zähmet gөrkezijileri hem ulanylýar.

### *7.7.1. Analitiki hasap*

***Analitiki hasaplaryň maksatlary:***

- buhgalter hasaplarynda ähli bank amallaryny doly we jikme-jik gөrkezmek;
- analitiki hasaplarda buhgalter ýazgylaryna esas bolup çykyş edýän ilkinji resminamalaryň maglumatlaryny ulanyp, olara mazmuny we gөrnüşi taýdan gөzegçilik etmek.

Analitiki hasabyň materiallary bolup atly (lesewoý) hasaplar çykyş edärler. Atly hasaplar hasaby ýөredilýän pul serişdeleri we gymmatlyklary matlaplary we eýeleri boýunça bөleklere bөlüp, şeýle-de maksatly ugurlary we karz alyjylar boýunça alynyp barylýar. Atly hasap boýunça amallary geçirmegiň tertibi her hasabyň

häsiýetlendirmesine kesgitlenen. Her atly hasaba at we belgi (nomer) goýulýar. Atly hasabyň belgisi onuň anyk müşderä degişliligini we hasabyň maksatlatýyn ugryny gөrkezmelidir.

Atly hasap ýapylan halatynda ol täze müşderä diňe iki ýyldan soň berlip bilinýär.

Atly hasaplarda şu aşakdaky hasaplar gөrkezilýär:

- amalyň geçirilen wagty, ondan өňki amalyň geçirilen wagty;
- günüň başyna galyndy (girýän galyndy), her resminama boýunça geçirilen debet we kredit dolanşyklary (jemleýji resminama boýunça);
- günüň ahryna galyndy (gidýän galyndy), amalyň gөrnüşiniň şerti san belgisi (şifr);
- gatnaşdyryjyry hasabyň belgisi;
- beýleki zerur rekwizitler.

Atly hasaplar aýratyn kagyzlarda, ýazmaçalarda (kartoçkalarda) we kitaplarda, şeýle hem hasaplaýyş tehniki serişdeleri ulanyp dөredilen elektron maglumat esaslarynda (faýllarda) alnyp barylýarlar.

Paýdarlaryň hakujylarynyň, şahsy taraplaryň goýumlarynyň, bankyň işgärleri bilen hasaplaşyklaryň, esasy serişdeleriň, arzan bahaly tiz kөnelýän zatlaryň, beýleki maddy-haryt gymmatlyklaryň hasabynyň we bankyň islegine gөrä beýleki ammalaryň hasaplary balansyň degişli hasaplarynda jemlenen gөrnüşlerde getirilip bilinýär.

Hasap açmaklyk üçin zerur bolan resminamalar Türkmenistanyň Merkezi bankynyň degişli gөzükdirijilerinde kesgitlenendir.

Müşderilere hasabyň açylmagy açylan hasaplary bellige alynýan kitapda şu maglumatlary gөrkezip bellige alynýar:

- hasabyň açylan wagty;
- hasap açmak boýunça şertnemenyň kabul edilen wagty we belgisi;
- müşderiniň ady;
- hasabyň ady (maksady);
- atly hasabyň belgisi;
- hasapdan gөçürmeleri bermegiň tertibi we dөwürliligi;
- hasap açylandygy barada salgyt gulluklaryna habar edilen wagty;
- hasabyň ýapylan wagty;
- bellikler.

Açylan atly hasaplary bellige alynýan kitap nomerlenýär, bagjyklanýar we bankyň mөhüri bilen berkidilýär. Kitapda her nomer üçin we ikinji derejeli hasabyň adyna aýratyn sahypa açylýar. Kitap baş buhgalterde ýanmaýan şkafda (seýfde) saklanylýar.

Hasaplar açyk hasaplaryň bellige alynýan kitabynda içerki bank amallary, şeýle-de emläkleriň hasaby, hasaplaşyklar, maýalar, girdejiler, çykdajylar, işleriň netijeleri we ş.m. boýunça bellige alynýarlar.

Ýokarda gөrkezilen kitaba üýtgetmeler girizmeklik diňe baş hasapçynyň, ýa-da onuň orunbasarynyň razyçylygy bilen geçirilýär.

Açylan hasaplaryň bellige alyş kitabynda müşderileri tapmaklygy ýeňleşdirmek üçin EHM maglumat çeşmesi – müşderiniň ady, atly hasabyň nomeri, bellige alyş kitabyndaky sahypasy gөrkezilip dөredilip bilner.

Goýumlar (depozitler) boýunça şahsy taraplaryň hasaplary Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň düzgünlerine laýyklykda açylýar we açyk hasaplary bellige alyş kitabynda umumy esasda gөrkezilýär.

Bankyň hasap syýasaty atly hasaplary bellige alyş kitabyny electron gөrnüşde we onuň nusgalaryny baş hasapçynyň, ýa-da onuň orunbasarynyň goly bilen berkidip, alyp barmaklygy hem gөz өňünde tutýar. Ýөne bu ýagdaýda, maglumatlar degişli gorag çäreleri bilen üpjün edilmelidir. Bu ýagdaýda EHM-den her gün täze açylan we şol gün ýapylan atly hasaplaryň sanawnamasy (wedomosti) aýry-aýrylykda çykarylýar, aýratyn iş gөrnüşinde çatylýar we baş hasapçyda, ýa-da onuň orunbasarynda saklanylýar.

Hasabat ýylyndan soňky gelýän ýylyň 1 güni, gerek bolan halatynda ýylyň beýleki günleri hem, EHM-de alnyp barylýan hasaplaryň bellige alyş ýazgysy çap edilýär. Kitabyň sahypalary çatylýar, nomerlenýär, mөhürlenýär we baş buhgalteriň goly bilen berkidilip saklanylýar.

Hereket edýän hasaplaryň bellige alyş kitabynyň maglumatlary açylan we ýapylan hasaplaryň sanawnamalary bilen deňeşdirlýär. Gerek bolen halatynda bank өz isleglериniň hajaty üçin birnäçe kitaby hem ýөredip bilýär. Ýөne, şonda ähli kitaplaryň sahypalary yzygiderli nomerlenmelidirler.

Baş hasapçynyň, ýa-da onuň orunbasarynyň (ýa-da muňa hukuk berlen başga bir adamynyň) tassyklamasy bilen hasap açylandan soň, gollaryň we mөhüriň nusgasy bolan kartoçkalar hasapdan gөçürmeleriň berilmeli wagty gөrkezilip bankyň degişli işgärine tabşyrylýar.

Resminamalaryň wagtlaýynça çalşylan ýagdaýlarynda (meselem, golaryň, mөhür nusgalarynyň kartoçkalary we ş.m.) müşderileriň hereket edýän hasaplary boýunça resminamalary baş hasapçy, ýa-da onuň tabşyrygy boýunça baş hasapçynyň orunbasary, ýa-da bөlüm müdüri tarapyndan kabul edilýär, barlanylýar we goly bilen tassyklanýar.

Hasap ýapylan ýagdaýynda, ýa-da kärhananyň, guramanyň, edaranyň ady, hasap nomeri üýtgän ýagdaýynda, hasabyň eýesi bank çek kitapçalaryny ulanylmadyk çekleri we ulanylan çekleriň kitaplarda galyndylary bilen bilelikde, yzyna gaýtarylmaly ulanylmadyk çekleriň nomerleri gөrkezilen arza bilen banka gaýtarylyp bermelidirler. Eger hasap ýapylan bolsa, onda bu arzada hasap ýapylan günündäki serişde galyndysy we ol galyndynyň nirä geçirilmelidigi gөrkezilýär.

Müşderileriň atly hasaplary iki nusgada çap edilip, buhgalteriýa tabşyrylýar. Şonda ol ähli hөkmany talaplara laýyklykda doldurylmalydyr. Ikinji nusga tarap hasabyndan gөçürme häsiýetde bolup, müşderä bermek ýa-da ibermek üçin ulanylýar.

Müşderilere gөçürme berilmeýän atly bir nusgada çap edilýär.

EHM-de taýýarlanan atly hasaplardan gөçürmeler mөhürçesiz we bank işgäriniň goly goýulman berilýär. Eger-de, haýsydyr bir sebäplere gөrä, hasap elde, ýa-da EHM-den başga bir maşynda alnyp barlan bolsa, onda bu hasaplaryň gөçürmesi hasaby ýөredýän buhgalteriýanyň işgäriniň goly bilen we mөhürçe bilen berkidilýär. Bu tertipde gөçürmäniň her bir sahypasy doldurylýar.

Kagyz gөterijilerde gөçürmeler gollaryň we mөhüriň nusgalary bolan kartoçkalarda gөrkezilen tertipde we mөhletlerde berilýär.

Gөçürmäni bermek tertibi diňe hasaba ygtyýarlyk edijileriň (olaryň biriniň) talaby bilen üýtgedilip bilinýär. Galan ýagdaýlarda müşderi bilen ylalaşylan tertipden

çykmaklyga, diňe baş hasapçynyň, onuň orunbasarynyň we bөlüm müdiriniň razyçylygy bilen rugsat berilýär.

Hasap eýesi gөçürme berlenden soň 3 güniň dowamynda hasabyň debetinde ýa-da kreditinde ýalňyş ýazgynyň geçirilendigi baradaky habary banka ýazmaça bermelidir. Müşderiden gөrkezilen mөhletde geçirilen amallar we hasapdaky serişdeleriň galyndysy boýunça hiç hili garşylyk gelip gowuşmasa, onda ol hasapdaky serişdeler tassyklanan hasap edilýär.

Geçirilýän amallar boýunça ýazmaça güwänamalar diňe Türkmenistanyň bank kanunçylygynda we beýleki kanuny namalarda gөz өňünde tutulan ýagdaýynda berilýär.

Müşderiniň atly hasabyndan gөçürmani ýitiren halatynda, ony çalyşýan resminama (dublikat), müşderiniň arzasy boýunça bankyň ýolbaşçysy ýa-da onuň orunbasary tarapynda berilýär. Arza edaranyň ýolbaşçysy we baş hasapçysy, ýa-da şahsy tarap gol goýýarlar we gөçürmäniň ýitirimeginiň sebäbini gөrkezýärler. Çalyşýan resminamanyň ýüzüne: “200__ý. _____________ aýynyň _____ güni berlen gөçürmäniň çalyşmasy” diýen ýazgy ýazylýar.

Eger-de tehniki mümkinçilik bolan ýagdaýynda atly hasaplardan gөçürmäniň çalyşmasy EHM-de ýerine ýetirilip bilner.

Gөçürmeden çalyşma buhgalteriýanyň işgäri we baş hasapçy (onuň orunbasary ýa-da bөlüm müdiri) gol goýýarlar, bankyň mөhüri bilen berkidilýär we müşderiniň wekiline arzada gol goýduryp bilýär.

Çalyşma geçirilen atly hasabyň ýüzüne: “200__ ý. _____________ aýynyň ____ güni gөçürmeden çalyşma berildi” diýen ýazgy ýazylýar. Bu ýazgy baş hasapçy, ýa-da onuň orunbasary tarapyndan gol çekilip berkidilýär.

Müşderilere gөçürmeler berlenden soň hasabat aýynyň atly hasaplary, deňleşdirme we deňleşdirmeden daşary hasaplar boýunça hasap nomeriniň artyş tertibinde çatylar. EHM-de tarap hasaplary boýunça maglumat çeşmeleri azyndan iki gөterijide ýazga geçirilýär we resminamanyň saklanmaly mөhletinde maglumatlaryň ýgtybarlylygyny üpjün etmelidirler.

### *7.7.2.Sintetiki hasap.*

***Sintetiki hasaplaryň maksatlary:***

- analitiki hasabyň maglumatlaryny belli bir häsiýetler boýunça toplamak (balans hasaplary);
- analitiki hasaplaryň alynyp barylyşynyň dogrylygyna gөzegçilik etmek;

***Sintetiki hasabyň toplanan maglumatlary bank işini seljermekde we dolandyrmakda ulanylýar.***

Sintetiki hasabyň materiallary bolup şular çykyş edýärler:

- ***buhgalter kitaplary.*** Kitap iki nusgada alynyp barylýar. Birinji nusga gündelik buhgalter deňleşdirmesine goşulýar, ikinji – güniň buhgalter resminamalaryna;
- ***Kassa kitaplary*** – kassa işinde bellenen tertipde, iki nusgada düzülýär. Birinji nusga günüň kassa resminamalarynda ýerleşdirilýär, ikinji – buhgalter žurnalyna çatylýar. Žurnallar bellenilen tertipde saklanylýarlar;

- ***gündelik dolanyşyk sanawnamasy*** – deňleşdirme we deňleşdirmeden daşary hasaplar boýunça düzülýär. Her hasap aýynyň (çärýegiň, ýylyň) 1 günine dolanyşyk sanawnamasy ýylyň başyndan əsýän jemde düzülýär;
- ***gündelik deňleşdirmesi (700-nji gərnüş)*** – ikinji tertipdäki hasaplar boýunça birinji tertibiň hasabynyň jemleri jemlenip müň manta məçberde düzülýär. Deňleşdirme ýeňil okalýan bolmaly, başynda bankyň ady, balans düzülen wagty, pul birligi, bəlümleriniň atlary, birinji we ikinji tertipdäki hasaplaryň topary, deňleşdirmäniň pul jemi gərkezilmelidir;
- ***ylalaşdyrylan deňleşdirme*** – aktiwleriň we passiwleriň sap gymmatyny gərkezýär.

Geçen günüň bank amallarynyň gündelik deňleşdirmesi indiki iş gününiň ýerli wagt bilen irden 9.00. çenli düzülmeli. Şahamçalaryň deňleşdirmeleri goşulyp düzülýän jemleýji deňleşdirme 12.00. çenli düzülmeli. Çap etmek üçin deňleşdirmeler ikinji tertipdäki hasaplaryň esasynda, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan kesgitlenen gərnüş boýunça düzülýärler.

Deňleşdirmelere we dolanyşyk sanawnamalaryna bankyň ýolbaşçysy we baş hasapçysy, ýa-da olaryň tabşyrygy boýunça orunbasarlary gol goýmalydyrlar.

Buhgalter žurnalyna, hasaplar boýunça galyndylaryň sanawnamasyna, ýerleşdirilen (çekilen) serişdeleriň galyndylarynyň sanawnamasyna baş hasapçy, ýa-da onuň tabşyrygy bilen onuň orunbasary, barlanandan soň, gol goýýar.

Analitik hasabyň hasaplarynda gərkezilen jemler, sintetiki hasabyň hasaplarynda gərkezilen jeme deň gelmelidir. Bu bolsa, hasaplamalary EHM-de geçirmek üçin durnukly we ygtybarly programma üpjünçiligini dəretmekligi talap edýär.

Gol goýmazdan əňünçä, baş hasapçy, ýa-da onuň tabşyrygy boýunça bankyň jogapkär işgäri şulary deňeşdirip gərmelidir:

- buhgalter kitabynda gərkezilen dolanyşyk jeminiň dolanyşyk sanawnamasynda gərkezilen dolanyşyga gabat gelişi;
- deňleşdirmede gərkezilen ikinji tertipdäki hasaplaryň galyndysynyň dolanyşyk sanawnamasynda we hasaplar boýunça galyndylar sanawnamasynda gərkezilen galyndylar bilen gabat gelişi.

Deňleşdirme geçirilendigi barada balansda degişli ýazgy goýulýar. Eger-de deňleşdirmäni baş buhgalteriň tabşyrygy boýunça buhgalteriýanyň işgäri geçiren bolsa, onda ol geçirilen deňleşdirme barasynda gol çekip tassyklaýar.

### *7.7.3. Buhgalter hasabynyň hasaplar ulgamy*

Ýurduň ykdysadyýetini dolandyrmak, dəlwte tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişine gəzegçlik etmek makasatlary üçin aýry-aýry kärhanalaryň hasap maglumatlaryny jemlemek zerurygy ýüze çykýar. Bu wezipäň çəzgüdi hasaplaryň bütewi ulgamyny dəretmeklik arkaly amala aşyrylýar.

Gündelik buhgalter hasabynyň hasaplarynyň meýilnamasy diýip ykdysady mazmuny taýdan tertipleşdirilen hasaplaryň sanawyna aýdylýar.

Əнümçilik-hojalyk işiniň buhgalter hasabynyň hasaplar meýilnamasy maddy ənümçiligiň pudaklary boýunça birmeňleş goýulýar /bank we býujet edaralary muňa girmeýärler/. Kärhanalaryň (banklardan beýleki edaralaryň) hasaplar meýilnamasy

Türkmenistanyň maliýe ministrligi tarapyndan işlenip düzülýär we tassyklanýar. Bir bütewi hasaplar meýilnamasynyň esasynda, soňra ministrlikler, assosiasialar, paýdarlar jemgyýetleri, døwlet konsernleri we gaýry edaralar, her pudagyň we kärhananyň aýratynlyklaryny gøz ønünde tutup, şol bir wagtyň øzünde-de bütewi meýilnamanyň umumy nazaryýetini üns merkezinden düşürmän, olar üçin hasaplar meýilnamasy goşmaça düzülip bilinýär. Adatça, iş ýüzünde, kärhanalarda 20-30 hasap hereket edýär.

Hasaplar meýilnamasynda sintetiki hasaplar (baş ýa-da birinji tertipdäki), olaryň içinde bolsa bøleklenen hasaplar (ikinji tertipdäki) gørkezilýär.

Meýilnamada ähli hasaplar øzleriniň ykdysady mazmuny boýunça bølümlere bølünýärler. Ulanmak üçin amatly bolar ýaly her sintetiki hasaba, olaryň düzüminde bolsa-bøleklenen hasaba san belgisi (kod) berilýär.

Türkmenistanda kärhananyň maliýe-hojalyk işiniň buhgalter hasabynyň hereket edýän hasaplar meýilnamasy şu bølümlerden ybarat:

1. ***Esasy serişdeler we gaýry uzak møhletli goýumlar;***
2. ***Ønümçilik ätiýaçlyklary;***
3. ***Ønümçilik harajatlary;***
4. ***Taýýar ønüm, harytlar we ýerlemek;***
5. ***Pul serişdeleri;***
6. ***Hasaplaşmalar;***
7. ***Maliýe netijeleri we peýdanyň ulanylyşy;***
8. ***Gaznalar we ätiýaçlyklar;***
9. ***Karzlar we maliýeleşdirme.***

Bulardan başga-da şu aşakdaky balansdan daşary hasaplar bar:

001. Kärendesine alnan esasy serişdeler;
002. Jogapkär saklawa kabul edilen haryt-maddy gymmatlyklar;
003. Gaýtadan işlemeklige kabul edilen materiallar;
004. Komissiýa kabul edilen harytlar;
005. Gurnamak üçin kabul edilen enjamlar;
006. Berk hasabatly blankalar;
007. Tølege ukypsyz bergidarlaryň bergisiniň zyýan gørnüşde øçürilmegi;
008. Alnan borçlaryň we tølegleriň üpjünçiligi;
009. Berlen borçlaryň we tølegleriň üpjünçiligi.

(*Türkmenistanyň ykdysadyýet pudaklarynda buhgalter hasabynyň hasaplar meýilnamasy tutuşlygyna 1-nji goşundyda getirilýär).*

Banklaryň hasaplar meýilnamasy kärhanalaryň hasaplar meýilnamasyndan düýpgøter tapawutlanýar. Banklarda buhgalter hasabynyň meýilnamasy 4 esasy topara bølünendir:

- ***Bankyň aktiw amallary.*** Hojalyk amallary øzleriniň ýerlenmek ukyplarynyň peselmegine we olaryň bank amallary høkmünde ähmiýeti boýunça 15 topara toparlanandyrlar.
- ***Bankyň passiw amallary.*** Hojalyk amallary døreýiş çeşmeleri, ol ýa-da beýleki bank amalyň esasy çeşme gørnüşde ähmiýeti boýunça 11 topara toparlanandyr;
- ***Hasaplaşykdaky serişdeler ýa-da aktiw-passiw bank amallary.*** Bir bølümden ybarat we øňki hasaplar meýilnamasyndan geçýän käbir hojalyk amallaryny øzünde jemleýär.

- ***Hususy maýa.*** Bir bөlümden ybarat we onda esaslyk, goşmaça, ätiýaçlyk gaznalary, şeýle hem paýlanmadyk peýdanyň hasaby alnyp barylýar.

Banklaryň buhgalter hasabynyň meýilnamasy birinji tertipdäki 99 hasapdan durýar. Olaryň her haýsysy boýunça ikinji tertipdäki 9 hasap açyp bolýar. Ol hasaplar Türkmenistanyň Merkezi bankynyň rugsady boýunça zerurlyk ýüze çykan halatynda açylýar. Birinji tertipdäki hasaplar hojalyk amallarynyň ykdysady mazmunynyň birmeňzeşligi boýunça toparlanýarlar, ikinji tertibiň hasaplary bolsa her hojalyk amalyny aýrylykda gөrkezýär.

Mundan başga-da, bank buhgalter hasabynyň hasaplar meýilnamasy 10 bөlümden ybarat balansdan daşary hasaplardan hem durýarlar. Ol hojalygy ýөretmekligi doly häsiýetlendirmek ýөrelgesinden ugur alynyp dөredilen we käbir sebäplere gөrä balans hasaplarda gөrkezilmegi mümkin bolmadyk hasaplardan durýarlar.

Türkmenistanyň banklarynda buhgalter hasabynyň hasaplar meýilnamasyny ulanmaklyga şu talaplar goýlandyr:

- hojalyk amallaryny bellige almak milli pulda alnyp barylýar. Diňe, amallar daşary yurt pulunda gөrkezilen hasaplarda analitiki hasap daşary yurt pulunyň her gөrnüşi boýunça ýөredilýär;
- daşary yurt pulunda amallary hasaba almaklyga niýetlenen hasaplar diňe birinji tertipdäki hasabyň ady we olary ulanmak boýunça gөrkezmesi boýunça kesgitlenýär. Başga häsiýetler boýunça bu hasaplar kesgitlenmeýärler;
- Türkmenistanyň rezidenti hasaplanmaýan hojalyk birliklerine diňe adyna daşary ýurt kärhanalaryna, we guramalaryna (karz edaralaryna), ýa-da Türkmenistanyň rezidenti dällere degişlidigi gөrkezilen ýagdaýynda şol hasaplary açmaklyga rugsat berilýär;
- Hasaplar meýilnamasyndaky “TB” we “TMB” bellikler bu hasaplaryň, degişlilikde, diňe Täjirçilik bankynyň (TB), ýa-da Türkmenistanyň Merkezi bankynyň (TMB) balansynda açylýandygyny kesgitleýär;
- Aktiw hasaplar boýunça kredit galyndy, passiw hasaplar boýunça debet galyndy goýbermeklige rugsat edilmeýär.

Bulardan başga-da, banklarda buhgalter hasabynyň hasaplar meýilnamasy halkara tejribesinde ykrar edilen şu ýөrelgelere esaslanýar:

- işjeňligi dowamly alyp barmak ýөrelgesi;
- ýazgylary geçirmek ýөrelgesi (hojalyk amallary boýunça girdejileri we harajatlary, olaryň degişli edilen pursatynda däl-de, dөrän pursatynda gөrkezmek) – bellenen tertipde käbir aktiwlere ulanylýar;
- käbir aktiwleri hakyky nukdaýnazarda bahalamak (bazaar bahalamasy);
- seresaplyk ýөrelgesi (eserdeňlik, kөneçillik) – bu aktiwler boýunça zyýanyň üsütini ýapmak üçin ýөrite ätiýaçlyklar dөredilende ýüze çykýar;
- mazmunyň gөrnüşden өňe tutulmak ýөrelgesi we ş.m.

*(Türkmenistanyň banklarynyň buhgalter hasaplarynyň meýilnamasy 2-nji goşundyda getirilýär).*

### *7.8. Türkmenistanyň buhgalter hasaby hakyndaky kanuny.*

Türkmenistanyň buhgalter hasabyny ýөretmekligiň düzgünlerini kesgitleýän esasy resminama bolup 1996-njy ýylyň Dekabr aýynda kabul edilen “buhgalter hasaby hakyndaky” Kanun çykyş edýär. Onda buhgalter hasabyna degişli esasy düzgünler we düşünjeler işlenip düzüldi, şeýle hem talaplar kesgitlenildi. Kanun, buhgalter hasabynyň Türkmenistanyň çäginde hereket edýän ähli guramalarda alnyp barylmalydygyny tassyklaýar.

Kanun – buhgalter hasabyny eýeçiligiň ähli gөrnüşindäki guramalryň we edaralaryň maliýe-hojalyk işi baradaky maglumatlary bütewi, üznüksiz we resminamalaşdyryp gөrkezmegiň we üstünde işlemekligiň ulgamydyr diýip kesgitleýär.

Kanunda ballanilişi ýaly, buhgalter hasabynyň obýektleri bolup kärhanalaryň (guramalaryň) maýalary we onuň maliýe-hojalyk işiniň dowamynda maddy we pul serişdeleriniň, borçlarynyň we düýpli maýa goýumlarynyň ýagdaýyny we hereketini gөrkezýän ähli amala aşyrýan hojalyk amallary, şeýle hem olaryň çeşmeleri çykyş edýärler.

Buhgalter hasabynyň obýektleriniň gөrnüşlere bөlünmesi Türkmenistanyň degişli kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda bellenýär.

Buhgalter hasabynyň dөwlet sazlaşdyrmasy kanunyň 5-nji maddasynda kesgitlenendir. Ol madda laýyklykda, buhgalter hasabynyň dөwlet sazlaşdyrmasy kabul edilen halkara ülňelerine gabat gelýän bir bütewi hasap syýasatyny dөretmekden ybaratdyr we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň borçlandyran gurama tarapyndan alnyp barylýar.

Өň hem bellenilişi ýaly, buhgalter hasabynyň bir bütewi usulyýet esaslaryny we kärhanalarda (edaralarda) hasabat düzmekligiň hukuk – gөzükdiriji namalaryny buhgalter hasabynyň dөwlet sazlaşdyrmasyny alyp alyp barýan edara – Türkmenistanyň maliýe ministrligi amala aşyrýar. Banklar boýunça bu wezipe Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan amala aşyrylýar.

Buhgalter hasaby Türkmenistanyň milli pulunda alnyp barylýar. Daşary yurt pulunda amallaryň, Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan amalyň amala aşyrylan pursatyndaky daşary yurt pulunyň derejesi (kursy) boýunça hasaplanylýar.

Kanunyň 8-nji maddasy buhgalter hasabyny gurnamaklyga bagyşlanandyr. Buhgalter hasaby hasap işiniň mөçberine laýyklykda aşakdaky gөrnüşlerde gurnalyp bilinýär:

- buhgalter hasabynyň өzbaşdak gullugyny (bөlümini) dөretmek, ýa-da buhgalter hasabyny merkezleşdirilen buhgalteriýanyň üsti arkaly alyp barmak;
- şertnama esasynda buhgalter we auditor guramalary, şeýle hem hünärmen buhgalterleri ulanmak.

Dөwlet eýeçiligine degişli, ýa-da dөwlet býujetinden maliýeleşdirlýän edaralarda buhgalter hasabynyň өzbaşdak gullugyny dөretmek ýa-da buhgalter hasabyny merkezleşdirilen buhgalteriýanyň üsti arkaly alyp barmaklyk hөkmanydyr.

Kärhanalarda (edaralarda) buhgalter hasabyny kompýuterleşdirmeklige rugsat edilýär.

Buhgalter hasabyny guramak üçin şu resminamalary düzmeklik hөkmany bolup durýar:

- buhgalter hasabynyň hasaplarynyň iş meýilnamasy;
- gөrnüşi kesgitlenilmedik gөrnüşler (formalar) boýunça ilkinji buhgalter resminamalarynyň gөrnüşleri;
- resminama dolanyşygynyň tertibi;
- ykdysady seljerme, içerki hojalyk hasaplaşyk we gөzegçilik ulgamy;
- tükelleme işini geçirmegiň tertibi.

Buhgalter hasabyny tassyklanan talaplara laýyklykda gurnamak jogapkärçiligi kärhananyň (edaranyň) ýolbaşçylarynyň ütüne ýüklenýär.

Kanunda baş hasapçynyň wezipeleri hem anyklaşdyrylandyr. Baş hasapçy ýa-da ony çalyşýan wezipeli adam kärhanada (edarada) buhgalter hasabyny ýola goýmaklyga we alyp barmaklyga, onuň serişdelerine we olaryň hereketine gөzegçilik etmeklige jogapkärdir.

Baş hasapçy ýa-da ony çalyşýan wezipeli adam kärhana (edara) ýolbaşçysyna gөnüden-gөni tabynlykda bolup, ol tarapyndan işe alynýar we işden boşadylýar.

Baş hasapçy ýa-da ony çalyşýan wezipeli adam kärhana (edara) ýolbaşçysy bilen bilelikde pul we hasaplaşyk resminamalara, maliýe we karz borçlara gol çekýär.

Baş hasapçy ýa-da ony çalyşýan wezipeli adam kärhanada (guramada) buhgalter hasabynyň dogry ýola goýluşyna we alnyp barlyşyna, doly we ynamdar buhgalter hasabatynyň өz wagtynda berlişine jogap berýär. Onuň hojalyk amallary boýunça resminamalaryň doldurylşy we degişli resminamalaryň taýýarlanylşy baradaky talaplary kärhananyň (edaranyň) düzüm bөlümleri we işgärleri üçin hөkmanydyr.

Kanunyň 10-njy maddasy buhgalter hasabynyň resminamalary baradaky talaplary өzünde jemleýär.

Buhgalter hasabynda şu resminamalar hөkmany ulanylýarlar:
- hөkmany rekwizitleri ilkinji hasap resminamalary;
- ilkinji hasabyň sanawlary;
- buhgalter kitaplary;
- kөmekçi sanawnamalar (wedomostlar);
- maliýe hasabatlary.

Kärhanalar (edaralar) hasap resminalaryň umumylaşdyrylan (tipleşdirilen) we ýөriteleşdirilen gөrnüşlerini ulanyp bilýärler.

Banklarda buhgalter hasabynyň alnyp barylmagy üçin hasap resminamalaryň gөrnüşleri Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan işlenip düzülýär we tassyklanýar.

Kanunyň III bөlümi kärhananyň (guramanyň) maýasyna bagyşlanandyr.
Olar aktiw we passiw gөrnüşlere bөlünýärler.

Aktiw maýa esasy serişdeleriniň, maddy däl serişdeleriň (aktiwleriň), maliýe goýumlaryň, maddy dolanyşyk serişdeleriň, gündelik hasaplardaky serişdeleriň jeminden ybaratdyr.

Passiw maýa esaslyk, ätiýaçlyk, ýөrite (maksatlaýyn) gaznalardan we kärhananyň hususy serişdesi bolup durýan paýlanylmadyk peýdadan, şeýle hem düýpli maýa goýum bolan karzlardan, zaýmlardan we gündelik bergilerden ybarat bolup durýarlar.

Kanunyň IV bөlüminde kärhananyň (edaranyň) aktiw maýasynyň bahalanylyşy we hasaba alnyşy boýunça maddalar getirilendir.

Esasy serişdeleriň başlangyç bahalary olary satyn almaklyga, dikeltmeklige (gurnamaklyga) we taýýarlamaklyga çykarylan hakyky harajatlar boýunça, bahalanýarlar.

Təlegi təlenip alnan esasy serişdeler olary satyn almaklyga çykarylan harajatlaryň hakyky derejesini goşmak bilen, mugtyna ýa-da dөredijiler tarapyndan esaslyk gaznasyna goýum gөrnüşde geçirilenleri, ýa-da çalyşmak ýoly bilen alynanlary – girdeji edilen pursatyndaky bazar hasaby boýunça, kärhananyň өzünde өndürilenleri bolsa – olaryň taýýarlaýyş bahalary boýunça bahalanýarlar.

Kөpýyllyk өsümliklere, ýerleri өzleşdirmäge çykarylan düýpli maýa goýumlary, ulanmaga kabul edilen ýerlere çykarylan harajatlaryň jemi mөçberlerinde bahalanýarlar.

Maliýe goýumlary kärhananyň (edaranyň) hakyky harajatlarynyň jemi boýunça bahalanýarlar we hasaplanylýar.

Maddy-haryt gymmatlyklary өnümiň өzüne düşýän gymmaty we ýerlemekligiň sap gymmaty boýunça bahalanýarlar. Өnümiň өzüne düşýän gymmatynyň harajat düzümi buhgalter hasabynyň dөwlet sazlaşdyrmasyny alyp barýan gurama tarapyndan kesgitlenýär.

Kanunyň V bөlümi passiw maýany hasaplamaklyga bagyşlanan. Kärhananyň (edaranyň) ustaw gaznasy buhgalter balansynda dөrediji resminamalarda goýlan mөçberlerde hasaplanylýarlar.

Paýlanmadyk peýda kärhananyň buhgalter balansynda hasaba alynýar we emläk eýesiniň çөzgüdi bilen esaslyk gaznasyna geçirilip bilinýär.

Ätiýaçlyk we ýөrite (maksatlaýyn) gaznalar, olaryň gөrnüşleri we dөreýiş çeşmeleri Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary boýunça kesgitlenýärler.

Kanunyň esasy bөlümi – maliýe hasabatyna bagyşlanan. Kärhananyň (edaranyň) ýyllyk maliýe hasabatyny düzümine şular guraýarlar:

- buhgalter balansy;
- maliýe netijeleri barada hasabat;
- buhgalter hasabynyň dөwlet sazlaşdyrmasyny üpjün edýän edara – kärhana tarapyndan goýlan balans goşundysy;
- maliýe hasabatyna düşündiriş ýazgy;
- hөkmany auditor barlaglary geçirilmeli kärhanalar (edaralar) üçin auditorçylyk netijesi.

Bankyň ýyllyk maliýe hasabatynyň düzümi Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan goýulýar.

Maliýe hasabaty hasabat dөwürleri boýunça ýyllyk we çärýeklik gөrnüşlere bөlünýärler.

Kärhanalaryň (edaralaryň) tabşyrýan maliýe hasabatynyň gөrnüşleri buhgalter hasabynyň dөwlet sazlaşdyrmasyny üpjün edýän edara, banklar boýunça – Türkmenistanyň Merkezi banky tassyklaýar.

Maliýe hasabatyna kärhananyň (edaranyň) ýolbaşçysy we baş buhgalteri, ýa-da onuň wezipesini ýerine ýetirýän adam tarapyndan gol çekilýär.

Maliýe hasabaty:

- dөwlet hasabat guramasyna;
- dөwlet salgyt gullugynyň guramasyna;
- esaslandyryjy resminamalara laýyklykda esaslandyryjylara, gatnaşyjylara we emläk eýelerine.

Dəwlet häkimiýetiniň we dolandyryşynyň, ýerli häkimlikleriň we ýerli dolandyryşyň guramalaryna maliýe hasabatyny tabşyrmaklyk Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna kesgitlenen tertipde alnyp barylýar.

Kärhanalar (edaralar) boýunça maliýe hasabatyny tabşyrmaklygyň məhleti buhgalter hasabynyň dəwlet sazlaşdyrmasyny üpjün edýän gurama, banklar boýunça bolsa – Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan goýulýar.

Açyk paýdarlar jemgyýeti, banklar, ätiýaçlandyrma guramalary, biržalar, maýa we beýleki gaznalar, şol sanda-da daşary yurt maýasynyň gatnaşmagyndakylar, hasabat ýylynyň soňundan gelýän ýylyň Oguz aýynyň 1-den ən auditor netijesini goşup ýyllyk maliýe hasabatyny çap etmelidirler. Eger-de hasabata üýtgetme girizilse, onda ol üýtgetmeler hem çap edilmelidir.

## Bap 8. Türkmenistanyň Banklarynda hasaplaryň açylyşy we ýəredilişi.

### *8.1. Hasaplaryň gərnüşleri.*

Pul serişdelerini saklamak we nagt bolmadyk hasaplaşmalary amala aşyrmak üçin kärhanalara bank bəlümlerinde hasaplaşyk hasaplary açylýar. Her bir edara gərnüşli we şahsy taraplar bankda ***diňe bir esasy hasaplaşyk hasabyny açmaklyga hukugy bardyr.***

***Gündelik*** hasaplar şu ýagdaýlarda açylýarlar:

a) hojalyk işini alyp barmaýan kärhanalar we guramalar üçin, şeýle hem edara gərnüşli bolmadyk kärhanalar üçin;

a) haýyr-sahawat, dini we jemgyýetçilik guramalary üçin.

Gündelik hasap esasan çäklendirilen hasaplaşyk amallaryny, ilkinji nobatda-da zähemet haky we administratiw-hojalyk harajatlary bilen baglanyşykly amallary geçirmek üçin ulnylýar.

Bulardan başgada şu hasaplar açylyp bilinýär:

1. ***Býujet hasaby*** – Türkmenistanyň maliýe ministrliginiň Gaznaçylyk müdirliginiň bөlümleri üçin açylýar. Bu edaralar Türkmenistanyň dөwlet býujetiniň serişdelerini dolandyrýarlar, serişdeleriň ýygnalyşyna gөzegçiligi üpjün edýärler, dөwletiň içerki we daşarky bergilerini üzmek boýunça hyzmat alyp barýarlar.
2. ***Depozit hasaby*** – wagtlaýynça ulanylmaýan erkin serişdeleri bar bolan edara gөrnüşli we şahsy taraplar üçin olary belli bir wagtyň dowamynda saklamak üçin açylýar.
3. ***Walýuta hasaby*** – edara gөrnüşli taraplar üçin eýeçilik gөrnüşine garamazdan olaryň walýuta serişdelerini saklamak we daşary ýurt pulynda amallary geçirmek üçin açylýar.
4. ***Bөlek hasaplaşyk hasaby*** – kärhananyň өz ýerleşen ýerinden başga ýerde hojalyk işini alyp barmaýan bөlümleri bar bolan ýagdaýynda açylýar.
5. ***Karz hasaby*** – şertnema esasynda edara gөrnüşli we şahsy taraplara karz bermek hukugy bar bolan banklaryň ähli bөlümlerinde açylyp biliner. Bu hasapda banklar karzlaryň berlişini we üzülişini hasaba alýarlar. Olar ýөnekeý we ýөrite gөrnüşlerde bolýarlar.
6. ***Wagtlaýyn hasaplaşyk hasaby*** – täze dөredilýän kärhanalar we edaralar, bөlekleýin ulanylmaga berilen halatynda, şeýle hem, gurulýan kärhanalar üçin açylýar. Bu hasap kärhana doly ulanylmaga berilýänçä mөhlete açylýar.
   Gurluşyk tamamlanandan soň hasabyň eýesi bank edarasyna dөwlet hasaba alynyşynyň şahadatnamasyny we өz tertipnamasyny berýär. Şol esasda-da wagtlaýyn hasabyň ýerine hasaplaşyk hasap açylýar.
7. ***Maksatlaýyn häsiýetli serişdeleri ýygnamak üçin ýөrite hasaplar*** – serişde ýygnamaklyk zerurlygy ýüze çykanda açylýar. Mysal üçin, saglygy bejermek üçin. Şonda Türkmenistanyň saglygy saklaýyş we dermen senagaty ministrliginiň beren, ministriň ýa-da hukuk berilen başga bir ýolbaşçysynyň goly we mөhür goýlan Netijesi doldurylýar.

***Kärhanalaryň hasaplaşyk we gaýry hasaplaryny açmak üçin banka*** şu resminamalar taýýarlanylýarlar:

1. Kesgitlenen gөrnüşde, manatda ýa-da daşary yurt pulunda hasap açmaklyga arza.

Arza, hasap eýesiniň ýolbaşçysy we baş buhgalteri gol goýýarlar. Eger-de baş hasapçynyň, ýa-da onuň işini alyp barýançynyň bolmadyk halatynda arza diňe ýolbaşçy tarapyndan gol çekilýär.

2. Dөwlet hasaba alynyşynyň we kärhanalaryň we guramalaryň Ýeke-täk Dөwlet sanawyna girizilenliginiň şahadatnamasy;
3. Ýeke-täk Dөwlet sanawundan gөçürme;
4. Kärhananyň hasaba goýulanlygy barada salgyt gullugynyň güwanamasy;
5. Ustawyň (Düzgünnamanyň), zerur ýüze çykan bolsa, dөrediji resminamalaryň, kepilnama edarasynda (notariusda) hөkmany tertipde tassyklanan nusgalary;
6. Kärhananyň wezipeli adamlarynyň we mөhüriniň şekili bolan kartoçkalaryň iki nusgasy;
7. Walýuta hasaplarda, Türkmenistanyň daşary ykdysady gatnaşyklarynda hasaba alynmagy barada şahadatnama.

Hukuk resminamalary gutarnykly doldurmaklyk üçin wagtlaýyn hasap açylýar. Ol açylandan, soň 30 iş gününiň dowamynda hereket edýär.

Ähli bellenen resminamalar baş buhgaltere tabşyrylýar. Degişli barlagdan we bank ýolbaşçysynyň rugsat bermeginden soň baş buhgalter hasaplaşyk hasaba degişli nomer goýulýar. Onda hukuk tarapyň eýeçilik görnüşi we işiniň ugry göz öňünde tutulýar. Ähli resminamalar baş buhgalterde saklanýar. Hasabyň açylandygy baradaky bellik baş buhgalter tarapyndan kärhananyň ustawynyň asyl nusgasynda hasabyň nomeri hünäri goýulyp tassyklanýar.

Hasaplaşyk we gündelik hasaplar şu ýagdaýlarda ýatyrylyp bilinýär:

- hasabyň eýesiniň arzasy boýunça;
- ustawda göz öňüne tutulan işiň häsiýeti üýtgände;
- kärhanany dörediji guramanyň çözgüdi boýunça;
- alty aýyň dowamynda hasap boýunça hiç hili amal geçirilmedik ýagdaýynda (täjirçilik düzümler üçin).

Hasap ýapylanda bellige alyş kitapda hasabyň ýapylan wagty görkezilýär. Ýapylan hasaplaryň nomeri iki ýyldan soň başga birine berilip bilinýär. Hasap ýapylanda müşderiler banka ulanylmadyk çekli çek kitapçalaryny tabşyrmalydyrlar.

### *8.2. Şahsy taraplara manatda hasabyň açylşy.*

Şahsy taraplar öz aralarynda ýa-da hukuk taraplar bilen nagt däl hasaplaşyklar geçirmek üçin raýatlar hasaplaşyk hasaplaryny açyp bilýärler.

Hasaplar Türkmenistanyň raýatlaryna, şeýle hem:

- Türkmenistanda mydamalaýyn ýaşaýan, salgyt salynmak obýekti bolan, salgytlary we beýleki hökmany tölegleri tölemeli şahsy taraplar;
- Türkmenistanda mydamalaýyn ýaşamaýan, ýöne Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyklara laýyklykda salgyt tölemäge borçly şahsy taraplar üçin açylýarlar.

Hasaplaşyk hasaplar şu resminamalar hödürlenen ýagdaýynda açylýar:

- Raýatyň arzasy;
- Tassyklanan şahsy resminama (passport ýa-da ony çalyşýan gaýry resminama).
- Bank edarasynyň we raýatyň arasynda hasap açmaklyga we hyzmat etmeklige şertnama;
- Çekilen gollaryň nusgalary bolan kartoçkalar. Olary raýat hasap açýan bankyň işgäriniň gatnaşmagynda doldurýar we kartoçkalar şol işgär we bankyň baş buhgalteri tarapyndan tassyklanýar;
- Salgyt töleýjiniň salgyt hasabyna goýulandygyny tassyklaýan salgyt gullugynyň güwanamasy.

### *8.3. Türkmenistanda nagt däl hasaplaşmalaryň hereket edýän görnüşleri.*

Türkmenistanyň çäklerinde häzirki döwürde kärhanalaryň, guramalaryň we şahsy taraplaryň arasynda nagt däl hasaplaşmalaryň şu görnüşleri hereket edýärler:

- töleg talapnamalary bilen hasaplaşmalar;
- töleg talapnamalary – tabşyryklary bilen hasaplaşmalar;

- hasaplaşmalaryň akkreditiň gərňüşi;
- təleg tabşyryknamalary bilen hasaplaşmalar;
- çekler bilen hasaplaşmalar;
- inkassa tabşyryknamalary (serişdeleri jedelsiz əçürmeklige gərkezme) bilen hasaplaşmalar.

**Töleg tabşyryklary bilen geçirilýän hasaplaşyklar** häzirki wagtda Türkmenistanda has giňden ýaýran nagt däl hasaplaşyklaryň bir görnüşidir. Töleg tabşyrygy kärhananyň hyzmat edýän banka özüniň hasabyndan kesgitlenilen jemiň geçirilmegi barada berýän tabşyrygydyr (8.3.1-nji şekil).

***8.3.1-nji şekil***

**Harytlara soňraky tölegleri geçirmeklikde töleg tabşyryklary bilen hasaplaşyklar**




**Bu ýerde,**

1- harydyň iberilmegi (hyzmatyň ýerine ýetirilmegi);
2- töleg tabşyrygynyň banka geçirilmegi we töleýjiniň hasabyndan serişdeleriň aýrylmagy;
3- serişdeleriň üpjün edijiniň bankyna geçrilmegi we satyjynyň hasabyna alynmagy;
4- üpjün edijä onuň bank hasabyna serişdeleriň alnandygyny habar bermeklik.

Hasaplaşyklaryň bu görnüşi bazar ykdysady şertlerinde giňden peýdalanylmaga niýetlenendir.

---

[1]**Akkredetiw**-resminamada görkezilen şertlere laýyklykda kesgitli möçberde puly tölemeklik barada tabşyrygy öz içine alyp görkezýän maliýe resminamasy.

**Töleg tabşyryklary bilen geçirilýän hasaplaşykla**r tölegleriň köp görnüşini amala aşyrmaklykda ulanylýar. Olaryň kömegi bilen öňünden tölenilýän we potratçylar, napaga we ätiýaçlandyryş gaznalarynyň guramalary zähmet haky başga banklardaky hasaplara geçirilende işgärler bilen, salgyt we gaýry töleglerde, banka ýygymlar tölenende hasaplaşyklar geçirilýär.

Töleg tabşyryklary ýazylan gününden başlap, 10 günüň dowamynda hakyky güýjüni saklaýar (ýazylan güni hasaba alynmaýar) we **diňe hasapda serişdeleriň bar**

**bolan ýagdaýynda töleýjiden ýerine ýetirmek üçin kabul edilýär (eger-de bank bilen hasabyň eýesiniň arasynda başga ylalaşyk göz öňünde tutulan bolmasa).**

Töleg tabşyrygynda görkezilýän satyjynyň we alyjynyň hyzmat edýän banklara berilýän kodlardaky sanlary şu aşakdakylary aňladýar:

1. Başky üç san (1,2,3): 390 – Türkmenistan döwlet belgisi;
2. Ortaky üç san (4,5,6): Bankyň ýerleşýän sebitini aňladýar: 101–Aşgabat şäherinde, 201–Ahal welaýatynda; 601–Balkan welaýatynda; 701–Mary welaýatynda; 801–Lebap welaýatynda; 901– Daşoguz welaýatynda.
3. Soňky üç sanyň birinjisi (koduň tertip boýunça 7-nji sany) bankyň haýsy täjirçilik bankyna degişlidigini aňladýar:

1 – Merkezi bank;

2 – Daşary ykdysady döwlet täjirçilik banky;

3 – “Türkmenbaşy” döwlet täjirçilik banky;

4 – “Daýhanbank” döwlet täjirçilik banky;

5 – “Türkmenistan” döwlet täjirçilik banky;

6 – “Halkbank” döwlet täjirçilik banky;

7 – Gaýry banklar. Olara türkmen-türk bilelikdäki täjirçilik banky, “Sadaret” Eýran banky, “Prezident” döwlet täjirçilik banky, “Senagat” täjirçilik banky degişlidir.

4. Bankyň kodunyň soňky 2 sany bolsa bankyň Türkmenistanyň Merkezi bankynyň guramasynda hasaba alnyş tertip belgisini aňladýar.

Salgyt kodlarynyň sanlary bolsa şu alamatlary aňladýar:

**1.** Başky üç san salgyt töleýji müşderiniň ýerleşýän ýerini: 101-salgyt töleýjiniň Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrabynda ýerleşýändigini, 102-salgyt töleýjiniň Aşgabat şäheriniň Azatlyk etrabynda ýerleşýändigini, 103-salgyt töleýjiniň Aşgabat şäheriniň Prezident Nyýazow adyndaky etrabynda ýerleşýän-digini, 104-salgyt töleýjiniň Aşgabat şäheriniň Çandybil etrabynda ýerleşýändigini aňladýar. 202-210-çenli sanlar salgyt töleýjileriň Ahal welaýatynda ýerleşýändigini, ýagny 201-salgyt töleýjiniň Abadan şäherinde ýerleşýändigini, 202-salgyt töleýjiniň Ruhabat etrabynada ýerleşýändigini, 203-salgyt töleýjiniň Baharly etrabynda ýerleşýändigini, 204-salgyt töleýjiniň Gökdepe etrabynda ýerleşýändigini, 205-salgyt töleýjiniň Kaka etrabynada ýerleşýändigini, 206-salgyt töleýjiniň Babadaýhan etrabynda ýerleşýändigini, 207-salgyt töleýjiniň Sarahs etrabynada ýerleşýändigini, 208-salgyt töleýjiniň Tejen etrabynada ýerleşýändigini, 209-salgyt töleýjiniň Ak bugdaý etrabynada ýerleşýändigini, 209-salgyt töleýjiniň Altyn Asyr etrabynada ýerleşýändigini görkezýär.

301-310-a çenli sanlar salgyt töleýjiniň Balkan welaýatynda ýerleşýändigini aňladýar.

401-410-a çenli sanlar salgyt töleýjiniň Daşoguz welaýatynda ýerleşýändigini aňladýar.

501-510-a çenli sanlar salgyt töleýjiniň Lebap welaýatynda ýerleşýändigini aňladýar.

601-610-a çenli sanlar salgyt töleýjiniň Mary welaýatynda ýerleşýändigini aňladýar.

2. 4,5,6-sanlar salgyt töleýjiniň eýeçiligiň haýsy görnüşine degişlidigini aňladýar. Ýagny 111-161 belgili sanlar salgyt töleýjiniň Döwlet eýeçiligindäki kärhanalardygyny; 211-221-hususy eýeçilikdäki kärhanalary, 122-belgili sanlar ýuridiki tarap bolmadyk telekeçileri, 311 jemgyýetçilik guramalary (kärdeşler

arkalaşyklary, ýaşlar, dini guramalaryny), 701-721-731-paýdarlar jemgyýetlerini aňladýar.

3. 7,8,9,10,11,12-salgyt töleýjiniň hasaba alnyş belgisini aňladýar.

Nagt däl hasaplaşyklary geçirmek üçin banklara habarlaşyk hasaplary berilýär. Banklaryň habarlaşyk hasaplary 9 belgiden ybarat bolup, bu sanlar şu alamatlary aňladýar:

- 1,2,3 sanlar bankyň alamatyny, ýagny 101-Türkmenistanyň Merkezi bankyny, 201-Türkmenistanyň Daşary ykdysadyýet döwlet täjirçilik bankyny, 301-“Türkmenbaşy” döwlet täjirçilik bankyny; 401-“Daýhanbank” döwlet täjirçilik bankyny; 501- “Türkmenistan” döwlet täjirçilik bankyny; 601- “Halkbank” döwlet täjirçilik bankyny; 701- beýleki banklary aňladýar.
- 4, 5, 6 sanlar habarlaşyk banklarynyň hasabynyň belgisini aňladýar.
- 7 san bankyň habarlaşyk hasabynyň barlag sanyny (açaryny) aňladýar;
- 8, 9 sanlar Türkmenistanyň Merkezi bankynyň guramasynda bankyň hasaba alnan tertip belgisini aňladýar.

Taraplaryň ylalaşyklaryna baglylykda tabşyryklar bilen geçirilýän tölegler möhletinde, möhletinden öň we möhletinden soň geçirilip bilinýär.

Möhletli töleg hakujy tölеglerinde, ýagny haryt ugradylmanka (8.3.2-nji şekil) haryt ugradylandan soň, ýagny harydyň göni ylalaşygy esasynda (8.3.1-nji şekil) ýa-da uly geleşiklerede bölekleýin tölegler üçin ulanylýar.

**Möhletlinden öň we möhleti geçirilen tölegleri** taraplaryň maliýe ýagdaýyna zyýan ýetirmezden şertnama gatnaşyklarynyň çäklerinde amala aşyrmaklyk mümkindir.

***8.3.2-nji şekil***

**Harytlara (hyzmatlara) öňünden tölenilende töleg tabşyryklary bilen hasaplaşyklar**




**Bu ýerde,**

1- öňünden tölemeklik esasynda harytlary ibermeklik (hyzmatlary ýerine ýetirmeklik) boýunça şertnama baglaşmak;
2- töleg tabşyrygyny banka bermeklik we töleýjiniň hasabyndan serişdeleri aýyrmaklyk;
3- serişdeleri üpjün edijiniň bankyna geçirmeklik we satyjynyň hasabyna ýazmaklyk;
4- üpjün edijiniň bankyna serişdeleriň geçirilenligi barada üpjün edijä habar bermeklik;
5- harydyň iberilmegi (hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegi)

Töleg tabşyryklarynyň kömegi bilen haryt we haryt däl amallar ýerine ýetirilýär. Şeýlelikde hemme haryt däl tölegler doly derejede töleg tabşyrygynyň üsti bilen amala aşyrylýar.

Haryt we hyzmat hasaplaşyklarynda töleg tabşyryklary aşakdaky ýagdaýlarda ulanylýar:

- Eger, tabşyrykda haryt-ulag resminamasynyň belgisine we wagtyna bellik edilip, töleýjiniň harytlary alanlygy we hyzmatlary ýerine ýetirenligi tassyklanylanda alnan harytlara we ýerine ýetirilen hyzmatlara (ýagny haryda gönimel razyçylyk ýoly bilen);
- öňünden tölenilýän tölegler we hyzmatlar üçin (eger-de öňünden tölemeklik şertnamada görkezilip, tabşyrykda hem bellik edilen bolsa);
- haryt amallary boýunça karz bergidarlygyny üzmek üçin;
- kazyýetiň we arbitražyň kararlary boýunça, harytlara we hyzmatlara hasaplaşyk geçirilende;
- jaýyň kärende tölegi üçin;
- ulag, kommunal, durmuş kärhanalarynyň tölegleri üçin we ş.m.

Haryt däl amallaryň hasaplaşyklarynda töleg tabşyryklary aşakdaky ýagdaýlarda ulanylýar:

- býujet töleglerinde;
- bank karzy üzülende we karz göterimleri tölenilende;
- döwlet durmuş ätiýaçlandyryş guramalaryna serişdeler geçirilende;
- paýdarlar jemgyýetleri döredilende esaslyk maýa serişdeler geçirilende;
- paýnamalary, obligasiýalary, depozit sertifikatlary, bank wekselleri alnanda;
- dürli jerimeler tölenilende;

Bir bank tarapyndan üç ýa-da ondan köp satyja hyzmat edilen ýagdaýynda umumy töleg tabşyrygy ýazylyp bilner.

Bank tarapyndan töleg tabşyryklary töleýjiniň hasaplaşyk hasabynda töleg üçin ýeterlik serişdeleriň bolan ýagdaýynda ýerine ýetirmeklige kabul edilýär. Eger-de, serişde bolmadyk ýa-da ýeterlik bolmadyk ýagdaýynda tabşyryklar kabul edilmän töleýjä gaýtarylýar.

Töleg tabşyrygy hasaplaşygynyň artykmaçlygy olar döwletara harytlar satylanda hem ulanylýar.

Hasaplaşygyň bu görnüşinde töleg tabşyrygy banka tiz tabşyrylan ýagdaýynda ýerine ýetirilen işiň we edilen hyzmatlaryň hereketi bilen tölegiň hereketi maksimal ýakynlaşýar. Ýöne hasaplaşygyň bu görnüşinde töleg doly kepillendirilmeýär. Üpjün edijä tölegleriň öz wagtynda gelip gowuşmagy diňe satyn alyjynyň tölege ukyplylygyna bagly bolman, eýsem banka pul serişdelerini geçirmeklik üçin töleg tabşyryklarynyň öz wagtynda ýazylmagyna baglydyr. Serişdeleriň meýilnamadan daşary gaýtadan paýlanylmagy mümkin, ýagny ikitaraplaýyn bergidarlygyň ýüze çykmagy (debitorlyk, kreditorlyk) öňünden tölenilen ýagdaýlarda, hakujy töleglerinde töleg tabşyrygynyň dowamlylygynyň hasaplaşyklary haýallatdyrmagy mümkin.

Tabşyryklar bilen amala aşyrylýan hasaplaşyklaryň görnüşleriniň biri bank bilen ylalaşylan *(aksept)* görnüşdir. Hasaplaşygyň bu görnüşi aşakdaky ýagdaýlarda ulanylýar:

- bir ilatly ýerlerdäki býujet guramalarynyň alan harytlaryna we ýerine ýetirilen hyzmatlaryna, şeýle hem maliýe guramalary tarapyndan býujet girdejileri aragatnaşyk kärhanalarynyň üsti bilen yzyna gaýtarylanda;
- harytlara we hyzmatlara aragatnaşyk kärhanalarynyň üsti bilen hasaplaşyk geçirmeklikdäki hyzmatlary üçin;
- ulag edaralary bilen bir gezeklik hasaplaşyk geçirilende we ş.m.

Eger, töleýjiniň aýratyn balans hasabynda tabşyrygyň jemi deponirlenen bolsa, onda bank tölege razyçylyk berýär.

Ylalaşylan tabşyryklar diňe doly jemi tölemeklige kabul edilýär. Ylalaşylan tabşyrygyň jeminden nagt görnüşde gaýtargy almaklyk we olary nagt pula çalyşmaklyga rugsat berilmeýär.

Bank tarapyndan ylalaşylan tabşyryklar bilen hasaplaşyklar geçirmeklik isleýän töleýji, tabşyrygy özüne hyzmat edýän banka ylalaşmak üçin tabşyrýar. Bank aýratyn hasapda tabşyrygyň jemini deponirleýär. Tabşyrygyň bir nusgasy (bank guramasynyň möhri goýulan) töleýjiniň ynanylan adamsyna berilýär. Aragatnaşyk, ulag kärhanalarynda ylalaşylan töleg tabşyryklary kabul edilende olaryň hasaplaşyk hasabyna serişdeleri geçirmeklik üçin banka tabşyrylýar. Ylalaşylan tabşyryklardaky ulanylmadyk jem töleýjiniň hasaplaşyk hasabynda ylalaşylan bankyň tabşyrygy boýunça dikeldilýär.

Ylalaşylan töleg tabşyryklary bilen hasaplaşylanda töleg kepillendirilýär, ýöne pul serişdeleriniň öňünden deponirlenmek zerurlygy zerarly pul serişdeleriniň aýlanyşygynyň haýallamagy mümkin. Ylalaşmak amaly köp zähmeti talap edýär.

**Meýilnama tertipli tölegleriň hasaplaşyklary.** Häzirki zaman ykdysady edebiýatlarda bu hasaplaşyklaryň düşündirilişine dürli çemeleşmeler bar. Köplenç, olara töleg tabşyryklary bilen geçirilýän hasaplaşyklaryň bir görnüşi hökmünde garaýarlar, sebäbi meýilnamaly tölegleriň hasaplaşyklarynda töleg tabşyrygy esasy resminama bolup çykyş edýär. Ýöne, beýle diýmeklik, bu hasaplaşyklarda gaýry hasaplaşyk resminamalaryň (çekleriň, wekselleriň) ulanylmaýandygyny aňlatmaýar.

Şeýlelik bilen, **üpjün edijiler bilen satyn alyjylaryň arasyndaky yzygiderli we hemişelik gatnaşyklarda hasaplaşyklar şertnamalaýyn esasda, töleg tabşyryklaryny ulanmak, hasaplaşyklar meýilnama tertipli tölegler bilen amala aşyrylýar.**

Üpjün ediji şertnama esaslanyp, öz üstüne önümi bellenilen möçberlerde we kesgitlenen möhletlerde ugratmaga borçnama alýar. Satyn alyjy şertnamada görkezilen möhletlerde (her gün ýa-da döwürleýin) tölegleriň yzygiderliliginden we üpjün

etmekligiň meýilnamalaýyn möçberlerinden ugur almak bilen meýilnamalaýyn töleg geçirmeklige borçlanýar.

Hasaplaşyklaryň meýilnamalaýyn töleglerine geçilende geleşige gatnaşyjylar özlerine hyzmat edýän banklara ylalaşyklaryň nusgasyny, hyzmatdaşlar hakyndaky maglumatlary, hasaplaşyk döwürleriniň dowamlylygy hakyndaky maglumatlary, tölegleriň möhletlerini we töleg geçiriljek hasaplary hem-de hasaplaşyklary tamamlamak tertiplerini iberýärler.

Her bir meýilnamalaýyn töleg üçin aýratyn resminama-töleg tabşyrygy ýazylýar we banka geçirilýär (resminama satyn alyjy tarapyndan ýazylýar).

Her aýda tölegleriň amala aşyrylyşynyň dogrulygy, hakyky ugradylan önümleriň ýa-da ýerine ýetirilen hyzmatlaryň gymmatyna laýyklykda barlanylýar.

Şertnamada kesgitlenilişine görä, geleşige gatnaşyjylaryň biri, hasaplaşyk gatnaşyklaryna gözegçilik edýär. Hasaplaşygy anyklamagyň netijelerine baglylykda gaýtadan hasaplamaklyk geçirilýär. Eger töleg doly geçirilmedik bolsa, aýratyn töleg tabşyrygy bilen üsti doldurulýar, tölegiň artykmaç tölenilen ýagdayynda aratapawut geljekki tölegleriň hasabyna ýazylýar. Meýilnamalaýyn tölegler önümleriň ugradylmagy bilen pul serişdeleriniň gelip gowuşmaklygynyň arasyndaky wagt üzňeligini iň pes derejä getirýärler, hasaplaşyklary geçirmekligi ýönekeýleşdirýärler, taraplara özleriniň pul dolanyşygyny has-da takyk kadalaşdyrmaklyga mümkinçilik döredýärler. **Hasaplaşyklaryň bu görnüşiniň üstünlikli ulanylmagynyň hökmany şerti bolup, durnukly maliýe ýagdaýy we geleşige gatnaşyjylaryň özara baglanşygynyň ýokary derejesi hyzmat edýär.** Bu bolsa bazar ykdysadyýetine geçmekligiň häzirki döwründe örän çylşyrymlydyr.

**Töleg talaby-tabşyryklary bilen geçirilýän hasaplaşyklar**

Biziň ykdysadyýetimizde hasaplaşyk resminamasynyň nagt däl hasaplaşykla-ryň täze görnüşi bolup, töleg talaplary-tabşyryklary bilen geçirilýän hasaplaşyklar çykyş edýär.

**Töleg talaplary-tabşyryklary üpjün edijiniň satyn alyja talabydyr. Satyn alyjynyň bankyna iberilen hasaplaşyk we ugradylan harytlaryň resminamala-ryň esasynda önümleriň, ýerine ýetirilen işleriň, edilen hyzmatlaryň gymmaty-ny tölemeklik we töleýjiniň öz hasabyndan serişdeleri aýyrmaklyk baradaky tabşyrygydyr.**

Töleg talaplary-tabşyryklary üpjün edijiler tarapyndan ýazylýar we täjirçilik resminamalary bilen birlikde satyn alyjynyň bankyna ugradylýar. Bank töleg talap- -tabşyrygyny töleýjä geçirýär. (8.3.3-nji şekil)

***8.3.3-nji şekil***

**Töleg talaplary-tabşyryklary boýunça hasaplaşyklar**






**Bu ýerde,**

1- harydyň iberilmegi (hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegi);
1a- töleg talaby-tabşyrygy ugradyjy üpjün edijiden satyn alyjynyň bankyna ugradylmagy;
2- hasaplaşyk resminamalary razylaşmak üçin satyn alyja geçirilýär;
3- razylaşylan hasaplaşyk resminamalary banka gaýtarylýar, ol ýerde satyn alyjynyň hasabyndan serişdeler aýrylýar;
4- serişdeleriň üpjün edijiniň bankyna geçirilmegi we üpjün edijiniň hasabyna ýazylmagy;
5- üpjün edijä serişdeleriň geçirilmegi barada habar berilmegi.

Töleýjiniň bankyna töleg talaby-tabşyrygy geçirilenden soň üç günüň dowamynda ol banka tabşyrmalydyr. Töleýjiniň hasabynda pul serişdeleriniň bar bolan ýagdaýynda resminamalar kabul edilýär.

Şu üç günüň dowamynda töleýji özüne hyzmat edýän banka töleg talaby- - tabşyrygyny tölejekdigini, tölemejekdigini ýa-da bölekleýin tölejekdigini habar berýär. Şeýle ýagdaýda talap-tabşyrygy ugradyjy resminamalar bilen birlikde we tölegden boýun gaçyrmak baradaky habarnamany gönüden göni üpjün edijä gaýtarýar. Töleg talaby-tabşyrygyny doly ýa-da bölekleýin tölemek barada ylalaşylan ýagdaýynda, töleýji ony degişli taraplaryň gollary bilen resmileşdirýär we hyzmat edýän banka tabşyrýar.

**Hasaplaşyklaryň akkreditiw görnüşiniň** çäkleri ýeterlik derejede giň däl, onuň nagt däl hasaplaşyklaryň düzüminde tutýan orny hem uly däl, ýöne bazar ykdysadyýetine çenli hem, häzirki wagtda hem örän durnukly. Hasaplaşygyň bu görnüşiniň düýp manysy, töleýjiniň öz bankyna **hasapda öňünden deponirlenen** serişdeleriň, ýa-da **bankyň kepilligi** boýunça, haryt-maddy gymmatlyklaryň tölegini geçirmek barada berýän tabşyrygydyr. Tölegiň şertleri akkreditiw açmaklyk baradaky töleýjiniň arzasynda göz öňünde tutulýar.

**Akkreditiw bankyň şertleýin pul borçnamasy bolup, ol müşderiniň tabşyrygy boýunça şertnama esasynda onuň garşydaş hyzmatdaşynyň peýda-syna berilýär. Akkreditiwi açan bank (emitent bank), üpjün edijä töleg geçirip bilýär ýa-da başga banky şu tölegleri geçirmeklige ygtyýarlandyryp bilýär. Şeýle ýagdaýda akkreditiwde görkezilen resminamalaryň_ählisi banka berilmeli we akkreditiwiň beýleki şertleri ýerine ýetirilmeli.**

Eger-de töleýjiniň tabşyrygy boýunça akkreditiwi ýazan bank (emitent bank) serişdeleri töleg tölemek üçin başga banka, üpjün edijiniň bankyna geçiren ýagdaýynda, onda üpjün edijiniň bankynda “Akkreditiwler”-hasaby aýratyn balansda açylýar.

Biziň ýurdumyzda nagt däl hasaplaşyklaryň Düzgünnamasyna laýyklykda ***akkreditiwleriň şu görnüşleri hereket edýär:***

- örtülen (deponirlenen) ýa-da örtülmedik (kepillendirilen);

▪ çagyrylýan we çagyrylmaýan.

Akkreditiwler açylanda emitent bank töleýjiniň hususy serişdelerini üpjün edijiniň bankyna geçirýän bolsa ýa-da oňa karz berýän bolsa, onda akkreditiwler örtülen (deponirlenen) diýlip hasap edilýär. (8.3.4-nji şekil)

***8.3.4-nji şekil***

**Serişdeleri öňünden deponirlenýän hasaplaşyklaryň akkreditiw görnüşi**




**Bu ýerde,**

1- bankyň aýratyn hasabyndan serişdeleri öňünden deponirlemek bilen hasaplaşyklaryň akkreditiw görnüşini ulanmaklyk baradaky şertnamanyň baglaşylmagy;
2- banka akkreditiw açmak baradaky arzanyň, serişdeleri deponirlemek boýunça töleg tabşyrygynyň berilmegi, soňra bolsa satyn alyjynyň hasabyndan serişdeleriň aýrylmagy;
3- serişdeleriň üpjün edijiniň bankyna geçirilmegi we “Akkreditiwler” hasabyna ýazylmagy;
4- akkreditiwiň açylanlygy barada üpjün edijä habar berilmegi;
5- harydyň iberilmegi (hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegi);
6- harytlaryň iberilenligini (hyzmatlaryň ýerine ýetirilenligini) tassyklaýan hasaplaşyk resminamalarynyň şertnama laýyklykda üpjün edijiniň bankyna iberilmegi, “Akkreditiwler” hasabyndan serişdeleriň aýrylmagy we üpjün edijiniň hasabyna ýazylmagy;
7- akkreditiwiň ulanylandygy barasynda satyn alyjynyň bankyna habaryň iberilmegi;
8- satyn alyja akkreditiwiň ulanylandygy barada habar berilmegi.

Banklaryň arasynda habarçy gatnaşyklary ýola goýulanda ýerine ýetiriji bankda **örtülmedik (kepillendirilen) akkreditiw** açylýar. Oňa akkreditiwiň tutuş jemini aýyrmak hukugy berilýär. (8.3.5-nji şekil)

***8.3.5-nji şekil***

**Bank kepillendirmesinden peýdalanmak bilen geçirilýän hasaplaşyklaryň akkreditiw görnüşi**




1- satyn alyjynyň bankynyň tölegi kepillendirmegi esasynda hasaplaşyklaryň akkreditiw görnüşinden peýdalanylyp şertnamanyň baglaşylmagy;
2- banka akkreditiw açmak barada arzanyň berilmegi, bank kepillendirmesiniň ulanylmagy we açylandygynyň balansdan daşary "bankyň kepillikleri we zamunçylyklary" hasapda aňladylmagy;
3- akkreditiwiň açylanlygy barada we onuň balansdan daşary hasapda aňladylanlygyny habar bermek;
4- akkreditiwiň açylanlygyny üpjün edijä habar bermek;
5- harytlaryň ugradylmagy (hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegi);
6- harytlaryň ugradylmagyny (hyzmatlaryň ýerine ýetirilmegini) tassyklaýan, hasaplaşyk resminamalaryny şertnama laýyklykda üpjün edijiniň bankyna gönükdirmek we serişdeleri onuň hasabyna ýazmak;
7- satyn alyjynyň bankyna debet awizosy ugradylýar, ol ýerde satyn alyjynyň hasabyndan serişdeler aýrylýar, satyn alyjynyň bank hasabynda serişdeleriň bolmadyk ýagdaýynda bank töleýjä karz berýär.
8- satyn alyja onuň hasabyndan serişdeleriň aýyrlandygyny habar bermeklik.

Her bir akkreditiw yzyna çagyrylýan ýa-da yzyna çagyrylmaýan bolmaly. Şu kesgitlemäniň ýok ýerinde akkreditiw yzyna çagyrylýan diýlip hasap edilýär.

***Çagyrylýan akkreditiw*** emitentden bank tarapyndan, üpjün edijiniň öňünden razyçylygyny almazdan üýtgedilip ýa-da ýatyrylyp biliner.

***Yzyna çagyrylmaýan*** akkreditiw üpjün edijiniň razylygy bolmasa üýtgedilip ýa-da ýatyrylyp bilinmeýär. Eger-de akkreditiwiň şertlerinde göz öňunde tutulan bolsa, üpjün ediji möhletinden öň akkreditiwden ýüz öwürip bilýär.

**Türkmenistanda akkreditiw diňe bir üpjün ediji bilen hasaplaşyklar geçirmäge niýetlenendir we onuň salgysyny üýtgedip bolmaýar. Akkreditiwler-den nagt pullaryň tölenilmegine ýol berilmeýär.**

Hasaplaşygyň akkreditiw görnüşi, esasan, halkara hasaplaşyklarynda giňden ulanylýar.

**Akkreditiwler boýunça hasaplaşyklaryň möhleti we tertibi töleýji bilen üpjün edijiniň arasyndaky şertnamada kesgitlenilýär.**

Emitent bank tarapyndan kepillendirilen akkreditiwleriň açylyşy satyn alyjy bilen şertleşilmek we beýleki banklar bilen habarçy gatnaşyklaryň şertlerine laýyklykda amala aşyrylýar. Akkreditiwler boýunça tölegler taraplaryň şertnamasynda kesgitlenen möhletiň dowamynda tölenilýär.

Hasaplaşyklaryň akkreditiw görnüşinde *esasy düzgünleriň* ähli̇si doly berjaý edilýär: töleg tölemeklik haryt ugradylandan soň amala aşyrylýar; töleg töleýjiniň razyçylygy esasynda geçirilýär; eger-de şertnamada görkezilen ýagdaýlaryň bozulandygy ýüze çykarylsa, onda töleýjä tölegden ýüz öwürmeklige hukuk berilýär; akkreditiw satyn alyjynyň serişdeleriniň hasabyna ýa-da bank karzlaşdyrmasy esasynda açylýar. Hasaplaşykalaryň akkreditiw görnüşiniň *oňaýly tarapy* tölegiň kepillendirilýänligidir. Şunuň bilen birlikde hasaplaşyklaryň bu görnüşine birnäçe *kemçilikler* hem mahsusdyr. Olar öz gezeginde bu hasaplaşygyň ulanylyşyny çäklendirýärler: akkreditiwiň hereket edýän möhletiniň dowamynda satyn alyjynyň serişdeleri onuň hojalyk dolanyşygyndan aýrylýar; haryt dolanyşygy haýallaýar, sebäbi üpjün ediji akkreditiwiň açylandygy baradaky habary alýança taýýar önümi ugradyp bilmeýär we saklamaklyk üçin goşmaça harajatalary çekmeli bolýar.

***Çek hasaplaşygy.*** Çekler bilen hasaplaşyk kärhanalar we ilat tarapyndan harytlara we hyzmatlara töleg tölenilende Türkmenistanyň çäginde ulanylýar.

*Çek*-töleýjiniň özüne hyzmat edýän bankyna ýazmaça görkezmesi bolup, onda özüniň hasabyndan çeki saklaýana kesgitlenen puluň jemini tölemeklige görkezme berýär.

***Çek beriji*** (töleýji) harytlara we hyzmatlara çeki doldurmak we gol çekmek arkaly töleg töleýän tarapdyr.

***Çek saklaýjy*** (üpjün ediji) çekiň üsti bilen tölegi alýan tarapdyr.

Çekleri pul çekleri we hasaplaşyk çekleri diýen görnüşlere bölýärler.

**Pul çekleri**-çek saklaýana bankdan nagt pullary, mysal üçin, aýlyk haky, hojalyk harajatlary, iş saparlary harajatlary we ş.m. bermek üçin ulanylýar.

**Hasaplaşyk çekler** nagt däl hasaplaşyklar üçin ulnylýan çeklerdir. Hasaplaşyk çeki kesgitlenen görnüşdäki resminama bolup, çek berijiniň öz bankyna ýazuw (hat) üsti bilen özüniň hasapnamasyndan çek saklaýjynyň hasapnamasyna kesgitlenen puluň jemini geçirmäge berýän buýrugydyr. Hasaplaşyk çeki hem edil töleg tabşyrygy ýaly, töleýji tarapyndan doldurylýar, ýöne töleg tabşyrygyndan tapawutlylykda çek tölegi alyjy-kärhana hojalyk amallarynyň amala aşyrylan wagtynda geçirilýär, ol hem çeki öz bankyna töleg üçin tabşyrýar.

Çekler bilen hasaplaşyk geçirilende töleýji bankdan belli bir mukdarda (10, 15, 20, 25, 50), çek kitapçasyny satyn alýar. Şeýlelikde, ýuridiki taraplar çek kitapçalaryny bankdan alýarlar, olara banklarda esasy hasaplaşyk we beýleki hasapnamalar açylan bolsa, fiziki taraplara goýumlaryny saklaýan banklardan ýa-da olaryň işleýän kärhanalaryndan çek berilýär.

Çek kitapçalaryny bermeklik baradaky amallar ýuridiki ýa-da fiziki taraplaryň arzalary esasynda hemme banklar tarapyndan ýerine ýetirilýär.

Çek hasaplaşyklary töleýjiniň (kärhananyň, goýumçynyň) serişdeleriniň aýratyn hasapda deponirlenmegi bilen baglydyr. Şonuň üçin bank oňa çek depderçesini, onuň hasaplaşyk (gündelik) hasapnamasynda deponirlemek üçin serişdeleriň bolan ýagdaýynda

berýär. Aýratyn hasapnamada serişdeleri deponirlemek üçin kärhana banka töleg tabşyrygyny berýär.

Aýratyn hasapnamada bank tarapyndan deponirlenen jem çekiň çägi bolup çykyş edýär, çek beriji kesgitlenen çekiň çäginde jemini ýazyp bilýär we bank tarapyndan şol hasapnamadan tölenilýär. Çek hasaplaşygynyň tejribesinde ýuridiki taraplaryň arasynda "çäklendirilen çek hasaplaşyklary" diýlip atlandyrylýar.

**Çäklendirilen çek kitapçasynyň** deponirlenen jemine goşmaça girdeji goşulýar. Çäklendirilen çek kitapçasynyň möhleti üpjün ediji bilen alyjynyň arasynda baglaşylan şertnamada kesgitlenilýär we banka habar berilýär. Kesgitlenen möhletden soň çekler hereket etmeýär we bank tarapyndan kabul edilmeýär.

Çekler on günüň dowamynda hereket edýärler, olaryň ýazylan güni hasaba alynmaýar. Olar çek beriji tarapyndan döwletden kabul edilen hasaplaşyk pul birliginde, tölegiň jeminiň kesgitlenen gününde ýazylýar we çek saklaýja geçirilýär.

**Çek saklaýjy** çek berijilerden alan çeklerini özüne hyzmat edýän banka tabşyrýar. Ol öz gezeginde çekleri barlap, töleg üçin çek berijileriň bankyna iberýär.

**Çek berijiniň bankynda** çekiň jemi serişdeleriň deponirlenen aýratyn hasabyndan aýyryp, çek saklaýjynyň bankyndaky hasabyna geçirilýär. Çekler tölenilenden soň töleýjiniň bankynda galýarlar. Täjirçilik banklary çek hasaplaýjy bilen şertnama esasynda çeki berijiden tölegleri almaklyk jogapkärçiligini öz üstüne alyp bilýärler. Bu ýagdaýlarda çek saklaýjynyň hasabyna serişdelerden çekiň görkezilen güni geçirýär, soňra öz adyndan töleýjiden çekiň jemini talap edýär, töleýjiniň bankyna zerur resminamalary iberýär.

Çek kitapçasynyň bellenilen möhleti geçenden soň ol banka tabşyrylýar. Eger bellenilen möhleti dolmadyk, aýratyn hasapda ulanylmadyk serişdeler bar we çek kitapçasynyň hemme çekleri ulanylan bolsa, onda töleýjä (ulanylmadyk jemiň çäginde) täze çek kitapçasy berilýär.

Çekleriň nädogry, hyýanatly, zyýanly ulanylmagynyň ýa-da onuň ýitirilmeginiň jogapkärçiligi çek depderçesi berlen kärhananyň üstüne ýüklenilýär. Çek depderçesiniň ýitenligi baradaky habary ulanylmadyk çekleriň belgilerini görkezmek bilen kärhana haýal etmän banka ýetirmelidir.

**Çäklendirilen çek kitapçasy bilen geçirilýän çek hasaplaşyklarynyň artykmaçlyklary:** harytlaryň, hyzmatlaryň hereketi bilen tölegiň wagtynyň maksimal derejede ýakynlaşmagy; çeki saklaýja deponirlenen ýa-da bankyň serişdeleriniň hasabyna tölegiň öz wagtynda kepillendirilmegi; hasaplaşyklaryň çalt geçirilmeginiň we tölegleriň wagtynda gelmeginiň hasabyna hasaplaşykdaky serişdeleriň aýlanyşygynyň tizleşmegi; hasaplaşyklaryň ýönekeýligi.

**Bu hasaplaşyklaryň kemçilikleri:** çylşyrymly nomenklaturaly harytlar üçin hasaplaşyk geçirilende, tölegiň jemini hasaplamak kyn bolan ýagdaýynda ony ulanmaklygyň mümkinçiligi çäklidir, çekiň hereket etmeginiň dowamlylygy (10 gün), ony tölege taýýarlamak möhletini kadalaşdyrmaga mümkinçilik döredýär, ýöne ol öz gezeginde serişdeleriň aýlanyşygynyň haýallamagyna getirýär.

Kärhanalar (guramalar, edaralar) merkezleşdirilen ýagdaýda şertnama esasynda öz işgärleriniň arasynda ýaýratmak maksady bilen çek kitapçasyny almak üçin hat üsti bilen banklara ýüz tutmaga haklydyrlar.

Onuň üçin kärhanalar öz işgärleriniň banklardaky gündelik hasaplarynyň ýerleşýän ýeri baradaky maglumatlary toplaýarlar, bankdan arza-borçnamalarynyň resminamalaryny alýarlar, hasaplaşyk çek depderçesini almaga isleg bildirýän işgärlere doldurmaklyk üçin berýärler.

Arza-borçnamalar doldurylandan soň ol pasportlar bilen birlikde barlamak we kärhana hasaplaşyk çek kitapçalaryny bermek baradaky meseläni gutarnykly çözmeklik üçin banka tabşyrylýar.

Goýumçylar arza-borçnamalar esasynda öz goýumlarynyň saklanýan bankyndan hasaplaşyk çek kitapçalaryny alyp bilerler.

Goýumçylara çek kitapçalary bermeklik amallary (çek kitapçalaryny almaklyk usulyna garamazdan-özbaşdak ýa-da kärhananyň üsti bilen) aýratyn gündelik hasaplarda serişdeleriň deponirlenmegi bilen utgaşdyrylýar. Çek kitapçasynyň aýratyn hasapda deponirlenen jemine bank göterim töleýär (özbaşdak kesgitlenen möçberde), ol hasapnama ýapylanda tölenilýär.

Çek kitapçasynyň möhleti 1 ýyl. Eger ulanylmadyk çekler we gündelik hasapnamada serişdeler galan bolsa, onda bu möhlet ýene-de 1 ýyl uzaldylýar.

Hasaplaşyk çek kitapçasynyň eýesi çekleri öz kärhanasyna, harytlara we hyzmatlara tölemeklik üçin berýär. Ol öz gezeginde çekleri banklara tölege almaklyk üçin geçirýär.

Eger töleg üçin tabşyrylan çekleriň jemi aýratyn gündelik hasapda deponirlenen jemden ýokary bolsa, onda bank çeklerde görkezilen jemi töläp, ýetmeýän bölegini goýumdaky gündelik hasapdan aýyrýar ýa-da serişdeleriň bolmadyk ýagdaýynda aýratyn şahsy hasaba degişli edýär. Her bir gijikdirilen gün üçin hasapnamanyň eýesinden 1% möçberinde jerime alynýar. Goýumçy bergisini üzmedik ýagdaýynda ol jem raýatlyk kazyýetiň üsti bilen alynýar. Ulanylan çek kitaplary yzyna gaýtarylandan soň olaryň eýelerine täze çek kitapçalary berilýär. Çek kitapçalary ýitirilen ýagdaýynda goýumçy öz goýan serişdeleriniň saklanylýan bankyna arza bermelidir.

Çek kitapçasynyň eýesiniň çeki ulanmak üçin başga birine ynanç hatyny bermäge hukugy bardyr.

**Aksept (töleg talaby) hasaplaşygy.** Ýurdumyzyň banklarynda akseptiň p*oložitel* we *otrisatel, öňünden we soňundan, doly we bölekleýin* diýen görnüşleri ulanylýar.

***Oložitel aksept*** görnüşi ulanylanda töleýji her bir hasaplaşyk resminamasy boýunça, hat üsti bilen tölege razylygyny ýa-da närazylygyny habar bermelidir.

***Otrisatel aksept*** ulanylanda töleýji hat üsti bilen tölegden ýüz öwürmeýändigini banka habar bermelidir. Şertleşilen wagtda töleýji akseptden ýüz öwürýändigini duýdurmasa, ol tölege razy diýip hasaplanylýar.

***Öňünden razylaşylýan aksept*** ulanylanda töleýjiniň hasabyndan pul serişdeleri aýrylmanka üpjün edijiniň talabyna razylygyny aňladýar. Eger töleýji öz närazylygyny üç iş gününiň dowamynda mälim etmese, onda hasaplaşyk resmina-masy razylaşylan diýlip hasap edilýär. Şeýlelikde, hasaplaşyk resminamasynyň ban-ka gelen güni hasaba alynmaýar. Aksept hasaplaşygynyň möhletiniň dolan gününiň ertesi töleg tölenilýär.

***Soňundan razylaşylan aksept*** hasaplaşygynda bankyň tölegleri haýal etmän şol amaly günüň dowamynda tölemekligini aňladýar. Şeýlelikde, töleýjä üç iş gününiň dowamynda tölegden ýüz öwürmeklige hukuk berilýär.

Aksept hasaplaşygynda töleýjiniň tölegden ***dolulygyna ýa-da bölekleýin*** ýüz öwürmekligi hökman esaslandyrylmalydyr.

**Akseptden ýüz öwürmekligiň adaty esaslary:**

- sargyt edilmedik haryt;
- harytsyz hasap;
- öň tölenilen haryt;
- ylalaşylan bahanyň ýoklugy;
- harydyň ýalňyş salga iberilmegi we şertnama laýyk gelmeýän beýleki esaslar.

Düzgün boluşy ýaly, akseptden ýüz öwürmekligiň sebäpleri şertnamanyň degişli ýerlerine ýüzlenmek bilen tassyklanylmalydyr. Üpjün ediji bilen töleýjiniň akseptden ýüz öwürmek baradaky dörän her hili jedellerine bank seretmeýär. Şol bir wagtyň özünde aksepte razyçylyk bermek ýa-da ondan ýüz öwürmek taraplaryň birek-biregine arz etmeklik hukugyny aradan aýyrýar. Ol öz gezeginde suduň ýa-da arbitražyň üsti bilen çözülýär.

**Töleg usullarynyň bir görnüşi bolup zaçýot talaby çykyş edýär.**

Zaçýot hasaplaşygynda bergidarlaryň we algydarlaryň özara talaplary we borçnamalary deňululykdaky jemde üzülýär. Diňe olaryň arasyndaky tapawut üçin töleg geçirilýär. Özara zaçýot hasaplaşygy diňe bir kärhanalaryň garşylyklaýyn hasaplaşygynda däl-de, eýsem yzygiderli hasaplaşyklarynda hem ulanylýar.

Özara zaçýot hasaplaşygy iki kärhananyň, birnäçe kärhanalaryň we pudagara hasaplaşyklarynda ulanylyp bilner. Wagtyna baglylykda hasaplaşyklar ***birgezekleýin*** we ***hemişelik*** bolýarlar.

Zaçýot hasaplaşygyna dürli hasaplaşyk resminamalary (töleg-talap- tabşyryklary, töleg tabşyryklary, çekler) ugradylan harytlar, ýerine ýetirilen hyzmatlar öz wagtynda tölenilmedik tölegi ýa-da zaçýot geçirilýän günündäki tölegler kabul edilýär.

Her bir zaçýota gatnaşyja (iki kärhananyň arasyndaky birgezekleýin zaçýotdan başgasyna) wagtlaýyn (zaçýot döwründe) aktiw-passiw şahsy hasap açylýar. Ondan beýleki zaçýot gatnaşyjylara serişdeler geçirilýär we onuň özüne hem beýleki kärhanalardan gelýän serişdeler geçirilýär.

Şahsy hasaplar ýapylan ýagdaýynda emele gelen karz galyndylary zaçýota gatnaşyjylaryň hasaplaşyk ýa-da beýleki hasaplaryna geçirilýär.

Şahsy hasapda debet galyndysy emele gelen ýagdaýynda, ol zaçýota gatnaşyjylaryň hasaplaşyk hasabyndan üzülýär ýa-da bank edaralary zaçýotyň tamamlanmagy üçin karz berip bilýärler. Karzy üzmekligiň şerti kärhana bilen ylalaşykda banklar tarapyndan kesgitlenilýär. Wagtlaýyn şahsy hasaplar ýapylandan soň gelýän serişdeler karzy üzmeklige gönükdirilýär. Eger bergi bolmasa hasaplaşyk ýa-da beýleki hasaplara geçirilýär.

***Özara zaçýot hasaplaşygynyň artykmaçlygy:*** ikitaraplaýyn bergidarlyk kemelýär, tölegsizlik aradan aýrylýar, töleg serişdeleri tygşytlanylýar.

Zaçýot hasaplaşygynyň esasynda barter amallary hem ýerine ýetirilýär. *Barter geleşikleri*-özara haryt alyş-çalyş amallary bolup, harytlara eýeçilik hukugyny berýär (natural alyş-çalyş), daşary söwda birleşikleri görkezilýär. Onda satylýan harytlar üçin pul hasaplaşyklary geçirilmeýär. Bu öz gezeginde geleşige gatnaşyjylara şertnamada görkezilen nomenklaturany, möçber bahany we öz satan harytlarynyň şertini galp ylalaşmaga mümkinçilik döredýär.

Täjirçilik gatnaşyklarynyň ösmegi bilen hasaplaşyklaryň gijikdirip tölemek usuly wekseli ulanmaklyk esasynda ýüze çykýar.

## Hasaplaşygyň weksel görnüşi

Üpjün ediji bilen töleýjiniň arasynda harytlara we hyzmatlara gijikdirilip tölenilýän töleg (täjirçilik karzy) üçin ýöriteleşdirilen weksel resminamasy esasynda geçirilýän hasaplaşyga **hasaplaşygyň weksel görnüşi diýilýär.**

**Weksel -** bu kanun esasynda berkidilen görnüşde hökmany ýazuw bergidarlyk-borçnamasy bolup, onuň eýesine bergidardan wekselde görkezilen puluň jemini jedelsiz talap etmäge hukuk berýär. Kanun wekselleriň **ýönekeý we geçirilýän (tratta)** weksel diýilýän iki esasy görnüşini kesgitleýär.

***Ýönekeý weksel*** (solo weksel) ýazuw resminamasy bolup, hiç zat bilen şertlendirilmedik ýönekeý borçnamadyr. Onuň esasynda weksel beriji (bergidar) belli bir wagtda, belli bir ýerde, kesgitlenen jemi serişdäni alyjylara tölemelidir. Ýönekeý weksel töleýji tarapyndan ýazylyp, ol onuň bergidarlyk hatydyr.

***Geçirilýän weksel (tratta)*** ýazuw resminamasy bolup, weksel berijiniň (kreditoryň) töleýjä wekselde görkezilen puluň jemini üçünji tarapa tölemek barasynda gürrüňsiz buýrugydyr.

Ýönekeý wekselden tapawutlylykda geçirilýän weksele azyndan üç tarap gatnaşýar: *weksel beriji (trassant), töleýji (trassat)-weksel boýunça töleg geçirmeklige buýruk berilen tarap; weksel saklaýjy(remittent)-weksel esasynda serişdeleri alyjy.*

Geçirilýän weksel hökmany ýagdaýda töleýji (trassat) bilen razylaşan bolmaly. Diňe şondan soň ol ýerine ýetirmäge kabul edilýär. Geçirilýän wekseliň razylaşan tarapy edil ýönekeý wekseliň weksel berijisi ýaly esasy weksel bergidary bolýar. Ol wekseliň öz wagtynda tölenilmegine jogap berýär.

**Aksept (razylaşyk)** wekseliň ýüz tarapynyň çep böleginde bellenilýär we ***"razylaşylan" (akseptowan), "kabul edilen", "tölärin"*** we ş.m. sözler bilen bellik edilýär, hökmany ýagdaýda töleýjiniň goly goýulýar.

Weksel beýan görnüşli resminamadyr. Onda gerekli (zerur) rekwizitleriň sanawy bolmaly. Rekwizitleriň diňe biriniň görkezilmedik ýagdaýynda weksel ýuridiki güýjüni ýitirýär.

Wekseliň hökmany rekwizitlerine weksel belligi (ýagny resminama "weksel" sözüniň ýazylmagy, resminama haýsy dilde doldurylan bolsa, şol dilde hem ýazylmaly), wekseliň doldurylan ýeri we wagty (doldurylan güni, aýy we ýyly); kesgitlenen pul jemini tölemekligi boýun almak, puluň jemini san we ýazuw üsti bilen görkezmek (düzediş girizmek gadagan), tölegiň möhleti, tölegiň hakykylygynyň buýrugy esasynda ýa-da kime töleg tölenilýän bolsa adynyň görkezilmegi, weksel berijiniň goly, öz eli bilen çekmäge degişlidir.

Ýönekeý wekselde weksel beriji töleýji bolup çykyş edýär, emma geçirilýän wekselde töleýji bolup aýratyn tarap (trassat) çykyş edýär. Onuň ady geçirilýän wekseliň zerur goşmaça rekwizitleriniň biridir. Adatça töleýjiniň (trassatyň) belligi wekseliň ýüz tarapynyň çep böleginiň aşak burçunda ýazylýar. Ýönekeý wekselde ýazylýan "tölemekligi boýun alýaryn" sözlere derek geçirilýän wekselde "töläň", "tölemeli" diýen buýruk ýazylýar.

Ýönekeý we geçirilýän weksel baradaky düzgünnamada töleýjiniň razylaşylan weksel boýunça tölemeli tölegi ynamdarlygyň (awalyň) üsti bilen goşmaça kepillendirilip bilner. Bu ynamdarlygy üçünji tarap (adatça bank) ilki başky töleýji we her bir weksel boýunça borçly tarap üçin berýär.

Geçirilýän weksel boýunça töleg dolulygyna ýa-da awalyň üsti bilen (weksel ynamdarlygy) weksel jeminiň belli bir bölegi möçberde üpjün edilip bilner. Awaly üçünji tarap ýa-da weksele gol çeken taraplaryň biri berýär.

Awalçy hem awal berlen tarap ýaly tölege deň jogapkärçilik çekýär.

Weksel saklaýjy indosant ýa-da awalçy zerurlyk çykan ýagdaýynda razylaşyk ýa-da töleg üçin haýsydyr bir tarapy (araçyny) görkezip biler. Araçyl bolup töleýjiniň özi hem çykyş edip bilýär.

Araçyl iki iş gününiň dowamynda kim üçin araçyl bolýanlygyny oňa habar bermelidir. Kim üçin töleg tölenilýän bolsa, oňa degişli jemini dolulygyna üzmelidir.

Geçirilýän wekselden ýüz döndermeklik natorial tassyklanylmalydyr. Natorial tassyklanan tölegden ýüz döndermeklik weksel (protesti) garşylygy diýlip atlandyrylýar.

Tölegiň gelmedik ýagdaýynda weksel saklaýjy wekseli kreditora (algydara) ýa-da weksel boýunça borçlanan haýsam bolsa bir tarapa töleg garşylygy bilen birlikde iberýär.

Ýokarda görkezilen düzgünnama ýönekeý weksele hem degişlidir.

Hojalyk aýlanyşygyna wekselleriniň girizilmegi bilen ýurduň täjirçilik banklary aşakdaky amallary amallary ýerine ýetirip bilýärler:

- wekselleri tölemeklik üçin inkassa kabul etmeklik;
- wekseli hasaba almaklyk;
- weksel üpjünçiligini girewine almaklyk esasynda karz bermeklik.

Türkmenistanyň Merkezi banky wekselleri gaýtadan hasaba alyp bilýär.

**Wekselleri tölege kabul etmeklik** weksel saklaýjynyň tabşyrygy boýunça bank tarapyndan amala aşyrylýar. Wekselleri tölemeklik üçin diňe bank edaralary bolan ýerlerinde kabul edilýär. Şeýle weksel banklara gaýtadan ynamdarlyk bilen üpjün edilip tabşyrylýar.

**Wekseli inkassa kabul etmek bilen,** bank olary töleg ýerine ugratmaga borçlydyr. Resminamalaryň tabşyrylanlygyny töleýjä habar bermeklik weksel saklaýjy tarapyndan özbaşdak amala aşyrylýar. Weksel öz wagtynda tölenilmese weksel saklaýjynyň şertnama tabşyrygy esasynda weksel garşylygy barasyndaky borçnamalary bank öz üstüne alyp bilýär.

Bank ýedi kalendar gününden gijä galman, garşylyk resminamasyny doldurmak üçin natarusa geçirýär. Natarusdaky garşylyk belgisi bilen wekseller yzyna gelenden soň bank hojalyk suduna ýazmaça talabyny (3 günden 7güne çenli) tabşyrýar. Bu talabyň ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda bank sud edaralaryna weksel boýunça mejbury ýagdaýda töletmeklik üçin ýüz tutýar.

Weksel saklaýjy indossament boýunça tölegiň möhleti dolmanka wekselleri banka satanda we kesgitlenen jemi alanda (hasabat göterimini aýyryp) amala aşyrylýan amallara **wekseli hasaba almaklyk diýilýär.** Bu ýagdaýda bank möhleti dolanda weksel boýunça töleg alýan tarapa öwrülýär.

Haryt geleşiklerine esaslanan **ýönekeý** hem-de **geçrilýän** weksel hem hasaba almaklyga kabul edilýär.

**Wekseliň hasaby** bankda ýörite kitapda alnyp barylýar. Onda wekseliň tertip belgisi, weksel saklaýjynyň we weksel berijiniň ady, tölegiň jemi we wagty ýazylýar. Şol bir wagtyň özünde wekseldäki blanka ýazgysyny (indossament weksel berijiniň adyndan), bank möhri ”bankyň bergidaryna töläň” goýmak bilen tölegi alyjy-banka geçirýär.

Töleg alnanda wedmosta degişli bellik goýulýar, weksel bolsa töleýjä gaýtarylýar.

Wekseller hasaba alnanda hasap göteriminiň (diskontyň) jemi öňünden kesgitlenilýär. Diskontyň jemini hasaplamak üçin aşakdaky formula ulanylýar.

$$D_s = \frac{BTX}{100x360}$$

**Bu ýerde,**

$D_s$- diskontyň jemi;

B- wekseliň jemi ;

T- tölegiň möhleti;

X- hasap möçberi.

Wekseli hasaba almak amallary bank tarapyndan weksel karzynyň berilmegi bilen utgaşdyrylýar. Bu karzy almak üçin sargyt weksel saklaýjy tarapyndan banka-onuň hasaplaşyk (gündelik) hasabynyň açylan ýerine berilýär. Weksel karzynyň maksadalaýyklygy bank müşderiniň karza ukyplylyk derejesine we karzy öz wagtynda gaýtaryp bermek mümkinçiligine esaslanýar.

Karz alyjynyň karzy öz wagtynda gaýtaryp bermegini üpjün etmek üçin bank ondan girewine wekseli kabul edijä, bu ýagdaýda karz weksel üpjünçiligi (weksel girewi) esasynda berilýär. Eger karz alyjy karzy bellenilen möhletde gaýtaryp bermese, bank girewine goýulan wekseli satyp, yzyna gaýtarylmadyk berginiň jeminiň öwezini dolmaga haklydyr. Weksel üpjünçiligini ulanmaklyk bank töwekgelçiliginiň derejesini peseldýär.

Wekselleri hasaba almaklygyň we olaryň girewiniň hasaplary aýratyn açylýar. Karzlar möhletleýin we möhletsiz berilýär. Weksel girewi esasynda karz berlende, olary hasaba almaklyk amallaryndan tapawutlylykda karz alyjynyň girewine goýulan weksellere eýeçilik hukugy saklanýar. Ýöne bu wekseller boýunça hasaplaşyklar geçirilýär.

**Weksel girewi esasynda karz bermeklik** karzyň üpjünçiligi hökmünde girewine goýulan wekseller iki (we ondan köp) gol bilen üpjün edilen bolsa (weksel saklaýjynyň we weksel alyjynyň) karz şertnamasy esasynda amala aşyrylýar.

Biziň ýurdumyzda weksel amallary 2003-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan Prezidentiň Karary bilen ýatyryldy. Bu karzyň ösmänligi kärhanalaryň wekseller bilen işlemekde tejribesiniň ýeterlik däldigi, şeýle hem bu hasabatyň usulynyň käbir kemçilikden, ýagny uly zähmet talap edijiligi, hasaplaşygyň möhletiniň dowamlylygy bilen düşündirilýär. Şol bir wagtda wekseller bilen geçirilýän amallar karzyň berilmegini, harytlaryň hereketi bilen berk baglanyşdyrmaga mümkinçilik döredýär.

**Üpjün edijä tölegi kepillendirýän hasaplaşyk usullaryň biri hem faktoringdir.**

**Faktoring** söwda komission amallarynyň bir görnüşi bolup, ol müşderiniň aýlanyşyk kapitalyny karzlaşdyrmak bilen utgaşýar. Haryt ugradyjy bank-faktora alnan işlere edilen hyzmatlar üçin öz hukugyny geçirýär. Faktoring hyzmatynyň maksady tölegiň möhletini tizleşdirmekdir. Ony amala aşyrmak üçin ýörite faktoring bölümler döredilýär, mysal üçin, bank edarasy hem faktoring bolüminiň adyndan çykyş edip bilýärler.

Faktoring hyzmaty berginiň öz wagtynda alynmagy, tölegiň gijikdirilenligi zerarly emele gelen ýitgini peseltmegi we gümürtik berginiň öňüniň alynmagy; haryt ugradyjylaryň islegine görä karzyň öňünden tölenilýän görnüşde berilmegi; kärhanalara buhgalter hasabatyny alyp barmakda kömek bermekligi; nagt däl hasaplaşyklary amala aşyrmaklykda hemişelik we bir gezekleýin maslahatlary bermekligi; ýuridiki hyzmatlary (karz-hasaplaşyk hyzmaty boýunça iş kagyzlaryny we beýleki resminamalary taýýarlamakda kömek bermek) öz içine alýar.

Faktoring ýerine ýetiýän hyzmatlaryny komission başlangyçlarda we şertnama esasynda amala aşyrmaklygy göz öňünde tutuýar.

Bank (faktoring bölümi) hojalyk guramalary bilen şertnama baglaşanda töleýjiniň maliýe ýagdaýyny; onuň hojalyk gatnaşyklarynyň häsiýetini we haryt ugradyjylar bilen emele gelen töleg aragatnaşyklarynyň tejribesini, ugradylýan önümiň görnüşini, hil we bäsdeşlige ukyplylygny, önümiň yzyna gaýtarylmak ýagdaýynyň sanyny we ş.m. göz öňünde tutmalydyr. Bölüm bilen şertnama gatnaşyklaryna girýän hojalyk guramalary zerur bolan ýagdaýlarda olaryň maliýe işini seljermek üçin buhgalter hasabatyny we beýleki maglumatlary bermelidirler.

Şertnamada amallary geçirmekligiň şertleri bellenilýär:

- alyjydan ýük ugradyjynyň talap edýän töleg hasabynyň jemi;
- tölenilen hasaplar boýunça göterim stawkalarynyň möçberi;
- komission höweslendirmeler;
- faktoring esasynda karz bermekligiň we üzmekligiň şertleri;
- ýük getirijileriň hasaplaryny satyn almaklyk we olaryň esasynda töleýjiler-den serişdeleri almaklyk, şol sanda töleg talap-tabşyryklarynyň rekwizitleri bilen baglanyşykly beýleki zerur şertler.

Söwda-komission amallar bankyň hususy serişdeleriniň (gaznalar, peýdalar) we bankyň karz resurslarynyň, kärhanalaryň boş duran serişdeleriniň, ýagny depozit hasaplary geçirilen serişdeleriň hasabyna amala aşyrylýar.

Bu amallaryň töwekgelçiligini göz öňünde tutmak bilen araçyl bank, ýük ugradyjy bilen şertnama baglaşanda olaryň geçirilmegine aýratyn çemeleşýär. Öz balansynyň likwidliligne bolan talap, şeýle hem bergidaryň karza ukyplylygy hasaba alynýar. Zerur ýagdaýlarda araçyl bank töleýji kärhanalaryň maliýe ýagdaýy baradaky maglumatlary töleýjiniň bankyndan talap edip biler.

Faktoring amallarynyň giňeldilmeginiň maksady ýük ugradyjylaryň satylan harytlaryň we yerine ýetirilen hyzmatlaryň tölegi çalt almaklygyna we şonuň bilen birlikde öz serişdelerini mundan beýläk harçlamagy meýilleşdirmäge mümkinçilik berýänligi bilen baglanyşyklydyr.

### *8.4. Tølegçileriň hasaplaryndan olaryň razyçylygy bolmadyk ýagdaýynda serişdeleriň øçürilişi.*

Tølegçileriň hasaplaryndan olaryň razyçylygy bolmadyk ýagdaýynda serişdeler diňe Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygynda gøz øňünde tutulan halatynda amala aşyrylyp bilinýär.

Tølegçileriň razyçylygy bolmadyk ýagdaýynda serişdeleriň øçürilmegi ýerine ýetiriji resminamalaryň esasynda geçirilýär.

Serişdeleri øçürmeklik üçin ýerine ýetiriji resminamalara:

- kazyýetler tarapyndan berlen ýerine ýetiriji hatlar;
- hojalyk kazyýetleriniň buýruklary;
- salgyt we beýleki høkmany tølegleriň tølenmän galan møçberleri, şeýle hem Türkmenistanyň kanunçylygynda gøz øňünde tutulan jerimeleriň, tutumlaryň we beýleki çäreleriň pul jemleri barada salgyt we beýleki gulluklaryň buýruklary;
- notarius tarapynda tassyklanan ýerine ýetiriji ýazgylar;
- kärhananyň kärdeşler arkalaşygy tarapyndan zähmet jedelleri boýunça geçirmeli we ýerine ýetirmeli zähmet jedelleri boýunça tarapyň tassyklamasy, ýa-da kärdeşler arkalaşygynyň zähmet jedeli boýunça çykaran kararlary;
- kärhananyň kärdeşler arkalaşygynyň zeperiň øwezini dolmak üçin belli bir pul jemini almak üçin, kärhananyň günäsi boýunça işgäriň we gullukçynyň saglygyna şikes ýetende, ýa-da maýyp bolanda, şeýle-de bu sebäplere gørä işgäriň we gullukçynyň ýogalan halatynda berýän tassyklamasy.

### *8.5. Hasaplaşyk – pul resminamalaryň gørnüşleri.*

Ähli häsaplaşyk-pul resminamalary gørkezilýan amallaryň häsiýeti boýunça pulhana, memorial we balansdan daşary gørnüşlere bølünýärler.

***Pulhana (kassa) resminamalary*** bilen nagt pullary kabul etmek we bermeklik boýunça amallar doldurylýar. Pulhana resminamalary girdeji we çykdajy gørnüşlere bølünýärler.

***Girdeji pulhana resminamalara*** şuaşakdakylar degişlidir:

- bankyň pulhanasyna nagt puly geçirmek üçin müşderiniň arzasy;
- girdeji pulhana orderleri;
- pul kabul etmeginiň kwitansiýasy.

***Çykdajy pulhana resminamalara*** şu aşakdakylar degişlidir:

- nagt pul almaklyga çekler;
- çykdajy pulhana orderleri.

***Çek kitapçalary*** (atly we gørkezijä) bankyň müşderlerine olaryň arzalary boýunça berilýär. Goýumlary bermek çykdajy pulhana orderleri doldurmaklyk arkaly amala aşyrylýar.

Mundan başga-da girdeji we çykdajy orderleri bankyň içindäki amallary geçirmekde hem ulanylýarlar-mysal üçin:

- hasabyň bermeli pul jemleri gaýtarylanda;

- bankyň işgärlerine zähmet haky tөlenende.

***Memorial resminamalar*** hasaplar boýunça nagt däl geçirimler geçirmekde ulanylýarlar: tөleg talapnamasy, tөleg tabşyryknamasy, akkreditiw üçin arza. Häzirki dөwürde hasaplaşyk resminama hem ulanylýar.

***Balansdan daşary*** resminamalara balansdan daşary girdeji we çykdajy orderleri degişlidir. Olar boýunça pulhanada we buhgalteriýada saklanylýan gymmatlyklaryň we resminamalaryň kabul edilmegi we berilmegi alnyp barylýar.

### *8.6. Tөlegleriň nobatlylygy.*

Hereket edýän "Türkmenistanda nagt däl hasaplaşyklaryň Düzgünnamasyna" laýyklykda, kärhananyň hasaplaryndan ilkinji nobatda zähmet haky we oňa deňleşdirilen tөlegler, merkezleşdirilen tөlegler, obýekti goramaga tөlegler, ýangyç – energetiki өnümler üçin tөlegler, bankyň mөhleti geçen karzlary we olaryň gөterimleri boýunça tөlegler tөlenýär. Şonuň bilen birlikde, tөlegleriň kalendar nobaty saklanylyp galynýar, ähli beýleki tөlegler kalendar nobatynda tөlenýär.

Täjirçilik düzümleriň, telekeçileriň, bilelikdäki we hususy kärhanalaryň hasaplary boýunça tөlegler, diňe olaryň hasaplarynda serişde bolan ýagdaýynda tөlenýär.

Kärhananyň hasabyndaky serişdeleriň onuň buýrugy bolmadyk ýagdaýynda hasapdan өçürilmegine Türkmenistanyň kanunçylygynda gөz өňünde tutulan ýagdaýlarda ýol berilýär.

### *8.7. Hasabyň halkara ülňeleri barada umumy düşünjeler.*

Bazar gatnaşyklaryna geçilýän dөwürde kärhanalaryň buhgalter hasabyny gurnamagy kämilleşdirmegiň wajyp ugry bolup ony hasabyň we hasabatyň Halkara standartlaryna (ülňülerine) gөnükdirmek çykyş edýär.

Umuman, "standart" iňlis dilinde kada, nusga ýaly manylary aňladýar. Buhgalter hasabyna degişlilikde standart hasaby ýөretmegiň resminamalaşdyrylan toplumyny aňladýar. Bu dөwlet mөçberli iş Türkmenistanyň ykdysadyýetine maýa goýumlary çekmeklige ýardam etmelidir. Şeýle hem, hasap we gөzegçilik işiniň netijeliligini we hilini ýokarlandyrmak, kärhanalara has kämil we esasly hasap ulgamyny өzbaşdak ulanmaga mümkinçilik dөreder.

Hasabyň halkara standartlarynyň komiteti (HHSK) 1973-nji ýylyň Oguz aýynyň 29-yna Awstraliýanyň, Kanadanyň, Fransiýanyň, Germaniýanyň, Ýaponiýanyň, Meksikanyň, Nederlandlaryň, Beýik Britaniýanyň we Irlandiýanyň, şeýle hem ABŞ-nyň buhgalter guramalarynyň ylalaşygyna laýyklykda dөredildi.

HHSK-iň işi 13 ýurduň we 4 guramanyň wekillerinden durian Geňeş tarapyndan ugrukdyrylýar.

HHSK-iň wezipeleri onuň Tertipnamasynda şeýle kesgitlenendir:

a) maliýe hasabatlary düzülende we tabşyrylanda ulanylýan dөwlet bähbitli hasap standartlaryny düzmek we çap etmeklik;
b) maliýe hasabatyna degişli buhgalter düzgünnamalaryny, standartlaryny we tertiplerini kämilleşdirmek we sazlaşdyrmak boýunça işleri alyp barmaklyk.

HHSK hasabyň Halkara standartlaryny işläp düzmekde we çap etmekde Buhgalterleriň Halkara federasiýasynyň garaşsyz, əzbaşdak hereket etmäge hukugy bardyr.

Işlenip düzülen halkara standartlarynda diňe esasy meselelere üns berilýär, sebäbi jikme-jik standartlary düzmek olaryň bütin dünýä məçberinde ulanylmagynda kynçylyk dərederdi. HHSK-iň çykarýan standartlary hasap işleriniň gündelik ýagdaýyny barlamak we girizilmeli üýtgeşmeleri anyklamak üçin mydama täzeden garalyp durulýar. Halkara buhgalter standartlary (HBS) iňlis dilinde çykarylýar.

HHSK-iň çykarýan standartyny kabul etmek üçin həkmany däldir we teklip ediji häsiýete eýedir.

Standartlar aýry-aýry ýurtlarda buhgalter hasabyny alyp barmagyň we maliýe hasabatlary çykarmagyň milli talaplaryny inkär etmän, olara uýgunlaşdyrylyp bilinýär.

Häzirki dəwürde hasabyň we auditiň 39 sany halkara standarty hereket edýär.

HBS 1 – Hasap syýasatynyň açylyp gərkezilişi.

HBS 2 – Haryt-maddy ätiýaçlyklary.

HBS 3 – (HBS 27 we 28 bilen çalşyrylan).

HBS 4 – Amortizasiýa geçirimleriniň hasaby (kənelişme ýazylyşynyň hasaby).

HBS 5 – Maliýe hasabatlarynda açyp gərkezmeklige degişli maglumatlar.

HBS 6 – (HBS 15 bilen çalşyrylan).

HBS 7 – Pul serişdeleriň hereketi barada hasabat.

HBS 8 – Hasabat dəwrüniň sap peýdasy ýa-da zyýany, düýpli ýalňyşlyklar we hasap syýasatynda üýtgeşmeler.

HBS 9 – Ylmy-gəzleglere we tejribe-konstruktorçylyk işlerine çykarylan harajatlaryň hasaby.

HBS 10 – Balans hasabaty tabşyrylan wagtyndan soňky bolup geçen gəz əňünde tutulmadyk işiň ýagdaýy.

HBS 11 – Gurluşyk potratlary (şertnamalary).

HBS 12 – Girdejä salynýan salgydyň hasaby.

HBS 13 – Gündelik aktiwleriň we gündelik borçlaryň berilmegi.

HBS 14 – Hasabatda bəlekleýin maliýe maglumatlary.

HBS 15 – Üýtgeýän bahalaryň netijesini gərkezýän maglumatlar.

HBS 16 – Gozgalmaýan serişdeler, jaýlar we enjamlar.

HBS 17 – Kärende hasaby.

HBS 18 – Girdejileri kesgitlemegiň usullary.

HBS 19 – Pensiýa üpjünçiligi boýunça kəmek pulunyň hasaby.

HBS 20 – Dəwlet goldawynyň hasaby we dəwlet kəmegini açyp gərkezmek.

HBS 21 – Walýuta çalşygynyň kursunyň üýtgemeginiň täsiriniň hasaby.

HBS 22 – Kompanýalaryň birleşmesi.

HBS 23 – Karzlar boýunça harajatlar.

HBS 24 – Maliýe işine gəzegçilik edýän kompaniýalaryň maglumatlaryny açyp gərkezmek.

HBS 25 – Düýpli maýa goýumlaryň (inwestisiýalaryň) hasaby.

HBS 26 – Pensiýa üpjünçilik maksatnamalary boýunça buhgalter hasaby we hasabat düzülişi.

HBS 27 – Ylalaşdyrylan maliýe hasabatlary we garamagyndaky kärhanalara düýpli maýa goýumlaryň hasaby.

HBS 28 – Assosirlenen kärhanalara düýpli maýa goýumlaryň hasaby.

HBS 29 – Iň ýokary derejeli pul hümmetsizlenmeli ykdysadyýetiň şertlerinde maliýe hasabaty.

HBS 30 – Banklaryň we olara meňzeş maliýe edaralarynyň maliýe hasabatyny açyp gөrkezmek.

HBS 31 – Bilelikdäki kärhanalaryň maliýe hasabatynda gatnaşyk paýyny gөrkezmek.

HBS 32 – Maliýe gurallary.

HBS 33 – Aksiýalara (paýlara) peýda.

HBS 34 – Aralyk maliýe hasabaty.

HBS 35 – Bes edilen iş.

HBS 36 – Aktiwleriň arzanlamagy.

HBS 37 – Ätiýaçlyklar, şerti borçlar we şertli aktiwler.

HBS 38 – Maddy däl aktiwler.

HBS 39 – Maliýe instrumentleri-kesgitlemekwe baha bermek.

Hasap standartlary iki gөrnüşe: halkara we içerki gөrnüşlere bөlünýärler. Buhgalter hasabynyň halkara standartlary Hasabyň halkara standartlar komiteti (HHSK) tarapyndan işlenip düzülen we ulanmaga teklip edilýän standartlardyr. Içerki standart – her ýurduň ulanmak üçin çap edýän buhgalter hasaby boýunça normalaşdyryjy materiallarydyr.

Halkara standartlaryny maksatlary boýunça üç bөlege bөlüp bolýar.

1-nji bөlek – buhgalter hasabynyň halkara ýөrelgelerini düzýän standartlar.

2-nji bөlek – maliýe hasabatynyň düzümi we mazmunyny tertipleşdirýän standartlar.

3-nji bөlek – aýry obýektleriň hasaba alnyş tertibini kesgitleýän standartlar.

### *8.8. Buhgalter hasabynyň dünýädäki nusgalary we gөrnüşleri.*

Daşary ýurt ykdysadyýetçileri tarapyndan, buhgalter hasabynyň birnäçe nusgalary bellenip geçilýär:

- amerikan, (ABŞ, Awstraliýa, Beýik Britaniýa we beýlekiler);
- kontinental (Awstriýa, Italiýa, Germaniýa, Fransiýa we beýlekiler);
- günorta-amerikan (Argentina, Braziliýa, Çili we beýlekiler).

***Amerikan nusgada*** hasap maýadarlaryň we karzdarlaryň islegine gөnükdirilenligi; өsen gymmatly kagyzlaryň bazary; ýokary hünärmenlik derejede buhgalter taýýarlygy; halkara korparasiýalaryň өsenligi we ş.m..

***Kontinental nusgada*** banklar bilen ysnyşykly arabaglanyşyk; hasabyň jikme-jik ýuridiki düzgünleşdirilmegi; hasabyň we hasabatyň salgyt salnyşynyň we makroykdysady meýilnamalaşdyrmasynyň dөwlet sazlaşdyrmasyna gөnükdirilmegi çykyş edýärler.

***Günorta-amerikan nusgasyna*** ýokary derejede puluň hümmetsizlenmegi, hasabyň we hasabatyň dөwlet meýilnamalaşdyrmasyna gөnükdirilenligi, hasap prinsipleriniň umumylaşdyrylmagy häsiýetlidirler.

Daşary ýurtlarda buhgalter hasaby iki pudaga bөlünýär: maliýe hasaby we dolandyryş hasaby. Maliýe hasaby ähli daşky ulanyjylaryň bähbidine alnyp barylýar.

Dolandyryş hasap, ilkinji nobatda, kärhananyň ɵzünde işleýän işgärleriň bähbidine ýɵredilýär. Şonuň üçin, maliýe hasaby-daşarky, dolandyryjy hasap bolsa – içerki hasap diýip atlandyrylýar.

Maliýe hasaby kärhananyň serişdeleriniň ýagdaýynyň, dolandyryjy-hasap bolsa olaryň hereketini gɵrkezýär. Emläkleriň belli bir pursatdaky ýagdaýy statiki ugry, olaryň hereketi bolsa dinamiki ugry düzýärler.

Maliýe we dolandyryjy hasaplary şu häsiýetler boýunça tapawutlandyrýarlar:

***Maglumatlary esasy ulanyjylar:*** Kärhananyň maliýe hasabaty ulanyjylaryň iki topary üçin niýetlenen bolýar: onuň bilen gɵnüden-gɵni we daşgyn gyzyklanýanlar.

Birinji topara kärhananyň serişde eýeleri (sebäbi olar ɵz maýalarynyň artandygyny ýa-da kemelendigini kesgitlemeli); ýük ugradyjylar (karzynyň mɵhletini uzaltmagy kesgitlemeli); salgyt edaralary (salgyt hasaplamak üçin); alyjylar (nyryhlaryň ɵsüşini kesgitlemek üçin); kärhananyň administrasiýasy (maliýe serişdelere bolan islegi we kabul edilen dolandyryjy çɵzgütleriň netijesini kesgitlemek üçin); kompaniýanyň gullukçylary we işgärleri (işçileriň geljegini kesgitlemek üçin) degişlidirler.

Ikinji topara gymmatly kagyzlaryň bazarlary, maslahatçylary, hukukçylar, metbugat, kärdeşler arkadaşlyklary we ş.m. degişli diýip hasaplanylýar.

Dolanjyryjy hasaplar, ýagny içerki analitiki hasaplar, dolandyryjylar tarapyndan ulanylýarlar. Hasabatlaryň mazmuny olaryň niýetlenen maksatlary, dolandyryş derejeleri, ulanylan usullary boýunça dürli-dürli bolup bilýärler. Mysal üçin, ɵnümiň ɵzüne düşýän gymmatyny hasaplamak üçin ɵnümçilik harajatlary; bɵlümleriň gündelik işini kesgitleýän hasabatlar, uzak mɵhletleýin maýa ýa-da maliýe goýumlary we ş.m.

***Hasap ulgamynyň gɵrnüşleri.*** Maliýe hasabatlary pul ɵlçeglerde düzülýärler we Baş kitaba girýän ähli hasaplaryň dolanyşygyny gɵrkezýärler. Buhgalter maglumatlarynyň kärhananyň içindäki hasaplamalarynda we hereketinde bu iş hɵkmany hasaplanylmaýar.

***Çäklendirmeler.*** Maliýe hasabaty kompaniýanyň maliýe işi boýunça düzmeklik, ýazgy geçirmeklik, gɵrnüşlere bɵlmeklik we seljerme etmeklik bilen meşgullanýar. Dolandyryjy hasaba diňe bir talap goýulýar, ýagny ulanylýan hasabyň ähli serişdeleri peýdaly maglumat toplamaklyga gɵnükdirilen bolmaly.

***Ulanylýan ɵlçegler.*** Maliýe hasabynyň ähli maglumatlary “taryhy” dollarlarda, ýagny hereket eden kurslarda gɵrkezilýär. Dolandyryjy hasapda diňe bir, taryhy dollar däl-de beýleki ɵlçegler hem ulanylýar (zähmet, natural).

***Hasbatlaryň düzülişi.*** Maliýe hasabaty, adatça tertipleşdirilenesasda (aýlyk, çärýeklik, ýyllyk) alnyp barylýar. Dolandyryjy hasabat tertipleşdirilen esasda-da, şol bir wagtyň ɵzünde-de ulanyja gerek bolan ýagdaýda-da alnyp barylýar.

***Ygtybarlyk derejesi.*** Maliýe maglumatynda eýýäm tamamlanan amallar gɵrkezilýär, şol sebäpli olar obýektiw we barlanmak mümkinçiligi bar bolan maglumatlardyr. Dolandyryjy hasap adatça gündelik içerki amallary ɵzünde jemleýär, şeýle hem geljek dɵwrüň hadysalarynyň analizine we haba berilmegine bagyşlanan bolýar.

***Seljermäniň esasy obýekti.*** Maliýe hasabatlary kompaniýanyň ähli amallaryny ɵzünde jemleýär. Dolandyryjy hasabat dürli bɵlümleriň işiniň seljermesini (harajat merkezler, düzüm bɵlümleri), ýa-da amallaryň haýsy-da bolsa aýratyn bir tarapyny ɵz içine alýarlar.

Şeýlelikde, eger-de maliýe hasaby kärhananyň amala aşyrýan amalynyň netijesiniň doly we takyk amala aşyrmagyna gənükdirilse, onda dolandyryjy hasap-ýolbaşçylara əz hojalyk maksatlaryna ýetmeklerine hemaýat etmeklige ymtylýar.

### *8.9. Hasabyň halkara üiňelerini dəretmegiň tertibi.*

Halkara standartlaryny dəretmek uly taýýarlyk işlerini talap edýär. Ol işleri şertleýin dərt dəwre bəlse boýar.




Taýýarlyk işleri tamamlandan soň HHSK hasap standartyny işläp düzmeklige girişýär.

Hasap standartyny dəretmek şu basgançaklary əz içine alýar.




1. Meýilnama-şekil düzmek. Bu basgançakda standarty düzmeklige gatnaşjak işgärleriň etmeli işleri kesgitlenýär.
2. Standartyň ýərelgeleriniň düzgünleriniň nusgasyny işläp düzmek. Bu bəlüm işiň iň wajyp bəlegi, sebäbi işleriň bu basgançagynda hasap meselesini çəzmekligiň esasy çemeleşmeleri dəreýär, täze standartyň mazmuny kesgitlenýär.

3. Saýlanan ýərelgelere düşündirişler ýygnalýar. HHSK-iň Geňeşi standartyň esasyna goýulan ýərelgeleri, düzedişler girizip, ýokary guramalara ýollaýar. Kesgitlenen wagtyň içinde gelip gowuşan bellikler we teklipler ýygnalýar.
4. Standartyň esasynda goýulan ýərelgeler boýunça jemleýji Düzgünnama düzülýär.
5. Hasap standartynyň nusgasynyň dəredilmegi. Bu basgançakda resminamalar gutarnykly edilip düzülýär we kesgitli sebäp bolmasa üýtgedilmeýär.
6. Standarty çap etmek. Standart ony herekete girizmezden bir ýa-da iki ýyl əň çap edilýär. Eger-de şu dəwrüň içinde standartyň mazmuny boýunça düýpli bellikler we garşylyklar ýüze çykmasa, onda standart əňünden gərkezilen məhletde kabul edilen hasaplanylýar. Eger-de düýpli bellikler ýüze çykan ýagdaýynda, onda standarta düzediş girizilýär we yza çekilen məhletde kabul edilýär.

## Tema 9. Bank serişdeleri, olaryň meýilnamalaşdyrylyşy we sazlaşdyrylyşy.

### 9.1. Banklaryň hususy serişdeleri.

Bank serişdeleri banklaryň passiw amallary geçirmeginiň netijesinde dөreýär we balansyň passiwinde gөrkezilýär. Bank serişdelerine banklaryň hususy, karz we çekilen serişdeleri girýärler. Olaryň ählisi banklaryň aktiw amallary ýerine ýetirmeklikde, ýagny girdeji almak maksady bilen serişdeleri ýerleşdirmekde ulanylýar. Passiw we aktiw amallar өzara içgin arabaglanşykda bolýarlar: passiwleriň düzümi we häsiýetleri banklaryň aktiw amallaryny geçirmek mümkinçiliklerini kesgitleýärlär, şol bir wagtyň өzünde-de, banklaryň karz syýasatynyň üýtgedilmegi serişdeleriň häsiýetine düýpli täsirini ýetirip bilýär.

Bank serişdeleriniň dөremeginiň esasy çesmesi bolup bank müşderileriniň goýumlary çykyş edýärler. Ýөne, başga biriniň maýasyny çekmek üçin, өz ýeterlik hususy maýaň bardygyny müşderilere gөrkezmeli. Sebäbi karz berýänleriň (algydarlaryň), kynçylyk dөrän halatynda hem, bankyň karzy gaýtarmak mümkinçiliginiň bardygyna doly ynamy bolmalydyr.

Banklaryň hususy serişdelerine esaslyk gazna (maýa), ätiýaçlyk gaznasy, bankyň girdejisiniň hasabyna dөredilýän beýleki gaznalar, şeýle hem ýylyň dowamynda paýlanmadyk peýdasy girýär.

***Bankyň esaslyk gaznasy (maýasy)*** – bu bank işini guramagyň ilkinji ädimlerinde dөreýän serişdelerdir. Banky guramagyň gөrnüşlerine baglylykda, esaslyk gaznasynyň dөredilmegi dürli-dürli gөrnüşlere daýanylyp geçirilýär. Eger-de bank paýdarlar jemgyýeti (PJ) gөrnüşinde dөredilýän bolsa, onda esaslyk gazna, ýa olara (paýlara) açyk ýazylyş geçirilmegi arkaly (açyk paýdarlar jemgyýeti dөredilen halatynda), ýa-da dөredijileriň esaslyk gazna goşan paýyna degişlilikde ähli paýlaryň olaryň arasynda paýlanylmagy netijesinde (ýapyk paýdarlar jemgyýeti dөredilende) dөreýan paýlaryň başlangyç gymmatlarynyň jeminden emele gelýär.

Eger-de bank çäklendirilen jogapkärçilikli jemgyýet gөrnüşinde dөredilýän bolsa, onda onuň esaslyk gaznasy esaslandyryjy resminamalar arkaly dөreýär. Şunlukda-da, banky dөretmäge gatnaşyjylar өz paýlarynyň çäklerinde bankyň borçnamalary boýunça jogapkärçilik çekýärler.

Bankyň guramaçylyk – hukuk gөrnüşlerine garamazdan, olaryň esaslyk gaznasy oňa gatnaşyjylaryň, ýagny edara gөrnüşli we şahsy taraplaryň goýumlaryndan dөreýär we olaryň borçnama üpjünçiligi bolup hyzmat edýär. Ol banka gatnaşyjylaryň diňe hususy serişdeleriň hasabyna dөredilip bilinýär. Esaslyk gaznanyň çekilen serişdeleriň hasabyna dөredilmegine ýol berilmeýär. Bank dөredilende Esaslyk gazna pul serişdeleriniň we maddy aktiwleriň hasabyna dөredilip bilinýär. Täjirçilik baklarynyň ***ätiýaçlyk gaznalary*** aktiw amallardan çekilen zyýanyň өwezini dolmak üçin niýetlenendir. Ätiýaçlyk gaznasy ýyldaky peýda geçirimleriniň hasabyna dөredilýär.

Ätiýaçlyk gaznasy bilen bir hatarda, täjirçilik banklarynda peýda geçirimleriniň hasabyna, ***өnümçilik we durmuş өsüş gaznalary hem dөredilýär (maýa toplamak gaznasy, sarp ediş gaznasy).***

***Bankyň hususy serişdeleriniň wajyp wezipesi – bankyň goýumdarlarynyň өňündäki borçlaryna hyzmat etmek bolup durýar.*** Olara, bankyň өz borçlarynyň çäginde

jogapkärçilik kepillendirmesiniň məçberi gərnüşinde garalsa-da bolar. Bank tejribesinde, hususy serişdelere bankyň təleg ukyplylygynyň saklanmagyna mümkinçilik dəredýän serişdeleriň ätiýaçlygy həkmünde hem garaýarlar. Hususy serişdeler banklar üçin əzleriniň maddy esasyny əsdürmek wajyp çeşme hem bolup çykyş edýärler. Olaryň hasabyna jaýlar, maşynlar, enjamlar, hasaplaýjy tehnika we beýlekiler alynýar. Bu harajatlary maliýeleşdirmegiň gənüden-gəni çeşmesi bolup peýdanyň hasabyna dəredilýän maýa toplamak gaznasy çykyş edýär.

Bank tejribasinde hususy maýa ***netto*** we ***brutto*** gərnüşlerde bolýar. ***Brutto hususy maýa*** – bu bankyň ähli gazlarynyň we deňleşdirme (balans) paýlanmadyk peýdanyň jemidir. ***Netto hususy maýa*** – bu bolsa hususy çeşmeden artyk gelen düýpleýin häsiýetli harajatlar, çekilen we çekilmesi mümkin bolan zyýanlar, algylar məçberinde azaldylan brutto maýadyr. Şeýlelikde, netto maýa bankda hakykatda bar bolan hususy serişdeleri aňladýandyr.

Banklaryň serişdelerini artdyrmak, esasan iki usulda alnyp barylýar: peýdanyň toplanmagy arkaly we bankyň paýnama eýeleriniň sanynyň artdyrylmagy netijesinde. Peýdanyň toplanmagy bankyň ätiýaçlyk we beýleki gaznalarynyň ýokary depginlerde dəredilmegi we olaryň soňlaýyn maýalaşdyrylmagy netijesinde amala aşyrylýar. Ýyl tamamlananda peýdanyň belli bir bəleginiň gəni maýalaşdyrylmagy hem bolup biler.

Bank edaralarynyň esasy aýratynlygy bolup, onuň serişdeleriniň aglaba bəleginiň əz serişdeleriniň hasabyna däl-de, karz serişdeleriniň hasabyna dəreýändigi bilen baglanşyklydyr. Serişdeleri çekmeklikde bank mümkinçilikleri çäksiz däl we ýurduň Merkezi banky tarapyndan düzgüne salynýar.

Çekilen bank serişdeleri əz düzümi boýunça dürli-dürli bolýar. Olaryň esasy gərnüşleri bolup müşderiler bilen işleşilende banklar tarapyndan çekilýän (deposit diýip atlandyrylýan) serişdeler, əz hususy bergi borçnamalaryny çykarmak ýoly arkaly jemlenen serişdeler (deposit süýşürintgi sertifikatlary, wekseller, obligasiýalar) we beýleki karz edaralaryndan, bankara karzynyň we Türkmenistanyň Merkezi bankynyň karzynyň üsti bilen alnan serişdeler çykyş edýärler.

***Depozit*** (latynça ***depozitium*** – saklamaga berlen zat, emläk diýen manyny aňladýar) – bu müşderiniň serişdesini banaka wagtlaýynça ulanmak üçin bermegi barasyndaky ykdysady gatnaşyk bolup durýar.

Depozit goýum goýujy üçin hem, bank üçin hem amatlylyk dəredýär. Olar, goýum goýujy üçin hem pul, hem-de maýa bolup çykyş edýärler. Depozitleriň kəplügi banklar üçin karz serişdesiniň maýasy bolup durýarlar we hojalygyň haýsy bəleginde bolsa-bosun, amatly ýerleşdirilip bilinýärler. Banklar depozit we karz gəterimi üçin goýulýan gəterimleriň aratapawudyndan gazanç gazanýarlar.

Depozit hasaplary dürli häsiýetler boýunça gərnüşlere bəlünip bilinýär.
Bank tejribesinde depozit hasaplary şu toparlara bəlünýär:

* məhletli depozitler;
* süýşürintgi depozitler;
* uzak məhletli depozitler;
* progressiw depozitler.

***Depozit hasaplary*** – bu məhleti 3 aýdan 12 aýa çenli goýlan toplaýjy

hasaplardyr. Adatça bu hasaplar boýunça başlangyç hakujynyň iň az məçberi ylalaşylýar. Depozitler boýunça aýma-aý gəterim geçirilýär, şunlukda banklar hasabyň eýesine geçirilen (ýazylan) gəterimler boýunça serişdeleri bəkdençsiz bermäge borçlanýarlar. Ýəne, deposit hasabynyň wagtyndan əň ýapylan ýagdaýynda, gəterimler depozit pul jemi bilen bilelikde sarp edilýänçä gərnüşiň gəterim derejesinde təlenýär.

Häzirki dəwürde täjirçilik banklary əz müşderileriniň mümkinçiliklerini düýpgəter giňeldýärler. Əň bankyň goýum goýujylary diňe manatda goýum goýup bilýärdiler. Indi daşary ýurt pulunda hem goýumlar kabul edilýär. Bankyň daşary ýurt pulunda goýum çekmegi 3 aýdan 12 aýa çenli məhlet aralygynda bolýar. Iň az hakujy (awans) ABŞ-yň 100 dollary derejesinde bellenendir. Gəterim təlegleri, goýum goýujynyň islegine gərä hem aýda, ýa-da şertnama məhletiň ahyrynda təlenýär. Daşary ýurt pulunda <<talap edilýänçä>> hasaby hem açyp bolýar. Onda müşderiler dürli məçberdäki pul jemini alyp we goşmaça goýup bilýärler. Bu goýumlar boýunça gəterimler ýylda bir gezek goýulýar.

Täjirçilik banklarynda raýatlaryň goýumlary we depozitleri boýunça goýulan gəterim derejeleri birmeňzeş däl. Gəterimler aýda, çärýekde, ýa-da ýylda bir gezek geçirilip bilinýär. Goýumlaryň saklanylýan wagtlary – 3 aý, 6 aý, 12 aý.

Talap edilýänçä depozitlere, Hasaplaşyk – pulhana Merkezinde, ýa-da gatnaşykly bankda açylan bankyň habarçy hasaplary hem degişlidir. Bu ***bankyň beýleki bankda açan habarçy hasabyna <<nostra>>*** diýilýär, bu ***bankyň başga bir bank üçin əzünde açan habarçy hasabyna <<loro>>*** diýilýär. Italýança <<nostra conto>> diýmek <<biziň hasabymyz>> diýmekligi, <<loro conto>> diýmek bolsa <<olaryň hasaby>> diýmekligi aňladýar.

<<Nostro>> we <<loro>> hasaplary banklaryň arasynda baglaşylan şertnama laýyklykda açylýar. Şertnamada hasaplaryň hereket etmeginiň şertleri we olar boýunça geçirilýän amallaryň sanawy kesgitlenýär. Bu hasaplardan, şeýle-de müşderileriň hasaplaryndan geçiriljek təlegler, olarda bar bolan serişdeleri gəz əňünde tutup geçirilýändigini hem unutmaly däldir. Gatnaşdyryjy hasapdaky bar bolan serişdeden agdyk serişde bilen geçirilýän amallarda, mesele, eger-de bu banklaryň arasynda baglaşylan şertnamada gəz əňünde tutulan bolsa, gatnaşdyryjy banka aýratyn deňleşdiriji (balans) hasapdan <<owerdraft>> karzyny bermek esasynda çəzülip bilinýär.

Talap edilýänçä depozitlere käbir əzboluşly hasaplary, meselem, kontokorrent hasaplaryny hem goşup bolýar.

***Kontokorrent*** **(**italýança ***coto corrente –*** gündelik hasap) – bu müşderi bilen bankyň geçirýän ähli amallaryny əzünde jemleýän bir bütewi hasapdyr. Bu hasap hasaplaşyk we karz hasaplaryny birleşdirýän aktiw-passiw hasapdyr. Kontokorrentiň bir tarapynda bank karzy we müşderiň tabşyrygy boýunça hasapdan təlenýän ähli təlegler durýan bolsa, beýleki tarapynda – girdeji, geçirim, karz gaýtarmasy we ş.m. gərnüşlerde hasaba gelip gowuşýan serişdeler gərkezilýär.

Eger ***galyndy kredit tarapda bolsa*** onda bu müşderiniň hususy serişdesiniň bardygyny aňladýar, ***galyndy debetde bolsa –*** dolanşyga karz serişdeleriniň çekilendigini we müşderiniň bankyň əňünde karz boýunça bergidardygyny tassyklaýar.

Dünýa bank tejribesinde ***owerdraftly gündelik hasap*** hem ulanylýar. Bu hasapda, müşderi bilen bankyň arasyndaky ylalaşygyň esasynda, debet galyndysynyň bolmagyna ýol berilýär. Bu bolsa karzyň alynmagyna kepil geçýär. Diýmek, belli bir derejede, kontokorrent bilen owerdraft mazmuny boýunça birek-birege golaý hasaplar. Emma,

olaryň arasyndaky aratapawudy hem unutmaly däldir. Owerdraftda, kontokorrentden tapawutlylykda, karz wagtal-wagtal alynýar, ýagny yzygiderli häsiýetde bolmaýar. Şonuň üçinde bu hasaba, køplenç, kredit galyndysy mahsus bolýar. Mundan başga-da, kontokorrent hasaplary diňe edara gørnüşli taraplar üçin açylýar, owerdraft bolsa şahsy taraplar üçin, serişdeleriň gelşiniň we harçlanylyşynyň wagtlaýynça aratapawudy ýapmak maksady bilen hem açylyp bilinýär.

## 9.2. Ilat goýumlarynyň gørnüşleri, aýratynlyklary, şertleri we saklanyş møhletleri.

Banklar çekilen serişdelerini artdyrmak maksadyndan ugur alyp, ilat bilen işleşmegiň inçe syrlaryny øwrenýärler we olaryň goýumlaryny artdyrmak boýunça işleri alyp barýarlar. Türkmenistanyň banklarynda goýumlaryň ençeme gørnüşleri hereket edýär.

***Talap edilýänçä goýum*** – goýumlaryň iň giň ýaýran gørnüşi. Goýumyň bu gørnüşi onuň eýesine ilkinji talap boýunça serişde almaga mümkinçilik berýär. Bu hasaplarda pul bølekleýin hem bütewiligine hem goýlyp, ýa-da alynyp bilinýär.Beýle hasaplaryň iň amatlylygy – onuň ýerlenmek ukybynyň ýokarylygydyr, olaryň tøleg serişdesi høkmünde gønüden-gøni ulanylyp bolunýanlygydyr. Bu goýumlaryň goýum goýujylar üçin esasy ýetmezçiligi diýip olaryň pes gøterim derejede bolýandygyny bellemek bolar. Talap edilýänçä goýumlar belli bir adamyň adyna, ýa-da <<gørkezijä>> kabul edilip bilinýär. Gørkezijä goýulan goýumlar goýum boýunça doldurylan resminamalary gørkezen şahsyýete berlip bilinýär.Pul berlende alyjynyň şahsyýetini tassyklaýan resminamalaryň gørkezilmegi høkmanydyr.

Dürli gørnüşli goýumlaryň arasynda wajyp orny ***møhletli goýumlar*** tutýarlar. Türkmenistanyň banklary tarapyndan bu gørnüşli goýumlary çekmek üçin dürli çemeleşmeler ulanylýar. Esasy üns gøterim derejesiniň üýtgeýşine, onuň ýazylyşyna we møhletine berilýär (aýma-aý, gøterimme-gøterim, müşder bilen ylalaşykda we ş.m.).

Møhletli goýumlar, adatça banklar tarapyndan bir ýyldan az bolmadyk møhlete kabul edilýär. Bu møhlet ahyrky çäk däl, ýyl dolandan soň hem goýum møhletli goýum häsiýetini saklaýar.

***Utuşly goýumlar*** boýunça-da talap edilýänçä goýumlardaky amallary geçirmek mümkinçiligi bar. Hasap açylandaky goýlan pul jemi başlangyç hakujy diýlip atlandyrylýar. Beýleki geçirimlere goşmaça geçirimler diýilýär. Goýum boýunça islendik amaly geçirip bolýar: girdeji, çykdajy, nagt däl hasaba almak we hasapdan øçürmek, geçirim geçirmek we ş.m.). Goýum goýmak møhleti çäklendirilmedik. Onuň beýleki goýumlardan aratapawudy – girdeji pul utuşlary gørnüşde berilýär.

***Maksatly goýumlar*** – 16 ýaşa çenli çagalaryň adyna, onuň goýum goýuja hossarlyk gatnaşygyna garamazdan, goýulýarlar. Bu goýumy goýmaklyga başlangyç hakujy goýum goýýan tarapyndan pasport ýa-da ony çalyşýan başga bir resminama gørkezilip goýulýar. Goşmaça geçirimler diňe pul gørnüşinde kabul edilýärler. Goýumdan bølekleýin pul jemleri alynmaly däldir. Goýum goýujy goýumy møhletinden øň alan ýagdaýynda alan ýagdaýynda, onda oňa talap edilýänçä goýumlara goýlan goýum gøterimi tølenýär.

***Haýyr-sahabat gündelik hasap*** – Türkmenistanyň <<Türkmenistan>> DTB tarapyndam işlenip düzüldi we ɵz ɵsüşini tapdy. Bu, ýarawsyz, pes üjünçilikli maşgalarlar uçin gɵz ɵňünde tutulan goýum gɵrnüşidir. Gündelik hasap sagaldyş edarasynyň, maýyplar ɵýüniň we beýleki durmuş üpjünçiligi edaralarynyň beren resminamalary esasynda, daşary ýurtlarda, tɵlegli hassahanalarda, şypahanalarda saglygyny bejertmeklik, şeýle hem daşary yurt puluna, ýa-da manada zerur bolan dermanlary almaklyk üçin açylýar.Gündelik hasaba serişde geçirmeklik kärhanalar, edaralar we şahsy adamlar tarapyndan nagt gɵrňüşde-de, nagt däl gɵrnüşde-de amala aşyrylyp bilinýär. Hasaby ulanmak hukugy diňe adyna hasap açylan adama degişlidir. Haýyr-sahawat gündelik hasapdaky serişdelere <<üýtgeýän>> goýum gɵterimi goýulýar we onuň derejesi goýlan mɵhletine we goýum galyndysyna baglylykda üýtgäp durýar.

## Bap10. Türkmenistanyň karz amallarynyň guralyşy we göterim derejeleri.

### 10.1. Karz boýunça umumy düşünjeler.

Hususy serişdeleriniň bolmadyk, ýa-da ýetmezçilik eden ýagdaýynda, telekeçiler ýetmeýän pul maýasyny wagtlaýynça ulanmak üçin satyn almaly bolýarlar. Karz baradaky düşunje-de, ine şeýlelik bilen dɵreýär.

Bir tarapdan, jemgyýetde ulanylýan pul serişdeleri mydama bolýarlar (kärhanalarda kɵnelişme geçirimleri, maýa toplaýyş gaznasy, ilatyň süýşürintgileri we ş.m.). Beýleki bir tarapdan bolsa, jemgyýetde hemişe goşmaça pul serişdelerine isleg bolýar (ɵnümçiligi giňeltmäge we durkuny täzelemäge, wagtynda zähmet hakyny tɵlemäge, ilata uly mɵçberdäki gymmat bahaly emläk edinmäge we ş.m.). Bu ýagdaý, ɵz gazanjyny pul araçyllygyndan gɵrýän banklar, hem ɵzleriniň, hem jemgyýetiň bähbidine ulanýarlar. Olar, goýum (depozit) kabul etmek we olary goýum gɵterimini tɵlemek arkaly, ulanylmaýan pul serişdelerini ɵzlerinde jemleýärler. Ol pul serişdeler, banklar

tarapyndan, alnandakysyndanýokary goýum gəterimi goýlyp, karzyna berilýär. Gəterimleriň aratapawudy bank işgärleri tarapyndan <<marža>> diýlip atlandyrylýar we ol bankyň girdejisini düzýär.

Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň bazar gatnaşyklaryna aralaşmagy, esasanda, karz gatnaşyklarynyň ulanylyşy bilen baglanyşykly bolar. Şonuň üçin, pul gatnaşyklaryna we karzlaşdyrmaklyga täzeçe çemeleşmek bazar gatnaşyklarynyň dəremeginiň we ykdysadyýete çuňňur aralaşmagynyň zerur şerti bolup çykyş edýär.

Emläk, ənümçilik serişdesi gərnüşinde, bir pudakdan beýleki bir pudaga akymlaýyn geçip bilmeýär. Bu ýagdaý, adatça pul maýasy gərnüşinde amala aşyrylmaly. Şol sebäpli, karz, bazar ykdysadyýetinde, ilkinji nobatda, maýalaryň bir pudakdan beýleki bir pudaga çeýe akymyny üpjün etmek we peýda normasynyň derejesini gyradeňleşdirmek üçin zerur şertleriň biridir.

Şol bir wagtyň əzünde-de, karz əň işläp duran kärhanalaryň gaznalarynyň üznüksiz aýlanşygyna ýardam etmek, ənümçilik harytlarynyň ýerlenilmegine hyzmat etmak ýaly bazar üçin wajyp şertleriň dəremeginde hem zerur ähmiýete eýe bolýar.

Karz maýasy ýokary peýda gazanyp boljak, ýa-da Türkmenistanyň ykdysadyýetinde wajyp maksatlary ýerine ýetirmeli pudaklara niýetlenilip paýlanylýar. Karzyň bu wezipesi serişdeleri täzeden paýlamak wezipesi bolup durýar we şu nukdaýnazardan dəwlet tarapyndan ənümçilik gatnaşyklaryny kämilleşdirmekde we jemlenen pul maýasyny dolandyrmakda işjeň ulanylýar.

Karz pul toplumynyň məçberine we düzümine, təleg dolanşygyna, puluň aýlanyş tizligine gənüden-gəni täsir edip bilýär. Karzyň kəmegi bilen peýdanyň maýalaşmak dowamlylygy çaltlaşýar, netijede-de, ənümçiligiň gəwrümi giňelýär. Karz dəwlet we ýerli häkimlikleriň emläkleriniň hususy eýeçilige geçmeginde wajyp ähmiýete eýe bolup biler. Banklaryň üsti bilen karz ulgamy paýlaryň çykarylmagyna-da, ýerleşdirilmegine-de işjeň gatnaşyp bilerler.

Karz əndüriji güýçleriň əsüşiniň çaltlanmagyna ýardam edýär, üznüksiz ənümçiligiň giňelmegi üçin maýa çeşmeleriniň dəreýşini çaltlandyrýar.

***Karz (ssuda)*** maýa bazaryna karz alyjylaryň barmak mümkinçiliklerini sazlaşdyrmak, həkümet kepilliklerini we ýeňilliklerini bermek arkaly, dəwlet kadalaşdyrmaklygy umumymilli maksatnamalarda wajyp orun eýeleýän kärhanalara we pudaklara gənükdirmeklige banklary nazarlandyrýar. Dəwlet karzy maýa goýumlaryny çekmek, jaý gurluşygyny giňeltmek, harytlaryň daşary ýurtlara çykarylyşyny artdyrmak, yza galak sebitleriň əsüşini çaltlandyrmak ýaly maksatlara ulanylyp bilinýär.

## 10.2. Karz gatnaşyklarynyň subýektleri

Karz gatnaşyklarynyň subýektleri bolup karz berijiler we karz alyjylar çykyş edýärler. ***Karz beriji*** bolup əz ulanmaýan serişdelerini belli bir məhlete we kesgitlenen şertlerde karz alyja wagtlaýynça ulanmaga berýän şahsy ýa-da edara gərnüşli tarap çykyş edip biler. ***Karz alyjy*** – serişdäni wagtlaýynça ulanmaklyga alýan we goýlan məhletde yzyna gaýtaryp bermeli tarapdyr.

Bank karzy barada gürrüň edilende, karz alyjy subýekt bolup dürli derejedäki, şahsy taraplardan, kärhanalardan başlap, tä dəwlet derejesine çenli taraplaryň bolup bilýändigini aýratyn bellemeklik zerurdyr.

## 10.3. Karzlaşdyrmagyň ýөrelgeleri (prinsipleri).

Kärhanalaryň we beýleki guramaçylyk-hukuk düzümleriniň өnümçilik we durmuş maksatlaryna karzlaşdyrmasy karzlaşdyrmagyň ýөrelgeleriniň berk berjaý edilmeginde amala aşyrylýar. Karzlaşdyrmagyň esasy ýөrelgelerine şular degişlidir:

**1.Mөhletlilik** – ähli karzlar kesgitlenen mөhletde hөkmany yzyna gaýtarylmalydyr. Karzyň mөhleti – alnan serişdeleriň karz alyjyda bolmaly wagtynyň çägidir;

**2.Tөleglilik** – pul serişdelerini wagtlaýynça ulanany üçin karz alyjy banka belli bir gөterim derejede tөleg tөlemelidir:

**3.Gaýtarylmak** – ähli alnan serişdeler hөkmany gaýtarylmaga degişlidir;

**4.Üpjünçilik** – kesgitlenen mөhletde karz alyjynyň karzy we ol boýunça gөterimleri üzmek mümkinçiligi;

**5.Maksatlylyk** – karz belli bir maksat üçin barilýär.

## 10.4. Karzlaryň gөrnüşlere bөlünişi.

Karzlar, umuman, iki gөrnüşde bolup bilýär:

***Täjirçilik karzy*** – maýa gөrnüşinde telekeçileriň birek-birege edýän eglişikleri. Mysal üçin, harydyň tөleg mөhletiniň süýşirilip satylmagy. Onuň obýektibolup, kөplenç, haryt gөrnüşli maýa çykyş edýär. Maksady – harydy ýerlemekligi çalaşdyrmak. Hukuk taýdan karzlaryň bu wekselleriň kөmegi arkaly doldurylýar.

***Bank karzlary*** – karz alyjylara banklar we beýleki maliýe-karz edaralary tarapyndan pul gөrnüşinde berilýär. Onuň obýekti bolup pul maýasy çykyş edýär.

Bazar şertlerinde karzyň esasy gөrnüşi hөkmünde bank karzlary çykyş edýär. Bank karzlary dürli häsiýetler boýunça gөrnüşlere bөlünip biler. Ilkinji nobatda, olar ***karz alyjylaryň esasy toparlary*** boýunça şu gөrnüşlerde bolýarlar:

1. ***Häkimligiň guramalaryna karzlar;***
2. ***Ilata karzlar ;***
3. ***Hojalyklara karzlar.***

***Sarp edijileriň*** (karz alyjylaryň) ***düzümi*** boýunça karzlar şu gөrnüşlere bөlünýärler:

1. ***Sarp ediş karzlary*** – karzy sarp ediş maksatlaryna (jaý gurluşygyna we ş.m.) gөnükdirilip täjirçilik karzy gөrnüşinde-de, bank karzy gөrnüşinde-de berlip bilner;
2. ***Senagat karzlary*** – senagat өnümçiligine düýpli maýa goýum goýmak üçin banklar tarapyndan berilýän karzlar;
3. ***Oba hojalyk karzlary*** – banklar tarapyndan oba hojalyk өnümçiligini maliýeleşdirmek üçin berilýän karzlar;
4. ***Dөwlet karzlary*** – raýatlara we edara gөnüşli taraplara karz beriji hөkmünde dөwlet, ýa-da häkimligiň ýerli guramalary çykyş edende berilýän karzlar;
5. ***Halkara karzlary*** – bir ýurduň banklarynyň, ýa-da maliýe guramalarynyň beýleki bir ýurda berýän, şeýle hem karz beriji bolup halkara guramalaryň, karz alyjy bolup bolsa, ol ýa beýleki dөwletiň çykyş edýän halatynda berilýän karzlar.

Karzlaşdyrmagyň ***häsiýeti we şerti*** boýunça karzlar şu gөrnüşlere bөlünýär:

***Girewleýin karzlar*** – gozgalmaýan emlägi (ýeri, əнümçilik jaýlaryny we ş.m.) girewine goýmak bilen berilýän uzak məhletli karzlar;

***Kärende karzlary*** – kärendeçi edara əndürijiden enjamy satyn alyp, ony kärendesine berýär;

***Faktoring karzlary*** – haryt ugradyjydan ýa-da hyzmat edijiden təleg talapnamalarynyň satyn alynmagy;

***Lombard karzlary*** – gymmatly kagyzlary girewine goýmak arkaly berilýän karzlar.

***Ulanyş məhleti*** boýunça karzlar şeýle bəlünýärler:

2. ***Talap edilýänçä;***
3. ***Məhletli;***

***Məhletli*** karzlar əz gezeginde şu gərnüşlere bəlünýärler:

2. Gysga məhletli (1 ýyla çenli);
3. Orta məhletli (1ýyldan 3 ýyla çenli);
4. Uzak məhletli (3 ýyl we ondan kəp).

***Gysga*** məhletli karzlar 3 gərnüşde berilýär:

1. Ynanylan (balankalaýyn) karzlar;
2. Kontokorrent karzlar;
3. Zähmet haky təlegi üçin karzlar.

***Uzak məhletli*** karzlar kärhanalaryň, guramalaryň düýpli maýa goýumlaryna, raýatlaryň əнümçilik we durmuş häsiýetli obýektleriniň gurluşygyna, durkuny täzelemekligine we tehniki taýdan täzeden ýaraglandyrylmagyna, şeýle hem tehnikalary, enjamlary, ulag serişdelerini, jaýlary, desgalary we ş.m. obýektleri satyn almaklyga berilýär.

Uzak məhletli karzlaşdyrmada karz gatnaşygyna esas bolup karz şertnamasy çykyş edýär. Karz şertnamasy baglaşylanda tehniki-ykdysady esaslandyrma uly üns berilýär. Onda karzyň gənükdirlýän maksady we gəz ənünde tutulýan harajatlaryň hasapnamalary – çenligi (smetasy) gərkezilýär.

Uzak məhletli karzy ulanmak üçin gəterim derejeler şertnama esasynda bellenýär. Olar ***üýtgemeýän*** we ***üýtgeýän*** derejelerde bolup bilerler.

***Məçberleri*** boýunça karzlar şu gərnüşlere bəlünýärler:

- uly;
- ortalyk;
- ownuk.

***Üpjünçiligi*** boýunça karzlar:

- üpjünçilikli;
- üpjünçiliksiz (blankalaýyn) gərnüşlerde bolýärlar.

***Üpjünçilikli karzlar*** əz gezeginde: ***girewli, kepilli we ätiýaçlandyrylan*** gərnüşlere bəlünýärler.

***Berliş usuly*** boýunça karzlar ***kompensasiýalaýyn*** we ***təlegli*** gərnüşlerde bolýarlar. Birinji ýagdaýda karz serişdesi alyjynyň hasaplaşyk hasabyna geçirilýär.
Ilkinji ýagdaýda, bank karzy karz alyja çäresi boýunça təlegi təläp geçirýän hasaplaşyk-pul resminamalarynyň təlegine gənüden-gəni gənükdirilýär.

***Üzmek usuly*** boýunça karzlar ***məhletleýin*** (bəlekleýin) we ***bir wagtlaýyn*** (belli bir senede) gərnüşlerde bolýarlar.

***Ulanylýan ýeri*** boýunça karzlar ønümçilikde ýa-da dolanyşykda ulanylýanlara bølünýärler.

***Matlaby boýunça*** karzlar umumy häsiýetdäki (karz karz alyjynyň garamagyna görä ulanylýar) we maksatlaýyn (maddy-haryt gymmatlyklary satyn almak, zähmet haky bermek we ş.m.üçin) gørnüşlerde bolýarlar.

***Karz tølegi*** boýunça bank karzlary ***bazar, ýokarlandyrylan, ýeňillikli, kesgitli*** we ***üýtgeýän*** gøterimli bolup biler.

***Karzyň bazar bahasy*** – bu bank karzlarynyürli gørnüşleri boýunça, islegiň we hødüriň netijesinde bazarda şol døwürde døreýän nyrhydyr.

***Ýokarlandyrylan goýum gøterimli karzlar*** – müşderini karzlaşdyrmaklykda uly tøwekgelçilik bolan ýagdaýynda, şeýle hem karzlaşdyrmagyň şertleri bozulan ýa-da karz serişdeleriniň gymmatynyň ýokarlandyrylan ýagdaýlarynda døreýärler.

***Ýeňillikli gøterim bilen berilýän karzlar*** – karz bermeklikde pudaklara we ønümçiliklere olaryň ähmiýetine garap çemeleşmeden døreýär. Mysal üçin, oba hojalyk ønümçiligi karzlaşdyrylanda ýeňillikli karz gøterimleri ulanylýar.

Türkmenistanyň bank kanunçylygy täjirçilik banklarynyň dürli gørnüşdäki üpjünçilikli karzlary bermekligini gøz øňünde tutýar. Bank tejribesinde karzlary üzmekligiň çeşmeleri ***ilkinji*** we ***ikinji*** derejelilere bølünýärler. Ilkinji çeşmeler bolup ønümi ýerlemekden we hyzmatlardan alynýan pul girdejileri, şahsy tarapa gelip gowuşýan girdejiler çykyş edip bilerler. Ikinji derejedäki girdejilere şular degişlidir:

- emläk we hukuk girewleri;
- talaplary we hukuklary geçmek;
- ynandyrmalar we kepillendirmeler;
- karz tøwekgelçiginiň ätiýaçlandyrmasy;
- kepillik goýmak (zaklad).

Karzlaryň gaýtarylmak üpjünçiliginiň bellenip geçilen gørnüşleri ýørite resminamalar gørnüşinde doldurylýar. Ol resminalar, bergi borjuny gaýtarmak pursady gelip ýetende, karz alyjyda serişde bolmadyk ýagdaýynda, karz berijä karz üzmek üçin belli bir kanuny çeşme gørnüşinde berkidilýärler.

Türkmenistanyň banklarynda ulanylýan karz üpjünçiliginiň wajyp gørnüşleri bolup şular çykyş edýär:

***Girew*** – emlägi karz üçin borç üpjünçiligi gørnüşinde geçirmek;

***Zamunçylyk*** – başga bir tarap üçin, eger-de, onuň øzi øzbaşdak başarmasa, belli bir borçlary ýerine ýetirmeklige borçlanmak. Baha bermek üçin gørkeziji bolup güwä geçijiniň maliýe durduklylygy çykyş edýär. Güwä geçmek ýørite güwä haty bilen doldurylýar-da, karz alyja gowşurylýar we kepil geçmekligiň aýratyn bir gørnüşi bolup durýar.

***Kepil geçmek*** – kepil geçiji başga bir tarapyň (bergidaryň) algydarynyň øňünde ol tarapyň borçlaryny doly, ýa-da bølekleýin ýerine ýetirmeklige borçlanýar. Karz alyjy we kepil geçiji karz berijiniň øňünde deň bergidar høkmünde jogap berýärler.

## 10.5. Karzlaşdyrmagyň usullary.

Karzlaşdyrmagyň usullary diýip, karzlaşdyrma ýөrelgelerine laýyklykda karzlary bermekligiň we üzmekligiň tertibine aýdylýar. Karzlaşdyrmagyň birnäçe usullary hereket edýärler.

***Dolanşyk boýunça karzlaşdyrmada,*** karz karzlaşdyrylýan obýektiň dolanşygynyň soňundan gelýär. Karz, karz alyjynyň serişdeleri boşaýança өz harajatlaryny ýapmak üçin gerek bolýar. Karzyň mөçberi oňa bolan islegiň artmagy bilen ýokarlanýar we ol, islegiň peselmegine laýyklykda-da üzülýär. Bu usul karz serişdeleriniň dynuwsyz hereketini üpjün edýär.

***Galyndy boýunça karzlaşdyrmada*** karz isleg dөredýän maddy-haryt gymmatlyklarynyň we harajatlaryň galyndysy bilen baglanşykly bolýar. Mysal üçin, kärhana өzüne zerur bolan gymmatlyklary өz maliýe çeşmeleriniň hasabyna satyn alyp, diňe şondan soň karz üpjünçiligi üçin banka ýüz tutup bilýär. Şonuň bilen birlikde, ol өz çykaran harajatlarynyň өwezini doldurýar. Bu ýagdaýda karz, geljekgi harajatlaryň tөlegi sebäpli däl-de, maddy-haryt galyndylary üçin berilýär.

Galyndy boýunça karzlaşdyrma, adatça, az sanly obýektleri gurşap alýan bolsa, dolanşyk boýunça karzlaşdyrmak, aýry-aýry karz obýektleriň hereketini däl-de, olaryň jeminiň hereketi bilen baglanyşyklydyr.

***Dolanyşyk galyndy*** – usul boýunça sazlaşdyrmada, karz birinji basgançakda oňa isleg dөremegi netijesinde dөreýär, ikinji basgançakda bolsa – berk kesgitlenen mөhletlerde üzülýär (müşderiniň bankyň өňündäki mөhletli borçlarynyň galyndylarynyň esasynda).

Häzirki dөwürde, bazar ykdysady şertlerinde banklar karzlaşdyrmaklygyň beýleki gөrnüşlerini hem ulanýarlar:

- ***karzlaryň bir gezeklik berilmegi;***
- ***karz ugurlaryny açmak.***

Birinji usulda, karz bermeklik baradaky mesele her sapar üçin aýratynlykda çөzülýär. Karz belli bir maksatlaýyn islegi serişdeler bilen üpjün etmeklik üçin berilýär.

Ikinji usulda karzlar bank tarapyndan өňünden bellenen mөçberler (limit) boýunça karz alyja berilýär. Şonda, belli bir wagtyň dowamynda gelip gowşan tөleg resminamalaryň tөlenilmegi üpjün edilýär. Karz bermegiň bu gөrnüşi ***karz ugry*** diýip atlandyrylýar.

## 10.6. Gөterim derejeleri.

***Gөterim derejesi*** – bu karz gөteriminiň mukdar өlçegidir (karzyna berlen maýanyň bahasy). Başgaça aýdylanda, gөterim derejesi – karzyna berlen pul serişdeleriniň tөlegidir. Gөrkeziji ***ýylyň dowamyndaky gөterimde*** aňladylýar.

Gөterim derejesi ***kesgitli, üýtgäp durýan, nominal hakyky*** gөrnüşlerde bolup bilýär.

Gөterim derejesi şeýle hasaplanýar:

$$G = \frac{\textit{Karz mөçberi} * \% \textit{ derejesi} * \textit{ýyl dowamlylygy}}{100};$$

Mөhleti bir ýyla çenli bolanynda şu usul ulanylyp bilner:

$$Gi = \frac{\textit{Karz mөçberi} * \% \textit{ derejesi} * \textit{gün dowamlylygy}}{100 * 360};$$

Karzlar boýunça ortaça deňleşdirilen gөterim derejesi şeýle hasaplanylýar:

$$Gd = \frac{k1*g1 + k2*g2 + \ldots + kn*gn}{k1 + k2 + \ldots kn};$$

bu ýerde:

***k1,k2,……kn*** – berlen karzlaryň mөçberleri;

***g1,g2,……gn*** – nominal gөterim derejesi.

## 10.7. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdirilmeginiň gөterim derejesi.

Dөlwetiň merkezi banklarynyň karzlar boýuňça goýýan resmi gөterim derejeleri ***hasap*** ýa-da ***gaýtadan maliýeleşdirmek*** derejesi diýip atlandyrylýar. Halkara tejribesinde gaýtadan maliýeleşdirmek diýen düşünje bar bolan borçlary üzmek üçin täze çeşmeden alynýan serişdeleriň ulanylmagyny aňladýar. Gaýtadan maliýeleşdirme, adatça, şu usullar boýunça amala aşyrylýar:

- mөhleti dolan kagyzlary өçürmek üçin täze gymmatly kagyzlaryň çykarylmagy;
- karzayň şertini pes derejede ýa-da üzmek mөhletini uzaltmak boýunça üýtgetmeler girizmek;
- karzy üzmek mөhletini uzaltmak we onuň (karzyň) mөçberini artdyrmak;
- bank-karz amallaryny ýeňillikli şertlerde alnan serişdeler bilen üpjün etmek;
- өňki girew karzyny başga bir gozgalmaýan emläk bilen çalyşmak.

Täjirçilik banklaryny gaýtadan maliýeleşdirmegi, adatça, ýa gөni karzlaşdyrmak arkaly, ýa-da täjirçilik weksellerini hasaba almak arkaly amala aşyrýarlar.

Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdirmek goýum derejesi, hөkmany ätiýaçlyklar boýunça alnyp barylýan syýasat bilen birlikde, pul – karz sazlaşdyrmasynyň esasy guraly hөkmünde çykyş edýär. Gaýtadan maliýeleşdirmek derejesi Türkmenistanyň Merkezi bankynyň täjirçilik bankyna kärhanalary, täjirçilik firmalaryny, telekeçileri karzlaşdyrmak üçin berýän goýum gөterim derejesidir.

Gaýtadan maliýeleşdirmekligiň gөterim derejesi ykdysady өsüşiň üýtgemeleri – pul hümmetsizlenmesiniň depgini, pul-karz syýasatynyň aýry-aýry ugur gөrkezijileri, halk

hojalygynyň pudaklaryndaky ýagdaý bilen arabaglanyşykda bolýar. Şonuň üçin, onuň iň ýokary we iň pes derejeleri Türkmenistanyň Merkezi banky tarapyndan wagtal-wagtal üýtgedilip durulýar.

Garaşsyzlyk ýyllary içinde gaýtadan maliýeleşdirmeklik goýum gөterim derejesi mydama üýtgäp durdy. 2005-nji ýylyň ýanwar aýynyň 1-den başlap ***bu gөrkezijiniň derejesi Türkmenistanda ýyllyk 5%*** möçberde goýuldy.

## 10.8. Türkmenistanyň hөkmany ätiýaçlyklaryna täjirçilik banklaryň geçirimleriniň hereket edýän çäkleri (normalary).

<<Türkmenistanyň Merkezi banky bakyndaky>> Türkmenistanyň Kanunynyň 33 maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň çäginde hereket edýän ähli banklar Merkezi bankyň ýөrite hasabyna zerur ätiýaçlyklaryň iň pes derejesiniň bolmagyny hөkmany suratda üpjün edýärler. Bankyň Türkmenistanyň Merkezi bankynyň hasaplarynda saklanylýan pul jemi onuň ähli borçlarynyň jeminiň 20% artyk bolmaly däldir. Bank ulgamynyň karz serişdelerini sazlaşdyrmak Gaznasy banklaryň çeken serişdeleriniň hasabyna dөredilýär.

Banklar bu Gaznada hukuk taraplardan çeken serişdeleriniň jeminden şu mөçberlerde goýum goýmaklyga borçlandyrylandyr.

Milli pulda:

- ***mөhletli goýumlar boýunça – 5%,***
- ***galan gөrnüşler boýunça – 25%*** .

Daşary ýurt pulunda:

- ***mөhletli goýumlar boýunça – 5%,***
- ***galan gөrnüşler boýunça – 8%.***

Goýum geçirmek aýma-aý, hasaplaşyk hasaplaryndaky çekilen serişdeleriň galyndylary boýunça hasaplanylýar.

Geçirilmeli hөkmany ätiýaçlyklaryň jemi ortaça ululygy kesgitlemegiň ýөnekeý – arifmetiki usuly bilen hasaplanýar.

## 10.9. Bank karzyny almak üçin zerur resminamalar.

Karz almak üçin bank edarasynda karz alyjy tarapyndan şu resminamalar dodurylýar:

1. ***Karz bermeklige arza-haýyşnama.*** Onda soralýan puluň jeminiň mөçberi, maksady we üzülmeli mөhleti gөrkezilýär.
2. ***Karz zerurlygy çykan işleriň tehniki-ykdysady esaslandyrmasy.*** Bu resminama banklaryň beren karzynyň netijeliligini aýdyňlaşdyrmak, harajatlaryň өzüni өdemek wagtyny kesgitlemek we karzlaryň gaýdyp geljek mөhletini anyklamak üçin zerurdyr.
3. ***Karzyň maksadyny tassyklaýan şertnamalaryň, ýa-da beýleki resminamalaryň nusgalary.***
4. ***Balanslar:*** ýyllyk we soňky mөhletde;
5. ***Karz geleşiginiň şertleri bellenen karz şertnamasynyň nusgasydyr;***

6. ***Girew şertnamasy ýa-da kepillendirme şertnamasy,*** ätiýaçlandyrma, kepil haty (üpjünçiligiň saýlanyp alnan gərnüşine gərä).
7. ***Kesgitlenen məhletlere laýyklykda karzy üzmeklige məhletli borçnama.***
8. ***Beýleki banklardan alnan karz serişdeler barada güwanama*** (karzdar bank, alnan karzyň məçberi, onuň üpjünçilik gərnüşi we üzülmeli məhleti gərkezilýär).

Taýýarlanan resminamalar bank tarapyndan seljerilýär, karz alyjynyň derejesi, maliýe ýagdaýy, təleg təlemeklik ukyby kesgitlenýär.

## 10.10. Karz bukjasy (portfeli).

***Bankyň karz bukjasy (portfeli)*** bolup karz alyjylaryň milli we daşary yurt pullarynda alan gysga, uzak, məhletli geçen karzlary, şeýle hem məhleti geçen gəterimleri boýunça bergileri çykyş edýärler.

Karz bukjasynyň düzümi alnyp barylýan karz syýasatyna, karz alyjylaryň eýeçilik gərnüşlerine (dəwlet, hususy, şereket, paýdarlar kärhanalary, şahsy taraplar) we başga-da ençeme sebäplere bagly bolýar.

Karzlar ***adaty (standart), aýratyn adaty (substandart), şübheli we ygtybarsyz*** gərnüşlere bəlünýär.

***Adaty (standart)*** karzlar ygtybarly üpjünçilikli bolýarlar we təleglериniň saklanma məhleti 30 güne çenli bolýar. Ätiýaçlandyrma gəterimi – 2%-e çenli. ***Aýratyn adaty (substandart)*** karzlar belli bir derejede gümürtik üpjünçilikli bolýarlar, təlegi saklamak məhleti 31 günden 90 güne çenli bolýar. Ätiýaçlandyrma gəterimi 2-20%. ***Şübheli*** karzlar ýeterlik məçberlerde üpjün edilmedik bolýarlar. Təlegi saklamak məhleti 90 günden 180 güne çenli aralykda bolýar. Ätiýaçlandyrma gəterim derejesi 20-50% aralygynda. ***Ygtybarsyz*** karzlaryň hiç-hili üpjünçiligi bolmaýar. Təlegiň saklanmak məhleti 180 günden hem kəp bolýar. Ätiýaçlandyrma gəterimi 50-100% aralygyndadyr.

Karzlar boýunça mümkin bolan ýitgileriň ätiýaçlandyrmasy karz bergileriniň gaýtaryp berilmezliginden dərejek bank zeleliniň üstüni ýapmak üçin dəredilýär. Salgyt təlegi təlenilmänkä peýdanyň hasabyna dəreýär.

## 10.11. Müşderiniň karz ukyplylygy

***Müşderiniň karz ukyplylygy*** **–** bu karz almaklyga hukuk we mümkinçilik, bergidara karz almak we ony wagtynda gaýtaryp bermek üçin mümkinçilikleriniň barlygydyr. Başga-ça aýdylanda, müşderiniň karz ukyplylygy – hukuk we şahsy taraplaryň əz bergi borçlary (esasy bergi we olara goýlan goýumlar) boýunça tələgleri doly we wagtynda təlemek mümkinçiligidir. Karz ukyplylygynyň kesgitleýji gərkezijisi bolup, karz alyjynyň ykdysady ýagdaýy, ygtybarlylygy we maliýe serişdeleriniň haraketleri bilen kesgitlenen karzlaşdyrma derejesi (reýtingi) çykyş edýär.

